**D. Şirzade, Ş. Bäşimow, M. Amanowa**

# MALIÝE SELJERMESI

Ýokary okuw mekdepleri üçin okuw kitaby

*Türkmenistanyň Bilim ministrligi tarapyndan hödürlenildi*

Aşgabat
"Ylym" neşirýaty
2020

UOK 378 : 336
Ş 39

**Şirzade D. we beýl.**
Ş 39 **Maliýe seljermesi.** Ýokary okuw mekdepleri üçin okuw kitaby. – A.: Ylym, 2020. – 248 sah.

“Maliýe seljermesi” okuw kitaby bilim taýýarlygynyň ykdysady ugruna degişli bolup, ol XI bapdan ybarat. Bu okuw kitabynda hojalygy ýöredijileriň maliýe ýagdaýynyň seljermesiniň nazaryýet jähetleri, kärhananyň maliýe ýagdaýynyň seljermesiniň predmeti, düýp manysy, maksatlary we meseleleri, ykdysady seljermäniň görnüşleri, kärhananyň maliýe ýagdaýyna täsir edýän görkezijileriň seljermesi, kärhananyň maliýe ýagdaýyny bahalandyrýan görkezijiler, maýa goýumlaryň düzümine täsirini ýetirýän esasy faktorlar, pul akymynyň seljermesi, kärhananyň esasy maýany ulanmagynyň seljermesi, kärhananyň bazar işjeňliginiň seljermesi, kärhananyň maliýe-ykdysady işiniň netijeliliginiň seljermesi, maýa goýum işiniň seljermesi, şeýle hem toplumlaýyn maliýe seljermesi giňişleýin beýan edilýär.

Bu okuw kitaby ýurdumyzyň ýokary okuw mekdepleriniň talyplaryna we giň okyjylar köpçüligine niýetlenendir.

TDKP № 129, 2020 KBK 65 ýa 73

© Şirzade D. we beýl., 2020
© “Ylym” neşirýaty, 2020



TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI
GURBANGULY BERDIMUHAMEDOW



TÜRKMENISTANYŇ DÖWLET TUGRASY



TÜRKMENISTANYŇ DÖWLET BAÝDAGY

## TÜRKMENISTANYŇ DÖWLET SENASY

Janym gurban saňa, erkana ýurdum,
Mert pederleň ruhy bardyr köňülde.
Bitarap, garaşsyz topragyň nurdur,
Baýdagyň belentdir dünýäň öňünde.

*Gaýtalama*:
Halkyň guran Baky beýik binasy,
Berkarar döwletim, jigerim-janym.
Başlaryň täji sen, diller senasy,
Dünýä dursun, sen dur, Türkmenistanym!

Gardaşdyr tireler, amandyr iller,
Owal-ahyr birdir biziň ganymyz.
Harasatlar almaz, syndyrmaz siller,
Nesiller döş gerip gorar şanymyz.

*Gaýtalama*:
Halkyň guran Baky beýik binasy,
Berkarar döwletim, jigerim-janym.
Başlaryň täji sen, diller senasy,
Dünýä dursun, sen dur, Türkmenistanym!

## *Giriş*

“Türkmenistanyň Prezidentiniň ýurdumyzy 2019-2025-nji ýyllarda durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň Maksatnamasynda” bellenilişi ýaly, maliýe ulgamyny ösdürmegiň esasy ileri tutulýan ugurlary hökmünde:

– maliýe ulgamynyň durnuklylygyny we hereket etmeginiň netijeliligini ýokarlandyrmaga gönükdirilen netijeli bitewi döwlet maliýe syýasatyny geçirmek;

– maliýe gurallarynyň mümkinçiligini artdyrmak we olary ykdysadyýetiň we ilatyň ösýän isleglerine laýyklykda kämilleşdirmek;

– Türkmenistanyň maliýe düzümlerini dünýä maliýe ulgamyna goşmak we ulgamlaýyn çökgünlikleriň täsir etmek mümkinçiligini aradan aýyrmak;

– milli we daşary ýurtly maýa goýumçylary tarapyndan ýurduň maliýe ulgamyna bolan ynamyny ýokarlandyrmak;

– merkezleşdirilen maliýe akymlarynyň hereketini deňeçerlemek arkaly durnuklaşdyrmagy gazanmagyň möhüm guraly hökmünde býujetiň ornuny güýçlendirmek çykyş edýär.

Berkarar döwletiň bagtyýarlyk döwründe ykdysadyýetimizi netijeli dolandyrmak, oňaýly maliýe ýagdaýyny gazanmak üçin hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedowyň tagallalary esasynda toplumlaýyn we ulgamlaýyn, ylmy taýdan esaslandyrylan çäreleriň amala aşyrylmagy ýola goýuldy we häzirki döwürde ýurdumyz durmuş-ykdysady üstünliklere eýe boldy. Garaşsyzlyk ýyllarynda ykdysadyýeti ösdürmekde we bazar gatnaşyklaryna geçmekde halkara ülňülerine laýyk gelýän kanunçylyk binýady döredildi we ýylsaýyn kämilleşdirilýär. Diňe 2011-nji ýylda ýurdumyzda “Daşary ykdysady gatnaşyklarynda puly kadalaşdyrmak we pula gözegçilik

etmek hakynda", "Býujet ulgamy hakynda", "Mikromaliýe guramalary we mikromaliýeleşdirme hakynda", "Karz birleşmeleri hakynda" Türkmenistanyň kanunlary kabul edildi, maliýe bazarynyň infrastrukturasy döredildi we kämilleşdirilmegi dowam edýär. Şeýle hem hojalygy alyp barýan subýektleriň arasynda halkara ülňülerine laýyk gelýän hasaplaşygy ýöretmek üçin maliýe hasabaty kämilleşdirildi. Kärhanalaryň maliýe ýagdaýlaryny gowulandyrmakda býujet-salgyt, pul-karz ulgamynda oňyn özgertmeler amala aşyryldy we olaryň kämilleşdirilmegi dowam edýär. Bulardan başga-da ýurdumyzyň ähli çäklerinde Milli maksatnamalaryň çäginde hojalygy ýöredýänler üçin oňaýly ykdysady şertler döredilýär: demir we gara ýollaryň, önümçilik we durmuş desgalarynyň gurluşygy batly depginlerde alnyp barylýar.

"Maliýe seljermesi" dersiniň baş maksady Berkarar döwletiň bagtyýarlyk döwrüniň ykdysady taglymatyna, hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedowyň eserlerine, çykyşlaryna, görkezmelerine we ykdysadyýete degişli kanunlara, permanlara esaslanyp, olardan ugur alyp, kärhananyň maliýe ýagdaýynyň seljermesini geçirmegiň ýörelgelerini, ýollaryny, olara täsir edýän sebäpleri we geljekki meýilleri çaklamakda seljermäniň ähmiýetini talyplara düşündirmekden ybaratdyr.

Kärhananyň maliýe ýagdaýyny ençeme görkezijiler bilen häsiýetlendirip bolýar. Şolar işewürligi we maýa goýmaklyk işini alyp barmaklyk, salgytlary tölemeklik boýunça kärhananyň hakyky we bolup biljek maliýe mümkinçiliklerini şekillendirýärler. Kärhananyň oňaýly maliýe ýagdaýy bu serişdeleriň netijeli peýdalanylmagy, öz borçnamalaryny wagtynda we doly ýagdaýda berjaý edijilik ukyby, ýokary töwekgelçiligi ýeňip geçmäge öz serişdeleriniň ýeterligi, ýokary peýda almak üçin gowy gelejegi we beýlekilerdir. Ýaramaz maliýe ýagdaýlar kärhananyň tölege ukypsyzlygy, serişdeleriniň netijesiz peýdalanylmagy we ýerleşdirilmegi bilen ýüze çykýar. Ahyrsoňy, kärhananyň ýaramaz maliýe ýagdaýynyň aňryçägi onuň dargamagy bolup durýar.

Üznüksiz önümçiligi amala aşyrmakda kärhana esasy serişdeleriniň satyn alynmagyna we kärendesine almagyna, maddy däl işjeňlige, maddy we maddy däl desgalaryň gurluşygyna, çig mallary, materiallary, ýangyç serişdeleri, elektroenergiýany satyn almaga, işgärleriň

zähmet haklaryna tölegler, salgyt, gymmat kagyzlar we karz göterimleri üçin tölegler we beýleki ugurlara öz pul serişdelerini harçlaýar. Diýmek, kärhana öz serişdelerini uzakmöhletleýin aktiwleriň we aýlanyşyk aktiwleriň emele gelmegine gönükdirýär. Kärhananyň netijeli işi we maliýe ýagdaýy, esasan, onuň maliýe serişdeleriniň ýerlenmegine we ulanylmagyna baglydyr. Şonuň üçin kärhananyň hereketiniň şertlerini öwrenmekde we maliýe durnuklylygyny bahalandyrmakda maliýe seljermesini geçirmegiň uly ähmiýeti bar.

Kärhanada maliýe ýagdaýlaryň meýillerini ýüze çykarmak we bahalandyrmak maliýe seljermesiniň esasy maksadydyr. Şu maglumatlar töwekgelçiligi peseltmekde we kärhananyň ykdysady-maliýe işinde girdejisini ýokarlandyrmakda menejere dolandyryş çözgütleri düzmek üçin, maýadara, maýa goýmaklygyň maksadalaýyklyk meselesini çözmek üçin banklara kärhanany karzlaşdyrmak şertleriniň kesgitlemesi üçin zerur bolup durýar.

Okuw kitabynyň esasy maksady talyplara we telekeçilik işini gurnamaga we dolandyrmaga degişli hünärmenlere kärhananyň ykdysady ösüşini ýokarlandyrmakda maliýe-hojalyk işine toplumlaýyn baha bermek we seljeriş hasaplary amala aşyrmak üçin usullary we ýollary öwretmekdir.

“Maliýe seljermesi” okuw kitabynyň 1, 2, 3, 4, 9, 10-njy baplaryny uly mugallym, y.y.k. D. Şirzade, 5, 7-nji baplaryny uly mugallym Ş. Bäşimow, 6, 8, 11-nji baplaryny bolsa mugallym M. Amanowa taýýarladylar.

## *Birinji bap*

# HOJALYK ÝÖREDIJILERIŇ MALIÝE ÝAGDAÝYNYŇ SELJERMESINIŇ NAZARYÝET JÄHETLERI

## *1.1. Bazar şertlerinde Türkmenistanyň hojalyk ýöredijileriniň maliýe ýagdaýynyň seljermesiniň ähmiýeti we esasy ugurlary*

Bazar şertinde kärhananyň hojalyk işiniň düşewüntliligini we maliýe durnuklylygy üpjün etmekde dolandyryş çözgütleri düzmekligiň we kabul etmekligiň hili ykdysady dolandyryş ulgamynyň merkezi düzümi bolup durýar.

Daşary döwletleriň we ýurdumyzyň amallary boýunça bu işi kärhananyň ýagdaýyny bahalandyrmak we çaklamak usuly hökmünde maliýe seljermäniň (analiziň) ähmiýeti uludyr.

Hojalygy ýöredýän subýektleriň maliýe ýagdaýynyň seljermesiniň üsti bilen şu aşakdakylara ýetmek bolýar:

– maliýe durnuklylygynyň hakyky bahalandyrylmagy;

– kärhananyň mümkin boljak dargamagyny öz wagtynda öňünden kesgitlemek;

– maliýe serişdelerini netijeli ulanmak.

Maliýe ýagdaý toplumlaýyň düşünjedir. Onuň ykdysady manysy maliýe hasabatlylygynda şekillendirilen hojalyk subýektiň maliýe serişdeleriniň bar bolanlygy we akymy bilen aňladylmagydyr.

Kärhananyň maliýe ýagdaýynyň görkezijileri maliýe serişdeleriniň ýeterlikli bolanlygyny, ýerleşdirilişini we ulanylmagyny görkezýär. Kärhananyň maliýe ulgamyndaky ýagdaýy, esasan, onuň işewürlik hyzmatdaşlykda bäsdeşlige ukyplylygyny we mümkinçiliklerini kesgitleýär, hem-de kärhananyň we onuň hyzmatdaşlarynyň ykdysady, hususanam, maliýe bähbitleriniň haýsy derejede kepillendirilýändigini bahalandyrýar.

Kärhananyň maliýe ýagdaýy onuň üpjün edijiler, alyjylar, salgyt edaralary, banklar we beýleki hyzmatdaşlar bilen aragatnaşyk işinde döreýär. Olaryň gowulanmagy bilen gelejekdäki ykdysady ýagdaýlar bagly bolup durýar.

Maliýe durnuklylygy kärhananyň esasy meselesi bolup durýar, çünki bazar şertinde kärhananyň dargamagy hem mümkindir. Şunlukda, kärhana üçin we onuň dürli hyzmatdaşlary üçin maliýe ýagdaýyň seljermesiniň orny we ähmiýeti has ýokarlanýar. Seljermäni geçirende, duýdansyz üýtgemeleriň sebäplerini ýüze çykarmak wajypdyr. Bu hadysalaryň geljekde ösüşini çaklamaga hem-de öz wagtynda ýaramaz meýilleriň öňüni almakda we gowşatmakda mümkinçiligi saklamak üçin möhümdir.

Kärhananyň maliýe ýagdaýynyň wajyp häsiýetnamasynyň biri, bu onuň tölege ukyplylygydyr. *Tölege ukyplylyk* – bu şertnamalara laýyk üpjün edijileriň öz wagtynda töleg talaplaryny berjaý edilmegi, karzlary üzmek, işgärlere aýlyk haklary tölemek, býujete tölegleri geçirmek bolup durýar.

Hojalyk amallary amala aşyrylanda, kärhananyň maliýe ýagdaýy üýtgemän, ýaramazlaşyp ýa-da gowulanyp biler. Emma, esasy serişdeleriň ýa-da önümçilik ätiýaçlaryň üstüni doldurmak üçin maýalaryň çeşmeleriniň üýtgeýşiniň derejesini bilmeklik kärhananyň maliýe ýagdaýynyň durnuklylygyny ýokarlandyrmakda möhüm çäreleri görmäge ýardam berýär.

Kärhananyň maliýe ýagdaýy durnukly, durnuksyz we çökgün bolup biler. Kärhahanyň öz wagtynda töleg ylalaşyklary berjaý etmek ukyby, önümçilik işiniň giňeldilen ýagdaýynda öz işini maliýeleşdirmek mümkinçiligi onuň maliýe ýagdaýynyň oňyndygyny subut edýär.

Kärhananyň maliýe ýagdaýy onuň önümçilik, işewürlik we maliýe işini şöhlelendirýär. Eger-de önümçilik we maliýe meýilnamalary üstünlikli ýerine ýetirilse, onda maliýe ýagdaýyna olar oňyn täsir edýärler. Tersine, önümiň öndürilişiniň möçberi we onuň ýerleneni boýunça meýilnama ýerine ýetirilmese, onuň özüne düşýän gymmaty ýokarlanýar, önümleri (işleri, hyzmatlary) we harytlary ýerlemekden alnan girdejiniň we peýdanyň mukdary azalýar, şeýle hem kärhananyň maliýe ýagdaýy we onuň tölege ukyplylygy ýaramazlaşýar.

Kärhananyň durnukly maliýe ýagdaýy önümçilik meýilnamalary üstünlikli ýerine ýetirmäge we önümçiligi gerekli resurslar bilen üpjün etmäge oňyn täsirini ýetirýär. Şonuň üçin hojalyk işiniň bir bölegi hökmünde maliýe işi gönükdirilen:

– pul serişdeleriniň gowuşmagynyň we harçlanmagynyň yzygiderli meýlini üpjün etmäge;

– hasaplaşyk tertip-düzgüni berjaý edilmegine;

– öz hususy we karz maýalaryň amatly gatnaşygyny we olary netijeli ulanmagyny gazanmagyna.

*Maliýe işiniň esasy maksady* – önümçiligi netijeli ösdürmek we ýokary derejeli peýdany almak üçin nirede, haçan we nähili dogry maliýe serişdelerini ulanmalydygyny çözmekdir. Daşary ýurt we ýurdumyzyň amallary boýunça, bazar şertlerinde kärhananyň üstünlikli hereketi üçin maliýe serişdelerini dolandyrmaklygy gowy bilmek, maýalarynyň we olary döredýän çeşmeleriniň düzümini, öz hususy we karz serişdeleriniň boljak paýlaryny bilmeklik zerurdyr.

Kärhana öz hojalyk işinde işewürlik, likwidilik, tölege ukyplylyk, düşewüntliligiň aňry-çägi (porog), maliýe durnuklylygyň ätiýaçlylygy (howpsuzlyk zolagy), töwekgelçilik derejesi, maliýe guralynyň netijesi we beýleki adalgalardan peýdalanmaly we olaryň seljermesini hemişe geçirmeli.

Kärhananyň maliýe ýagdaýynyň toplumlaýyn seljermesiniň netijesi hakykatdan hem öz wagtynda içerki we daşky sebäpleriň ýaramaz täsirleriniň öňüni almaga, çözgütleriň kabul etmegine ýardam bermeli. Şeýle hem, maliýe-ykdysady seljermesini wagtynda hemişe geçirmek bilen, degerli meýilnama we çaklama ulgamyny düzmeklige, maliýe ýagdaýyny deňeşdirme bilen we kärhananyň maýa goýumlary özüne çekmekligi bahalandyrmaklyga geçmek mümkindir. Bu bolsa, ykdysady çökgünlilige garşy bolan dolandyrmanyň esasydyr. Şonuň üçin kärhanalaryň ýolbaşçylary, ykdysadçylary, maliýeçileri, hasapçylary, auditorlary bilen bilelikde ykdysady çökgünlilige garşy bolan dolandyrmanyň möhüm guraly hökmünde maliýe ýagdaýynyň toplumlaýyn seljerme ulgamyny girizmeli, kärhananyň ösüşiniň ölçeglerine we ösüş meýillerine gözegçilik etmeli, umumylaşdyrylan iri çaklamany düzmeli.

Maliýe ýagdaýyň seljermesi her bir seljerilýän kärhananyň bazarda öz ornuny kesgitlemäge we ýurduň, çägiň we pudagyň umumy ykdysady ýagdaýyny bahalandyrmaga ýardam berýär.

## *1.2. Kärhananyň maliýe ýagdaýynyň seljermesiniň düýp manysy, maksatlary we meseleleri*

“Maliýe” sözi fransuz dilinde “pul serişdeleri” diýmekdir. Maliýe adalgasy – bu merkezleşdirilen we merkezleşdirilmedik pul serişdeleriniň döredilmegi, bölünilişi we ulanylyşy boýunça ykdysady gatnaşyklardyr.

“Maliýe seljermesi” adalgasy kärhananyň maliýe ýagdaýyny öwrenmäge gönükdirilendigini subut edýär.

Maliýe seljermesi – bu ykdysady ylmyň bir bölegidir. Maliýe seljermesi arkaly kärhananyň maliýe ýagdaýyny üýtgetmekde kabul edilen we geljekki döwür üçin çaklanylan hojalyk çözgütleri, ulanylýan aktiwleriň netijeliligini ýokarlandyrmakda öz wagtynda üstüne alnan borçnamalary üzmek ukyby öwrenilýär. Maliýe seljermäniň maksady, diňe kärhananyň maliýe ýagdaýynyň derejesini kesgitlemek we baha bermek, esasy kanunalaýyklyk ösüşi ýüze çykarmak däl-de, geljekki döwürler üçin ylmy taýdan esaslandyrylan maliýe strategiýasyny düzmekdir.

Kärhananyň *maliýe ýagdaýy* dolanyşyk işinde maýalaryň ýagdaýyny we hojalyk subýektiniň belli wagtyň dowamynda öz-özüni ösdürmäge ukyplylygyny, ýagny öz işini maliýeleşdirmäge ukyplylygyny şekillendirýän ykdysady adalgadyr. Bu kärhananyň kadaly hereketlenmegi üçin maliýe resurslar bilen üpjünçiligini, maksatnamalaýyň olary ýerleşdirmekligini we netijeli ulanylmagyny, beýleki hukuk we fiziki taraplar bilen maliýe gatnaşyklaryny, tölege ukyplylygyny we maliýe durnuklylygyny häsiýetlendirýär.

**Maliýe ýagdaýy kärhananyň ähli işlerine baglydyr:**

– önümçilik meýilnamalaryň ýerine ýetirilişiniň, önümiň özüne düşýän gymmatynyň, peýdanyň üýtgeýşiniň derejesine, önümçiligiň netijeliligine;

– haryt we pul serişdeleriniň dolanyşygynyň guramaçylyk işi bilen bagly bolan dolanyşyk ulgamyndaky sebäplere;

– çig-mal we materiallar bilen üpjün edijiler, önümi alyjylar bilen aragatnaşyklary gowulandyrmaklyga, önümi ýerlemek we hasaplaşyk işlerini kämilleşdirmeklige.

Maliýe ýagdaýynyň seljermesiniň *mazmuny we esasy maksady* – bu holalyk subýektiniň maliýe ýagdaýyny bahalandyrmak, oýlanyşykly maliýe syýasatynyň üsti bilen onuň netijeliligini ýokarlandyrmak mümkinçiligini ýüze çykarmakdyr.

Kärhananyň maliýe ýagdaýynyň seljermesi birnäçe maksatlara gönükdirilendir:

– maliýe ýagdaýyny kesgitlemek;

– wagt we giňişlik boýunça maliýe ýagdaýynyň üýtgeýşini ýüze çykarmak;

– maliýe ýagdaýynyň üýtgeýşine täsir edýän esasy sebäpleri ýüze çykarmak;

– maliýe ýagdaýynyň esasy meýillerini çaklamak.

Şeýle hem, maliýe ýagdaýynyň esasy meselesi bu maliýe işiniň kemçiliklerini öz wagtynda ýüze çykarmak we ýok etmek, hem-de kärhananyň maliýe ýagdaýyny gowulandyrmakda we tölege ukyplylygyny ýokarlandyrmakda ätiýäçlyklary tapmakdyr. Şunda hem şu aşakdakylar zerur:

1) Kärhananyň maliýe ýagdaýyny gowulandyrmak maksady bilen, önümçilik, işewürlik we maliýe işiniň dürli görkezijileriniň arasyndaky sebäp-netije gatnaşyklaryny öwrenmek esasynda maliýe resurslarynyň gowuşmagynyň meýilnamasynyň ýerine ýetirilişine we ulanylmagyna baha bermek.

2) Hojalyk işiniň hakyky şertlerine, öz hususy we karz resurslarynyň bar bolmagyna hem-de dürli ugurlar boýunça resurslaryň peýdalanmagy bilen düzülen maliýe ýagdaýynyň nusgalaryna esaslanyp, boljak maliýe netijeleri çaklamak.

3) Kärhananyň maliýe ýagdaýyny pugtalandyrmaga we has netijeli maliýe resurslarynyň ulanylmagyna gönükdirilen anyk çäreleri düzmeli.

Kärhananyň maliýe ýagdaýynyň toplumlaýyn seljermesi, onuň maliýe hasabatyna esaslanýar. Maliýe hasabatlylygy – bu işiň kömegi bilen guramanyň geçmiş we häzirki maliýe ýagdaýy we onuň netijeleri bahalandyrylýar. Şunda esasy maksat bu kärhananyň geljekki şertlere görä hojalyk-maliýe işiniň bahalandyrylmagydyr.

Şeýle seljermäniň manysy kärhananyň maliýe çeşmelerini gözläp açmakdan, hem-de maliýe serişdeleriniň has netijeli özleşdirilmeginiň ugurlaryny kesgitlemekden, beýleki şuňa meňzeş meseleleri

çözmekden ybaratdyr. Kärhananyň ýagdaýyna seljermesiniň oňaýly täsiri köplenç, maliýe hasabatyň hertaraplaýyn, wagtly-wagtynda, yhlasly öwrenilişine baglydyr. Maliýe hasabatynyň seljermesiniň netijesi önümçilik-işewürlik işini dolandyrmak meselelerini ýüze çykarmak, maýalaryň özleşdirme ugurlaryny saýlamak, kärhananyň ýolbaşçylarynyň işini bahalandyrmak, şeýle hem, tutuş kärhananyň aýry-aýry görkezijilerini we maliýe işini çaklamak üçin ulanylýar.

Hut, maliýe ýagdaýynyň seljermesi kärhananyň maliýe syýasatynyň düzülmeginiň binýady bolup durýar.

Kärhananyň strategik maliýe syýasatynyň meseleleri şulardan ybarat:

– kärhananyň peýdasyny ýokarlandyrmak;

– maýalaryň düzümini amatly derejä ýetirmek we maliýe durnuklylygy üpjün etmek;

– kärhananyň maýa goýumlary özüne çekijiligini üpjün etmek;

– eýeleri (gatnaşyjylar, esaslandyryjylar), maýadarlar, karz berijiler üçin kärhananyň maliýe ýagdaýynyň aýdynlygyny gazanmak;

– kärhanany dolandyrmagyň netijeli guralyny döretmek;

– kärhana tarapyndan maliýe serişdeleri özüne çekmegiň bazar gurallaryny ulanmak we beýl.

Seljermäniň netijesiniň esasynda, maliýe syýasatynyň ugurlary saýlanyp alynýar.

Maliýe seljermesi şu aşakdaky meseleleri çözýär:

– maddy we maliýe serişdeleriniň akymynyň arasyndaky laýyklygyň (deňagramlylygyň) derejesini ýüze çykarýar, ykdysady aýlanyşyk işinde iň ýokary ýa-da amatly peýda almaga, maliýe durnuklylygy saklamaga gönükdirilen öz hususy we karz maýalaryň akymyny bahalandyrýar we ş.m.;

– maýanyň netijeli düzümini goldamakda pul serişdeleriniň dogry ulanylmagyny bahalandyrmaga ýardam berýär;

– maliýe seljermesiniň netijesinde kärhananyň maliýe akymlarynyň gurnalyşynyň dogrudygyna gözegçilik etmäge mümkinçilik döreýär, şeýle hem maliýe we maddy serişdeleriň harçlanylyş kada-düzgünlerini, olary maksadalaýyk harçlamaklygy berjaý etmäge mümkinçilik döreýär.

Kärhananyň maliýe ýagdaýynyň seljermesi onuň häzirki ýagdaýyny bahalandyrmagynyň netijeli usulynyň biridir. Ol bar bolan serişdeleri dolandyrmaklygyň kynçylyklaryny ýüze çykarmaga we bazar şertine laýyklykda iň az çykdajylar bilen kärhananyň ýagdaýyny gowulandyrmaga ýardam berýär.

## *1.3. Türkmenistanda maliýe hasabatlylygynda halkara ülňülerine geçmegiň maksady we wezipeleri*

Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň tagallalary esasynda ýurdumyzyň dünýä hojalygyna aralaşmagynyň netijeliligini ýokarlandyrmak boýunça alyp barýan yzygiderli syýasatynyň möhüm meseleleriniň biri – bazar gatnaşyklarynyň emele gelýän we ösýän şertlerinde, ýurdumyzda maliýe hasabatyny kämilleşdirmekligiň, ony beýleki ýurtlarda hasabyň ýöredilişiniň ýörelgelerinden hem-de halkara standartlaryndan ugur alynmagynyň zerurlygydyr. Bu bolsa ýurdumyzda bazar gatnaşyklarynyň emele gelşiniň we ösüşiniň aýratynlyklaryny göz öňünde tutup, maliýe hasabynyň halkara tejribeleriniň öwrenilmegini talap edýär. Maliýe hasabatyny halkara ülňülerine laýyk kämilleşdirmegiň esasy maksady – ýurdumyzyň ykdysadyýetini innowasion ýoly bilen ösdürmekligini çaltlaşdyrmakdyr. Hormatly Prezidentimiz Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň 2007-nji ýylyň sekiz aýynyň jemlerine bagyşlanan mejlisinde sözlän sözünde “Öňümizde maliýe hasabatlylygyny halkara ölçeglerine laýyk getirmek bilen baglanyşykly örän çylşyrymly wezipeler dur. Şol wezipeleriň amala aşyrylmagy bolsa, maliýe amallaryny geçirmegiň äşgärligini üpjün edip, daşary ýurtly maýadarlaryň maýa goýmaga höwesini artdyrar” diýip, maliýe hasabatynyň halkara standartlaryna geçilmeginiň zerurdygyny, onuň ýurdumyzyň ykdysadyýetiniň ýokary depginler bilen ösmegine uly ýardam berjekdigini nygtap geçdi.

Dünýä ykdysadyýetinde ýurtlaryň gatnaşyklarynyň çuňlaşýan we biri-birine goşulyşýan şertlerinde, maliýe hasaby işewürligiň

(biznesiň) halkara diline öwrülýär. Şol sebäpli, maliýe hasabatynyň halkara standartlaryna geçirilmeginiň esasy wezipesi – dürli ýurtlaryň kompaniýalarynda maliýe hasabatyny taýýarlamagyň ýörelgelerini ýakynlaşdyrmakdan ybaratdyr. Şeýlelikde, maliýe hasabatynyň ulgamyny Türkmenistanda hereket edýän kärhanalaryň we beýleki döwletleriň kompaniýalarynyň maliýe hasabatlaryny deňeşdirmäge mümkinçilik berýän derejede özgerýär.

Şu meseleleri çözmekde "Buhgalterçilik hasaba alnyşy we maliýe hasabatlylygy hakynda" Türkmenistanyň Kanunyna we 2010-njy ýylyň 9-njy iýulyndaky 11139-njy belgili kararyny ýerine ýetirmek maksady bilen, eýeçiligiň görnüşine garamazdan ähli kärhanalar, edaralar we guramalar 2014-nji ýylyň 1-nji ýanwaryndan başlap buhgalterçilik hasaba alnyşynyň ulgamyna doly geçirildi.

## *1.4. Ykdysady seljermäniň görnüşleri*

Kärhananyň maliýe ýagdaýynyň toplumlaýyn seljermesiniň meselelerine şular degişli: – aktiwleriň düzüminiň we gurluşynyň meýlini, olaryň ýagdaýyny we hereketini bahalandyrmak;

– öz hususy we karz maýalaryň çeşmeleriniň düzüminiň we gurluşynyň meýlini, olaryň ýagdaýyny we üýtgeýşini bahalandyrmak;

– hojalyk subýektleriň tölege ukyplylygyny we hasabatlylygyň likwidliligini bahalandyrmak;

– kärhananyň maliýe durnuklylygynyň aňrybaş we otnositel görkezijilerini seljermek we onuň üýtgeýiş derejesini bahalandyrmak;

– kärhananyň serişdeleriniň netijeli ulanylmagynyň derejesini bahalandyrmak.

Şeýlelikde, kärhananyň maliýe işiniň esasy maksady, aktiwleri artdyrmak ýaly diňe bir strategik meselesini aňladýar.

Maksada ýetmekde kärhana hemişe tölege ukyplylygyny, maliýe durnuklylygyny, aktiwleriň we passiwleriň amatly düzümini goldamaly hem-de dürli usullar bilen çuňňur ykdysady seljerme işini geçirmeli bolup durýar.

Ykdysady seljermäniň esasy görnüşleri we möhüm alamatlary boýunça olar şu aşakdakylar bilen häsiýetlendirilýär:

1) pudaklaýyn alamaty boýunça:

– pudaklar boýunça seljerme – bu usul ykdysadyýetiň aýry-aýry pudaklarynyň (senagat, oba hojalygy, gurluşyk, ulag, söwda we ş.m) aýratynlyklaryny hasaba almak bilen tapawutlanýar;

– pudagara seljerme – milli ykdysadyýetiň ähli pudaklary boýunça geçirilýän ykdysady seljermäniň nazaryýet we usulyýet esasy bolup durýar. Pudagara seljermesi hojalyk işiniň umumy usulyýet häsiýetlerini we aýratynlyklaryny açyp görkezýär, ykdysadyýetiň dürli pudaklaryndaky ykdysady seljermäniň öňdebaryjy amallaryny umumylaşdyrýar, tutuş ykdysadyýet we pudaklar boýunça, olary baýlaşdyrýar;

2) ätiýaçlyklary öwrenmegiň giňligi boýunça:

– içki hojalyk seljermesi – kärhananyň we onuň düzüm bölümlerinde içki ätiýaçlaryny ýüze çykarmak maksady bilen seljermesi;

– deňeşdirme seljerme – daşky ätiýaçlyklaryny ýüze çykarmak maksady bilen we onuň hojalyk işini bahalandyrmakda meňzeş kärhanalarynyň görkezijileriniň seljermesi. Iki ýa-da ondan köp hojalyklaryň işiniň netijelerini deňeşdirmek; öňdebaryjy tejribäni, ätiýaçlyklary, kemçilikleri ýüze çykarmaga we olaryň esasynda kärhananyň netijeli hereketine dogry baha bermäge ýardam berýär;

3) çözgütleriň kabul edilmeginiň wagty boýunça:

– öňünden kesgitlenen (çaklama ýa-da geljekki ýyllar üçin) seljermesi uzakmöhletleýin döwürde garaşylýan netijeleri kesgitlemek üçin hojalyk amallaryny amala aşyrmakdan öň geçirilýär. Onuň esasy meselesi geljekki ýyllarda kärhananyň hojalyk işiniň kanunalaýyklygyny we meýillerini ýüze çykarmak bolup durýar. Bu dolandyryş çözgütleri we meýilnamanyň tabşyryklaryny esaslandyrmak, hem-de gelejekdäki we garaşylýan meýilnamanyň ýerine ýetirilmegine baha bermek, ýaramaz netijeleri öňünden görmek üçin zerurdyr;

– yzyndan gelýän seljerme – bu hasabat döwründäki hojalyk işiniň netijeliligini (ýyl, çärýek, aý) kesgitleýän we netijesini bahalandyrýan seljermesidir. Bu hojalyk işini amala aşyrylandan soň geçirilýär we meýilnamanyň ýerine ýetirilmegini gözegçilik etmek we ulanylmadyk ätiýaçlyklary ýüze çykarmak üçin ulanylýar.

– deslapky (ýagdaý) seljerme hojalyk işiniň barşynda geçirilýär we gysga wagtyň içinde ýagdaýlaryň üýtgemegi bilen deslapky neti-

jesine täsirini ýetirýär. Bu seljermäniň maksady – kemçilikleri gysga wagtda ýüze çykaryp, hojalyk işine täsirini ýetirmekdir. Bazar ykdysadyýeti kärhananyň önümçilik ýagdaýlarynyň, işewürlik, maliýe işiniň, hem-de daşky gurşawyň üýtgemegi bilen häsiýetlenýär. Şu ýagdaýlarda, deslapky (ýagdaý) seljerme aýratyn ähmiýete eýe bolýar, şeýle hem onuň esasy artykmaçlygy – olaryň döremegi bilen oňa täsirini ýetirip bilmäge mümkinçilikleriň bolmagy;

– jemleýji (soňky) seljermesi hasabat ýyl (aý, çärýek) boýunça geçirilýär. Şunda kärhananyň degişli döwür üçin maglumatlarynyň esasynda işi toplumlaýyn we ählitaraplaýyn öwrenilýär. Şeýle bar bolan mümkinçilikleriniň ulanylmagy boýunça, onuň işi doly bahalandyrylýar.

Deslapky we jemleýji seljermäniň görnüşleriniň arasynda baglanyşyk bar we olar biri-biriniň üstüni doldurýar. Şular kärhananyň ýolbaşçysyna önümçiligiň gidişinde diňe kemçilikleri gysga wagtyň içinde ýok etmäge mümkinçilik bermän, önümçiligiň ösüşine gönükdirilen degişli döwrüň ýeten sepgitlerini, netijelerini toplumlaýyn umumylaşdyrmaga mümkinçilik berýär;

4) öwrenilýän meseleleri boýunça:

– toplumlaýyn (doly) seljerme – bu kärhananyň ähli işini içine alýan seljermesidir, ýagny kärhananyň işi ählitaraplaýyn öwrenilýär;

– mowzuklaýyn seljerme – bu belli döwürde uly gyzyklandyrma bildirilýän kärhananyň diňe aýry bir tarapy öwrenilýär, meselem, maddy serişdeleriň (resurslaryň) ulanylmagy, önümçilik kuwwatlyklaryň, önümiň özüne düşýän gymmaty we ş.m. boýunça meseleler;

5) obýektleri öwrenmek usuly boýunça:

– deňeşdirme seljermesi – şunda kärhananyň hasabat ýylyň hojalyk işiniň netijeleriniň görkezijilerini köplenç, hasabat ýylyň meýilnamadaky görkezijileri, geçen ýylyňky, öňde baryjy kärhananyňky bilen deňeşdirilýär;

– barlaglaýyn seljerme – bu diňe şol bir bozulmasyny häsiýetlendirýän meňzeş alamaty esasynda ykdysady işleriň kadaly gidişine päsgel berilmegini kesgitleýän usuly aňladýar;

– sebäpleri boýunça seljerme – bu netije görkezijileriň derejesine sebäpleriň täsirleriniň ululygyny ýüze çykarmaga gönükdirilendir;

– kesgitleýji seljerme sebäpler we netijäniň arasyndaky wezipeleýin baglylygy öwrenmek üçin ulanylýar;

– çäk peýdanyň (maržinal) seljermesi – bu ýerlenen önümiň, onuň özüne düşýän gymmatynyň, peýdanyň, hem-de hemişelik we üýtgeýän harajatlara bölünmeginiň arasyndaky netije-sebäp baglanyşygynyň esasynda işewürligiň dolandyrma çözgütleriniň netijeliligine baha bermek we esaslandyrmak usulydyr;

– ykdysady-matematiki seljerme – munuň kömegi bilen ykdysady meseleleriň iň amatly çözgütleri kesgitlenýär, bar bolan serişdeleriň doly ulanylmagynyň hasabyna, önümçiligiň ulanylmadyk ätiýaçlary ýüze çykarylýar;

– gymmat-wezipeleýin seljerme – obýektiň hereketiniň ähli tapgyrynda onuň ýerine ýetirilmegini üpjün etmek maksady bilen, iň az çykdajylar arkaly obýektiň hereketini toplumlaýyn, ulgamlaýyn öwrenmekdir;

– tötänleýin (stohastiki, dispersiýa, korrelýasiýa, komponent we ş.m.) seljermesi, kärhananyň hojalyk işindäki hadysalaryň we işleriň arasyndaky tötänleýin arabaglanyşyklary öwrenmek üçin ulanylýar;

6) öwrenilýän obýektleri öz içine almak boýunça:

– tutuşlaýyn seljerme – haçan-da ähli obýektleri öwrenenden soň, netije çykarylýar;

– seçimleýin seljerme – haçan-da obýektleriň diňe bir bölegi öwrenilenden soň, netije çykarylýar;

7) tehniki serişdeleriň ulanylmagy boýunça:

– hasaplaýyş ulgamyny ulanmak bilen, mehanizirlenen seljermesi;

– kompýuter ulgamyny ulanmak bilen, awtomatizirlenen seljermesi;

8) dolandyryş işinde tutýan orny boýunça:

– dolandyryş (içki) seljermesi – bu dolandyryş hasabatyň esasy bölegi bolup, kärhananyň ýolbaşçysyny seljeriş maglumatlar bilen üpjün edýär;

– maliýe (daşky) seljermesi – bu maliýe hasabatyň esasy bölegi bolup, kärhana boýunça daşky ulanyjylaryny maglumatlar bilen üpjün edýär;

9) ykdysady seljermäniň ugurlary boýunça:

– ykdysady-tehniki seljerme – bu tehnikanyň, tehnologiýanyň, önümçiligi we zähmeti gurnamagyň derejesiniň görkezijileri bilen baglanyşyklylykda, kärhananyň önümçilik-hojalyk işini häsiýetlendirýän görkezijileriň seljermesidir. Muny kärhananyň tehniki gullu-

gy edýän bölümleri (baş inžener, baş tehnolog we beýlekiler) amala aşyrýarlar. Bu seljermäniň maksady – tehniki we ykdysady işleriň arabaglanyşygyny öwrenmek we kärhananyň işiniň ykdysady netijelerine olaryň täsirini kesgitlemekdir;

– ykdysady-maliýe seljerme – bu kärhananyň işini häsiýetlendirýän görkezijileriň seljermesidir. Şunda, esasan, kärhananyň işiniň maliýe netijelerine we maliýe serişdeleriň netijeli ulanylmagyna üns berilýär: maliýe meýilnamasynyň ýerine ýetirilmegi, öz hususy we karz maýalarynyň netijeli ulanylmagy, peýdanyň jeminiň ýokarlandyrylmagynyň, ätiýaçlarynyň ýüze çykarylmagy, düşewüntliligiň artmagy, kärhananyň maliýe ýagdaýynyň we tölege ukyplylygynyň ýokarlanmagydyr. Şu işleri hojalyk subýektleriň maliýe gullugy, maliýe-karz bölümleri amala aşyrýar;

– durmuş-ykdysady seljerme – bu durmuş we ykdysady hadysalaryň arasyndaky aragatnaşygy, biri-birine we hojalygyň ykdysady netijesine täsirini öwrenýär. Şu işleri ykdysady gullugy, sosiologik barlaghanalar, statistiki edaralar geçirýär;

– ykdysady-ekologik seljermesi – daş-töweregi goramak we gowulandyrmak işleri hem-de ekologiýany dikeltmäge harajatlar bilen baglylykda, ykdysady we ekologik işleriň arasyndaky aragatnaşygy öwrenýär. Şu işleri daş-töweregi goramak edaralary we kärhananyň ykdysady bölümleri geçirýär;

– marketing seljermesi – bu kärhananyň daşky gurşawda hereketini, çig-mal we taýýar önümi ýerlemek bazary, bäsdeşlige ukyplylygyny, hyrydarlygy we hödürlemegi, işewürlik töwekgelçiligi, nyrh syýasatyň emele gelşini, marketing taktikasynyň we strategiýasynyň düzülmegini öwrenmek üçin geçirilýär.

Kärhananyň maliýe ýagdaýy onuň aktiw we passiw düzüminiň gatnaşygydyr, ýagny kärhananyň serişdeleri we olaryň çeşmeleri bilen beýan edilýär. Maliýe seljermesiniň esasy wezipeleri – bu maliýe ýagdaýynyň derejesini kesgitlemek, kärhananyň maliýe durnuklylygyny we tölege ukyplylygyny ýokarlandyrmakda teklipleri taýýarlama döwürde maliýe ýagdaýynyň gowulanmagynyň ýa-da ýaramazlaşmagynyň sebäplerini öwrenmekdir. Bu meseleler maliýe ulgamynyň we degişli görkezijileriniň ösüş meýillerini öwrenmek esasynda çözülýär hem-de aşakdaky seljeriş işleriň sanawy düzülýär:

– aktiw we passiw düzüminiň seljermesi;
– maliýe durnuklylygynyň seljermesi;
– tölege ukyplylygynyň seljermesi (likwidlilik, ýagny tiz satylyp bilýän serişdeler);
– öz maýasynyň zerur artyşynyň seljermesi.

Keseleýin, dikleýin, trend (meýilleri öwrenmek), koeffisiýentleri we sebäpleri öwrenmek, maliýe ýagdaýynyň seljermesiniň esasy usullarydyr.

Keseleýin (wagt boýunça) seljerme – maliýe hasabatynyň herbir görkezijisini geçen ýylyňky bilen deňeşdirmekdir. Ýagny, belli döwürde hasabatyň dürli maddalarynyň möçberiniň ösüş meýlini we degişli üýtgemeleri kesgitlenýär.

Dikleýin seljerme – kärhananyň işiniň netijesine maliýe görkezijileriň her biriniň täsirini ýüze çykarmak bilen, olaryň jeminiň düzümini kesgitlemekdir. Ýagny, belli döwür üçin aktiwleriň we passiwleriň udel agramlaryny kesgitlemekdir.

Trend seljermesi – köp ýyllar boýunça maliýe görkezijileriň ösüş depgininiň meýillerini ýüze çykarmakdyr. Şunda görkezijileri tötänleýin we aýry-aýry ýyllaryň aýratynlyklarynyň täsirlerinden arassalamaly. Trendiň kömegi bilen, geljekki döwürler üçin möhüm görkezijileriň möçberi emele gelýär, şeýle hem çaklama seljerme geçirilýär.

Koeffisiýentleriň (degişli görkezijileriň) seljermesi – hasaplaşyk we beýleki hasabatlaryň görkezijileriniň gatnaşygy we özara baglanyşygy kesgitlenýär.

Sebäbi boýunça seljerme – bu ylmy usullara esaslanan barlag arkaly netije görkezijä aýry-aýry sebäpleriň täsiriniň seljermesidir.

Maliýe koeffisiýentleriň seljermesi geçirilende, olaryň möçberi binýatdaky bilen deňeşdirilýär, şeýle hem olaryň birnäçe ýyllar üçin meýilleri öwrenilýär.

Binýat ululyklar hökmünde ulanylýarlar:

– nazaryýet taýdan esaslandyrylan ýa-da sorag-jogap arkaly alynýan degişli görkezijileriň ululygy. Bu kärhananyň durnukly maliýe ýagdaýyny nazara almak bilen, amatly ýa-da örän kynçylykly derejesini häsiýetlendirýär;
– maliýe ýagdaýy boýunça amatly döwürlere degişli bolan döwürleýin hatarda görkezijileriň ortaça ululygy;

– üstünlikli bäsdeşiň hasabatynyň maglumatlarynyň esasynda hasaplanan görkezijileriň ululygy;
– pudak boýunça ortaça görkezijileriň ululygy.

Maliýe koeffisiýentlerden başga, maliýe ýagdaýyň seljermesinde beýleki absolýut görkezijiler hem ähmiýete eýedir. Olara arassa aktiwler (öz anyk maýasy), öz dolanyşyk serişdeleri bilen ätiýäçlaryň üpjünçilik görkezijileri degişlidir.

## *1.5. Kärhananyň maliýe hasabatynyň esasy ulanyjylar toparlary*

Dürli maliýe-holalyk işinde kärhanalaryň özaragatnaşyga girýänler üçin, maliýe ýagdaýy çylşyrymly düşünje bolup, uly gyzyklandyrma döredýär.

Kärhananyň maliýe ýagdaýynyň bahalandyrylmagyny geçirýärler:
– kärhananyň ýolbaşçysy we degişli gulluklary;
– serişdeleri netijeli ulanmak maksady bilen, onuň esaslandyryjylary, maýadarlary;
– karz bermekligiň şertlerini we töwekgelçiligi bahalandyrmak üçin banklar tarapyndan;
– tölegleri almak üçin çig-mal, materiallar bilen üpjün edijiler tarapyndan;
– býujete gowuşýan serişdeleriň meýilnamasyny ýerine ýetirmek üçin, salgyt edaralary tarapyndan we maliýe ýagdaýyny gözegçilik etmek we çaklamak üçin. Munuň maksady – býujete yzygiderli puluň gowuşmagyny gazanmakdyr.

Maliýe hasabatyny ulanýanlary iki uly topar bölüp bolýar. Emma, adatça, onuň iki uly toparyny belleýärler:

**1-nji topar:**
– belli kärhana üçin daşky ulanyjylar (bäsdeşler, müşderiler, ýöriteleşdirilen döwlet edaralary, üpjün edijiler we alyjylar, karz berýän edaralar, daşary ýurt maýadarlar);
– kärhananyň işine gytaklaýyn gyzyklanma bildirýän ulanyjylar;

**2-nji topar:**
– kärhananyň dolandyryjy hünärmenleri we hasapçylar;
– kärhananyň içki ulanyjylary, ýagny kärhananyň işine göni gyzyklanma bildirýän ulanyjylar.

Şuňa laýyklykda, maliýe seljermäniň iki görnüşini bellemek bolýar – içki we daşky.

Içki seljerme kärhananyň işgärleri tarapyndan geçirilýär (meselem, maliýe menejerler tarapyndan). Onuň netijesi kärhananyň kadaly hereketini üpjün etmekde, has ýokary peýda almakda we dargamak ýagdaýy ret etmekde, karz serişdeleri meýilleşdirmek üçin ulanylýar.

Kärhananyň maliýe-hojalyk seljermesiniň netijesi içki ulanyjylara dürli ykdysady çözgütleri kabul etmekde, ilkinji maglumat hökmünde zerurdyr.

Içki maliýe-hojalyk seljermesiniň esasy mazmuny dolandyrmanyň işjeňleşme manysy bolan beýleki jähtler bilen, goşmaça üsti doldurylyp bilner. Şulara, mysal bolup, maliýeleşdirilen maýanyň netijeliliginiň seljermesi, çykdajylaryň özara baglanyşygynyň, dolanyşygyň we peýdanyň seljermesi degişlidir.

Içki dolandyrma seljerme ulgamynda önümçilik dolandyryş hasabatyň maglumatlarynyň çekilmeginiň hasabyna, maliýe ýagdaýynyň çuňňur seljermesi mümkindir.

Maliýe we önümçilik seljermesiniň meseleleri işewürlik meýilnamanyň esaslandyrylmagynda, olary durmuşa geçirmek barlagy boýunça, marketing ulgamy, ýagny bazara gönükdirilen önümçiligi, önümleri we hyzmatlary ýerlemek boýunça dolandyrma ulgamy bilen özara baglanyşyklydyr.

Maliýe ýagdaýynyň içki seljermesi, kommunikasiýanyň hakyky serişdesidir. Şonuň esasynda:

– meňzeş kärhanalaryň arasynda öz orny boýunça strategik ugrunyň dogry saýlanylmagyna, serişdeleriň netijeli ulanylmagy babatda deňeşdirme häsiýetnama boýunça we kärhanany dolandyrmaklygyň dürli meselelerini çözmek üçin çözgütleri kabul etmek boýunça ýolbaşçysyna habarly bolmaga ýardam berýär;

– barlag geçirende dogry çözgütleri kabul etmäge, barlagyň meýilleşdirilişini, hasabat ulgamynyň gowşak ýerlerini we mümkin bolan böleklerindäki ýalňyşlary ýüze çykarmaklyga içki auditorlara kömek berýär;

– seljerme işini geçirýänler seljermäniň ugurlaryny kesgitleýärler.

Daşky seljerme kärhana üçin keseki (mysal üçin, auditorlar, maýadarlar, maddy we maliýe serişdeler bilen üpjün edijiler, çap

edilen hasabata esaslanyp, barlag geçirijiler tarapyndan) bolan auditorlar tarapyndan geçirilýär.

Onuň maksady iň ýokary peýda almaklygy we töwekgellik ýitgileri ret etmekde serişdeleri bähbitli özleşdirmekdir.

Daşky seljerme geçirýänler birnäçe aýratynlyklary bilen tapawutlanýar. Olar kärhana boýunça maglumatlary ulanýanlaryň arasyndaky aýratynlyklar bilen kesgitlenýär:

– seljermäni geçirýän subýektleriň köplügi – kärhana boýunça maglumatlary ulanýanlar;

– seljermäni geçirýän subýektleriň maksatlarynyň we bähbitleriniň dürlüligi;

– seljermäniň ülňüleşen usulynyň barlygy;

– kärhananyň seljermesini diňe köpçülikleýin we daşky hasabatyna gönükdirmek;

– geçen sebäbiň täsirine görä, seljermäniň meseleleriniň çäkli bolmagy;

– maglumatlary ulanýanlar üçin kärhananyň işi boýunça seljermäniň netijeleriniň ýokary derejede aýdyn we açyk bolmagy.

Kärhananyň işi boýunça gönüden-göni daşky ulanyjylar gyzyklanmasa-da, olar kabul edilen ylalaşyklara laýyklykda maglumatlary içki ulanýanlaryň bähbitlerini goramalydyrlar:

– maýadarlaryň bähbitlerini goramak maksady bilen auditor gullugy hasabatyň maglumatlarynyň degişli tertip-düzgünlere laýyklygyny barlaýarlar;

– maliýe meseleleri boýunça maslahatçylar belli kärhanasyna maýalary goýmaklygy öz müşderilerine maslahat bermek üçin hasabaty ulanýarlar;

– kärhanany hasaba alnan wagty gymmat kagyzlar biržasy hasabatdaky maglumatlary bahalandyrýar, kärhananyň işini ýatyrmak boýunça çözgüt kabul edýär, hasaplaryň usullaryny we hasabatyň ýagdaýyny üýtgetmekligiň zerurlygyna baha berýär;

– umumy döwlet syýasatyny düzmek we durmuşa geçirmekde hem-de statistiki gözegçiligi alyp barmakda jemi içerki önümiň, milli girdejiniň we döwlet býujetiniň döredilmeginde kanunçylyk edaralary üçin salgytlaryň tölenilmegi, önümiň öndürilişiniň

möçberi boýunça maglumatlar zerurdyr. Şu serişdeleri amatly paýlamakda, maýa goýum we salgyt syýasatyny döretmek üçin möhümdir;

– ylalaşyklaryň şertleriniň ýerine ýetirilişini bahalandyrmakda, peýdany paýlamakda we diwidentleri tölemekde hukukçylar hasabatyň maglumatlaryna mätäç bolýarlar;

– metbugat we maglumat edaralary bildirişleri taýýarlamak, aýry-aýry kärhanalaryň we pudaklaryň ösüş meýillerini bahalandyrmak, maliýe işiniň umumylaşdyryjy görkezijilerini hasaplamak üçin hasabaty ulanýarlar;

– söwda-senagat assosiasiýalary pudaklar boýunça statistiki umumylaşdyrma we deňeşdirme seljermesi, pudak derejesinde işleriň netijelerini bahalandyrmak üçin hasabaty ulanýarlar;

– kärdeşler arkalaşygy üçin barlanylýan kärhana degişli bolan iş hakyna öz talaplaryny kesgitlemekde we zähmet şertnamadaky şertleri berjaý etmekde, degişli pudagyň ösüşiniň meýlini bahalandyrmakda hasabat maglumatlary gyzyklandyrma döredýär.

Maliýe ýagdaýynyň maglumatlarynyň ulanyjylaryny birnäçe hyzmatdaşlyk toparlara bölmek we olaryň bähbitlerine görä maliýe ýagdaýynyň obýektini kesgitlemek bolar.

Açyk maliýe hasabatyň üsti bilen amala aşyrylýan daşky maliýe seljermäniň mazmuny şulardan ybarat:

– peýdanyň aňrybaş görkezijileriniň seljermesi;

– düşewüntliligiň otnositel görkezijileriniň seljermesi;

– kärhananyň balansynyň maliýe ýagdaýynyň, durnuklylygynyň, ýok edilmeginiň, tölege ukyplylygynyň seljermesi;

– karz maýalaryň ulanylmagynyň netijeliliginiň seljermesi;

– kärhananyň maliýe ýagdaýynyň ykdysady bahalandyrylyşy we emitentleriň (gymmatly kagyzlary dolanyşyga goýberýänler) reýting bahalandyrylmagy.

Esasy hyzmatdaşlyk toparlary üçin kärhananyň üstünlikleri bähbitlidir, çünki şoňa olaryň ýagdaýlary bagly bolup durýar.

Ykdysady seljermäniň maksady bar bolan maglumatlara we beýleki sebäplere görä kärhananyň maliýe ýagdaýyny bahalandyrylmakdyr.

## *Ikinji bap*

# KÄRHANANYŇ MALIÝE ÝAGDAÝYNA TÄSIR EDÝÄN GÖRKEZIJILERIŇ SELJERMESI

## *2.1. Öndürilen önümiň göwrümini we düzümini häsiýetlendirýän görkezijiler*

Kärhananyň maliýe ýagdaýyna öndürilen önümiň göwrümi, hili we düzümi täsir edýär. Bazarda bäsdeşlige ukyplylygy saklamak niýeti bilen, kärhana önümiň nyrhyny peseldip, hödürlemesini ýokarlandyryp, öz girdejisini artdyryp biler. Şunda kärhananyň öndüren önüminiň düzüminde hökmany suratda bazarda ýokary derejede hyrydarlyk bildirilýän täze önümiň paýyny artdyrmak meselesi we önümçilik meýilnamanyň ýerine ýetirilişi durýar. Önümçilik meýilnamanyň ýerine ýetirilmezliginiň sebäpleri:

1) Enjamlaryň işsiz durmagy (çig malyň, materiallaryň, elektrik energiýasynyň ýoklugy sebäpli, işçileriň işe çykmanlygy sebäpli we ş.m.).

2) Önümçilik tehnologiýasynyň wagtynda täzelenmezligi we bozulmagy.

3) Çig malyň hiliniň pesligi.

4) Çig mallaryň we materiallaryň tygşytsyz ulanylanlygy we ş.m.

Kärhananyň maliýe ýagdaýyna umumy öndürilen önümiň göwrüminde bazarda ýerlenen önümiň paýy hem uly täsirini ýetirýär.

Önümiň öndürilişiniň göwrümine, onuň guralyşyna, hiline, goýberilen we ýerleşdirilen önümiň hiline, önümçiligiň sazlaşyklygyna öz gezeginde kärhananyň netijeliligini häsiýetlendirýän görkezijileriň möçberi baglydyr – onuň özüne düşýän gymmaty, peýdasynyň, düşewüntliliginiň möçberi, serişdeleriň aýlanyşygy, kärhananyň tölege ukyplylygy we beýleki görkezijileriň möçberi.

Bazarda önümiň bäsdeşlige ukyplylygyny saklamak meselesi onuň hiline hem baglydyr. Önümiň hili – önümiň ölçeglerini, ulanyş, tehnologik, dizaýn häsiýetlerini, standartlaşma we unifikasiýa derejesini, ygtybarlygyny we çydamlygyny şekillendirýän adalgadyr. Önümiň hilini häsiýetlendirýän görkezijileri üç topara bölmek bolar: umumylaşdyrylan, şahsy, gytaklaýyn.

Umumylaşdyrylan görkezijiler – önümiň görnüşine we niýetlenen ugruna garamazdan, ähli öndürilen önümiň hilini häsiýetlendirýär:

– önümiň umumy goýberilişinde täze önümiň udel agramy (paýy);

– ýokary hilli önümiň udel agramy (paýy);

– önümiň ortaça ölçenilýän bahalandyrýan baly;

– önümiň ortaça görnüş koeffisiýenti;

– attestirlenen we attestirlenmedik önümiň udel agramy;

– sertifisirlenen önümiň udel agramy;

– dünýä standartlaryna laýyk gelýän önümiň udel agramy;

– eksporta, şol sanda senagat taýdan ösen döwletlere ugradylan önümiň udel agramy.

Şahsy (birlik) görkezijileri önümiň belli bir hilini häsiýetlendirýär:

– ýaramlylyk derejesi (süýdüň ýaglylyk derejesi, magdanda demiriň we iýmit önümlerde belogyň barlygynyň derejesi);

– ygtybarlylyk derejesi (çydamlylygy, işde sazlaşykly işlemegi);

– tehnologiýasynyň derejesi, ýagny gurnama we tehnologik çözgütleriň netijeliligi (zähmeti we energiýany talap edijilik derejesi);

– önümiň görnüşi we durky (estetika).

Gytaklaýyn görkezijiler – bu hili pes bolan önüme jerimeler, zaýalanan önümiň möçberi we udel agramy, zaýalanan önümden ýitgiler we beýlekiler.

**Standartlaşdyrma** – önümleriň kadalary, düzgünleri, adam üçin we daş-töweregiň howpsuzlygyny, häsiýetlerini kesgitlemek boýunça iş.

**Sertifikatlaşdyrma** – talabalaýyklygy goldamak boýunça iş. Sertifikasiýa geçirilenden soň sertifikat (talaba laýyklygy tassyklaýan resminama) berilýär.

## *2.2. Esasy serişdeleriň ulanylyşyny häsiýetlendirýän görkezijiler*

Esasy serişdeler her bir pudagyň kärhanasy üçin önüm öndürmegiň esasy zerur sebäpleriň biri bolup durýar.

Esasy serişdeleriň tehniki ýagdaýy, kärhanada dogry we netijeli ulanylyşy kärhananyň maliýe ýagdaýynyň gowulanmagyna ýardam edýär.

Bazar ykdysadyýetiniň şertleri her bir kärhanany, zähmet birleşigini, bäsdeşlik şertlerinde bar bolan ulanylmadyk ätiýaçlyklary ulanmaga, gözlemäge, önümçilikde netijeliligi ýokarlandyrmaga mejbur edýär. Şol ätiýaçlyklary ýüze çykarmak, tapmak we ony tejribede ulanmak hojalyk işiniň seljermesiniň esasy wezipesi bolup, ol gönüden-göni esasy gaznalara hem degişlidir.

Esasy serişdeler doly kuwwatlylykda we netijeli işlän wagtynda kärhananyň hemme ykdysady görkezijileriniň ýokarlanmagyna ýardam edýär. Ýagny, esasy serişdeleriň netijeli ulanylmagy we şol serişdeler bilen üpjünçiligi kärhananyň işçileriniň zähmet öndürijiliginiň ösmegine, esasy serişdeleriň önüm berijiliginiň ýokarlanmagyna, goýberilýän önümiň köpelmegine, önümiň özüne düşýän gymmatynyň peselmegine we şonuň ýaly-da, düýpli maýa goýumlaryň tygşytlanmagyna ýardam edýär.

Kärhanalarda esasy serişdeler seljerilende olaryň üpjünçiligi, ýagny esasy serişdeler haýsy derejede kanagatlandyrýanlygyny anyklamaly. Esasy serişdeleriň mukdary, tehniki ýagdaýy, onuň düzümi, haýsy derejede önümçiligiň talabyna laýyk gelýändigini anyklamaly. Mundan başga-da, esasy serişdeleriň öndürijiliginiň, üstüni doldurmagyň (täzelenmegiň) we könelerini işden çykarylanynyň görkezijilerini seljermeli.

Seljerme geçirilende esasy serişdeleriň hemmesiniň birmeňzeş däldigini unutmaly däldir, ýagny ol serişdeler önümçiligiň barşyna deň gatnaşmaýarlar. Şeýlelikde, esasy serişdeler iki topara bölünýär: aktiw we passiw. Işjeň topary, ýagny maşynlar, stanoklar önüm goýbermäge gönüden-göni gatnaşýan bolsa, olaryň passiw topary (jaýlar, desgalar we beýlekiler) önümçilige, önüm öndürmäge belli bir şert döredýärler. Şonuň üçin seljerme geçirilende esasy serişdeleriň gönüden-göni önüm goýbermäge dahylly bolan bölegine üns berilýär.

Esasy serişdeleriň seljermesi geçirilende olaryň tehniki taýdan ýagdaýyna hem üns bermeli. Hasabat döwründe esasy serişdeler könelýär ýa-da olaryň düzümi täze döwrebap, has ýokary öndürijilikli serişdeler bilen dolandyrylýar. Şonuň üçin olaryň könelişen böleginiň, täzeden işe girizilen böleginiň koeffisiýentini hasaplamak zerur. Könelişenleriň böleginiň koeffisiýenti ýylyň başyna we aýagyna

meýilnamalaşdyrylýar we deňeşdirilýär. Şol maglumatlardan hem netije çykarylýar. Eger ýylyň aýagyna esasy serişdeleriň könelişen böleginiň koeffisiýenti ýylyň başyndakydan az bolsa, esasy serişdeleriň sazlanyşynyň we ulanyşynyň gowulandyrylmagyny aňladýar we tersine.

Esasy serişdeleriň täzelenen böleginiň koeffisiýentini kesgitlemek üçin, şol bölegiň bahasyny hasabat ýylynda esasy serişdeleriň ýylyň aýagyndaky umumy ortaça bahasyna bölmeli.

Bazar ykdysadyýeti şertlerinde kärhanalarda netijeliligi ýokarlandyrmak esasy we möhüm wezipe bolup durýar. Kärhanalaryň öňünde durýan wezipeleri çözmek üçin esasy serişdeleriň netijeliligini ýokarlandyrmak işiň esasy bölegi bolup durýar.

Esasy serişdeleriň netijeliligini görkezýän, häsiýetlendirýän birnäçe görkezijiler bar. Olara esasy serişdeleriň önüm berijiligi, işgärleriň esasy serişdeler bilen ýaraglanyşy degişlidir. Ýagny, esasy serişdeleriň önüm berijiligi esasy serişdeleriň her bir manadyna öndürilen önümiň möçberiniň hasaplanmagyny aňladýar. Ol esasy serişdeleriň ulanylyşynyň netijeliligini görkezýän iň möhüm görkezijidir.

Esasy serişdeleriň önüm berijiligi kärhananyň işinde jemleýji görkeziji bolup, esasy serişdeleriň netijeliligini häsiýetlendirýär. Onuň zähmet öndürijiligi we kärhananyň esasy serişdeler bilen üpjünçiligi, ýagny, şol serişdeler bilen işgärleriň üpjünçiligi bilen arabaglanyşygy bardyr:

$$FO = (VP / F) \qquad (a)$$

$$PT = (VP / t) \qquad (b)$$

(b) formuladan $VP = PT \times t$ (ç)

$FV = F/t$, ýa-da $F = FV \times t$ (h)

(ç) we (h)-y (a) formula goýmaly, şonda

$$FO = (PT \times t) / (FV \times t) = PT / FV.$$

Bu ýerde:

*FO* – esasy serişdeleriň önüm berijiligi;

*VP* – önümiň göwrümi;

*F* – ulanylýan esasy serişdeleriň ortaça ýyllyk bahasy;

*t* – işleýänleriň ortaça ýyllyk sany;

*PT* – zähmet öndürijiligi;

*FV* – işleýänleriň esasy serişdeler bilen üpjünçiligi.

Esasy serişdeleriň önüm berijiligini ýokarlandyrmak üçin zähmet öndürijiliginiň ösüş depgininiň esasy serişdeler bilen üpjünçiliginden öňde bolmagyny gazanmaly. Esasy serişdeleriň netijeliligini görkezýän seljerme bar bolan enjamlaryň ulanyşyna, ýagny kärhanalarda näçe enjam barlygyna we olaryň ulanyş derejesine laýyklykda amala aşyrylýar.

## *2.3. Zähmet resurslarynyň ulanylyşynyň görkezijileri*

### *2.3.1. Zähmet öndürijiliginiň seljermesi*

Zähmet resurslaryň möçberi, hili, kärhananyň talabyna laýyklygy we netijeli ulanylyşynyň derejesi kärhananyň maliýe ýagdaýyna täsir edýän möhüm sebäpleriň biridir.

Gazanylan döwlet garaşsyzlygynyň, onuň bitaraplygynyň syýasy durnuklylygynyň şertlerinde Türkemnistanyň ösüşi durmuş we ykdysady taýdan öňe gitmek üçin ýurduň öňünde uly geljegi açdy. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň başlangyçlary esasynda düzülen we kabul edilen milli maksatnamalarda geljekde Türkmenistanyň ilatynyň ösüşiniň ýokary depginleri garaşylýar.

Milli maksatnamalarda çaklanylýan döwürde ykdysadyýeti ösdürmekde göz öňünde tutulýan çäreler, ýurtda täze iş orunlarynyň artmagyna ýardam berer we zähmete ukyply adamlary iş bilen doly üpjün eder.

Kärhanalaryň işçi güýji bilen doly ýeterlikli üpjün bolmagy, olaryň netijeli ulanylmagy, zähmet öndürijiliginiň ýokary derejesiniň gazanylmagy önüm öndürilişini artdyrmaga we önümçiligiň netijeliligini ýokarlandyrmaga mümkinçilik berýär.

Kärhanalaryň zähmet serişdeleri boýunça seljerme geçirilende olaryň ulanylyşynyň netijeliligi hem öwrenilýär. Bu meseläni öwrenmek üçin kärhananyň işgärleriniň düşewüntliligi diýen görkeziji kesgitlenýär. Bu görkezijini kesgitlemek üçin önümleri ýerleşdirmekden alynýan peýdanyň ululygyny işgärleriň ortaça sanyna bölmeli.

$$K_d = P_{ýe} : S.$$

Bu ýerde:

$P_{ýe}$ – önümleri ýerleşdirmekden alynýan peýdanyň ululygy;

$S$ – işgärleriň ortaça sany.

Bu görkeziji kärhananyň işgärleriniň her birine orta hasap bilen näçe manatlyk peýda alnandygyny görkezýär.

Mundan başga-da, işgärleriň zähmet öndürijiligi hasaplanýar. Bu görkezijini kesgitlemek üçin öndürilen ýa-da ýerlenen önümiň möçberini işgärleriň ortaça sanyna bölmeli:

$$K_d = Ö : S.$$

Bu ýerde:

$Ö$ – öndürilen ýa-da ýerlenen önümiň ululygy;

Bu görkezijilerden başga kärhananyň netijeliligine işgärleriň düzümi täsir edýär, ýagny ol esasy serişdeleriň sanyna we düzümine laýyk gelmeli.

Seljerme geçirilende, kärhananyň möhüm hünärli işçiler bilen üpjünçiligi aýratyn öwrenilýär.

Işgärleriň düzüminiň we gurluşynyň seljermesi edilende, olaryň her biriniň eýeleýän wezipelerine laýyk gelýänligini, olaryň taýýarlanyş derejesi, hünärlerini ýokarlandyrmak boýunça alnyp barylýan işler we şuňa meňzeş meseleler öwrenilýär. Işgärleriň düzümi olaryň ýaşy, iş ýyly we bilim derejesi boýunça hem öwrenilýär. Işgärleriň her bir toparynyň, olaryň umumy sanyndaky udel agramy kesgitlenip, kärhananyň esasy işinde işleýänleriň düzümi öwrenilýär. Işgärleriň umumy sanynda işçileriň udel agramynyň ýokarlanmagy işgärleriň düzüminiň gowulanandygyny görkezýär.

Kärhanalarda işgärleriň düzümi hemişe hereketde bolýar. Dürli sebäpler boýunça işgärler işden boşadylýar. Olaryň ýerine başga işgärler işe alynýar. Şeýlelikde, hasabat döwründe kärhanalarda işçi güýjüniň aýlanyşygy ýüze sykýar.

Işçi güýjüniň hereketini öwrenmek üçin birnäçe görkezijiler ulanylýar. Olara şu aşakdaky görkezijiler degişlidir: 1) işe kabul etmek boýunça aýlanyşyk koeffisiýenti; 2) işden çykarmak boýunça aýlanyşyk koeffisiýenti; 3) işgärleriň geldi-geçerlik koeffisiýenti; 4) işgärleriň durnuklylyk koeffisiýenti.

Bu görkezijileriň kesgitlenilişi.

Işe kabul etmek boýunça aýlanyşyk koeffisiýenti hasabat döwründe işe kabul edilen işgärleriň sanyny işgärleriň ortaça sanyna bölüp, göterim gatnaşygy görnüşinde kesgitlenilýär.

Işden çykarmak boýunça aýlanyşyk koeffisiýenti hasabat döwründe işden çykarylan işgärleriň sanyny işgärleriň ortaça sanyna bölüp, göterim gatnaşygy görnüşinde kesgitlenilýär.

Işgärleriň geldi-geçerlik koeffisiýenti.

Hasabat döwründe öz islegi boýunça we zähmet düzgün-nyzamyny bozanlygy sebäpli, işden çykarylan we kabul edilen işgärleriň umumy sanyny işgärleriň hasabat döwründäki ortaça sanyna bölüp, göterim gatnaşygy görnüşinde kesgitlenilýär.

Işgärleriň durnuklylyk koeffisiýenti kärhanada ýylyň dowamynda işlän işgärleriň sanyny işgärleriň ortaça sanyna bölüp, göterim gatnaşygy görnüşinde kesgitlenilýär.

Önümçiligi mehanizasiýalaşdyrmak we awtomatlaşdyrmak boýunça çäreleriň üstünlikli amala aşyrylýan kärhanalarynda, işe kabul etmek boýunça aýlanyşyk koeffisiýentiniň ululygy işden çykarmak boýunça aýlanyşyk koeffisiýentinden pes bolýandygyny bellemek gerek.

Işgärleriň durnuklylyk koeffisiýenti kärhanada tutuş ýylyň dowamynda işlän işgärleriň olaryň umumy sanyndaky udel agramyny görkezýändigini ýokardaky kesgitleme görkezýär.

Işgärleriň geldi-geçerligi zähmeti dogry guramaga, olaryň hünärini ýokarlandyrmaga päsgel berýär we zähmet düzgün-nyzamyny gowşadýar.

Işgärleriň geldi-geçerligi seljerme edilende, hasap we hasabat maglumatlary, işe kabul edilýän we işden çykýan işgärler bilen geçirilen anketa barlaglarynyň maglumatlary hem-de işgärleriň arzalaryndaky görkezilýän maglumatlar ulanylýar.

Seljerme geçirilende bu görkezijileriň meýliniň öwrenilmeginiň ähmiýeti uludyr. Bu görkezijiler şunuň ýaly öwrenilende, olaryň üýtgeýiş meýli hem-de kärhanada zähmetiň we önümçiligiň guralyş derejesiniň olara täsiri kesgitlenilýär.

Senagat kärhanalarynda zähmet öndürijiliginiň seljermesi amala aşyrylanda, esasan, bir işgäriň ýyldaky ortaça öndüren önümi, bir işçiniň ýyldaky ortaça öndüren önümi, bir işçiniň her gündäki ortaça öndüren önümi we bir işçiniň sagatdaky ortaça öndüren önüminiň görkezijileri ulanylýar. Bir işgäriň ýyldaky ortaça öndüren önüminiň görkezijisi, zähmet öndürijiliginiň esasy görkezijisi hasaplanýar. Zähmet öndürijiliginiň bu görkezijisiniň ululygy işçileriň sagatdaky zähmet öndürijiligine, olaryň işgärleriniň umumy sanyndaky udel agramyna, bir işçiniň ýylyň dowamynda işlän günleriniň ortaça sanyna hem-de iş gününiň ortaça dowamlylygyna baglydyr.

Zähmet öndürijiliginiň ýokarda agzalan dört görkezijisi baglanyşyklydyr. Olaryň arasyndaky baglanyşyk 2.1-nji suratda görkezilýär.

Bir işgäriň ýyldaky ortaça öndüren önümini kesgitlemek üçin önümiň möçberini işgärleriň ortaça sanyna bölmeli:

$$A = V : S. \quad (1)$$

Bu ýerde:

$A$ – bir işgäriň ýyldaky ortaça önümi; $V$ – haryt önüminiň möçberi; $S$ – işgärleriň ortaça sany.

1-nji formuladan önümiň möçberini kesgitleýäris:

$$V = S \times A. \quad (2)$$

2.1-nji suratdan görnüşi ýaly, bir işgäriň ýyldaky ortaça öndüren önümi işgärleriň umumy sanyndaky işçileriň udel paýynyň bir işçiniň ýyldaky ortaça önümine köpeldilmegine deňdir, ýagny,

$$A = a \times B. \quad (3)$$

2-nji we 3-nji formulalardan alýarys:

$$V = S \times a \times B. \quad (4)$$

4-nji formuladan görnüşi ýaly, haryt önüminiň möçberine işgärleriň ortaça sany ($S$) olaryň umumy sanyndaky işçileriň paýy ($a$) we bir işçiniň ýyldaky ortaça önümi ($B$) täsir edýär.




**2.1-nji surat. Bir işgäriň ýyldaky ortaça öndüren önümi bilen baglanyşykly sebäpler**

## *2.3.2. Zähmet haky gaznasynyň ulanylyşynyň seljermesi*

Zähmet resurslaryň ulanylyşynyň seljermesi zähmete hak tölenilişi bilen bilelikde alnyp barylýar. Sebäbi zähmet öndürijiliginiň ýokarlanmagy zähmet hakynyň tölegini artdyrmaga zerur bolan şertleri döredýär. Şonuň üçin kärhanalarda zähmet hakyna serişdeleriň seljermesi hem geçirilýär we zähmet haky gaznasynyň dogry ulanylyşyna yzygiderli gözegçilik edilýär.

Işçileriň zähmet hakyna bolan serişdeleri, ýagny zähmet haky gaznasy üýtgeýän we üýtgemeýän böleklere bölünýär.

Zähmet haky gaznasynyň üýtgeýän bölegi öndürilýän önümiň möçberine, onuň düzümine, önümleriň zähmeti talap edijiligine we beýleki faktorlara baglydyr.

Zähmet haky gaznasynyň galan böleginiň ululygy sanalyp geçilen sebäplere bagly bolmanlygy üçin, oňa zähmet haky gaznasynyň üýtgemeýän bölegi diýilýär.

Zähmet haky gaznasynyň üýtgeýän bölegine şu sebäpler täsir edýär:

1) öndürilen önümiň möçberi;

2) önümleriň düzümi;

3) önümleriň zähmeti talapedijiligi;

4) sagatlaýyn zähmet tölegleriniň ortaça derejesi.

Zähmet haky gaznasynyň üýtgemeýän bölegine şu sebäpler täsir edýär:

– işlän wagtyna görä hak tölenýän işçileriň sany;

– ol işçileriň biriniň hasabat döwründe işlän günleriniň ortaça sany;

– iş gününiň ortaça dowamlylygy;

– işlän wagtyna görä, hak tölenýän işçileriň sagatdaky ortaça zähmet haky.

## *2.4. Önümleriň özüne düşýän gymmatynyň görkezijileri*

Önümiň özüne düşýän gymmatynyň ululygynyň, düzüminiň üýtgemegi kärhananyň maliýe ýagdaýyny hem häsiýetlendirýär. Munda, kärhananyň hakyky görkezijisini geçen ýyl we meýilnama bilen deňeşdirýärler. Eger-de kärhananyň hakyky görkezijisi meýilnamadakydan ýokary bolsa, onda bu ýagdaý serişdeleriň artyk sarp edilendigini aňladýar. Ýagdaý tersine bolsa, onda serişdeleriň ýokary derejede tygşytlanmagyny görkezýär. Seljermäniň indiki tapgyrynda önümiň özüne düşýän gymmatynyň absolýut ululygyna täsir edýän ýagdaýlary öwrenýärler. Bu ýagdaýlara aşakdakylar degişlidir:

1) önümiň göwrüminiň üýtgemegi;

2) önümiň düzüminiň üýtgemegi;

3) önüm birligine düşýän şertli üýtgeýän harajatlaryň derejesiniň üýtgemegi;

4) şertli üýtgemeýän harajatlaryň jeminiň üýtgemegi.

Ýurtlaryň ykdysadyýetleriniň çylşyrymlaşma şertinde belli önümçilik boýunça önümiň özüne düşýän gymmaty ösen döwletleriňki bilen deňeşdirilýär.

Mälim bolşy ýaly, önümiň özüne düşýän gymmatynyň düzümine maddy harajatlaryň, materiallaryň, elektrik energiýasynyň gymmaty, esasy serişdeleriň amortizasiýasy we zähmet haky girýär. Şonuň üçin şu harajatlaryň sarp edilişiniň kadasyny azaltmak önümleriň özüne düşýän gymmatyny peseltmegiň netijeli ýollarynyň biridir.

Maddy harajatlaryň sarp ediliş kadasyny azaltmaklyk, olaryň tygşytly ulanylmagy netijesinde; täze tehnikany we tehnologiýany ornaşdyrmagyň netijesinde hem-de bahasy gymmat materiallaryň tygşytly görnüşleri bilen çalşyrylmagy netijesinde gazanylýar.

Önümiň özüne düşýän gymmatynyň derejesine kärhananyň maliýe netijeleri we maliýe ýagdaýy garaşly bolup durýar.

Önümiň özüne düşýän gymmaty kärhananyň peýdasynyň möçberine gös-göni täsir edýär. Eger-de önümiň özüne düşýän gymmaty ýokarlansa, onda ol gaýry deň şertlerde kärhananyň peýdasynyň azalmagyna, tersine bolsa – köpelmegine getirýär.

Önümiň özüne düşýän gymmaty önümi öndürmek we ýerleşdirmek (satmak) üçin edilýän gymmat ölçeg birliginde aňladylýan harajatlara aýdylýar. Şeýle hem ykdysady edebiýatda harajatlary häsiýetlendirýän birnäçe görkezijiler ulanylýar: şertli üýtgeýän harajatlar, şertli üýtgemeýän harajatlar, goşmaça harajatlar, alternatiw harajatlar we beýlekiler.

Öndürilen önümiň möçberiniň üýtgemegi bilen, harajatlaryň ululygyny üýtgedýän, derejesini bolsa üýtgetmeýän harajatlara şertli üýtgeýän harajatlar diýilýär.

Öndürilen önümiň möçberiniň üýtgemegi bilen onuň birligine harajatlaryň ululygy üýtgemeýär, önümiň birligine üýtgemeýän harajatlar bolsa azalýar harajatlara şertli üýtgemeýän harajatlar diýilýär.

Şertli üýtgeýän we üýtgemeýän harajatlaryň jemi kärhananyň tutuş (jemi) harajatlaryny emele getirýär.

Goşmaça önüm birligini öndürmek we ýerleşdirmek üçin edilýän harajatlara goşmaça harajatlar diýilýär.

Beýleki saýlanylmadyk mümkinçilikler bilen deňeşdirilende, serişdeleriň belli bir ugur boýunça ulanylmagyna berilýän artykmaçlygyna alternatiw harajatlar diýilýär.

Şertli üýtgeýän harajatlar önümleriň möçberine görä proporsional üýtgeýär.

Şertli üýtgemeýän harajatlar önümiň möçberine bagly bolmaýar.

Önümiň möçberi artanda, önümleriň birligine şertli üýtgemeýän harajatlar azalýar:

$$u = ah + w.$$

Bu ýerde:

$u$ – önümiň özüne düşýän gymmaty;

$a$ – önümleriň birligine üýtgeýän harajatlaryň nyrhy;

$h$ – önümleriň möçberi, hakyky birliklerde.

$w$ – şertli üýtgemeýän harajatlar.

Önümleriň birliginiň özüne düşýän gymmaty:

$$u/h = a + w/h.$$

Öndürilen önümiň möçberiniň üýtgemegi bilen, şertli üýtgeýän harajatlaryň absolýut ululygy üýtgeýär, önümiň birligine siňdirilen derejesi bolsa üýtgemän galýar. Olara çig mal, materiallar, ýangyç, elektroenergiýa we beýlekiler degişlidir.

Şertli üýtgemeýän harajatlar boýunça öndürilen önümiň möçberiniň üýtgemegi bilen, olaryň ululygy üýtgemeýär, diňe önüminň birligine siňdirilen harajatlaryň möçberi üýtgeýär. Olara kärende tölegleri, hojalyk-dolandyryjy işgärleriň zähmet haky, jemagat hyzmatlaryna tölegler we beýlekiler degişlidir.




**2.2-nji surat. Üýtgeýän harajatlaryň möçberi bilen öndürilen önümiň göwrüminiň arasyndaky baglylyk grafigi**

Şekilden görnüşi ýaly, öndürilen önümiň göwrüminiň artdygyça, üýtgeýän harajatlarynyň möçberi hem oňa baglylykda artýar, peselen ýagdaýynda bolsa, olar hem peselýär.

Maddy harajatlaryň köpelmegine dört sany sebäpler täsir edýär:

a) öndürilen önümiň göwrüminiň üýtgemegi;

b) öndürilen önümiň düzüminiň üýtgemegi;

ç) önüm birligine düşýän, üýtgeýän harajatlaryň derejesiniň üýtgemegi;

d) üýtgemeýän harajatlaryň jeminiň üýtgemegi.

Seljerme geçirilende, esasy ünsi kärhanada çig mallaryň, materiallaryň netijeli ulanylyşyna gönükdirmeli, sebäbi bu bazar ykdysady gatnaşyklarynyň üstünlikli amala aşyrylmagynyň esasy şertleriniň biridir.

Materiallaryň ulanylyşynyň netijeliligini häsiýetlendirýän esasy 2 görkeziji ulanylýar:

1) Jemleýji görkezijiler ulgamy.

2) Aýratyn görkezijiler ulgamy.

Jemleýji görkezijiler ulgamyna 1 manat material çykdajylaryna düşýän peýda, materiallaryň önüm berijiligi, material talap edijiligi, önüm öndürilişiniň göwrüminiň ösüş depgininiň, material sarp edilşiniň ösüş depgini bilen gatnaşygynyň koeffisiýenti, önümiň özüne düşýän gymmatynda material harajatlaryň tutýan orny ýa-da onuň udel agramy, materiallaryň ulanylyş koeffisiýenti degişlidir.

Materiallaryň önüm berijiligini kesgitlemek üçin öndürilen önümiň bahasyny, maddy çykdajylaryň bahasyna bölmeli. Hasap edilen görkeziji materiallaryň önüm berijiligini ýa-da sarp edilen maddy serişdeleriniň (çig mal, ýangyç, material, energiýa we ş.m.) 1 manadyna öndürilen önümiň gymmatyny görkezýär.

Önümiň maddy talap edijiligi sarp edilen material çykdajylaryň bahasyny öndürilen önümiň bahasyna bölmek bilen hasaplanylýar. Bu görkeziji öndürilen önümiň birligine näçe möçberde material çykdajy etmelidigini ýa-da hasabat boýunça edilendigini görkezýär.

Önüm öndürilişiniň göwrüminiň ösüş depgininiň material sarp edilşiniň ösüş depgini bilen gatnaşygynyň koeffisiýenti goýberilen umumy ýa-da haryt önümiň indeksiniň gatnaşygy bilen kesgitlenýär. Bu görkeziji kärhananyň materiallarynyň önüm berijiliginiň depginini we oňa oňaýly täsir edýän sebäpleri aýdyňlaşdyrýar.

Maddy çykdajylaryň önümiň özüne düşýän gymmatynda tutýan udel agramy, material çykdajylaryň bahasynyň öndürilen önümiň doly gymmatyna bolan gatnaşygy bilen kesgitlenilýär. Şu görkezijileriň depgini öndürilýän önümiň material talabedijilik derejesini häsiýetlendirýär.

Maddy çykdajylaryň koeffisiýenti hasabat döwri boýunça çykdajylaryň bahasynyň meýilnama boýunça goýberilen önümiň göwrümine deňeşdirmeli. Bu görkeziji kärhananyň önümçiliginiň barşynda, maddy serişdeleriniň nähili derejede tygşytly ulanyşyny görkezýär. Şonuň ýaly-da, berlen kadalaryň berjaý edilişini, ondan bar bolan tapawudy (±) kesgitleýär. Eger koeffisiýent 1-den köp bolsa, önüm öndürmekde maddy serişdeleriniň köp çykdajy edýändigini, 1-den az bolsa, onuň tygşytlanylýandygyny görkezýär.

Maddy serişdeleri talap edijiliginiň aýratyn görkezijiler ulgamy senagat kärhanalarynyň aýry-aýry pudagynyň özboluşly netijeli şertlerinde ulanylýar. Mysal üçin, materiallary, çig mallary talap edijiligi, demir talap edijiligi, ýangyç talap edijiligi we ş.m.

Maddy serişdeleri talap edijilik pul görnüşinde we şonuň ýaly-da natural ýa-da şertli natural görnüşinde kesgitlenip bilner. Pul görnüşinde hasaplananda, önümiň birligine sarp edilen materiallaryň bahasy, onuň lomaý söwda bahasyna bölünýär. Natural ýa-da şerltli natural görnüşinde kesgitlenende, bir önüme sarp edilen ýa-da birnäçe önüme sarp edilen materiallaryň mukdary öndürilcn önümiň sanyna bölünýär. Seljerme geçirilende material serişdeleriň üpjünçiliginiň önüm goýbermeklige edýän täsirini we kärhanada material serişdeleri haýsy derejede netijeli ulanylýandygyny anyklamaly.

Kärhananyň material üpjünçiligi seljermesi geçirilende, önümçilik maksatnamasynyň ýerine ýetirilmegine täsir edýän sebäplere üns bermeli. Oňa täsir edip biljek sebäplere şu aşakdakylar degişlidir:

1. Kabul edilen çig mallaryň mukdarynyň üýtgemegi.
2. Önüme sarp edilen çig malyň kadasynyň üýtgemegi.
3. Gelen çig mallaryň başga maksatlara ulanylmagy.
4. Çig mallaryň ýylyň başyna we aýagyna galyndysynyň üýtgemegi.

Ýokarda görkezilen görkezijileriň önümiň göwrümine edýän täsiri şu aşakdakylar bilen kesgitlenilýär.

1. Hasabat döwründe kabul edilen materiallaryň möçberini meýilnamadaky bilen deňeşdirilende tapawudy we şonuň ýaly-da ýylyň başyna we aýagyna materiallaryň galyndysy meýilnama boýunça bir önüme berlen kada bolmak esasynda takyklanýar.

2. Hasabat boýunça bir önüme siňdirilen maddy harajatlaryň üýtgemeginiň hasabyna önümiň göwrümine edýän täsirini hasaplamak üçin onuň tapawudyny hasabat boýunça goýberilen önümiň sanyna köpeldip alnan netijäni bir önümiň meýilnama boýunça kadasyna bölmek esasynda kesgitlenilýär.

Kärhananyň önümçiliginiň maddy harajatlary talap edijilik, tygşytlylyk we beýleki görkezijilere aşakdaky sebäpler täsir edýär:

a) öndürilen önümiň düzüminiň üýtgemegi;

b) aýratyn önümleriň özüne düşýän gymmatynyň üýtgemegi;

ç) materiallaryň bahasynyň üýtgemegi;

d) önümiň satuw bahasynyň üýtgemegi;

e) öndürilen önümiň göwrüminiň üýtgemegi.

Öndürilen önümiň birliginiň gymmatynda maddy harajatlaryň udel agramynyň üýtgemegi hem seljerilýär. Bu görkeziji maddy harajatlary talap etmek derejesini görkezýär. Maddy harajatlary talap etmek derejesiniň görkezijisi şu formula bilen hasaplanýar:

$$ÖDG_m = MH/ÖG.$$

Bu ýerde:

$ÖDG_m$ – önümiň maddy harajatlary talabedijilik derejesi;

$MH$ – maddy harajatlaryň gymmaty;

$ÖG$ – önümiň gymmaty.

Bu formulada maddy harajatlaryň öwezine ulanylýan elektrik energiýasynyň, demir çig mallaryň we beýlekileriň möçberiniň maglumaty bolsa görkezijiniň ady, önümiň energiýany, demir çig mallaryň we beýlekileriň möçberini talabedijiligi diýilýär.

Onuň göterimde ululygynyň şol haryt boýunça ýurduň ýa-da daşary ýurt kärhanalaryňky bilen deňeşdirilmesi innowasiýalaryň we täze ylmy-tehniki progresiň gazananlaryny ulanmagyň derejesini we bäsdeşlige ukyplylygyny görkezýär. Bu görkezijiniň ululygynyň peselmegi, tygşytlylygy görkezýär we oňyn meýil hasaplanýar.

Önümiň özüne düşýän gymmatynda zähmet hakyna bolan harajatlaryň möçberi uly ähmiýete eýedir. Zähmet hakyna bolan harajatlaryň gaýragoýulmasyz seljermesi geçirilende, işgärleriň her bir topary boýunça zähmet hakyna harajatlaryň tapawudy, ýagny, alnan tygşytlylyk ýa-da artykmaç sarp edileni, kesgitlenilýär.

Işçileriň zähmet hakyna bolan çykdajylary aýratynlykda öwrenilýär.

Işçileriň zähmet haky üçin çykdajylaryna 2 sany sebäpler täsir edýär:

1) işçileriň sany;

2) bir işçiniň ortaça zähmet haky.

Öndürilen önümiň birliginiň gymmatynda zähmet hakynyň udel agramynyň üýtgemegi hem seljerilýär. Bu görkeziji zähmeti talabedijilik derejesini görkezýär. Önümiň zähmet hakynyň talabedijilik derejesiniň görkezijisi şu formula bilen hasaplanýar:

$$ÖDG_z = ZH/ÖG.$$

Bu ýerde:

$ÖDG_z$ – önümiň zähmeti talabedijilik derejesi;

*ZH* – zähmet haky;

*ÖG* – önümiň gymmaty.

Önümiň zähmeti talabedijilik derejesiniň ululygynyň şol haryt boýunça ýurduň ýa-da daşary ýurt kärhanalaryňky bilen deňeşdirilmesi innowasiýalaryň we ylmy-tehniki progressiň gazananlarynyň ulanylmagyň derejesini we bäsleşige ukyplylygyny görkezýär. Bu gökezijiniň ululygynyň kadalara laýyk bolmagy oňyn meýil hasaplanýar.

Senagat kärhanalarynda önüm öndürmek üçin bellenilen maksatnamalary ýerine ýetirmek üçin kärhanany öz wagtynda çig mallar we materiallar bilen üpjün etmek meselesi önümçiligiň esasy meselesi bolup durýar.

Önümçilikde önümiň gymmatynda material harajatlary örän uly paýy (udel agramy) tutýanlygy sebäpli kärhana öz öňünde goýýan maksatnamasyny diňe materiallar serişdeleri bilen doly we öz wagtynda üpjün edilen babatda amala aşyryp biler.

Önümçilikde material serişdeler bilen üpjünçiligi 2 ugur bilen amala aşyryp biliner:

Ekstensiw ugurda, mysal üçin, materiallary goşmaça köpeldip, önümiň göwrümini köpeldýärler. Bu usulyň netijesinde kärhana goşmaça çykdajylara sezewar bolýar.

Intensiw ugurda, ylmy-tehnikanyň gazananlaryny ulanyp, kärhana çig mallara, ýangyja, elektroenergiýa bar bolan öz islegini şol materiallaryň tygşytly ulanylmagynyň esasynda önüm goýberip, amala aşyrýar.

Senagat kärhanasynda çaltlandyrylan ugur bilen çig mallaryň ulanylmagynyň döwlet möçberinde uly ähmiýeti bardyr. Sebäbi, has takyk aýdanymyzda, önümçilikde çig mallaryň, materiallaryň tygşytly ulanylmagy, olaryň öndürilişini köpeltmek diýmekdir. Kärhananyň çig-mal, material bilen üpjünçiligini anyklamak, olaryň ulanyşynyň netijeliligini ýokarlandyrmak ykdysady seljerişiň esasy wezipesi bolup, şu işlerde seljerişiň tutýan ornuny kesgitleýär. Şonuň üçin, hojalyk işiniň seljerişiniň öňünde şu aşakdaky wezipeler durýar:

1. Kärhananyň çig mallara, materiallara bar bolan islegini takyklamak.
2. Çig mallara, materiallara bildirilen isleg boýunça şertnamalaryň hiline baha bermek.
3. Materiallar ulanylanda, kärhananyň öz işinde bar bolan ätiýaçlyklaryny takyklamak.
4. Şertnamalarda görkezilen şertleriň berjaý edilişini barlamak.
5. Kärhana berlen maddy serişdeleriň ulanylyşyny takyklamak.
6. Materiallar ulanylanda, netijeli sarp edilişine baha bermek.

## *2.5. Düşewüntliligi aňladýan görkezijiler*

Kärhananyň hojalyk-maliýe işleriniň düşewüntliligi onuň gazanan peýdasynyň esasynda kesgitlenilýär. Düşewüntliligi aňladýan görkezijiler %-de hasaplanyp, kärhananyň degişli girdejililigini häsiýetlendirýär. Bu görkezijiler peýdanyň satuwynyň möçberine, sarp edilen serişdeleriniň jemine ýa-da girdeji bolan gatnaşygy bilen kesgitlenilýär. Eger-de kärhana öz girdejileri bilen ähli harajatlarynyň

üstüni ýapýan we meýilnamada bellenen derejä deň ýa-da ondan ýokary bolan düşewüntliligi gazanýan bolsa, onda ol düşewüntli işleýär diýlip hasap edilýär.

Ykdysady edebiýatda dürli-dürli düşewüntliligi aňladýan görkezijileriň hasaplanylyşynyň (köp halatlarda, atlandyrylyşynyň hem) aýdynlaşdyrylan çözgüdi ýok. Käbir ykdysatçy–alymlar önümiň düşewüntliligini onuň ýerleşdirilmeginden alnan peýdanyň ýerleşdirilen önümiň möçberine bolan gatnaşygy bilen kesgitlän bolsalar, olaryň beýlekileri bu görkezijini ýerleşdirmekden alnan peýdany ýerleşdirilen önümiň özüne düşýän gymmatyna paýlamak arkaly hasaplaýarlar.

Ykdysady seljermäniň tejribesinde ulanylýan düşewüntliligi aňladýan görkezijileri 4 sany topara bölmek bolýar:

1. Satuwyň düşewüntliligini aňladýan görkezijiler.
2. Önümçilik harajatlarynyň ýa-da maýa goýum taslamalaryň düşewüntliligini aňladýan görkezijiler.
3. Maýanyň we onuň aýry-aýry bölekleriniň düşewüntliligini aňladýan görkezijiler.
4. Aýry görkezijileriň düşewüntliligi.

Birinji topara girýän görkezijilere:

a) öndürilen we ýerleşdirilen önüm birliginiň düşewüntliligi;

b) öndürilen we ýerleşdirilen haryt önüminiň düşewüntliligi degişlidir.

Öndürilen (ýerleşdirilen) önüm birliginiň düşewüntliligi ($D_{ö.b.}$) onuň öndürilmeginden (ýerleşdirilmeginden) alnan peýdanyň önümiň satuw bahasyna (meýilnama boýunça,ýa-da hakyky) bolan gatnaşygy bilen kesgitlenilýär.

Bu görkeziji önümiň satuw bahasynyň her bir manadyna düşýän peýdany görkezýär we aşakdaky formula arkaly hasaplanylýar:

$$D_{ö.b.} = P / ÖSB.$$

Bu ýerde:

*P* – önümiň öndürilmegi (ýerleşdirilmegi) esasynda, alnan peýda;

*ÖSB* – öndürilen (ýerleşdirilen) önümiň meýilnama boýunça satuw bahasy.

**Mesele.**

X kärhana tarapyndan hasabat döwründe önümi ýerlemekden alan peýdasy 60000 manada deň, önüminiň satuw bahasy jemi 200000 manada deň bolsa, onda:

$$D_{ö.b} = \frac{60000}{200000} = 0,3 \text{ (1 manadyna düşen peýda).}$$

Öndürilen (ýerlenilen) haryt önüminiň düşewüntliligini haryt önüminiň öndürilmegi (ýerleşdirilmegi) esasynda alnan peýdany öndürilen (ýerleşdirilen) haryt önüminiň bahasyna paýlamak arkaly kesgitleýärler. Görkeziji öndürilen (ýerleşdirilen) haryt önüminiň her bir manadyna gazanylan peýdanyň möçberini görkezýär hem-de aşakdaky formulanyň kömegi bilen ölçenilýär:

$$D_{h.ö.} = P/HÖ.$$

Bu ýerde:

*P* – haryt önüminiň öndürilmeginden (ýerleşdirilmeginden) alnan peýda;

*HÖ* – öndürilen (ýerleşdirilen) haryt önüminiň bahasy.

Ikinji topara degişli görkezijilere girýän:

a) önümçilik harajatlarynyň düşewüntliligi;

b) maýa goýum taslamalarynyň düşewüntliligi.

Önümçilik harajatlarynyň düşewüntliligini önümiň ýerleşdirilmeginden alnan peýdanyň ýerleşdirilen önümiň özüne düşýän gymmatyna bolan gatnaşygy bilen hasaplaýarlar. Bu görkeziji, önümi öndürmek we ýerleşdirmek üçin sarp edilen serişdeleriň her bir manadyna düşýän peýdany görkezýär hem-de aşakdaky formula boýunça kesgitlenilýär:

$$D_{ö.h.} = P / ÝÖ\ ÖDG.$$

Bu ýerde:

*P* – önümiň ýerleşdirilmeginden alnan peýda;

*ÝÖ ÖDG* – ýerleşdirilen önümiň özüne düşýän gymmaty.

Häzirki döwürde kärhanalar bu formula arkaly önümiň düşewüntliligini hasaplaýarlar.

Maýa goýum taslamalarynyň düşewüntliligini taslamanyň amala aşyrylmagy esasynda, alynjak peýdanyň taslama goýulan (siňdirilen) maýa goýumlarynyň jemine paýlamak bilen ölçeýärler. Bu görkeziji maýa goýum taslama goýulan (siňdirilen) serişdeleriň her bir manadyna gazanyljak peýdany görkezýär. Ony aşakdaky formula boýunça hasaplaýarlar:

$$D_{m.g.t} = P / I.$$

Bu ýerde:

*P* – maýa goýum taslamasynyň amala aşyrylmagy esasynda çaklanylýan peýda;

*I* – taslama maýa goýulýan (siňdirilýän) serişdeleriň jemi.

**Mesele.**

X kärhana tarapyndan taslamadan garaşylýan peýda 11000 manada deň bolmaly, taslama goýlan maýa goýumynyň möçberi 7000 manada deň bolsa, onda:

$$D_{m.g.t} = (11000 / 7000) \times 100 = 157\%.$$

Düşewüntliligi aňladýan görkezijileriň üçünji toparyna aşakdakylar degişlidir:

a) önümçiligiň düşewüntliligi;

b) maýanyň we onuň aýry-aýry bölekleriniň (esasy, dolanyşyk, hususy we ş.m.) düşewüntliligi;

ç) karz we permanent (üýtgemeýän) serişdeleriň düşewüntliligi.

Önümçiligiň düşewüntliligini maliýe hasabatlylygy boýunça (önümiň ýerleşdirilmeginden) ýa-da sap peýdanyň esasy we maddy dolanyşyk serişdeleriniň ortaça galyndy bahasyna bolan gatnaşygy bilen hasaplaýarlar.

Görkeziji esasy we maddy dolanyşyk serişdeleriniň her bir manadyna düşýän peýdany görkezýär. Käbir ykdysady edebiýatda bu görkezijini kärhananyň ýa-da umumy düşewüntliligi aňladýan görkeziji diýip hem atlandyrýarlar.

Önümçiligiň düşewüntliligini aşakdaky formula boýunça kesgitleýärler:

$$D_{ö.d.} = [BP/ (ES + MDS)] \times 100.$$

Bu ýerde:

*BP* – maliýe hasabatlylygy boýunça önümiň ýerleşdirilmeginden alnan sap peýda;

*ES* – esasy serişdeleriň ortaça galyndy bahasy;

*MDS* – maddy dolanyşyk serişdeleriniň ortaça galyndy gymmaty.

Maýanyň düşewüntliligini peýdanyň (maliýe hasabatlylygy boýunça ýerleşdirilmeginden alnan ýa-da sap peýda) kärhananyň aktiwleriniň maýa goýlan (siňdirilen) ähli maýasynyň bahasyna ýa-da onuň aýry-aýry bölekleriniň (esasy, dolanyşyk, hususy we ş.m. serişdeler) bolan gatnaşygy bilen kesgitlenilýär. Bu görkeziji kärhananyň aktiwlerine goýlan (siňdirilen) serişdeleriň her bir manadyna alynýan peýdany aňladýar we aşakdaky formula arkaly hasaplanylýar:

$$D_m = P / K.$$

Bu ýerde:

*P* – maliýe hasabatlylygy boýunça önümiň ýerleşdirilmeginden alnan, ýa-da sap peýda;

*K* – kärhananyň aktiwlerine maýa goýum (siňdirlen) ähli maýanyň ýa-da onuň aýry-aýry bölekleriniň (esasy, dolanyşyk, hususy we ş.m.) bahasy.

Karz serişdeleriniň düşewüntliligini maliýe hasabatlylygy boýunça önümiň ýerleşdirilmeginden alnan ýa-da sap peýdanyň karz serişdeleriniň jemine bolan gatnaşygy bilen hasaplaýarlar.

Şunuň ýaly usullaşdyrma arkaly, permanent (kärhananyň hususy we uzak möhletli bergileriniň jemi, üýtgemeýän) serişdeleriň hem düşewüntliligini ölçeýärler. Bu görkezijiler kärhananyň karz (permanent) serişdeleriniň her bir manadyna gazanylýan peýdanyň möçberini görkezýär.

Karz serişdeleriniň düşewüntliligini aşakdaky formula boýunça kesgitleýärler:

$$D_{k.s.} = P / KS.$$

Bu ýerde:

*P* – maliýe hasabatlylygy boýunça önümiň ýerleşdirilmeginden alnan (ýa-da sap) peýda;

*KS* – karz (permanent) serişdeleriniň jemi.

**Mesele.**

X kärhana tarapyndan hasabat boýunça önümi ýerleşdirmekden alnan peýda 35000 manada deň, karz alnan serişdeleriň möçberi 14000 manat, onda:

$D_{k.s.}$ =14000/35000=0,4 (karz serişdeleriň 1 manadyna düşýän paýy).

Häzirki döwürde kärhanalar öz tejribelerinde aýry-aýry düşewüntliligi aňladýan görkezijileriň hem düşewüntliligini hasaplaýarlar. Muňa mysal edip, işgärleriň (işçileriň) düşewüntliligini getirip bolar. Bu görkeziji kärhananyň işçi güýjüniň ulanylyşynyň netijeliligini häsiýetlendirýär hem-de işgärleriň (işçileriň) her biriniň paýyna düşýän peýdanyň möçberini görkezýär. Ony şu formula arkaly kesgitleýärler:

$$D_{i.g.} = P / IS.$$

Bu ýerde:

*P* – sap peýda;

*IS* – işgärleriň (işçileriň) sany.

Önüm birliginiň düşewüntliligine esasy täsir edýän sebäplere önümiň satuw bahasynyň we onuň özüne düşýän gymmatynyň üýtgemegi degişlidir.

Olaryň birinjisiniň ýokarlanmagy önümiň düşewüntliligine onaýly täsir edýär, ikinjisi bolsa onaýsyz.

Önümçiligiň düşewüntliligine täsir edýän sebäpleri iki topara bölýärler. Olaryň birinjisine:

a) maliýe hasabatlylygy boýunça peýdanyň üýtgemegi;

b) esasy serişdeleriň ortaça galyndy bahasynyň üýtgemegi;

ç) maddy dolanyşyk serişdeleriniň ortaça galyndy bahasynyň üýtgemegi degişlidir.

Sebäpleriň ikinji toparyna;

a) ýerleşdirilen önümiň düşewüntliliginiň üýtgemegi;

b) esasy serişdeleriň özüni ödeýişleriniň üýtgemegi;

ç) dolanyşyk serişdeleriniň önümçilikde berkidilişiniň üýtgemegi girýärler.

Birinji topara girýän sebäplere birinji derejeli sebäpler, ikinji topara degişli sebäplere bolsa, ikinji derejeli sebäpler diýilýär.

Hasaplanan düşewüntliligiň ululygy onuň kadaly derejesinden pes bolsa kärhananyň netijesiz işleýändigini häsiýetlendirýär. Düşewüntliligiň kadaly derejesi pudaklar, önümçilikler boýunça tapawutlanýar we onuň üýtgeýşi ylmy-tehniki ösüşlere baglydyr.

## *Üçünji bap*

# KÄRHANANYŇ MALIÝE ÝAGDAÝYNY BAHALANDYRÝAN GÖRKEZIJILER

## *3.1. Maliýe durnuklylygynyň görkezijileri*

Kärhananyň maliýe durnuklylygy öz hususy we karz serişdeleriniň ýagdaýy bilen häsiýetlendirilýär.

Kärhananyň öz hususy serişdeleriniň çeşmelerine – öz maýalary, paýlanylmadyk peýda, borçnamalaryň üpjünçiligi, maksatlaýyn maliýeleşdirilmegi we hasaplaşyk işinden pul serişdeleriň gowuşmagy degişlidir.

Kärhananyň öz maýalaryna sermaýasy, paýnama maýasy, ätiýaç we goşmaça maýalar, toplanma gaznasy, paýlanylmadyk peýda degişlidir. Sermaýa gaznasy – bu kärhananyň esasy we dolanyşyk gaznalarynyň jemidir. Sermaýanyň möçberi bu bellige alnan we hemişe peýdalanýan hem ulanylýan kärhanalaryň eýeleriniň ýa-da paýdar jemgyýetiniň agzalarynyň goýumlarynyň jemidir. Döwlet eýeçiligindäki kärhanalarda esasy meseleleri ýerine ýetirmekde sermaýanyň döredilmegi döwlet tarapyndan bölünip berlen milli emlägiň böleginiň (dolanyşyk we dolanmaýan aktiwler) hasabyna emele gelýär, soň bolsa geljekde öz peýdasynyň hasabyna ösýär. Kärhananyň daşary ýurt maýa goýumly emlägi, sermaýasyny esaslandyryjylaryň tölegleriniň hasabyna döreýär. Bu kärhanalaryň sermaýasynyň ululygy döwlet tarapyndan bellige alynýar we diňe onuň esaslandyryjylarynyň çözgütleri esasynda ony üýtgedip bolar. Bilelikdäki kärhananyň sermaýasynyň möçberini esaslandyryjylaryň goşmaça tölegleri ýa-da peýdanyň bir böleginiň geçirilmegi esasynda artdyrymak mümkindir. Onuň möçberini kemeltmekde – kärhanadan 1 ýa-da birnäçe agzalarynyň işden çykmagy, şeýle hem, geljekki peýdanyň hasabyna ýitgileri ýapyp bilmedik ýagdaýynda esaslandyryjylaryň çözgüdi boýunça ýitgileriň hasapdan çykarylmagy sebäp bolup biler. Kärhananyň sermaýasynyň döredilmeginiň ýörelgeleri “Paýdarlar jemgyýeti hakynda” Türkmenistanyň kanunynda çäklendirilen. Şu kanuna laýyklykda Paýdarlar jemgyýeti açyk we ýapyk görnüşde döredilip bilner. Açyk paýdarlar jemgyýetinde sermaýasy belli nominal gymmatly paýnamalara bölünen, olar hem açyk

ýazuw üsti bilen ýaýrap bilmeli we gymmat kagyzlar biržasynda erkin alyş-çalyş edilmeli. Ýapyk paýdarlar jemgyýetinde – paýnamalar diňe esaslandyryjylaryň arasynda bölünip bilner we açyk ýazuw üsti bilen ýaýrap bilmeýär hem-de gymmat kagyzlar biržasynda erkin alyş-çalyş edilmeýär.

Kärhananyň sermaýasynyň emele gelmeginde hususy toplanan pul serişdeleriniň we gymmat kagyzlaryň çekilmegi, paýdarlar jemgyýetine berlen esaslandyryjylaryň şahsy emlägi, emlägi hususylaşdyrmakdan resminamalar (emlägiň bir bölegine hukuguny tassyklaýan) bolup biler. Paýdarlar jemgyýetleriniň sermaýasynyň artdyrylmagyny, goşmaça paýnamalaryň (gymmat kagyzlar) çap edilmegi, obligasiýalara çalyşylmagy ýa-da olaryň nominal gymmatynyň artdyrylmagy bilen amala aşyryp bolýar. Paýdarlar jemgyýetleriniň sermaýasynyň kemedilmegini, olaryň nominal gymmatynyň peseltmegi netijesinde ýa-da ýok etmek maksady bilen, paýnamalaryň bir bölegini olaryň eýelerinden satyn almak, soň olary satmak ýa-da öz işgärleriniň arasynda ýaýratmak arkaly paýnamalaryň sanynyň kemelmegini gazanyp bolýar.

Paý maýasy kooperatiwleriň ýa-da başga kärdeşler (sarp ediş jemgyýeti, karz bileleşigi, ýaşaýyş-jaý kooperatiw we ş.m.) jemgyýetleriň agzalarynyň tölegleri bilen emele gelýär we soň bolsa öz peýdasynyň hasabyna ösýär.

Geljekki döwürde wagtlaýyn maliýe kynçylyklaryň öňüni almak we kärhananyň nominal hereketini üpjün etmek maksady bilen ätiýaçlyk maýasy döredilýär. Ätiýaçlyk maýasynyň ululygy sermaýanyň möçberinden iň ýokary göterimi hökmünde esaslandyryjy resminamalar boýunça kesgitlenilýär. Hususan, paýdarlar jemgyýetlerde ätiýaçlyk maýasy sermaýanyň 25%-inden pes bolmaly däl. Ol esaslandyryjy resminamalarda göz öňünde tutulan peýdanyň möçberinden göterimde her ýyldaky tölegleriň üsti bilen emele gelýär (paýdarlar jemgyýetinde arassa peýdadan 5%-den pes bolmaýan). Ätiýaçlyk maýasynyň serişdeleri önümçilik we durmuş ösüşi üçin goşmaça harajatlar, kärhananyň dolandyryş serişdeleriniň üstüni doldurmak, ýitgileriň üstüni ýapmak, aýratyn hukukly paýnamalara kepillendirilen diwidentleriň tölegleri (peýdanyň ýetmezçilik edýän ýagdaýynda) we esaslandyryjy resminamalarda göz öňünde tutulan beýleki çäreler üçin ulanylýar.

Goşmaça maýalar aktiwleriň bahalandyrylmagyndan öň beýleki ýuridiki we şahsy taraplardan mugtuna we başga çeşmelerden düşýän emlägiň gymmatynyň hasabyna kärhananyň işinde döreýär.

**Toplaýyş gaznasy** – bu önümçilik we önümçilige degişli bolmadyk esasy serişdeleriň artyşyna gönükdirilen, şeýle hem ätiýaçlary döretmek üçin ulanylýan girdejiniň bir bölegidir. Onuň easy bölegi esasy serişdeleriň giňeldilmegine we maddy ömümçilik ulgamynyň esasy we aýlanyşyk serişdelerini hil taýdan kämilleşdirilmegine gönükdirilýär. Toplanma gaznasynyň bir bölegi önümçilik toplanma gaznasyna degişli we täze kärhanalary döretmäge, hereket edýänleriň durkuny täzelemäge, döwrebaplaşdyrmaga we önümçilik apparatynyň täzelenmegine gönükdirilýär, beýleki bölegi – önümçilige degişli däl gaznasyny düzýär. Olar göni ilatyň hal-ýagdaýyna täsirini ýetirýär (ýaşaýyş jaýlarynyň, mekdepleriň, hassahanalaryň we beýleki infrastruktura degişli desgalaryň gurluşygy).

**Paýlanylmadyk peýda** – býujete we býujetden daşary gaznalara hem-de beýleki hökmany tölegleri geçirmekden soň we kärhananyň eýeleriniň (gatnaşyjylaryň) arasynda peýdanyň bölünişinden soň, hojalygyň dolanyşygynda galan arassa peýdanyň jemidir.

Maksatnamalaýyn maliýeleşdirilmege we maksatnamalaýyn akyp gelýän serişdelere öz dolanyşyk serişdeleriniň döremegine bagly bolmaýan kärhananyň garamagyna degişli çäreleri amala aşyrmak üçin maksatly bölüp berlen serişdelerdir. Maksatnamalaýyn maliýeleşdirilen we maksatnamalaýyn býujete akyp gelýän serişdeler we býujetden daşary gaznasyna bölünip berilýän subsidiýalar, ýuridiki we şahsy taraplaryň maksatly tölegleri (düýpli maýa goýumlar, ylmy-barlag işleri, raýatlaryň durmuş goragy, ilat üçin azyk harytlaryň, dermanlaryň, ýangyjyň, ýaşaýyş-jaý, jemagat hyzmatlarynyň we ýolagçy ulagyň hyzmatlarynyň hem beýlekileriň nyrhyny döwlet tarapyndan kadalaşdyrmak) bolup biler. Maksatnamalaýyn maliýeleşdirilen we maksatnamalaýyn akyp gelýän serişdeleriň çeşmeleri we olaryň ulanylmagy, degişli hökümetiň kararlary we kada resminamalary bilen çäklendirilýär.

Geljekki çykdajylary we tölegleri üpjün etmekligiň çeşmeleri hasabat ýylynda öňünden görlen ýa-da geçen ýyllarda alnan we geljekki döwürleriň hasabyna geçirilen girdejilerdir.

Karz serişdeleriniň çeşmeleri kärhananyň hojalyk işinde emele gelýän hasaplaşyk borçnamasydyr we olar kärhananyň serişdeleriniň

wagtlaýyn belli bölegini döredýän çeşmesidir. Karz serişdeleri – bu kärhana tarapyndan gysgamöhletleýin bank karzynyň alynmagy bilen dolanyşyk serişdeleriniň bölegidir. Olaryň bolmagy kärhananyň kadaly işini amala aşyrmak üçin zerurlygynyň doly kanagatlandyrylmandygyny häsiýetlendirýär. Önümçilik meýilnamasynyň aşa ýerine ýetirilmegi, taýýar önümi ýerlemegiň gijikdirilmegi, önümçiligiň we çig mallaryň eltilişiniň deňagramsyzlygy, beýleki sebäpleriň ýüze çykmagy bilen goşmaça zerurlyk wagtlaýyn bolýar, şeýle hem gysga möhletleýin bank karzlary bilen ýapmak bolýar. Hasaplaşyk borçnamalar uzak möhletleýine we gündelik görnüşine bölünýär. Uzak möhletleýin borçnamalara degişli:

– banklaryň uzak möhletleýin karzlary – hasabat döwründen soň karzlarynyň üzmek wagty bolan kärhanalaryň banklara bergileri;

– beýleki uzak möhletleýin maliýe borçnamalary – göterim üstüne hasaplanan karzlara görä daşyndan çekilen (bank serişdelerini hasaba almazdan) kärhananyň uzak möhletleýin karz serişdeleriniň jemi;

– beýleki uzak möhletleýin maliýe borçnamalary – uzak möhletleýin wekseller boýunça borçlary, maliýe kärendesi, salgyt borçnamalarynyň wagtynyň geçmegi we beýlekiler.

Gündelik borçnamalara karz berijiniň talabyna laýyk üzülmeli karzlar, şeýle hem, balansy bermek senesinden başlap, amallary ýerine ýetirmek möhleti ýa-da 12 aýyň dowamynda üzülmeli karzyň bölegi degişlidir.

Bu borçnamalara degişli:

– gysgamöhletleýin bank karzlary - banklardan gysga möhletleýin alnan karzlar boýunça gündelik borçnamalaryň jemi;

– harytlar, işler we hyzmatlar üçin karz bergileri – alnan maddy gymmatlyklar we edilen hyzmatlar üçin olary üpjün edijilere we potratçylara bergileriň jemi;

– hasaplaşyk boýunça gündelik borçnamalar – bu býujet bilen we býujetden daşary tölegler, zähmet haky boýunça ätiýaçlandyrma (durmuş ätiýaçlandyrmasy, emläk ätiýaçlandyrylyşy we beýlekiler), pensiýa üpjünçiligi, diwidentleri hasaplanan gatnaşyjylara we beýleki amallar boýunça tölegler;

– beýleki gündelik borçnamalar – öňünden berlen we alnan wekseller we başga hasaplar boýunça borçnamalar.

Kärhananyň maliýe durnuklylygy ençeme maliýe koeffisiýentleriň üsti bilen bahalandyrylýar. Kärhananyň maliýe durnuklylygyny häsiýetlendirýän möhüm görkezijiniň biri Garaşsyzlyk derejesidir (awtonomiýa koeffisiýentidir). Bu görkeziji kärhananyň öz hususy serişdeleriniň jeminiň ähli serişdeleriniň we emläginiň bahasyna gatnaşygy bilen hasaplanýar.

*Ka* = *Öz* seriş.gymmaty / ähli seriş. we emläg.gymmaty.

Durnuklylygy bolanda, bu görkezijiniň ululygy 0,5-den pes bolmaly däl. Eger-de, *Ka* 0,5-den ýokary bolsa, onda karz serişdelerini almak kärhana üçin amatlydyr. Bu görkeziji maýadarlar we karz beriji üçin wajypdyr, çünki ol kärhananyň umumy emläginiň gymmatyna eýeleri tarapyndan goýlan serişdeleriň paýyny häsiýetlendirýär.

Garaşsyzlyk koeffisiýente mazmuny ýakyn bolýan görkeziji daşyndan çekilen serişdeleriň koeffisiýentidir bu daşyndan çekilen serişdeleri hususy serişdeleriň möçberine gatnaşdyryp hasaplanan koeffisiýentdir. Bu görkeziji kärhana tarapyndan, öz aktiwleriniň 1 manadyna daşyndan çekilen serişdeleriň ululygyny görkezýär.

Bu koeffisiýentiň ululygynyň 0,7-den pes bolanlygy amatly hasap edilýär. Eger-de bu koeffisiýentiň ululygy 0,7 ýokary bolsa kärhananyň daşky maliýe serişdeleriň çeşmelerine garaşlydygyny aňladýar we durnuklylygyny ýitirýär.

Kärhananyň kadaly hereketi üçin hususy dolanyşyk maýasynyň derejesini ýeterlikli saklamaklygy goldamak we öz serişdeleriniň çeşmeleri bilen üstüni doldurmak ukyby möhümdir. Muny şekillendirýän görkeziji – bu hususy dolanyşyk serişdeleriniň çeýeligini aňladýan koeffisiýentdir. Bu – kärhananyň hususy dolanyşyk serişdeleriniň jemini onuň ähli hususy serişdeleriniň jemine paýlamak arkaly kesgitlenilýär. Görkeziji kärhananyň hususy serişdeleriniň näçe bölegi onuň dolanyşygynda ulanylýandygyny görkezýär.

Bu görkezijiniň kadaly ululygy 0,2–0,5 bolmaly.

Kärhananyň maliýe durnuklylygynyň wajyp görkezijileriniň biri önümçilik emläkleriniň hakyky gymmatynyň koeffisiýentidir. Bu koeffisiýent kärhananyň emläginiň umumy gymmatynda önümçilik serişdeleriniň paýyny görkezýär we dolanmaýan aktiwleriň we önümçilik ätiýaçlaryň gymmatynyň jemini kärhananyň aktiwleriniň gymmatyna gatnaşdyryp kesgitlemek bolýar.

Bu koeffisiýent kärhananyň önümçilik mümkinçiliklerini, önümçiligiň işindäki önümçilik serişdeler bilen üpjünçiligini kesgitleýär. Bu görkezijiniň kadaly ululygy 0,5-den pes bolmaly däl.

Dolanyşyk serişdeleriniň üpjünçiligini aňladýan görkeziji kärhananyň hususy serişdeleriniň jemini, onuň ähli dolanyşyk aktiwleriniň jemine paýlamak arkaly kesgitlenilýär. Bu görkeziji kärhananyň hususy serişdeleriniň hasabyna onuň dolanyşyk aktiwleriniň näçe böleginiň maliýeleşdirilýändigini görkezýär. Bu koeffisiýentiň ululygy 0,1 pes bolmaly däl.

**Maýa goýum (inwestirleme) koeffisiýenti kärhananyň** esasy maýasynyň (serişdeleriniň) bahasyny hususy serişdeleriniň jemine onuň bolan gatnaşygy bilen hasaplanylýar.

**Esasy serişdeleriň hakyky bahasyny aňladýan görkeziji** olaryň galyndy bahasynyň ilkinji bahasyna bolan gatnaşygy bilen hasaplanylýar. Bu görkeziji kärhananyň esasy maýasyna goýlan serişdeleriň näçe böleginiň gaýtarylyp yzyna alnanlygyny görkezýär.

**Amortizasiýanyň toplanylyşyny görkezýän görkeziji** esasy serişdeleriň könelmesiniň jemini, olaryň ilkinji bahasyna paýlamak arkaly hasaplaýar. Bu görkeziji serişdeleriň immobil görnüşden çykyşyny görkezýär. Başgaça aýdanymyzda, kärhananyň esasy serişdelerine goýlan goýumlaryň näçe böleginiň gaýtarylyp alnanlygyny görkezýär.

Kärhananyň karz boýunça göterimleri üzüp bilijilik ukybyny aşakdaky formula arkaly kesgitleýärler:

$$K.k.p. = (SP + S + KP)/\ TP.$$

Bu ýerde:

*K.k.p.* – kärhananyn karz boýunça göterimleri üzüp bilijiligini aňladýan görkeziji;

*SP* – sap peýdanyň jemi;

*S* – salgytlaryň jemi;

*KP* – karz boýunça göterimler;

*TP* – karz boýunça tölenen göterimler.

*3.1-nji tablisa*

**Kärhananyň maliýe durnuklylygyny bahalandyrýan görkezijiler**

| Görkezijileriň atlary we amatly ululygy | Hasaplamak usuly |
|---|---|
| 1.Garaşsyzlyk (awtonomiýa) koeffisiýenti, ululygy 0,5-den pes bolmaly däl | *Ka* = *Öz* seriş.gymmaty / ähli seriş. we emläg.gymmaty |
| 2. Öz aktiwleriniň 1 manadyna daşyndan çekilen serişdeleriň näçe ululygyny görkezýän koeffisiýent, ululygy 0,7–den pes bolanlygy amatly hasap edilýär | Daşyndan çekilen serişdeleri hususy serişdeleriň möçberine gatnaşdyrylyp hasaplanan koeffisiýent |
| 3.Hususy dolanyşyk serişdeleriniň çeýeligi, ululygy 0,2–0,5 bolmaly | Hususy dolanyşyk serişdeleriniň jemini onuň ähli hususy serişdeleriniň jemine paýlamak |
| 4.Önümçilik emläkleriniň real gymmatynyň koeffisiýenti, kadaly ululygy 0,5-den pes bolmaly däl. Kärhananyň emläginiň umumy gymmatynda önümçilik serişdeleriniň paýy | Dolanmaýan aktiwleriň we önümçilik ätiýaçlarynyň gymmatynyň jemini kärhananyň aktiwleriniň gymmatyna gatnaşdyryp kesgitlemek bolýar |
| 5. Dolanyşyk serişdeleriniň üpjünçiligini aňladýan koeffisiýent, ululygy 0,1-den pes bolmaly däl | Kärhananyň hususy serişdeleriniň jemi, onuň ähli dolanyşyk aktiwleriniň jemine paýlamak arkaly kesgitlenilýär |
| 6. Maliýeleşdirme koeffisiýenti – bu koeffisiýentiň derejesi 1-den pes bosa, amatly hasaplanýar | Kärhananyň karz serişdeleriniň jeminiň, onuň hususy serişdeleriniň jemine bolan gatnaşygy |
| 7.Maýa goýuma (inwestirleme) koeffisiýenti –munuň amatly derejesi 0,25 töweregi amatly hasaplanýar | Ýylyň dowamynda alnan girdejiniň 25% |
| 8. Kärhananyň karz boýunça göterimi üzüp bilijilik ukyby (*K.k.p.*):<br>*K.k.p.* = (*SP* + *S* + *KP*) / *TP* | Bu ýerde – *SP* – sap peýdanyň jemi;<br>*S* – salgytlaryň jemi;<br>*KP* – karz boýunça göterimler;<br>*TP* – karz boýunça tölenen göterimler |

Maliýeleşdirme koeffisiýenti – eger-de bu koeffisiýentiň derejesi 1-den uly bolsa onda ol kärhananyň maliýe taýdan durnuklylygynyň peselendigini aňladýar. Ýöne, haçan-da kärhananyň dolanyşyk serişdeleriniň aýlanyşygynyň tizligi ýokary bolsa, bu koeffisiýentiň derejesi 1-den hem uly bolup bilýär hem-de kärhananyň maliýe ýagdaýynyň durnuklylygyna kän bir täsir etmeýär. Bu görkeziji kärhananyň hususy serişdeleriniň her bir manadyna näçe karz serişdeleriniň düşýändigini görkezýär.

## *3.2. Kärhanany maliýe durnuklylygy boýunça görnüşlere bölmek üçin görkezijiler*

Kärhanany maliýe durnuklylygy boýunça görnüşlere bölmek üçin ätiýaçlyklar we harajatlar bilen üpjün ediş derejesini we olaryň çeşmelerini häsiýetlendirýän görkezijiler ulanylýar.

Kärhananyň ätiýaçlyklarynyň we harajatlarynyň ýagdaýyny bahalandyrmak üçin onuň maliýe hasabatlylygynyň aktiw bölüminiň "ätiýaçlyklar" maddasynyň maglumatlary ulanylýar. Kärhananyň ätiýaçlarynyň çeşmeleriniň emele gelmegini häsiýetlendirmekde üç esasy görkeziji peýdalanylýar:

1. Öz hususy dolanyşyk serişdeleriniň (HDS) barlygy – muny öz hususy maýalar bilen (hasabatlylygyň passiwiniň I bölümi) we dolanmaýan aktiwleriň (hasabatlylygyň aktiwliginiň I bölümi) tapawudy bolup durýar. Bu görkeziji kärhananyň öz dolanyşyk maýalar bilen üpjünçiliginiň derejesini görkezýär. Munuň geçen ýylyň döwrüne görä artmagy guramanyň geljekki döwürlerde ösmegini häsiýetlendirýär.

2. Kärhanahyň ätiýaçlyklarynyň we harajatlarynyň öz hususy we uzak möhletleýin karz serişdeleriniň hasabyna emele gelýän çeşmelerini öz hususy dolanyşyk serişdeleriniň (*HDS*) barlygyny häsiýetlendirýän görkeziji uzak möhletleýin passiwleriň jemini goşmak bilen kesgitlenilýär (hasabatlylygyň passiwiniň "Uzak möhletleýin borçnamalar" bölümi).

3. Kärhanahyň ätiýaçlarynyň we harajatlarynyň umumy esasy çeşmeleriniň ululygynyň döremegi, öňdäki görkezijiniň ululygyny

gysgamöhletleýin karz serişdeleriniň (hasabatlylygyň passiwiniň "Gysgamöhletleýin bank karzlary" bölümi) jemini goşmak bilen kesgitlemeli. Kärhananyň ätiýaçlarynyň çeşmeleriniň döremeginiň bar bolmagynyň üç görkezijisine ätiýaçlar üpjünçiliginiň çeşmeleriniň döremeginiň üç görkezijileri laýyk gelýär:

a) öz hususy dolanyşyk serişdeleriniň artykmaçlygy (+) ýa-da ýetmezçiligi (–):

$$(+ \text{ ýa-da } –)\ HDS = HDS - \ddot{A}.$$

Bu ýerde:

*HDS* – hususy dolanyşyk serişdeleri;

*Ä* – ätiýaçlar (hasabatlylygyň aktiwiniň II bölümi);

b) ätiýaçlaryň öz hususy (*H*) we uzak möhletleýin karz (*U*) serişdeleriniň hasabyna döreýän çeşmeleriň artykmaçlygy (+) ýa-da ýetmezçiligi (–):

$$(+ \text{ ýa-da } –)\ HU = HU - \ddot{A}.$$

Bu ýerde:

*HU* – hususy serişdeler we uzak möhletleýiň karz serişdeler;

ç) ätiýaçlary döredýän esasy çeşmeleriniň umumy ululygynyň artykmaçlygy (+) ýa-da ýetmezçiligi (–):

$$(+ \text{ ýa-da } –)\ UÇ = UÇ - \ddot{A}.$$

Bu ýerde:

*UÇ* – çeşmeleriniň umumy ululygy.

Aşakdaky tablisada kärhananyň durnuklylygy boýunça görnüşlere degişliligi görkezilen.

*3.2-nji tablisa*

**Kärhananyň maliýe durnuklylygynyň görnüşleri***

| Mümkin ugurlary | HDS | HU | UÇ | Durnuklylygyň görnüşleri |
|---|---|---|---|---|
| 1 | + | + | + | Aňrybaş durnuklylyk |
| 2 | – | + | + | Kadaly durnuklylyk |
| 3 | – | – | + | Durnuksyz maliýe ýagdaýy |
| 4 | – | – | – | Çökgünlige sezewar maliýe ýagdaýy |

***Bellikler**: * "–" – töleg ýetmezçiligi, "+" – töleg artykmaçlygy.*

Kärhananyň aňrybaş maliýe durnuklylygy, öz hususy ätiýaçlyklar we harajatlar dolanyşyk serişdeleri bilen doly ýapylýandygyny görkezýär. Kärhananyň işleriniň hiç bir karz serişdelerine bagly bolmadyk ýagdaýda amala aşyrylyp bilner. Şeýle görnüşli maliýe durnuklylyk ýagdaýy durmuşda örän seýrek bolýar. Emma şu ýagdaý örän amatly hasap edilmeýär, çünki kärhana daşky maliýe çeşmelerini öz hojalyk işinde ulanmaýar. Kärhananyň kadaly maliýe durnuklylygy onuň karz serişdelerinden hem netijeli peýdalanmagy bilen ýüze çykýar. Şunda gündelik işjeňlik karz bergilerden aşa bolmalydyr.

Kärhananyň durnuksyz maliýe ýagdaýy onuň tölege ukyplylygynyň bozulmagy bilen häsiýetlenýär: mejbury ýagdaýda ätiýaçlary we harajatlary ýapmak üçin goşmaça ýapma çeşmeleri çekmeli bolýar, kärhananyň girdejisiniň peselmegi ýüze çykýar. Şeýle-de bolsa, ýagdaýlary gowulandyrmaga kärhananyň mümkinçiligi bar. Kärhananyň çökgünlige sezewar maliýe ýagdaýy – bu kärhananyň dargan ýagdaýa ýakynlaşýan döwrüdir: haçan-da algy we karz bergileriň bar bolmagy hem-de wagtynda üzüp bilmezligi ýüze çykýar. Bazar ykdysadyýetinde şeýle ýagdaýlaryň birnäçe gaýtalanmasy kärhananyň batanlygynyň (bankrot) yglan edilmegine getirýär.

## *3.3. Kärhananyň likwidliligi we tölege ukyplylygy*

Likwidlilik islendik wagt gerekli harajatlary kärhananyň amala aşyryp bilijilik ukybyny aňladýar.

Bazar ykdysadyýetinde kärhananyň maliýe-ykdysady ýagdaýynyň takyk bahalandyrylmagy möhümdir. Şeýle bahalandyrylmagyň esasy alamatlary kärhananyň tölege ukyplylygy we likwidliligi ýaly görkezijilerdir. Kärhananyň tölege ukyplylygy onuň söwda, karz we beýleki pul häsiýetli amallary birwagtlaýyn we doly töleg borçnamalarynyň berjaý edilmegidir. Kärhananyň likwidliligi onuň likwidli serişdeleriniň barlygy bilen kesgitlenýär. Olara nagt pullar, banklardaky hasapda duran pul serişdeleri we ansat ýerlenilýän dolanyşyk serişdeleriniň elementleridir. Kärhananyň tölege ukyplylygyny we likwidliligini bahalandyrmak üçin şu aşakdaky usullary ulanmak bolýar (*3.1-nji surat*):




**3.1-nji surat. Kärhananyň tölege ukyplylygyny we likwidliligini bahalandyrmagyň usullary**

Kärhananyň hasabatlylygynyň likwidliliginiň seljermesi likwidlilik derejesi boýunça toparlanan aktiwler bilen borçnamalary üzmek, möhleti boýunça toparlanan passiwdäki borçnamalaryň deňeşdirilmesidir. Maliýe likwidliliginiň koeffisiýentiniň hasaby we seljermesi gündelik borçnamalary likwid serişdeleri bilen üpjünçiligiň derejesini ýüze çykarmaga ýardam berýär. Pul serişdeleriniň akymynyň seljerilmesiniň esasy maksady – kärhana üçin gerek bolan meýilleşdirilen çykdajylaryny we töleglerini berjaý etmekde pul serişdelerini gerekli möçberde we öz wagtynda toplamak ukybyny bahalandyrmakdyr.

Kärhananyň likwidliligini we tölege ukyplylygyny bahalandyrmak üçin balansyň likwidliliginiň bahalandyrylmagyna seretmek zerur.

Maliýe hasabatlylygyň likwidliliginiň bahalandyrylmagynyň meselesi – kärhananyň pul görnüşine öwrüljek (likwidlilik) möhleti borçnamalary üzme möhletine (yzyna gaýtarma) laýyk gelýän aktiwleri bilen ýapyp biljek borçnamalaryň ululygyny kesgitlemekdir. Seljermegi geçirmek üçin hasabatlylygyň aktiwini we passiwini aşakdaky alamatlary boýunça toparlara bölmeli:

– likwidliligiň kemelmeginiň derejesi boýunça (aktiw);

– tölegleri tölemegiň wagtynyň derejesi boýunça (passiw).

*3.3-nji tablisa*

**Kärhananyň likwidliliginiň seljermesi üçin maliýe hasabatlylygyny aktiw we passiw maddalara toparlamak**

| | | | | | |
|---|---|---|---|---|---|
| Likwidliligiň derejesi | Has ýokary likwidlilikli | A1 | P1 | Iň gysga möhletli borçnamalar | Tölemegiň wagtynyň derejesi |
| | Tiz ýerlenip bilýän aktiwler | A2 | P2 | Gysga möhletli passiwler | |
| | Haýal ýerlenilýän aktiwler | A3 | P3 | Uzak möhletli passiwler | |
| | Kyn ýerlenilýän aktiwler | A4 | P4 | Hemişelik passiwler | |

Bu ýerde: A1 – has ýokary likwidlilikli aktiwlerdir. Olara kärhanalaryň pul serişdeleri we gysgamöhletli maliýe goýumlary degişli. A2–tiz ýerlenip bilýän aktiwlerdir. Olara debitor borçnamalar we beýleki aktiwler degişli. A3–haýal ýerlenilýän aktiwlerdir. Olara balansyň "Dolandyryş aktiwleri" atly bölüminiň maddalary we "Dolanmaýan aktiwler" bölüminiň "Uzak möhletleýin maliýe goýumlary" maddasy degişlidir. A4–kyn ýerlenilýän aktiwleridir. Muňa balansyň "Dolanmaýan aktiwler" bölüminiň maddalary degişlidir. Maliýe hasabatlylygyň passiwleriniň toparlamasy tölegleri tölemegiň wagtynyň derejesi boýunça amala aşyrylýar. P1–iň gysga möhletli borçlarydyr. Olara "Karz borçlary" we "Beýleki gysga wagtlaýyn passiwler" maddalary degişlidir. P2–gysga möhletli passiwlerdir. Olara balansyň "Karz serişdeleri" we balansyň "Gysga möhletli passiwleri" bölüminiň beýleki maddalary degişlidir. P3–uzak möhletli passiwler – uzak möhletli karzlar we borç serişdeleri. P4 – hemişelik passiwler, ýagny, maliýe hasabatlylygyň "Maýalar we ätiýaçlar" bölüminiň maddalary.

Kärhananyň maliýe hasabatlylygynyň aktiw we passiw toparlarynyň likwidiligini kesgitlemek üçin olary biri biri bilen deňeşdirýärler. Kärhananyň balansynyň absolýut likwidliliginiň şertleri:

$A1 \geq P1$;

$A2 \geq P2$;

$A3 \geq P3$;

$A4 \leq P4$.

Kärhananyň hasabatlylygynyň aňrybaş likwidliliginiň zerur şerti – bu öňdäki üç deňsizligiň amala aşyrylmagydyr, dördünji deňsizlik deňeçerligi saklamak häsiýetidir. Onuň amala aşyrylmagy kärhananyň öz dolanyşyk serişdeleriniň ýeterlikliligini şaýatlyk edýär. Egerde islendik deňsizlik oňaýly görnüşdäki görkezilen yşarat ters belgili bolsa, onda balansyň likwidliligi oňaýly derejesinden tapawutlanýandyr. Şunda aktiwleriň bir toparynyň ýetmezçiligi beýlekisiniň artykmaçlygy bilen ýeri doldurylýar. Emma durmuşda likwidliligi pes derejede bolan serişdeler ýokary derejelileriň ýerini tutup bilmeýär.

Likwidli serişdeleri we borçnamalary deňeşdirmeklik kärhananyň hemişelik likwidliliginiň görkezijilerini hasaplamaga ýardam

berýär. Bu bolsa kärhananyň tölege ukyplylygyny (+) ýa-da tölege ukypsyzlygyny (–) görkezýär, Kärhananyň hasabatlylygynyň likwidliliginiň seljermesini geçirenden soň likwidliliginiň otnositel görkezijilerini we tölege ukyplylygyny bahalandyrmak zerurdyr. Kärhananyň hasabatlylygynyň likwidliligini we tölege ukyplylygyny ýokary derejede bahalandyrmak üçin balansyň likwidliliginiň seljermesinden başga-da likwidliliginiň koeffisiýentlerini hasaplamak zerur. Maliýe hasabatlylygyň likwidliliginiň koeffisiýentleriniň hasaplamagynyň maksady – ýerlemek üçin niýetlenen we geljekde ýerlenilýän tehnologik prosesinde bar bolan aktiwleriň gatnaşyklaryny bahalandyrmak we goýlan serişdeleriň özüni ödäp, yzyna gaýtarylmagy, borçnamalaryň öňdäki ýylda üzülmegidir.

*3.4-nji tablisa*

**Maliýe koeffisiýentleri arkaly kärhananyň likwidliligini hasaplamak**

| T/b | Görkezijileriň atlary | Hasaplamanyň usuly |
|---|---|---|
| 1 | Gündelik likwidliligiň koeffisiýenti, ululygy 1,0–2,0 aralykda bolmalydygy oňyn hasaplanýar | Gündelik aktiwler (dolanyşyk serişdeler) / Gündelik borçnamalar (gysga möhletli borçnamalar) |
| 2 | Absolýut likwidliligiň koeffisiýenti, ululygy 0,2–0,25 aralykda bolmalydygy oňyn hasaplanýar | Pul serişdeleri / Gündelik borçnamalar |
| 3 | Gyssagly likwidliligiň koeffisiýenti, ululygy – 1-den az bolmaly däl | (Pul serişdeleri+gysga möhletleýin maliýe goýumlar+beýleki dolanyşyk serişdeleri+ debitorlar bilen hasaplaşyk) / gündelik borçnamalar |

Gündelik likwidliligiň koeffisiýenti (ýapma koeffisiýenti) kärhananyň bar bolan dolanyşyk serişdeleri bilen gysgamöhletleýin borçnamalary ýapypbilijik ukybyny häsiýetlendirýär. Bu görkezijiniň hasaplamasy – gündelik aktiwliginiň jemini (dolanyşyk serişdeler) gündelik passiwleriň (gysga möhletli borçnamalar) jemine gatnaşdyrmaly. Bu koeffisiýentiň ululygy 1,0–2,0 aralykda bolmalydygy oňyn hasaplanýar. Ýagny, gündelik aktiwligiň möçberi

hökman gysgamöhletli borçnamalary doly ýapmaly. Dolanyşyk serişdeleriň 2 esse artykmaçlygy, ýaramaz ýagdaý hasaplanylýar. Bu kärhananyň maýa goýumlarynyň netijesiz ugurlara gönükdirilmegini we özleşdirilmegini aňladýar. Kärhananyň balansynyň oňaýly likwidliligiň koeffisiýenti aktiwleriň hasabyna tiz ýapylyp bilýän gündelik passiwleriň bölegini hem-de tölege ukyplylygyny görkezýär. Bu koeffisiýentiň hasaplamasy – pul serişdeleriniň we gysga möhletli maliýe goýumlaryň jemini gündelik passiwleriň jemine gatnaşdyrmaly. Bu koeffisiýentiň ululygy 0,2–0,25 aralykda bolmalydygy oňyn hasaplanýar, ýagny, karz beriji tarapyndan ahli gysga möhletli algylary gaýtarmaklygy talap edýän ýagdaýynda kärhananyň iň likwidli aktiwleriniň hasabyna 20%-ni tölemäge mümkinçiligi bolmalydygyny aňladýar.

Gyssagly (aýgytly) likwidliligiň koeffisiýenti kärhananyň iň likwidli gündelik aktiwligiň hasabyna gysga möhletli borçnamalary üzüp bilijilik ukybyny häsiýetlendirýär. Bu koeffisiýentiň hasaplamasy – pul serişdeleriniň, gysga möhletli maliýe goýumlaryň we debitor borçnamalaryň jemini gündelik passiwleriň (gysga möhletli borçnamalar) jemine gatnaşdyrmaly.

**Likwidlilik diýlip** – kärhananyň dolanyşyk serişdeleriniň pul görnüşine öwrülip bilijilik ukybyna aýdylýar. Kärhananyň likwidliligini bahalandyrýan koeffisiýentlerini başga görkezijiler bilen hem beýan edip bolýar. Absolýut likwidlilik koeffisiýenti – dolanyşyk serişdeleriniň likwidlilik derejesini häsiýetlendirýän, pul görnüşine öwrülýänçä sarp edýän wagty bilen kesgitlenilýär. Bu görkeziji pul serişdeleriniň we gymmat bahaly kagyzlaryň hem-de debitor bergileriň jeminiň kärhananyň gysga möhletli bergilerine bolan gatnaşygy bilen hasaplanylýar.

Bu görkezijiniň derejesi nazaryýet taýdan 0,7–0,8 möçberinde kesgitlenendir.

Şeýle hem, aşakda mysal hökmünde hasaplamalar görkezilýär.

Tablisanyň maglumatyna görä, eger-de seljerme geçirilýän kärhanada ýylyň başyna howply likwidlilik koeffisiýenti kadaly derejesine deň bolan bolsa, eýýäm hasabat senä bu koeffisiýent 0,32 peselipdir. Diýmek, görkeziji boýunça kärhana tölege ukypsyz diýip hasap etmek bolar. Kärhananyň tölege ukyplylygyny aňladýan görkezijileriniň içinde esasylarynyň biri bolup, onuň umumy likwidliligini häsiýetlendirýän

görkeziji çykyş edýär. Käbir ykdysady edebiýatda bu görkezijini umumy ýapyjy koeffisiýent diýip hem atlandyrýarlar. Bu görkezijini kärhananyň dolanyşyk serişdeleriniň bahasynyň onuň gysga möhletli bergileriniň jemine bolan gatnaşygy bilen hasaplaýarlar.

*3.5-nji tablisa*

**Kärhananyň likwidliligini aňladýan görkezijileri we olaryň kesgitlenilişi**

| Görkezijiler | Kesgitlenişi | Görkezijileriň derejesi | | | Üýtgeme | |
|---|---|---|---|---|---|---|
| | | Nazaryýet | Ýylyň başyna | Ýylyň ahyryna | Kadaly derejesi | Ýylyň başyndan |
| 1 | 2 | 3 | 4 | 5 | 6 | 7 |
| 1. Absalýut likwidlilik koeffisiýenti | Pul serişdeleri, gymmat bahaly kagyzlar / Gygsa möhletli bergileri | 0,2–0,25 | –0,25 | 0,11 | –0,115 | –0,025 |
| 2. Howply likwidlilik koeffisiýenti | Pul serişdeleri, gymmat bahaly kagyzlar we debitor bergileri / Gysga möhletli bergileri | 0,7–0,8 | 0,82 | 0,50 | –0,2 | 0,32 |
| 3. Umumy likwidlilik koeffisiýenti | Dolanyşyk serişdeleri / Gysgamöhletli bergileri | 2,0–2,5 | 1,56 | 1,45 | –0,55 | –0,11 |
| 4. Kärhananyň öz ygtyýaryndaky hususy dolanyşyk serişdeleri | Dolanyşyk serişdeleriniň jemi bilen gysga möhletli bergileriň aratapawudy | | 248518 | 491551 | | 153031 |

*3.5-nji tablisanyň dowamy*

| 1 | 2 | 3 | 4 | 5 | 6 | 7 |
|---|---|---|---|---|---|---|
| 5. Kärhananyň hususy dolanyşyk serişdeleri bilen gysga möhletli bergileriň gatnaşygyny aňladýan koeffisiýent | hususy dolanyşyk serişdeleri<br>Gysga möhletli bergileri | 0,25-hususy dolanyş. seriş, 0,75-gysga möhletli bergiler | 0,57 | 0,51 | | |
| 6. Dolanyşyk serişdeleriniň gysga möhletli bergileriň jeminde agdyklyk etmegi | Dolanyşyk serişdeleriniň jemi bilen gysga möhletli bergileriň aratapawudy | | 248518 | 401551 | | 153033 |

Koeffisiýentiň ýeterlik derejesi 2,0–2,5 möçberinde kesgitlenendir. Emma dolanyşyk serişdeleriniň aýlanyşygynyň tizligine, önümçilik döwrüniň dowamlylygyna we beýleki birnäçe sebäplere baglylykda, tölege ukyplylygy aňladýan görkezijiniň derejesi ýokarda agzalan ululyklardan kiçi hem bolup bilýär. Ýöne, olaryň derejcsi diňe 1-den uly bolan ýagdaýynda görkezijini oňaýly (oňaýly) häsiýetlendirýärler. Eger-de, umumy likwidlilik koeffisiýentiniň derejesi 1-den pes bolsa, onda ol kärhananyň öz gysga möhletli bergilerini üzmäge serişdeleriniň ýetmezçilik edýändigini görkezýär.

Haçan-da, kärhananyň dolanyşyk serişdeleriniň bahasy onuň gysga möhletli bergileriňkiden ep-esli ýokary bolsa, onda kärhanada ulanylmaýan dolanyşyk serişdeleriniň barlygyny hem-de onuň gymmat bahaly aktiwleriniň peýdalanylýanlygyny aňladýar.

Kärhananyň maliýe serişdeleriniň onuň aktiwlerine siňdirilişine amatly hasaplanýar, haçan-da onuň esasy serişdeleri doly hususy serişdeleriň dolanyşyk aktiwleriniň 25% uzak möhletli, 75% bolsa, gysga möhletli bergileriň hasabyna maliýeleşdirilen bolsa 5-nji tablisadan görnüşi ýaly, hasabat döwri kärhana

özüniň ähli dolanyşyk serişdelerini jemläp gysga möhletli bergileri boýunça doly hasaplaşyp bilýär. Ondan başga-da, ýene-de onuň dolanyşygynda 357903 mln. manat möçberinde serişdesi galýar. Emma muňa garamazdan, ýylyň ahyryna umumy likwidlilik koeffisiýentiniň ululygy kadaly derejeden 0,55 pesdir. Kärhananyn likwidliligine, şeýle hem onuň hususy dolanyşyk serişdeleri bilen üpjün edilişi boýunça baha berilýär. Biziň mysalymyzda, bu görkeziji (dolanyşyk serişdeleriniň jemi bilen gysga möhletli bergileriň aratapawudy) ýylyň başyna 248518 mln. manada, ahyryna 401551 mln.manada deň. Hususy dolanyşyk serişdeleriniň netijeli möçberi, haçan-da olaryň ululygy kärhananyň gysga möhletli bergileriniň ýarysyna barabar bolan ýagdaýyna aýdylýar. Mysalymyzda bu görkeziji ýylyň başyna-da, onuň ahyryna-da ylaýyk 0,5 deň. Bu bolsa kärhananyň tölege ukyplylygynyň ýokary derejededigini aňladýar.

Kärhananyň maliýe ýagdaýyny häsiýetlendirýän wajyp görkezijileriň biri hem onuň tölege ukyplylygyny aňladýan görkezijidir.

Tölege ukyplylygy diýlip, kärhananyň gysga möhletli bergilerini üzüp bilijilik ukybyna aýdylýar. Seljerme amala aşyrylanda, kärhananyň häzirki zaman we golaý geljekdäki tölege ukyby öwrenilýär.

Kärhananyň häzirki zaman tölege ukyplylygyny, maliýe hasabatlylygyň maglumatlary esasynda onuň töleg serişdeleri bilen gysga möhletli bergilerini deňeşdirmek arkaly kesgitlemek bolýar.

Kärhananyň töleg serişdelerine pul serişdeleri, gymmat bahaly kagyzlary (olaryň ýokary likwidliligi sebäpli), şeýle hem debitor bergileriniň bir bölegi (olaryň kärhana gaýdyp geljegi barada doly ynanç bolan bölegi) degişlidir.

Gysga möhletli bergilere banklaryň gysga möhletli karzlary we beýleki karz bergileri girýär. Kärhananyň töleg serişdeleriniň jeminiň gysga möhletli bergileriňkiden agdyklyk etmegi, onuň tölege ukyplylygyny ýa-da ukyply däldigini aňladýar. Kärhananyň häzirki zaman gaýragoýulmasyz tölege ukyplylygyny töleg kalendarynyň maglumatlarynyň kömegi bilen hasaplaýarlar. Töleg kalendary boýunça seljerme hasabyň maglumatlary esasynda her gün ýa-da 3, 5, 7, 10 günüň içinde bir gezek amala aşyrylýar. Görkezijini kesgitlemek üçin aşakdaky 3.6-njy tablisanyň maglumatlaryna seredeliň.

*3.6-njy tablisa*

**Kärhananyň häzirki zaman gaýragoýulmasyz tölege ukyplylygyny hasaplamak üçin maglumatlar**

| Töleg serişdeleri we gysga möhletli bergileri | Jemi, mln. m. |
|---|---|
| 1. Hasaplaşyk hasabyndaky pul serişdeleri | 1000 |
| 2. Kassadaky pul serişdeleriniň galyndysy | 800 |
| 3. Bergidarlardan gelen debitor bergileri | 2500 |
| 4. Alyjylar tarapyndan tölenilmeli hasaplar | 4000 |
| 5. Gaýry gelen pul serişdeleri | 3500 |
| Jemi töleg serişdeleri | 11800 |
| 6. Üpjün edijilere tölenen serişdeler | 1500 |
| 7. Üzülen gysga möhletli karzlar | 2000 |
| 8. Berlen wekseller boýunça tölenen serişdeler | 2500 |
| 9. Döwlet býujetine bolan bergileriň üzülmegi | 900 |
| 10. Işgärlere bolan bergileriň üzülmegi | 1100 |
| Jemi gysga möhletli bergileri | 8000 |

3.6-njy tablisada getirilen maglumatlardan görnüşi ýaly, öwrenilýän döwürde, kärhana özüniň ähli gysga möhletli bergilerini üzüp bilýär. Ondan başga-da, onuň ygtyýarynda ähli bergilerini üzenden soňra, ýene-de 3800 müň manat möçberinde pul serişdeleri galýar. Munuň ýaly seljermäni kärhananyň öz içinde onuň maliýe gullugy geçirip bilýär. Emma daşarky subýektler diňe çap edilýän maglumatlary ulanyp bilýändikleri sebäpli, ýokarda beýan edilen usul arkaly we balansyň aňrybaş görkezijileri boýunça goşmaça maglumatsyz, kärhananyň tölege ukyplylygyna baha bermek mümkin däl. Şonuň üçin tejribede kärhananyň tölege ukyplylygyny likwidliligi aňladýan görkezijiler boýunça öwrenilýärler.

## *3.4. Işewürligiň seljermesiniň usuly*

Ykdysadyýetiň bazar şertlerinde kärhananyň maliýe ýagdaýynyň durnuklylygy, köplenç, onuň işewürligi bilen şertlendirilýär. Ol bolsa onuň önüminiň bazarda ýerlenmeginiň giňelmegine, onuň telekeçileriň we alyjylaryň arasynda abraýyna (imij), hojalyk işiniň meýilnamasynyň esasy görkezijileriniň ýerine ýetirilmeginiň derejesine, serişdeleriniň (maýalaryň) netijeli ulanylmagynyň derejesine

we durnukly ykdysady ösüşine baglydyr. Kärhananyň maliýe taýdan işewürligi, esasan, onuň serişdeleriniň dolanyşyk tizligi bilen ýüze çykýar. Işewürligiň seljermesi dürli dolanyşyk koeffisiýentleriň derejesiniň we meýlleriniň (üýtgeýşiniň) seljermesi bilen geçýär. Şolar umumulaşdyrylan görnüşde belli döwürde ýerlemekden düşýän önümiň gymmatynyň möçberini kärhananyň serişdeleriniň gymmatyna gatnaşdyrylmagydyr. Käte bu dolanyşyk görkezijini ýylyň başyna, ýa-da ahyryna hasaplamak bolýar. Kärhananyň girdejisiniň derejesiniň serişdeleriň dolanyşygyna bagly bolanlygy bilen häsiýetlendirilmegi, dolanyşyk görkezijileriň möhümdigini aňladýar.

*Kärhananyň işewürliginiň esasy görkezijileri:*

**1. Kärhananyň aktiwleriniň (maýalarynyň) umumy dolanyşyk koeffisiýenti** (ýa-da transformasiýa koeffisiýenti) – kärhananyň ähli maýalarynyň dolanmagynyň tizligini aňladýar (belli döwürde aýlanyşygynyň sany). Ýagny, bu görkeziji seljerilýän döwürde peýda görnüşde netije getirýän, näçe gezek önümçilik we dolanyşyk doly tapgyry amala aşyrýandygyny ýa-da her bir aktiwleriň iň möçberini näçe manatlyk ýerlenen önümiň möçberini üýtgedýär.

*Ku* = ýerlenen önümleriň gymmaty / ähli aktiwleriň umumy ortaça gymmaty

*Ku* – umumy dolanyşyk koeffisiýenti.

**2. Ätiýaçlaryň dolanyşyk koeffisiýenti** – kärhananyň haryt materiallarynyň ätiýaçlarynyň seljerilýän döwürde aýlanyş sanyny görkezýär. Bu görkezijiniň peselmegi önümçilik ätiýaçlarynyň we tamamlanmadyk önümçiligiň degişlilikde ýokarlanmagyny ýa-da taýýar önüme hyrydarlygyň peselmegini şaýatlyk edýär. Umumylykda, kärhananyň ätiýaçlarynyň aýlanyşyk görkezijileri näçe ýokary bolsa şonça dolanyşyk serişdeleriniň pes likwidli maddasyna onuň baglylygynyň pesligini, ýokary derejede dolanyşyk serişdeleriniň likwidlilik düzümini we durnukly maliýe ýagdaýyny görkezýär. Maddy dolanyşyk serişdeleriniň koeffisiýenti aşakdaky formula arkaly kesgitlenýär:

*Km* = ýerlenen önümleriň gymmaty / haryt materiallarynyň ätiýaçlarynyň gymmaty

*Km* – maddy serişdeleriniň dolanyşyk koeffisiýenti.

Ätiýaçlaryň dolanyşyk koeffisiýentini has takyk hem hasaplamak bolýar: ýerlenen önümleriň özüne düşýän gymmatyny belli döwürdäki ätiýaçlaryň gymmatynyň ortaça ululygyna gatnaşdyrmak.

Maddy dolanyşyk serişdeleriniň aýlanyşygyny gün ölçegde seljerilýän döwrüň dowamyny dolanyşyk koeffisiýente gatnaşdyryp kesgitläp bolýar.

**3. Debitor borçnamalarynyň dolanyşyk koeffisiýenti** (hasaplaşyklar boýunça dolanyşyk koeffisiýenti). Hojalyk işinde kärhana sarp edijilere öz harydyny nesýe (haryt karzy) berýär, ýagny harydy satmak we ondan düşýän tölegiň arasynda wagt geçýär, şeýle hem, debitor borçnamasy ýüze çykýar. Debitor borçnamalarynyň dolanyşyk koeffisiýenti hasaplara goýlan serişdeler bir ýylda näçe gezek dolanylmagyny görkezýär. Ol bu formula arkaly kesgitlenýär:

*Kd.b.* = ýerlenen önümleriň gymmaty / debitor borçnamalaryň jemi

*Kd.b.* – debitor borçnamalaryň dolanyşyk koeffisiýenti.

Näçe köp gezek debitor borçnamalar dolanylsa, şonça kärhana üçin amatly hasaplanýar. Bu ýagdaýda kärhana hasaplaşyklar boýunça çalt tölegleri alyp bilýär.

Debitor borçnamalarynyň dolanyşyk koeffisiýentini peýdalanyp, inkassasiýanyň möhletini hasaplamak mümkin, ýagny debitor borçnamalarynyň pul serişdelerine öwrüljek wagtynyň dowamyny hasaplamak bolýar. Munuň üçin seljerilýän döwrüniň dowamyny, hasaplaşma dolanyşyk koeffisiýentine bölmeli.

Debitor borçnamalarynyň aýlanyşyk görkezijilerini karz borçnamalarynyň aýlanyşyk görkezijileri bilen deňeşdirmek amatlydyr. Bu telekeçiler üçin kärhana tarapyndan öz müşderilerine berýän işewürlik karzynyň şertlerini çig mal we materiallar bilen üpjün edýänleriň şertleri bilen deňeşdirmäge mümkinçilik berýär Şunuň üçin haryt amallary boýunça debitor we karz borçnamalaryň aýlanyşyk koeffisiýentini hasaplamak zerurdyr.

**4. Karz borçnamalaryň aýlanyşyk koeffisiýenti** kärhana berilýän işewürlik karzyň giňelmegini we gysgalmagyny görkezýär. Koeffisiýentiň ösüşi kärhananyň borçlarynyň tölegleriniň tizligini, peselmegi bolsa, karzyna alynýan harytlaryň artmagyny aňladýar. Karz borçnamalaryň aýlanyşyk koeffisiýentiniň formulasy:

*Kk.b.* = ýerlenen önümleriň gymmaty / karz borçnamalaryň jemi

Karz borçnamalarynyň aýlanyşyk koeffisiýentini has takyk hem hasaplamak bolýar: ýerlenen önümleriň özüne düşýän gymmatyny belli döwürdäki karz borçnamalaryň ortaça ululygyna gatnaşdyrmak.

Karz borçnamalarynyň aýlanyşyk möhleti gün ölçegde seljerilýän döwrüň dowamyny karz borçnamalarynyň aýlanyşyk koeffisiýente gatnaşdyryp, kesgitläp bolýar. Bu görkezijiniň ýene-de bir görnüşi bu haryt amallar boýunça karz borçnamalarynyň aýlanyşyk koeffisiýentidir.

Debitor we karz borçnamalarynyň üzme wagtyny kärhananyň amal we maliýe tapgyrlary bilen beýan edip bolar.

Amal tapgyry – bu işi amala aşyrmak maksady bilen ätiýaçlary satyn almak we olardan taýýarlanan önümi ýerlemekden alnan serişdeleriň arasyndaky möhleti aňladýar. Amal tapgyryň dowamlylygy maddy dolanyşyk serişdeleriniň aýlanyşyk möhleti bilen debitor borçnamalarynyň dolanyşyk möhletiniň dowamynyň jemi bilen hasaplanýar.

*OTD* = maddy dolanyşyk serişdeleriniň aýlanyşyk möhleti + debitor borçnamalaryň dolanyşyk möhletiniň dowamy.

Bu ýerde:

*OTD* – amal tapgyryň dowamlylygy.

Maliýe tapgyr – bu pul serişdeleriniň dolanyşykdan çykan möhletini aňladýar. Ýagny, maliýe tapgyr – bu karz borçnamalaryň tölenýän wagty we debitorlardan gelýän serişdeleriň wagtynyň aralygydyr. Maliýe tapgyryň dowamlylygy bu furmula arkaly hasaplanýar:

*MTD* = amal tapgyryň dowamy – karz borçnamalaryň dolanyşyk möhleti.

Bu ýerde:

*MTD* – maliýe tapgyryň dowamlylygy.

Bu görkezijiniň manysy şulardan ybarat: ätiýäçlar we debitor borçnamalar pul serişdeleriň gerekligini talap edýär, karz borçnamalar bolsa, gündelik maliýe talaplaryň üstüni ýapma çeşmesi bolup durýar. Maliýe tapgyryň oňaýly ähmiýeti kärhananyň dolanyşyk aktiwlerini maliýeleşdirmekde serişdeleri çekmeklik zerurlygynyň dowamlylygynyň döwrüni häsiýetlendirýär. Muny kärhana öz hususy ýa-da daşyndan çekilen çeşmeleriň hasabyna amala aşyryp bilýär. Maliýe tapgyryň oňaýsyz dowamlylygynyň ulylygyny kärhananyň wagtlaýyn erkiň pul serişdeleriniň barlygyny görkezýär.

## *3.5. Kärhananyň maliýe ýagdaýyna dolanyşyk serişdeleriniň aýlanyşygynyň tizliginiň täsiriniň seljermesi*

Kärhananyň maliýe ýagdaýy ýokary derejede onuň dolanyşyk serişdeleriniň ulanylyşynyň tizligine bagly bolýar. Dolanyşyk serişdeleriniň ulanylyşynyň netijeliligini aňladýan esasy görkeziji bolup, olaryň aýlanyşygynyň tizligi çykyş edýär.

Dolanyşyk serişdeleriniň aýlanyşygynyň tizliginiň, olaryň pul görnüşine öwrülýänçä sarp edýän wagtynyň gysgalmagy esasynda ýokarlanmagy, kärhananyň karz serişdelerden garaşsyz bolmagyna getirýär. Aýlanyşygyň tizliginiň ýokarlanmagy, kärhananyň dolanyşyk serişdelerine bolan mätäçligini (zerurlygyny) peseldýär, hem-de pul serişdeleriniň dolanyşykdan çykmagyna (boşamagyna) getirýär. Bu bolsa ilkibaşda, kärhananyň dolanyşyk serişdelerine siňdirilen pullaryň gysga wagtda öweziniň dolunmagy we gaýtadan ulanylmagy esasynda öndürilýän we ýerleşdirilýän önümiň möçberiniň artmagyna alyp barýar. Dolanyşyk serişdeleriniň aýlanyşygynyň tizligi aýlanyşygyň dowamyny we onuň sany bilen kesgitlenilýär.

Aýlanyşygyň dowamyny aşakdaky formula boýunça kesgitleýärler:

$$ad = (DS \times G) / ÝÖ.$$

Bu ýerde:

*ad* – aýlanyşygyň dowamy, günlerde;

*DS* – dolanyşyk serişdeleriniň ortaça galyndy bahasy;

*G* – seljerme geçirilýän döwürde günleriň sany;

*ÝÖ* – ýerleşdirilen önümiň möçberi.

Bu görkeziji näçe günüň dowamynda bir aýlanyşyk bolýandygyny görkezýär. Başgaça aýdanymyzda, dolanyşyk serişdeleriniň siňdirilen pullaryň näçe günüň dowamynda ýaňadan ilkibaşdaky pul görnüşine öwrülip gelýändigini görkezýär.

Aýlanyşygyň sanyny aşakdaky formula boýunça kesgitleýärler:

$$as = G / Ad.$$

Bu ýerde:

*as* – aýlanyşygyň sany;

*G* – seljerme geçirilýän döwürde günleriň sany;

*Ad* – bir aýlanyşygyň dowamy.

Seljermäniň tejribesinde aýlanyşygyň tizliginiň üýtgemegi esasynda, dolanyşykdan çykan ýa-da oňa goşmaç;a çekilen serişdeleriň jemini hasaplaýarlar. Dolanyşyk serişdeleriniň aýlanyşygynyň tizliginiň üýtgemegi esasynda aňrybaş we otnositel dolanyşykdan çykan (ýa-da oňa goşmaça çekilen) serişdeleriň jemini kesgitleýärler.

Aňrybaş dolanyşykdan çykan (oňa goşmaça çekilen) serişdelerini olaryň meýilnama boýunça möçberi bilen deňeşdirmek arkaly kesgitleýärler. Eger-de hakyky görkeziji meýilnamadan ýokary bolsa, onda ol serişdeleriň aňrybaş dolanyşykdan çykmaklygyny aňladýar. Ýagdaý tersine bolsa, serişdeleriň dolanyşykda aňrybaş ýetmezçiligini görkezýär.

Serişdeleriň otnositel dolanyşykdan çykmagyny (ýa-da oňa goşmaça çekilmegini) aşakdaky formulanyň kömegi bilen kesgitleýärler:

$$Dç = ÝÖ^h / G^h \times (Ad^h - Ad^m).$$

Bu ýerde:

*Dç* – aýlanyşygynyň tizliginiň üýtgemegi esasynda, dolanyşykdan çykan (oňa gosmaça çekilen) serişdeleriň jemi;

$ÝÖ^h$ – hakyky ýerleşdirilen önümiň möçberi;

*G* – seljerme geçirilýän döwürde günleriň sany;

$Ad^h$ – hakyky aýlanyşygyň dowamy, günlerde;

$Ad^m$ – meýilnama boýunça aýlanyşygyň dowamy, günlerde.

## *Dördünji bap*

# MAÝA GOÝUMLARYŇ MÖÇBERINIŇ WE DÜZÜMINIŇ ÖZGERIŞI MALIÝE ULGAMYNYŇ MÖHÜM FAKTORYDYR

### *4.1. Umumy düzgünler*

Maýa goýum taslamalaryny meýilnamalaşdyrmak we ýerine ýetirmek, önümçiligi giňeldip we ýaýbaňlaşdyryp, geljekki maýa goýumlary amala aşyrmakda maliýe serişdeleriniň emele getirilmegine ýardam berýär we maýadarlaryň ykdysady mümkinçiliklerini ösdürýär.

Tehnologik taýdan bäsdeşlige ukyplylygynyň artykmaçlyklary, ylma we ylmy işläp taýýalamalara, täzelikleri döretmäge gönükdirilen

maýa goýumlaryna baglydyr. Milli ykdysadyýetimizi dünýä hojalygyna aralaşdyrylmagynyň çuňlaşmagy we bäsleşigiň güýçlenmegi, ykdysadyýetiň ähli dolandyryş derejesinde bazary öwrenmek işine (marketing) serişdeleriň köpeltmegini talap edýär. Bu hem maýa goýumlaryň netijeli peýdalanmagyny üpjün edýär. Şunlukda, döwletiň ähmiýeti artýar. Şeýlelikde, döwlet maýanyň gelýän çeşmelerine we gymmatyna hem ýerleşdiriş bazarlaryna esli täsirini ýetirip bilýär.

Ykdysadyýetiň ösüşiniň deňeçerliligini we gerimini maýa goýumlaryň möçberi we düzümi kesgitleýändigi sebäpli, ykdysadyýetiň makro we mikro dolandyryş derejede maýa goýumlaryň çeşmeleriniň emele gelmek meselelerine garamak wajypdyr.

Maýa goýum serişdeleriniň emele geliş işi, täsirli derejede maýanyň başlangyç toplanma işine baglydyr. Bu kärhananyň özünde (arassa girdejiniň paýlama işi), şeýle hem tutuş ýurt boýunça (milli düşewündiň paýlama işi) amala aşyrylýar. Dürli-dürli hojalyk subýekleri we ilat tarapyndan maliýe ulgamynda toplanylýan pul serişdeleri, kärhananyň daşky çeşmeleriniň hasabyna emele gelýän maýa goýum serişdeleriniň binýady hökmünde hyzmat edýär. Maýanyň başlangyç toplanmasynyň ösüş depgini esasy tutuş ýurduň ykdysady ösüşi bilen kesgitlenýär.

Ykdysadyýetiň makrodolandyryş derejede emele gelýän maýa goýumlaryň çeşmeleri jemi içerki önümiň möçberi bilen şertlenýär, bu öz gezeginde, maýa goýumlaryň möçberine we düzümine bagly.

Seljerilýän döwürde maýa goýumlaryň ýokary ösüş depgini jemi goşmaça gymmatynyň möçberine, olaryň paýlanyşyna täsirini ýetirär.

Türkmenistanda bazar gatnaşyklarynyň çuňlaşdyrylmagy bilen ykdysady ösüşiň gözbaşy bolan, nebit-gaz toplumynyň we infrastrukturasynyň çalt ösmegi, ýurduň maýa goýumlarynyň esasy maliýe binýadyny emele getirýär: ýurdumyzyň merkezleşdirilen býujetinde, hökümetiň walýuta gaznasynda we ministrlikleriň hem pudak edaralaryň ýöriteleşdirilýän hasabynda toplanylýan esasy çig-mal serişdelerini işläp taýýarlamak, gazyp almak we daşary ýurtlara ugratmak işlerinden düşýän goşmaça girdejilerdir. Häzirki döwür hereket edýän hökümetiň walýuta we Döwlet durnuklaşdyrma gaznalary bilen bir hatarda, şeýle hem ýurtda ykdysady özgertmeleriň gidişiniň çäginde, maýa goýum işlere işjeň goşulyp bilýän, beýleki maliýe institutlarynyň (banklar, döwlet

býujeti, maýa goýum, ätiýaçlyk we pension gaznalary) çalt ösdürilmegi üçin çäreler görülýär.

Şeýlelikde, maýa goýum işjeňliginiň ösmeginiň esasy sebäbi bolup, makroderejede dolandyryşyň hojalygyk subýektleri tarapyndan girdejini ýokarlandyrmak deliliniň güýçlenendigi bilen, önümçilik gatnaşyklarynyň kämilleşdirilmegi maýa goýumlarynyň çeşmeleriniň emele getirilmegine ýardam berýär.

## *4.2. Maýa goýumlar barada düşünje we onuň düzümi*

Ykdysadyýetiň durnukly ösüşini üpjün etmekde maýa goýumlar möhüm gurallaryň biridir. “Maýa goýum” düşünjesi, jemleýji makroykdysady görkezijisi bolup durýar. Maýa goýumlar ykdysadyýetiň umumy ösüşini kesgitleýär, muňa bolsa her bir çäkleriň birliginde önümçilik faktorlaryna maýanyň ýaýramagy, hojalyk ýagdaýlaryny gowulandyrmagy, önümçilige çekilen serişdeleriň has netijeli ulanylmagy, tebigy, önümçilik we aň paýhas-bilim mümlinçilikleriň toplumlaýyn ulanylmagy sebäp bolup biler. Türkmenistanyň çäginde maýa goýum işi birnäçe kanunlary we kanun teswirnamalary bilen sazlaşdyrylýar: “Maýa goýum işi hakynda”, “Daşary ýurt konsepsiýalary hakynda”, “Daşary ýurt maýa goýumlary hakynda”, “Daşary ykdysady işler hakynda” Türkmesnistanyň kanunlary we beýlekiler.

“Maýa goýum işleri barada” Türkmenistanyň kanunynda maýa goýumlaryna düşündiriş berilýär – netijede, girdeji (düşewünt) ýa-da durmuş netije döreýän telekeçilik ulgamyndaky desgalara we beýleki işleriň görnüşlerine goýulan hemme emläk we intelektual baýlyklary görnüşlerindäki gymmatlyklardyr. Häzirki döwürde dünýäniň senagat taýdan ösen köp döwletlerinde esasy serişdelere harçlary, ýagny ýeke bir jaýlaryň gurulmagy we esasy serişdeleri satyn almagy maýa goýumlary diýip hasap etmän, eýsem bilim we ylym ulgamynda – mugallymlary we terbiýeçileri, alymlary saklamakda gündelik çykdajylar, maýa goýumlarynyň hasabyna girýär.

Maýa goýumlar – bu maddy ýa-da durmuş netije almak üçin uzakmöhletleýin maýany esasy serişdeleri dikeltmäge, täzesini gurmaga we satyn almaga, ätiýaç üçin gönükdirilen serişdelerdir.

Maýa goýumlar – pul we tehniki, tehnologiýa, aň-paýhas görnüşde bolýar.

Ykdysady edebiýatlarda “maýa goýum” we “düýpli maýa goýum” düşünjiler gabat gelýär. Düýpli maýa goýumlar – bu esasy serişdeleriň üznüksiz önümçiligine (döredilmegine, satyn alynmagyna) gönükdirilen serişdelerdir. “Maýa goýumlar” düşünjesi bolsa, bu harçlardan (anyk maýa goýumlar) başga-da maliýe (portfel) maýa goýumlaryny öz içine alýar, ýagny eýelemekden almak bolýan hukukly paýnamalar, obligasiýalara, eýelik tituly bilen bagly bolan beýleki gymmat kagyzlara goýlan serişdeleri aňladýar.

**Maýa goýumlaryň alamatlary boýunça düzümi:**

– kärhana, döwlet we çäk boýunça önümçilik we önümçilige degişli bolmadyk ulgamlar (durmuş) boýunça paýlanylyşy;

– kärhananyň esasy we kömekçi önümçilik boýunça paýlanyşy;

– maýa goýumlaryň pudaklar (senagat, oba hojalygy, gurluşyk, söwda, aragatnaşyk, ýaşaýyş jaý gurluşygy, jemagat hojalygy, bilim, medeniýet we sungat, we beýlekiler) boýunça paýlanylyşy;

– maýa goýumlaryň üznüksiz önümçiligi üpjün edýän düzümi – taze gurluşyk, tehniki taýdan enjamlaşdyrmak, durkuny täzelemek we giňeltmek boýunça paýlanylyşy;

– maýa goýumlaryň tehnologik düzümi – enjamlary we tehnikany, maşynlary we mehanizmleri satyn almak hem gurluşyk-gurnaw işlerini ýerine ýetirmek boýunça paýlanylyşy;

– maýa goýumlaryň maliýe çeşmeleri boýunça düzümi – kärhananyň öz serişdeleri, býujetiňki, daşary ýurtlularyňky, karz serişdeleriň, gymmat bahaly kagyzlary goýberilmegi bilen pul serişdeleriniň hasabyna özleşdirilen;

– maýa goýumlaryň çäkler boýunça paýlanylyşy;

– eýeçiligiň görnüşleri boýunça düzümi;

– maýa goýumlaryň içki we daşyndan çekilen möçberi boýunça düzümi;

– ministrlikler we pudaklaýyn edaralary boýunça;

– pudaklaýyn toplumlar boýunça.

Anyk maýa goýumlary – bu anyk maýalary, ýagny önümçiligiň esasy serişdelerini, maddy-material gymmatlyklary we ätiýaçlary

artdyrýan pudaklaryň ösüşine we ykdysady işleriň görnüşlerine gönükdirilen serişdelerdir.

Maliýe maýa goýumlary – paýnamalara, obligasiýalara we beýleki gymmat bahaly kagyzlara goýlan serişdelerdir.

Maliýe maýa goýumlarynyň düzüminde bukja (portfel) maýa goýumlary bellenýär. Bu girdeji almak üçin birnäçe gymmat bahaly kagyzlara gönükdirilen serişdelerdir.

Göni maýa goýumlary – bu maýadara obýekti dolandyrmaga hukuk berýän (paýdar kompaniýada ses bermäge) ýa-da göni esasy serişdeleriň döredilmegine gönükdirilen goýumdyr.

Bilelikdäki kärhana – bu halkara telekeçiligiň durmuş-gurnama görnüşidir. Bilelikdäki kärhana önümçilik, ylmy-tehniki, daşary ykdysady we beýleki işleri amala aşyrmakda maddy we maliýe serişdelere umumy eýeçiligiň döredilmegi esasynda daşary ýurt müşderisi bilen gurnalýan hojalyk we hukuk hyzmatdaşlygydyr.

Türkmenistanda bilelikdäki kärhanalar dürli görnüşde döredilýär:

– täze kärhanalar we şonda hem onuň şahamçasy we golçur bölegi döräp biler. Bu daşary ýurtlularyň kärhananyň esaslandyryjy goruna gatnaşmagynyň üsti bilen amala aşyrylýar;

– hereket edýän kärhananyň giňeldilmegi we netijeliligini ýokarlandyrmak üçin daşary ýurt maýasy çekilýär. Bu daşary ýurt şereketi tarapyndan umumy esaslandyryjy goruna belli möçberde maýasyny goşmak ýa-da kärhananyň gymmat bahaly kagyzynyň birnäçesini satyn almak bilen amala aşyrylýar. Bu bilelikdäki kärhanalaryň görnüşiniň döredilmegi, täze maýany köp talap edýän desganyň gurulmagy üçin daşary ýurt firmasy bilen baglaşylan maýa goýum taslamasynyň durmuşa geçirilmegi barada maýa goýum şertnamasydyr.

Maýa goýumlaryň optimal (amatly) düzümi (paýlanyşy) ykdysadyýetiň durnukly we netijeli ösüşiniň esasy faktorydyr.

Maliýe çeşmeleri boýunça halkara hereketindäki maýalar resmi we hususy maýalara bölünýär. Resmi maýalar – bu daşary ýurtlarda ýerleşdirilen döwletiň býujetiniň ýa-da daşary ýurtlardan, hökümetleriň hem hökümetara edaralaryň karary esasynda serişdesidir. Şulara hökümetara ylalaşyklar esasynda bir ýurt beýleki ýurtlara beren ähli döwlet karzlary, ssudalary (grantlary), kömekleri degişlidir. Resmi

maýalara hem öz agzalarynyň adyndan (Bütindünýä walýuta fondunyň karzy, parahatçylygy saklamakda BMG tarapyndan çykdajylar we beýlekiler) halkara hökümetara guramalarynyň ulanylýan maýalary degişlidir.

Hususy maýalara (döwlete degişli däl maýalar) – bu hususy şereketleriň, banklaryň daşary ýurtlarda ýerleşdirilen ýa-da daşary ýurtlardan kabul edilen maýalardyr.

Maýalaryň daşary ýurtlarda hereketinden alnan peýda esasy % görnüşdedir.

Halkara maýa goýumlar – bu döwlet serhetini geçip, hereket edýänlere diýilýär.

Halkara maýa goýumlar esasy 2 görnüşde amala aşyrylýar: önümçilik (telekeçilik) we ssuda maýasy.

Önümçilik (telekeçilik) maýasy – esasy daşary ýurt maýa goýumlar görnüşinde peýda almak üçin göni önümçilige gönükdirilen maýalar.

Ssuda maýasy – maýanyň eýesine % görnüşindepeýda getirýän halkara karzy we daşary ýurt kompaniýalaryň gymmatly kagyzlaryna goýulan serişdelerdir.

Önümçilik (telekeçilik) maýasy göni we wezipeli maýa goýumlara bölünýär.

Göni maýa goýumlar – maýadara gözegçilik etmäne ygtyýar berýär.

Wezipeli maýa goýumlar – maýadara gözegçilik etmäne ygtyýar bermeýär. Bu şereketiň öz maýasy 10–25%-ini tutýan paýnamalaryň bukjasy bolýar.

Göni maýa goýumlaryň eksporty täze kärhanany daşary ýurtda döretmekdir. Olar daşary ýurt filialy (golçur) atlanýar. Olar bölümlere, şahamçalara, assosiasiýalara bölünýär.

Bölüm – daşary ýurtlarda bellenmegi bilen, ýuridik şahs däl, özbaşdak däl.

Şahamça kompaniýasy – daşary ýurtlarda bellenilýän özbaşdak kärhana. Baş kärhana esasy paýnamalaryň eýesi bolanlygy bilen, onuň üstünden gözegçilik edýär.

Assosiasiýalar – şahamça kompaniýasyndan aýratynlygy baş kärhana esasy paýnamalaryň eýesi bolanlygy bilen, onuň üstünden gözegçilik etmeýär, ýöne oňa garaşly bolýar.

## *4.3. Türkmenistanyň Prezidentiniň maýa goýum syýasaty*

Maýa goýum işini işjeňleşdirmek, ykdysadyýetiň ösüşini ýokarlandyrmak, önümçiligiň netijeliligini ösdürmek we durmuş meselelerini çözmek maksady bilen, ähli hojalyk ýöredijiler üçin amatly şertleri döretmekde maksadalaýyk toplumlaýyn çäreler döwletiň maýa goýum syýasatyny aňladýar.

Ykdysadyýeti diwersifikasiýalaşdyrmak, maýadarlar üçin giňişleýin üznüksiz önümçiligi we netijelilikli maýany ýerleşdirmek şertlerini döretmek, döwletiň maýa goýum syýasatynyň esasy maksatlary bolup durýar.

Döwletiň maýa goýum syýasaty ýurduň ähli sebitlerinde bitewi bir maýa goýum giňişligini döredýär, ýagny maýa goýum harytlaryň we gurluşyk hyzmatlarynyň erkin akymyny üpjün edýär. Bu hem maýa goýum işini sazlaşdyrmak üçin ykdysady we kanunçylyk binýadynyň, onuň maglumat üpjünçiligini döretmekligini talap edýär.

Amatly şertleriň döredilmeginde ýurdumyza ýokary depginler bilen daşary ýurt maýa goýumlaryny çekmeklige ýardam berdi.

Türkmenistanyň Prezidenti maksatlara ýetmekde toplumlaýyn we ulgamlaýyn çemeleşmä wajyp orun berýär. Ylmy-tehniki ilerlemäniň çaltlaşdyrylan döwründe, prosesleriň we hadysalaryň özara gatnaşyklarynyň has-da ykjamlaşmagy, bu çemeleşmä maýa goýum taslamalaryny durmuşa geçirmegiň ähli babatynda maýadarlar üçin maksatlaryň açyklygyny we aýdyňlygyny hem maýa goýumlarynyň netijeliligini ýokarlandyrýar, adam faktoryny güýçlendirýär. Şunlykda, maýa goýum taslamalaryny durmuşa geçirmekde toplumlaýyn we ulgamlaýyn çemeleşme ykdysadyýetiň ösüşine ýurduň we daşary ýurt maýa goýumlarynyň akymynyň işjeňleşmeginiň möhüm faktorlarynyň biri bolup durýar.

Hojalygy ýöretmegiň täze şertlerinde, daşky gurşawyň we tebigy resurslaryň özara aragatnaşyk işleri güýçlenýär, önümçilik prosesinde yzygiderli köp çig mal serişdeleriň çekilýär. Bu desgalaryň gurluşygynda taslama-harajat resminamalara salynan tehnika we tehnologiýanyň hiline talaplaryň ýokarlanmagyny talap edýär.

Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň mejlislerinde, daşary ýurt döwlet agzalary we telekeçiler bilen duşuşykda, durmuşa geçirilmeli maýa goýum taslamalaryny saýlamakda we durmuşa geçirmekde, ýurduň baştutany şu aşakdaky talaplara laýyk bolmalydygyny ençeme gezek nygtady:

– ýokary derejedäki tehnikalary we tehnologiýalary öz içine alýan ýokary hilli taýýar gurluşyk desgasy. Tehnikalaryň we tehnologiýalaryň derejesi ykdysadyýetiň ähli pudaklaryndaky öndürilen önümleriň we zähmet şertleriniň hilini kesgitleýär;

– desgalaryň gurluşygynyň we maýa goýumlaryň özleşdirilmeginiň toplumlaýyn alnyp barylmagy. Bu, birinjiden, gurluşygy we önümçilik işlerini düşewüntli gurnamaga; ikinjiden, işe girizilen desgalar üçin ýokary derejeli hünärmenleri taýýarlamaga; üçünjiden, daş-töwerege uýgunlaşan ajaýyp binagärçilik toplumlaryň döredilmegine; dördünjiden, durmuş meseleleriniň (obalarda amatly şert döredilmegi, täze iş orunlaryň döredilmegi we iş bilen meşgullanýanlaryň artmagy, ilatyň ýaşaýyş jaý-durmuş we dynç alyş şertleriniň gowulandyrylmagy) çözülmegine ýardam berýär. “Türkmenistanyň Prezidentiniň obalaryň, şäherçeleriň, etrapdaky şäherleriň, etrap merkezleriň ilatynyň ýaşaýyş-durmuş şertlerini özgertmek boýunça 2025-nji ýyla çenli döwür üçiň Milli maksatnamasynyň” çäginde häzirki wagt ýurduň ähli çäklerinde ilatly nokatlaryň baş meýilnamalary işläp taýýarlanmagyny talap edýär;

– tebigy baýlyklary tygşytly ulanmaklygy we tebigy gurşawy goramaklygy içine alyp, ekologiýa, seýsmiki we sanitar howpsuzlyk kadalaryna laýyk bolmagy.

Bu maksatlara çalt ýetmeklik üçin maýa goýum syýasatynyň ugurlar boýunça hiliniň düýpgöter üýtgetmekligini talap etmekligi ýüze çykaryp, düşewüntli hereket edýän milli ykdysadyýetiň döredilmegine Türkmenistanyň hökümeti işjeň gatnaşýar.

Türkmenistanda maýa goýum syýasatynyň gysga we uzakmöhletleýin strategik ugurlary ýurtda eýeçiligiň ähli görnüşleri üçin deň ykdysady şertleri döretmek, dünýä bazarlarynda bäsdeşlige ukyply harytlary öndürip biljek haryt öndürijileri döwlet tarapyndan goldamak bolup durýar.

Maýa goýumlar diňe döwletiň däl-de, eýsem hususy kärhanalaryň we aýratyn şahslaryň bähbidine degişli bolýar. Şonuň üçin maýa goýum işi sazlaşdyryp, daşary ýurtlularyň we ýurdumyzdaky maýalary ykdysadyýetimize çekilmegine, maliýe töwekgelçiliginiň peselmegine ýardam berip, bu işe ähli gatnaşyjylaryň bähbidi döwlet tarapyndan berjaý edilýär.

Maýa goýum syýasatynyň esasy maksatlary maýa goýum işiniň ösüşi üçin oňaýly şertleri döretmek, ykdysadyýetiň durnukly ösüşini gazanmak üçin maýa goýum serişdelerini ykdysadyýetiň ileri tutulýan pudaklarynda özleşdirmek, ykdysadyýetiň diwersifikasiýasy, giňeldilen üznüksiz önümçiligi üçin şertleri döretmek bolup durýar.

Bu maksatlara ýetmek üçin döwletiň maýa goýum syýasaty, esasan, aşakdaky meseleleriň çözülmegine gönükdirilýär:

– halkara ülňülerine laýyk gelýän maýa goýum gurşawynda kada-kanunlaryň binýady döredilýär;

– ýurduň ykdysadyýetine çekiljek maýa goýumlaryň möçberi artdyrylýar we hili ýokarlandyrylýar;

– ýurduň ilatynyň iş bilen üpjünçiliginiň ýokarlanmagyny, täze iş orunlarynyň döremegini üpjün edýän maýa goýum taslamalarynyň amala aşyrylmagyna döwlet tarapyndan ýardam berilýär;

– sebitleriň durmuş-ykdysady ösüş derejesini kem-kemden deňleşmegini üpjün etmekde çäreler görülýär – “Türkmenistanyň Prezidentiniň obalaryň, şäherçeleriň, etrapdaky şäherleriň we etrap merkezleriniň ilatynyň ýaşaýyş-durmuş şertlerini özgertmek boýunça 2025-nji ýyla çenli döwür üçiň Milli maksatnamasy”, “Türkmenistanyň durmuş-ykdysady ösüşiniň 2011–2030-nji ýyllar üçin Milli Maksatnamasy” we aýratyn pudaklar üçin Milli maksatnamalar;

– baýlyklary aýap saklaýan we ekologiýa taýdan arassa tehnologiýalary artdyrmak, önümçilik kuwwatlyklarynyň derejesini tehnologiýa taýdan ösdürmäge höweslendirýän ykdysady gurallary işläp taýýarlanýar;

– hereket edýän kärhanalarda esasy serişdeleri öz wagtynda täzelemeklige we üstüni doldurmaklyga gönükdirilen maýa goýum işleri güýçlendirilýär;

– ilatyň süýşürintgilerini maýa goýum maksatlar üçin ulanmaklygyň hukuk binýady kämilleşdirilýär.

Türkmenistanda maýa goýum şertlerini gowulandyrmak üçin kanunçylyk binýady kämilleşdirilýär, telekeçiligi ýöretmekde we döwlete degişli bolmadyk ulgamyň ösüşine badalga bermek üçin amatly ykdysady şertler döredilýär. Şu babatda 2011-nji ýylyň 30-njy maýynda "Mikromaliýe guramalary we mikromaliýeleşdirme hakynda" Türkmenistanyň kanuny kabul edildi. Ýurdumyzda syýasy-jemgyýetçilik durnuklylygy, milli pulumyzyň mäkämliligi we ykdysadyýetimiziň ýylsaýyn ösüşi, kuwwatly çig mal-serişdeleriň binýady we işçi güýjüniň degişlilikde arzanlygy, daşary ýurtlular tarapyndan ýurdumyza maýalary goýmaga özüne çekijiligi we gelejegi bar bolmaklygy häsiýetlendirilýär. Bu bolsa, olaryň netijeliligini kepillendirýär. Bu hakykaty Türkmenistana iş sapary bilen gelen Halkara walýuta gaznasynyň (HWG) agzalar toparynyň hasabaty hem tassyklaýar. Ýurdumyzyň görkezijileriniň ýokary ykdysady ösüşini belläp, HWG-niň hünärmenleri, Türkmenistanyň gelejekdäki ösüş meýliniň çaklamasyny we maýalary goýmaga has özüne çekiji ýurt hökmünde, onuň reýtinginiň ýokarlanmagyny nygtap geçdiler. Bu bolsa öz gezeginde, gurluşyk hyzmatlary bazarynyň geljekde giňelmegini üpjün eder.

Häzirki wagtda namalary resmileşdirmegiň wagtyny we sanawyny gysgaltmakda, kärhanalary hasaba almaklygyň, haryt-çig mal biržasynda harytlary ýerleşdirmegiň, harytlaryň eksportynyň we importynyň, gümrük namalarynyň resmileşdirilmeginiň, ygtyýarnamalary almaklygyň wagtyny gysgaltmakda kanunçylyk binýadynyň kämilleşdirilmeginiň üstünde hem işler alnyp barylýar.

Döwletiň maýa goýum syýasatynda daşary ýurtly maýadarlary çekmek üçin amatly şertleri döretmeklik aýratyn orun tutýar. Täze tehnologiýa görnüşde daşary ýurt maýa goýumlaryny çekmeklik, gysga möhletiň dowamynda möhüm taslamalary durmuşa geçirmekligine we ýurtda netijeli, köptaraplaýyn ösen, bäsdeşlige ukyply ykdysadyýetiň döredilmegine ýardam berýär. Şeýle hem, işjeň maýa goýmaklyk işi tutuş ýurduň ykdysady mümkinçiligini öňünden kesgitleýär, iş orunlarynyň artmagy bilen, ilatyň hal-ýagdaýynyň ýokarlandyrylmagyna ýardam berýär.

Berkarar döwletimiziň bagtyýarlyk döwründe, ýyl-ýyldan ösüp barýan ykdysadyýetimiziň talaplaryna laýyk gelýän önümçilik we durmuş ulgamlarynyň dürli desgalaryny gurmak we durkuny täzelemek, bäsdeşlige ukyply we önümçilik kuwwatlylygy ýokary bolan milli gurluşyk toplumyny döretmek, geljekki döwrüniň möhüm strategik maksatlarydyr. Bu maksatlara ýetmek üçin, aşakdaky esasy wezipeler çözülmelidir:

– maýa goýum taslamalarynyň gysga wagtda durmuşa geçirilmeginiň esasy binýady bolup durýan gurluşyk edaralarynyň tehniki üpjünçiligini berkitmek, döwlete degişli bolmadyk gurluşyk kärhanalarynyň sanynyň artmagyna döwlet tarapyndan goldaw bermek;

– ýurdumyzda döwletiň serişdelerini maýa goýum maksatlara gönükdirmek bilen bir hatarda, hususy eýeçilikdäki süýşürintgileri netijeli maýa goýuma öwürmekde taslama we potratçylyk bazaryny ösdürmek zerur. Bu çäre subýektleriň maýa goýumlarynyň netijeliligini kepillendirer;

– içerki potratçylyk bazarynyň isleglerini doly kanagatlandyrmak üçin senagat önümleriniň görnüşleriniň öndürijilik kuwwatyny yzygiderli artdyrmak;

– gurluşyk işleriniň senagatlaşdyrma derejesini ýokarlandyrýan materiallaryň we gurnawlaryň netijeli önümçiligini giňeltmek;

– gurluşyk önümleriniň düzüminiň assortimentini we nomenklaturasyny diwersifikasiýalaşdyrmak;

– ýokary tehnologiýaly gurluşyk materiallaryny we gurnawlaryny ýurdumyzda öndürmegi başartmak, importyň ýerini tutýan önümçiligi ýola goýmak üçin bu ugurda işleýän ylmy-barlag institutlarynyň intellectual maýasynyň üstüni mydama doldurmakda we tehniki binýadyny ýokary derejede saklamakda şertler döretmeli;

– gurluşyk pudagynda nyrhlary kesgitleýji kada-ölçeg binýadyny kämilleşdirmek;

– gurluşyk işlerine degişli tehniki kadalary we kadalaşdyryş namalary kämilleşdirmek;

– şäher-binagärlik işi boýunça döwlet syýasatyny kämilleşdirmek.

## *4.4. Düýpli maýa goýumlaryň üýtgeýşi we ykdysadyýetiň ýagdaýy*

Düýpli maýa goýum ulgamyndaky gatnaşyklar maliýe gatnaşyklarynyň möhüm bir bölegidir. Düýpli maýa goýumlar (bu bapda - maýa goýumlar) peýda almak ýa-da durmuş netijesini gazanmak üçin, esasy serişdeleri we maddy serişdeleriň ätiýaçlaryny, gymmatlyklary döretmäge gönükdirilen uzak möhletleýin goýumlardyr. Ýagny, maýa goýum işi uly möçberli pul-haryt gatnaşyklary bilen baglydyr we onuň netijeliligi, ýurtda ýola goýlan maliýe gatnaşyklarynyň derejesine bagly bolup durýar, Ykdysadyýetiň dürli ugurlarynyň ösüş depginine bagly bolan maýa goýumlarynyň düzüminiň ähli görnüşleriniň (pudaklaýyn, ulgamlaýyn, sebitleýin, eýeçiligiň görnüşleri boýunça, üznüksiz önümçilik we tehnologik, maliýe çeşmeleri, ministrlikler we pudaklaýyn edaralar, pudaklaýyn toplumlar boýunça) derejesiniň üýtgeýşi ykdysadyýetiň ýagdaýyny häsiýetlendirýär. Şeýle hem amatly maýa goýum şertlerini döretmek bilen, maýa goýum işlerini işjeňleşdirip, ykdysadyýeti düýpgöter özgertmek bolýar.

Ykdysadyýetiň durnukly we sazlaşykly ösmeginiň derejesini, ýurduň ykdysadyýetiniň döwrebaplaşdyrylmagyny we öz wagtynda esasy serişdeleriň täzelenmegini maýa goýumynyň düzümi we möçberi şertlendirýär. Şeýlelikde, Türkmenistanyň ykdysady syýasatynda maýa goýum syýasaty möhüm orny eýeleýär. Býujet meýilnamasynyň çäklerinde geljekki täze ýyl üçin ministrlikler we pudak edaralarynyň gatnaşmagynda, Türkmenistanyň maliýe we ykdysadyýet ministrligi, Türkmenistanyň maliýe ministrligi bilen bilelikde her ýyl maýa goýum maksatnamasyny düzülýär we özbaşdak kitaby çap edip çykarylýar. Şonda eýeçiligiň görnüşleri, ministrlikler we pudaklaýyn edaralar, pudaklaýyn toplumlar, tehnologik we üznüksiz önümçilik gurluşlary, maliýe çeşmeleri boýunça maýa goýumlarynyň meýilnama görkezijileriniň möçberi görkezilýär. Şeýle hem bu maksatnamada bellenilen möhüm gurluşyk desgalaryň sanawy bellenilýär.

Öz wagtynda maýa goýumlarynyň amala aşyrylmagy we işe girizilen desgalaryň hili hakyky maliýe çeşmeleriniň aýdyn anyklamasyna bagly bolup durýar.

Maýa goýumlarynyň düzümini kämilleşdirmekde, ykdysady taýdan ösen ýurtlaryň tejribesini öwrenip, ykdysadyýetiň innowasiýalary

kabul ediş ukybyny ýokarlandyrmaga ýardam bermekde oňaýly şertleri döretmek maýa goýum syýasatyň esasy wezipesi bolup durýar.

Häzirki zaman dünýä hojalygyna aralaşmagyň çuňlaşýan şertlerinde maýa goýumlarynyň düzümini kämilleşdirmekde dünýä tejribesini öwrenmek we ýurdumyza olaryň oňyn ýollaryny ýüze çykarmak, ykdysady taýdan ösen döwletlerde maýa goýumlarynyň ähli ugurlar boýunça diwersifikasiýalaşdyrmagyň ýollaryny we ýurdumyzyň ykdysadyýetine olary ornaşdyrmak mümkinçiligini öwrenmek, ýurdumyzyň ykdysadyýetiniň aýratynlyklaryny (tebigy baýlyklaryň has ýokary derejede ýeterliligi, ilatyň degişlilikde, az sany, ýokary hünär derejeli işçi güýçleriniň barlygy we ş.m.) göz öňünde tutup, maliýe ulgamyny özgertmek, maýa goýum syýasatynyň esasy meseleleridir:

Maýa goýumlarynyň ýagdaýy, esasan, olaryň düzümleriniň we ösüş depgini bilen seljerilýär. Hakyky netijelere ýetmek üçin, ykdysady prosesleriň seljermesinde görkezijileriň diňe ösüş depginini däl-de, eýsem olaryň düzümine hem seretmek zerur. “Düzüm” diýen düşünje – bu ulgamyň bölekleriniň we elementleriniň hem bütinligiň arasyndaky kanunylyk, durnukly gatnaşygyny we özara gatnaşygyny aňladýar. Ykdysadyýetiň netijeli hereketi maýa goýumlarynyň pudaklaýyn, senagat pudaklary, ulgamlaýyn, sebitleýin, eýeçiligiň görnüşleri boýunça, üznüksiz önümçilik we tehnologik, maliýe çeşmeleri, ministrlikler we pudaklaýyn edaralar, pudaklaýyn toplumlar boýunça oňyn düzümlerine bagly bolup durýar.

Ykdysady amallaryň netijesi, ykdysatçy alymlaryň barlaglary boýunça islendik hojalygyň netijeliligi ýylsaýyn maýa goýum işiniň amala aşyrylmagyna bagly bolup durýar. Ýagny, giňişleýin üznüksiz önümçiligi amala aşyrmak diňe maýa goýum işine başardyp bilýär.

Telekeçiligiň täze döreýän şertinde uzak möhletleýin karzlary maýa goýumlaryň möhüm çeşmeleriniň biri bolup durýar. Uzak möhletleýin bank karzlary, birinjiden, ykdysadyýetiň strategik ugurlarynyň maksatlaryny amala aşyrmaga gönükdirilýär. Uzak möhletleýin karzlar üç esasy ýörelgä daýanýar: karz üpjünçiligi, gyssaglylyk, töleglilik. Şunda karzlary bermegiň düzgüni, olary üzmek usullary şertnamanyň şertlerini ýerine ýetirmekde, bank barlaglarynyň gurnalyşy barada gürrüň edilýär. Bu ýörelgeleri ýerine ýetirmek, goýlan puluň jeminiň, müşderleriň ynanjynyň we sanynyň ösüşiniň esasy sebäbi bolup durýar.

Subýektleriň bähbidine täsir edýän talabyň öňdebaryjy ösüşi barada ykdysady obýektiw (hiç bir bähbide garaşly bolmaýan) kanunyň hereketine görä, maýa goýmaklyk işiniň dürli-dürli sebäplere ýokary derejede garaşly bolýandygy, bazar ykdysadyýetinde hojalygyň oňaýly şertlerinde aýry-aýry subýektleriň maýa goýum maksatlary üçin maliýe serişdelerini toplamak gurallaryny ssuda maýasynyň bazarynyň ösüşiniň üsti bilen işletmegini üpjün edýär. Oňaýsyz maýa goýum şertlerinde maýa goýum mümkinçilikler bütünleý ulanylmaýar. Bu ýagdaýda ýygy-ýygydan şu serişdeler hakyky aktiwleriň döredilmegine däl-de, eýsem isleg bildirilýän harytlary satyn almaga gönükdirilýär.

Maýa goýum işini goldamakda maliýe lizingi (enjamlary, tehnikalary kärendesine bermek) ösdürmek ileri tutulýan ugurlaryň biri bolýar. Bu hem, maýa goýum taslamalarynyň üstünde işlemäge gönükdirilen maliýe ulgamynyň esasy elementiniň biri bolup durýar.

Şeýlelikde, häzirki döwür ýurdumyzda ilatyň süýşürintgilerini we kärhanalaryň döwürleýin erkiň maliýe serişdelerini ssuda maýanyň bazary arkaly peýdalanmak, amortizasiýa tutumlary, lizing ýaly maýa goýumlaryň şeýle çeşmeleri has ýokary derejede ykdysadyýetiň ösüşine täsir edýär. Bu öz gezeginde esasy bazaryň düzümleriniň ýeterlikli ösmegine baglydyr. Esasy serişdeleri döretmekde we täzelemekde maýa goýumlary özleşdirmek üçin hususy maýa goýumlary we ilatyň süýşürintgilerini çekmekde döwletiň we döwlete degişli bolmadyk pensiýa gaznalary, ätiýaçlyk, kompaniýalary ýaly bazar düzümleri uly oruny ýerine ýetirip bilýärler.

Bütündünýä hojalygyna ýurduň aralaşdyrylmagynyň çuňlaşdyrylýan eýýamynda milli ykdysadyýetiň ösmeginde esasy ähmiýeti daşary ýurt maýa goýumlary ýerine ýetirýär.

Ylmy-tehniki ilerlemäniň döwrebap zamanasynda, ykdysadyýetiň durnukly ösüşi ýurtda döwlete dahylsyz bölekdäki subýektleriň üstünlikli hereketlenmegine baglydyr. Döwlete dahylsyz bölekdäki subýektler, esasan, bazar gatnaşyklarynyň ösüş döwründe kiçi we orta kärhanalar görnüşinde ýa-da hususy telekeçi hökmünde çykyş edýärler. Olar öz işinde başarnykly peýdalanmak häsiýetli bolany sebäpli, ylmy-tehniki ilerlemäniň gazananlaryny çalt durmuşa geçirýärler we öz nobatynda ylmy-tehniki ilerlemäniň gazananlaryny durmuşa

geçirmekde iri kärhanalar üçin synag meýdançasy bolup durýarlar. Şonuň üçin, dünýäniň ösen ýurtlarynda şu ulgamyň ösüşine uly ähmiýet berilýär. Döwlete dahylsyz bölegiň ösüşi maýa goýum işiniň ýagdaýynyň derejesine baglydyr.

Ýurdumyzda maýa goýum ýagdaýy ýyl-ýyldan gowulanýar: kanun çykaryjy binýady kämilleşdirilýär, hojalyk şertleri gowulanýar.

## *4.5. Maýa goýumlaryň düzümine täsirini ýetirýän esasy faktorlar*

### *4.5.1. Desgalaryň özüne düşýän gymmatynyň üýtgemegi maýa goýumlaryň düzümine täsirini ýetirýän faktorlaryň biridir*

Desgalaryň özüne düşýän gymmatynyň üýtgemegi onuň gymmatyna täsirini ýetirýär. Şeýlelikde, maýa goýumlaryň düzümine täsirini ýetirýär. Häzirki döwürde gurluşyk edaralary tarapyndan meýilnamalarda we maksatnamalarda göz öňünde tutulan ýaşaýyş jaýlarynyň, önümçilik we durmuş maksatly dürli desgalaryň, edara binalarynyň gurluşyklary giňden alnyp barylýar. Ýerli çig mallary ulanyp, gurluşyk materiallarynyň köp görnüşlerini: sementi, çerepisany, asbest turbalaryny, demir-beton önümlerini, gurluşyk aýnasyny, alýuminden ýasalan penjireleri, reňkleri, santehniki önümleri, gipsi, şpatlýowkany we ş.m. öndürmekligi ýola goýmak işleri çaltlandyrlan depginlerde alnyp barylýar. Şeýle hem ýurdumyzda sement zawodlarynyň, aýna kombinatynyň, keramiki plitalary öndürýän, şeýle hem syrça-reňk materiallaryny öndürýän kiçi kärhanalaryň, inert materiallaryny öndürýän baýlaşdyryjy kärhanalaryň, ýylylyk geçirmeýän materialy öndürýän hem-de sanitariýa-faýans önümlerini öndürýän zawodlaryň, suw syzdyrmaýan izogan materiallaryny öndürýän zawodlaryň we beýlekileriň gurulmagy we onuň netijesinde ýerli önümleriň öndürilişini artdyrmak bilen, onuň hasabyna olaryň importynynyň paýyny kemeltmek işleri “Türkmenistanyň durmuş-ykdysady ösüşiniň 2011–2030-njy ýyllar üçin Milli maksatnamasynyň” çäginde durmuşa geçirilýär.

Döwlet eýeçiligine, hususy we dürli eýeçilige degişli bäsdeşlige ukyply gurluşyk işlerini alyp barýan şereketleriň we gurluşyk materiallaryny öndürýän kärhanalar tarapyndan öndürilýän önümleriň özüne düşýän gymmatynyň belli bir derejede ýylsaýyn üýtgemegi, dünýä bazarynda energoresurslaryň nyrhlarynyň üýtgemegi sebäpli bolup biler. Ýene bir sebäbi ýurdumyzda ýokary hilli önümleri öndürmek üçin satyn alynýan tehnikalalaryň, tehnologiýalaryň we gaýry harytlaryň nyrhlaryna hem bagly bolup durýar. Munuň bolsa belli bir derejede işleriň, hyzmatlaryň we harytlaryň özüne düşýän gymmatynyň üýtgemegine täsir edýändigini hem bellemek gerek.

Ýurdumyza import edilen maşynlaryň, enjamlaryň we mehanizmleriň möçberi 2010-njy ýylda 2390,2 mln. amerikan dollaryna deň bolan bolsa, ol 2013-nji ýylda 4237,5 mln. amerikan dollaryna (77,3% artyş), ulag serişdeleriniň möçberi 2010-njy ýylda 680,6 mln. amerikan dollaryna deň bolan bolsa, ol 2013-nji ýylda 1239,0 mln. amerikan dollaryna (82% artyş) deň boldy. Ýokary derejede esasy serişdeleriň aktiw böleginiň ösüşi öndürilen önümiň gymmatynda olaryň amortizasion tutumlarynyň möçberini hem üýtgedilýändigine getirmeginiň mümkinligini bellemek gerek.

Şeýle hem döwlet eýeçiligine, hususy we beýleki dürli eýeçilige degişli kärhanalarda, her ýylda ortaça aýlyk zähmet haklarynyň üýtgedilmegi belli bir derejede gurluşyk işleriniň we gurluşyk işlerinde edilýän hyzmatlaryň nyrhynyň üýtgedilýändigine öz täsirini ýetirýär.

Mundan başga-da, desgalaryň özüne düşýän gymmatynyň üýtgemegi maýa goýumlarynyň maliýeleşdiriş çeşmeleriniň düzümine täsirini ýetitýär.

Ýokarda agzalanlary we beýlekileri köptaraplaýyn öwrenip, gurluşyk ugurda oýlanyşykly nyrhlaryň emele gelşini düzgünleşdirmek we ýurdumyzda amala aşyrylýan gurluşyk işlerinde we beýleki ugurlar boýunça alnyp barylýan çäreleri öz wagtynda hem-de ýokary hilli durmuşa geçirmek üçin zerur bolan enjamlaryň, harytlaryň, çig mallaryň we beýlekileriň importynyň mukdaryny çaklamaklyk hem-de meýilnama esasynda ýurdumyza öz wagtynda yzygiderli getirilmegini ýola goýmak häzirki wagtda wajyp bolup durýar.

Döwlet eýeçiligine, hususy we beýleki dürli eýeçilige degişli kärhanalarda amortizasion tutumlary maşynlaryň, enjamlaryň, mehanizmleriň, jaýlaryň we beýlekileriň ulanyş möhletine görä

bellenen möçberde (kadalara laýyk) amala aşyrylmagyny düzgünleşdirmeklik hem wajyp meseleleriň biri bolup durýar.

Ýokary hilli tehnologiýaly we innowasion esasda gurluşygy alyp barýan, gurluşyk materiallary öndürýän kärhanalary we guramalary döretmek, ýurdumyzda maýa goýum bazarynyň konýukturasyny kanagatlandyrar.

Etraplarda hem-de şäherlerde ýerli çig mallary gazlyp alynýan we gaýtadan işlenýän, gurluşyk materiallaryny, demir-beton önümlerini we beýlekileri öndürýän kärhanalary häzirki zaman enjamlar bilen enjamlaşdyrmak, ýerli çig mallary gazlyp alynýan we gaýtadan işlenýän täze kärhanalaryň gurluşygyny çaltlandyrmak, bu önümleriň özüne düşýän gymmatynyň arzanlamagyna, olaryň öndürlişiniň mukdaryny artdyrmaklyga, şeýle hem täze iş orunlarynyň döremegine ýardam berer.

Gurluşyk kärhanalaryny maýa goýumlary bilen üpjün etmek maksady bilen, karz ulgamynyň, lizingiň we beýlekileriň ösen ulgamyny döretmek maksadalaýykdyr.

### *4.5.2. Bazar gatnaşyklarynyň ýörelgelerini durmuşa ornaşdyrmagy çaltlaşdyrmak*

Bazar gatnaşyklarynyň esasy ýörelgesi döwletiň kanunlaryna garşy gelmezden, subýektleriň ykdysady erkinligidir. Maýa goýumlaryň düzüminiň (ulgamlaýyn, pudaklaýyn, tehnologik, üznüksiz önümçilik boýunça, sebitleýin) amatly gatnaşygy ykdysadyýetiň durnukly we ýokary depginli ösüşiniň möhüm faktory bolup durýar. Bu bolsa ykdysady şertleriň, subýektleriň girdejileriniň, ilatyň tölege ukyplylygynyň derejesine baglydyr we munuň özi olara täsirini ýetirýär. Maýa goýumlaryň pudaklar, sebitler, gurluşygyň görnüşleri (täze desgalaryň gurluşygy, hereketdäki kärhanalaryň durkuny täzelemegi, enjamlaşdyrylmagy) boýunça ugurlara gönükdirilmeginiň netijesi, ýurtda jemi içerki önümiň öndürilişiniň möçberine täsirini ýetirýär. Mysal üçin, eger köp ýyllar serişdeleriň ep-esli bölegini agyr senagatyň esasy serişdelerini döretmäge gönükdirilse, ýurtda sarp ediş harytlaryň önümçiligi pes derejede galar we ilatyň isleglerini kanagatlandyrmak üçin importy ýokarlandyrmak mejbur bolýar ýa-da serişdeleriň ulanyş netijeliligi peseler. Ýa-da, eger-de ilatyň

tölege ukyplylygy ösen döwletleriňkiden has pes derejede saklansa, ýurtda önümçiligiň ösüş depgini peseler we daşary ýurtlardan hili hem bahasy pes harytlar getiriler.

Şu aşakdaky 4.1-nji suratda jemi içerki önümiň ulanylyşy görkezilen. Şonda JIÖ-niň gaznalar we ugurlar boýunça bölünişi, olaryň biri-birine bagly bolýandygyny anyk görkezýär. Dünýäniň meşhur ykdysatçy alymlarynyň nazaryýeti (Keýns J., M. Fridmen, S. Kuznes, Robert Solou, Ý. Domar, R. Harrod, Kobb, Duglas,Ý. Şumpeter) boýunça ilatyň tölege ukyplylygynyň ýokary derejesiniň bolmagy maýa goýumlarynyň möçberiniň ýeterligi, olaryň oňaýly düzümi, täze tehnolohiýanyň ornaşdyrylmagy, ykdysadyýetiň durnukly ösüşini üpjün edýär. Ilatyň tölege ukyplylygynyň ýokary derejesine ýetmekde ýurduň ähli künjeklerinde önümçilik ulgamynyň ösdürilmegine itergi bermek wajyp bolup durýar. Bu bolsa, öz gezeginde, ilatyň girdejisiniň ýokarlanmagy bilen, hyzmat edýän pudaklarynyň ösüşine itergi berer. Eger-de ilatyň girdejisi ýeterlikli bolmasa, gurulýan durmuş desgalary hereketlenmän galar.

Şu surat boýunça jemi içerki önümiň bölünişinde toplanma we sarp ediş gaznalarynyň arasyndaky amatly gatnaşygy saklamak, toplanma gaznasynyň maýa goýumyna gönükdirilen serişdeleriniň hem pudaklar, sebitler, ugurlar boýunça bölünişinde amatly gatnaşygy saklamak netijesinde geljekde jemi içerki önümiň artdyrylmagy, üpjün edilýändigi we maýa goýumlarynyň çeşmesiniň giňelýändigi görünýär.




**4.1-nji surat. Jemi içerki önümiň ulanylyşy**

Maýa goýumlaryň özleşdirilmeginiň her bir tapgyryny ykdysady görkezijiler bilen häsiýetlendirmek bolýar. *Ykdysady ylmynda maýa goýumlaryň netijeliliginiň absalýut we deňeşdirme koeffisiýentini tapawutlandyrylýar. Makroykdysady derejede maýa goýumlaryň absalýut netijeliliginiň koeffisiýentini hasaplamak üçin, jemi içerki önümiň artyşyny maýa goýumlarynyň möçberine bölmeli.* Şu görkezijiniň ters gatnaşygy maýa goýumlarynyň özüni ödeýiş möhletini aňladýar.

*Aýry-aýry pudaklar boýunça maýa goýumlaryň netijeliligi, peýdanyň ýa-da jemi girdejiniň artyşynyň maýa goýumlarynyň möçberine gatnaşygy hökmünde kesgitlenýär.*

Pudak we kärhana derejesinde maýa goýumlaryň netijeliligi, önümiň özüne düşýän gymmatynyň maýa goýumlary özleşdirmekden öňki we ondan soňky möçberleriniň tapawudyny maýa goýumlarynyň möçberine gatnaşdyryp, hasaplamak hem bolýar.

Taslama düzme tapgyrynda taslamalaryň arasyndan iň amatlysyny saýlamak üçin maýa goýumlaryň netijeliliginiň deňeşdirme görkezijisi hasaplanýar. Bu gündelik önümçilik harajatlarynyň we maýa goýumlaryň olar bilen deňeşdirme ýagdaýyna getirilen harajatlaryň jemine deňdir. Onuň şekili şunuň ýalydyr:

$$H_i + N_k M_i \rightarrow min.$$

Bu ýerde:

$H_i$ – taslamanyň *i* görnüşi boýunça gündelik harajatlar;

$N_k$ – maýa goýumlaryň netijeliliginiň kadaly derejesi (0,14);

$M_i$ – taslamanyň *i* görnüşi boýunça maýa goýumlaryň möçberi.

Şonda saýlanyp alynýan taslamanyň bu görkezijisi beýlekilerden pes bolmaly. Maýa goýumlaryň ugurlar boýunça amatlylygy ahyr netijede maýa goýumlaryň netijeliliginiň koeffisiýentine we olaryň özüni ödeýiş möhletine täsirini ýetirýär. Ykdysadyýetiň ýagdaýyna baha bermekde we amatly derejeleri üpjün etmekde, ähli görkezijileriň özara baglanyşykly ulgamynyň ulanylmagy, taslamalar esaslandyrylanda hem ylmy taýdan esaslandyrylan kadalardan ugur alymnagy zerur bolup durýar.

Maýa goýumlaryň netijeliligini geljek döwürde ýüze çykarmak bilen onuň hasaplamasynda özleşdirilen maýa goýumlaryň geçen ýyllardaky möçberini ulanmak bolýar. Häzirki zaman ylmy-tehniki ilerlemäniň derejesine baglylykda, maýa goýumlaryň netijeliliginiň absalýut koeffisiýentiniň kadasy, tutuş ýurt boýunça ($N_k$) 0,14-e deň, senagatda 0,16-a, oba hojalygynda 0,12-ä, gurluşykda 0,22-ä, söwdada 0,25-e deň. Hasaplanan koeffisiýentleri kadaly dereje bilen deňeşdirmeli, şonda hasaplanan koeffisiýentiň derejesi onuň kada derejesine ýakyn bolmagy ýa-da deň bolmagy maýa goýumlaryň netijeli ulanylmagyny aňladýar. Eger-de maýa goýumlaryň netijelilik koeffisiýenti kadaly derejesinden has ýokary bolsa, bu jemi içerki önümiň ýa-da maýa goýumlaryň möçberleriniň ýalňyş hasaplanylýandygyny görkezýär.

Häzirki döwre çenli döwlet tarapyndan ýurdumyzy netijeli dolandyrmakda amatly şertler döredilen. Bu şertler, esasan, eýeçiligiň ähli görnüşindäki hojalyk subýektleriniň arasyndaky göni gatnaşyklary ýola goýýar. Mundan beýläk, olaryň arasynda gytaklaýyn gatnaşyklaryň ýola goýulmagy güýçlener. Gytaklaýyn gatnaşyklaryň ýola goýulmagy herbir hojalygy ýöredýäniň bähbidini höweslendirip, ykdysady özgertmeleriň çaltlaşdyrylmagyna ýardam berer.

Gytaklaýyn gatnaşyklar esasy subýektleriň bähbidine bagly bolup durýar. Türkmenistanda gurulýan iri desgalary ösüş nokatlary hökmünde hereket edýän bolsa, kiçi we orta hususy kärhanalar olaryň çäginde hyzmatdaşlyk işini, olara gerekli kiçi gerimli önümçiligi ýola goýmaklygy, olar üçin ylmy-barlag işiniň netijelerini durmuşa geçirmekde synag meýdançasy hökmünde çykyş etmegi amala aşyrýarlar. Gytaklaýyn gatnaşyklaryň netijeli ýola goýulmagy hem ministrlikleriň (pudak edaralaryň), häkimlikleriň işiniň bahalandyrylmagyna baglydyr. Häzirki döwür pudak ministrlikleri we edaralary, häkimlikler beýleki eýeçilikdäki subýektleriň hereketini bäsdeş hasap edýärler we olaryň işiniň ýokary derejede şowly gidişine gyzyklandyrma bildirmeýärler. Şonuň üçin ykdysadyýetiň diwersifikasiýalaşdyrylmagyny we innowasiýalary çalt durmuşa geçirmekde ministrlikleriň (pudak edaralaryň), häkimlikleriň işini olaryň garamagyndaky pudakda ýa-da çäkde hususy kärhanalaryň sanynyň köpelmegi bilen bahalandyrmalydyr.

### *4.6. Gaýtadan işleýän senagat önümçiligi we importyň ýerini tutýan önümçiligi ösdürmekde şertleri döretmek*

Ykdysadyýeti netijeli dolandyrmak üçin ähli sebitlerdäki tebigy, maddy we ahlak resurslaryň artdyrylmagy üçin şertleriň döredilmegi we olaryň netijeli ulanylmagy wajypdyr. Şu maksatlara ýetmek üçin milli önümçiligiň ösüşini, goldanalmagyny we höweslendirilmegini üpjün etmekde bar bolan önümçilik kuwwatlyklaryň doly ulanylmagy, täze iş orunlaryň döredilmegi, ylmy-tehniki ilerlemäniň gazananlaryny çalt durmuşa geçirip, önümçilik harajatlarynyň möçberini peseltmek wajypdyr. Munuň özi, importyň ýerini tutýan önümçiligi we milli haryt öndürijileri we içerki bazary goramaga ýardam berýär.

Ýurdumyzda importyň ýerini tutýan önümçiligi ösdürmek üçin oňaýly şertler döredilendir we gerekli faktorlar bar. Bu täze döwrebap kommunikasiýalaryň, ýaşaýyş jaý-jemagat hojalygynyň, medeniýet we dynç alyş desgalarynyň barlygy, ýokary hünärli işçi güýjüni taýýarlamak we gaýtadan taýýarlamak mümkinçiligiň barlygy, sarp ediş bazarda hyrydarlygyň ýokary derejede bolmagydyr. Şu faktorlary netijeli ulanmak üçin, işjeň gurallaryň hereketini ýola goýmak zerurdyr.

Häzirki döwürde döwlet tarapyndan ägirt uly desgalaryň gurluşygy amala aşyrylýar. Emma döwlet tarapyndan döwlete dahylsyz subýektler üçin amatly şertleriň döredilmegi bilen, olaryň mümkinçilikleri pes derejede ulanylýar. Şol sebäpli, şu meseläniň çözülmegi üçin ykdysady taýdan ösen we ösüp barýan döwletleriň amallaryna daýanmak maksadalaýyk bolar. Bu ýurtlarda hususy eýeçilikdäki subýektleri işjeňleşdirmekde birnäçe ýörelgeler ulanylýar:

– birinjiden, eýeçiligiň islendik subýekti diňe ähli tarapdan öz serişdeleriniň ýitgisiz ulanmagynyň kepillendirilen ýagdaýda öz maýa goýumyny ykdysadyýete özleşdirmäge taýýar bolýar. Şonuň üçin olaryň gozgalmaýan emlägini döwlet tarapyndan goramaklygy kepillendirmegi güýçlendirmeli;

– ikinjiden, hojalygy ýöredýän subýektleriň maýalarynyň aýlanyşynyň möçberiniň pes derejede bomagy bilen olary salgyt tölegleri, statistika hasabatyny bermek we ş.m. wajyp amallardan boşadylýar. Bu amallary ýurdumyzda ulanmaklyk telekeçiligi höweslendirer, bazar gatnaşyklarynyň ýaýbaňlaşdyrylmagyna, ykdysadyýetiň diwersifikasiýalaşdyrylmagyna hem-de innowasiýalary ähli pudaklarda aralaşdyrmagyna ýardam berer;

– üçünjiden, ykdysadyýeti netijeli dolandyrmakda döwlet öz işinde eýeçiligiň ähli görnüşindäki hojalyk subýektleriniň arasyndaky dik we gytaklaýyn gatnaşyklary kämilleşdirilmeli;

– dördünjiden, telekeçiligi alyp barmakda taýýarlamaly resminamalaryň sany has az bolmaly we köp wagt talap edilmeli däl. Bu telekeçiligi höweslendirýän faktorlaryň biridir.

Ykdysadyýetiň ösüşi gazyp alynýan pudaklaryň, gaýtadan işleýän senagatyň we häzirki zaman ýokary tehnologiýaly pudaklaryň ösüşiniň hasabyna mümkindir. Täze senagat taýdan ösen aziýadaky ýurtlarda (Hindistanda, Hytaýda, Braziliýada, Meksikada) importyň ýerini tutýan önümçilik azyk we beýleki sarp ediş harytlary öndürýän senagatyndan başlandy. Soň bolsa şolaryň esasy serişdeleriniň bir bölegini öndürýän önümçiligi ýola goýdular. Şeýlelikde, eksport mümkinçilikleriniň ösdürilmegi bilen bir hatarda, importyň ýerini tutýan önümçiligi ýola goýýan ýurtlar ýokary ykdysady üstünliklere eýe boldular.

Ykdysady ylmy edebiýatlarda ykdysadyýeti düzüm taýdan özgertmekde importyň ýerini tutýan strategiýasy 2 görnüşe bölünýär:

1) içerki bazaryň hyrydarlygyny kanagatlandyrmak. Bu ýol täze tehnologiýalaryň we tehnikalaryň daşary ýurtlardan getirilmegi bilen häsiýetlendirilýär;

2) importyň ýerini tutýan önümçiligiň ösdürilmegi bilen, eksporta gönükdirilen önümçiligiň ösdürilmegi. Şunda senagatyň halkara spesializasiýasy we kooperasiýasy baş ýörelgesi bolýar. Şu ýol kem-kemden ykdysadyýetiň ýokary tehnologiýaly ösüşine eýe bolmaga mümkinçilik berýär.

Türkmenistan öz ykdysady strategiýasynda 2 ýollary göz öňünde tutup, özgertmeleri amala aşyrýar. 2015-nji ýylda “Türkmenistanda daşary ýurtlarda getirilýän harytlaryň ornuny tutýan önümçiligi ösdürmek boýunça Döwlet maksatnamasy kabul edildi”.

### *4.7. Innowasion maýalaryň akymyny güýçlendirmek kärhananyň maliýe ýagdaýynyň derejesini ýokarlanmagynyň esasy faktory*

Häzirki döwrüň tehnologiýalary öndürijiliginiň ýokary bolmagyndan başga-da öz ýokary nyrhy bilen tapawutlanýar. Şol sebäpli, täze önümçiligiň gurluşygyna gönükdirilen maýa goýumlaryň düzüminde öňkülere garanyňda maşyn, mehanizmleriň we enjamlaryň paýy ýokarydyr. Ýagny, innowasiýalary ornaşdyrmaklyk hem maýa goýumlaryň düzümini kämilleşdirýär.

Türkmenistanda innowasion maýalarynyň akymyny güýçlendirmekde ykdysady gatnaşyklaryň özgerilmegi dowam edýär: ykdysady gatnaşyklary ýola goýmakda kanun binýatlary kämilleşdirilýär, telekeçiligi we işewürligi höweslendirmekde amatly ykdysady şertler döredilýär, önümçilik bilen meşgul subýektler üçin ýeňillikli karz we salgyt ýeňillikleri berilýär, döwrebap kommunikasiýalaryň gurluşygy döwlet tarapyndan alnyp barylýar we maliýeleşdirilýär, erkin ykdysady zolaklar döredilýär, daşary ýurt maýalary ykdysadyýete çekmeklik işi işjeňleşdirilýär.

Şu çäreleriň amala aşyrylmagy, döwlet we döwlete dahylsyz ulgamda innowasiýalary durmuşa aralaşdyrmaga, ýurduň bäsleşige ukyplylygyny ýokarlamaga uly itergi berýär.

Bütindünýä ykdysadyýete aralaşman maýalaryň we ýokary tehnologiýalaryň dünýä bazarlaryna ýol açman, ýurduň postindustrial ösüşiniň fazasyna geçmek mümkin däldir. Munuň özi bolsa, halkara maýa goýum hyzmatdaşlygynyň çuňlaşmagy bilen amala aşyrylyp bilner. Halkara tejribesi boýunça, ykdysadyýetiň ösüşiniň ýokarlanmagy we innowasiýalaryň çalt ornaşdyrylmagy halkara maýa goýum hyzmatdaşlygynyň çuňlaşmagyna bagly bolup durýar. Şunuň üçin dürli ykdysady derejeli ýurtlarda daşary ýurt maýa goýumlary milli ykdysadyýetiň ösüşine çekmek meselesi uly ähmiýete eýedir. Daşary ýurtlaryň tejribesine görä, ykdysadyýetiň giň hususylaşdyrmagy we sebitleýin aralaşmagyň netijesinde, täze mümkinçilikleriň döredilmegi, şeýle hem erkin söwda syýasaty daşary ýurt maýa goýumlarynyň akymyny ýokarlandyrýar. Dünýewi maýa goýum bazary bäsleşigiň ýitileşdirilen sahnasy bolup durýar. Şonda, durnukly ykdysadyýeti

bolan, öňünden kesgitläp boljak maýa goýum şertli döwletler ýeňiji bolup çykyş edýärler. Daşary ýurt maýa goýumlarynyň akymyny güýçlendirmekde senagat taýdan ösen we pes derejedäki ýurtlar işjeň fiskal, maliýe we beýleki maýa goýum işiniň höweslendirmelerini ulanýarlar. Häzirki döwür dünýäde senagat taýdan ösen döwletleriň paýyna daşary ýurt maýa goýumlarynyň eslisi degişlidir. Daşary ýurt maýa goýumlaryny çekmekde öňdebaryjy senagat taýdan ösen döwletleriň we Hytaýyň durnukly ykdysady ösüşi üçin amatlydygyny subut edýär. Bu bolsa hereket edýän kärhanalary döwrebaplaşdyrmaga, ylmy köp talap edýän önümçiligi (elektronika, robototehnika, biotehnologiýa, aerohemra senagaty) gaýtadan döretmäge, ýurdumyza goşmaça daşary ýurt walýutanyň akymyny güýçlendirmäge ýardam berýär. Esasanam, daşary ýurt maýa goýumlar bar bolan resurslary toplumlaýyn ulanmaga ýardam berip, biri-birine bagly pudaklaryň we önümçilikleriň ösüşiniň derejesine multiplikatiw täsir ýetirýär, işgärleriň hünär derejesini ýokarlandyrýar. Ýagny, olar ykdysadyýetiň innowasiýalary kabul ediş ukybyny ýokarlandyrýarlar.

Türkmenistanda ykdysady gatnaşyklaryň kämilleşdirilmeginiň esasy maksatlary sarp ediş, esasy serişdeler (emläk, maşyn-mehanizmler, enjamlar we beýlekiler.), walýuta, gymmat kagyzlar, işçi güýçler bazaryny ähli sebitlerde ösdürmekdir. Mundan başga-da, harytlaryň we hyzmatlaryň sebitler we daşary ýurtlaryň arasynda erkin akymyny gazanmakdyr.

# *Bäşinji bap*

# PUL AKYMYNYŇ SELJERMESI

## *5.1. Kärhananyň pul akymlaryny dolandyrmakda maliýe seljermesiniň düýp manysy, maksatlary we ähmiýeti*

Islendik dolandyryş çözgüdini durmuşa geçirmegiň esasynda pul serişdelerini peýdalanmak ýatýar. Dolanyşyk serişdeleriniň zerur bolan möçberini saklamak, bergilere hyzmat etmek, zähmet hakyny tölemek, salgytlary tölemek we ulanyş tutumlaryny geçirmek üçin

çykdajylar baradaky çözgüt şolar ýaly çözgütlere degişlidir. Pul serişdeleri düýpli häsiýeti bolan harajatlar, ýagny esasy serişdeler, maddy däl aktiwler, taslama we ylmy barlaglar, maliýe goýumlary üçin hem peýdalanylýar.

Kärhana öz çykdajylaryny amala aşyrmak üçin satuwlardan alynýan düşewüntler, diwidendleriň gelip gowuşmagy, wagtlaýyn karz serişdelerini almak görnüşinde pul toplumynyň laýyk akymyny üpjün etmelidir. Şeýlelikde, kärhananyň işi pul serişdeleriniň hereketiniň ýüze çykmagynyň obýektiw şerti bolup durýar.

**Pul aktiwlerini dolandyrmagyň maksady** – kärhananyň özüniň gaýra goýup bolmaýan maliýe borçnamalary boýunça hasaplaşyk üçin zerur bolan pul serişdeleriniň amatly galyndysyny kesgitlemek, şeýle hem gysga möhletli maliýe goýumlaryny amala aşyrmak üçin maýa goýum mümkinçiliklerini kesgitlemek bolup durýar.

Maliýäni dolandyrmagyň obýektleri pul serişdeleri (kassadaky, bank hasaplaryndaky, ýoldaky) we şu serişdeleriň pul gurallaryna hem-de olaryň ekwiwalentlerine goýlan gündelik maýa goýumlary görnüşindäki ätiýaçlyklary bolup durýar.

**Pul serişdeleri** – pul birliklerinde aňladylan, kassadaky pullar ýa-da debitor bergi (algy) ýaly aktiwlerdir. Serişdeleriň belli bir möçberine erkin çalşyp bolýan we gymmatynyň üýtgemegi babatynda töwekgeklçiligi pes bolan gysga möhletli maliýe maýa goýumlary pul serişdeleriniň ekwiwalentleri bolup durýar. Üç aýdan ýokary bolmadyk möhlet bilen gymmatly kagyzlara goýlan geçginliligi ýokary bolan maýa goýumlar, adatça, şular ýaly ekwiwalentler bolup durýar (gazna wekselleri, depozit sertifikatlary).

Maliýe we hojalyk işleriniň ähli görnüşlerini amala aşyrmagyň barşynda kärhana pul serişdeleriniň gelip gowuşmagy ýa-da harçlanmagy görnüşinde olaryň hereketini emele getirýär. Hereket edýän kärhananyň pul serişdeleriniň şunuň ýaly hereketi wagt boýunça üznüksiz bolup durýar we “pul akymy” diýen düşünje bilen kesgitlenýär.

Pul akymy diýlip, pul serişdeleriniň we olaryň ekwiwalentleriniň gelip gowuşmagyna ýa-da tölenmegine düşünilýär.

Kärhananyň pul akymy onuň hojalyk işinden emele gelýän pul serişdeleriniň wagt boýunça bölünen gelip gowuşmalaryndan ýa-da çykyp gitmeginden ybaratdyr.

Pul serişdeleriniň gelip gowuşmagy (gelmegi) oňyn pul akymy, çykyp gitmegi (gitmegi) ýaramaz pul akymy diýip atlandyrylýar. Işiň her bir görnüşi boýunça ýa-da guramanyň hojalyk işi boýunça oňyn we ýaramaz pul akymlarynyň arasyndaky tapawut, umuman, arassa pul akymy diýlip atlandyrylýar.

Pul serişdelerini dolandyrmagyň esasy ýörelgeleri şulardan ybaratdyr:

– üznüksiz işi amala aşyrmak üçin pul serişdeleriniň amatly galyndysyny saklamak;

– çykdajylaryň öwezini dolmak üçin erkin pul serişdeleriniň ätiýaçlylygyny döretmek: işiň möçberiniň mümkin bolan giňelmegi, öňünden görülmedik we maliýe-hojalyk işiniň barşynda mümkin bolan ýitgiler üçin ätiýaçlyk;

– pul serişdeleriniň galyndysynyň möwsümleýin üýtgemeleriniň gerimini hasaba almak;

– erkin pul serişdelerini geçginliligi ýokary bolan maliýe maýa goýumlaryna öz wagtynda öwürmek we pul serişdeleriniň galyndysynyň üstüni ýetirmek üçin olary gaýtadan (yzyna) çalyşmak;

– pul bazarynyň aýry-aýry segmentlerine gysga möhletli netijeli maliýe goýumlaryny amala aşyrmak maksady bilen pul serişdeleriniň maýa goýum galyndysyny emele getirmek.

Pul akymlaryny dolandyrmak meselesine wezipeleri goýmak we olary ýerine ýetirmek boýunça yzygiderli iş hökmünde seretmek gerek. Bu iş şu tapgyrlaryň durmuşa geçirilmegini talap edýär:

1) pul akymlaryny meýilnamalaşdyrmak we çaklamak, degişli içki maliýe resminamalaryny düzmek (pul akymlarynyň býujeti, şeýle hem pul serişdeleriniň hereketi baradaky meýilnamalaýyn görkezijileriň hasaplamalary, töleg senenamasy we beýlekiler);

2) pul akymlarynyň býujetini kärhanada býujetlemek ulgamynyň aýrylmaz düzüm bölegi hökmünde implementasiýa etmek (goşmak);

3) pul akymlarynyň býujetiniň we pul serişdeleriniň hereketi baradaky meýilnamalaýyn görkezijileriň ýerine ýetirilişine maliýe gözegçiligi;

4) meýilnamany durmuşa geçirmegiň daşarky we içerki şertleriniň üýtgeýşine laýyklykda pul serişdeleriniň meýilnamada bellenen ululygyna düzediş girizmek.

Belli bir tapgyrlarda degişli tapgyryň zerurlyklaryna laýyk gelýän özboluşly dolandyryş usullary peýdalanylýar.

Pul akymlaryny *meýilnamalaşdyrmak we çaklamak,* kompaniýanyň içinde maliýäni çaklamagyň we meýilnamalaşdyrmagyň düzüm bölekleri bolup durýar. Şolary ornaşdyrmak ýoly bilen garaşylýan pul akymlarynyň ululygy kärhananyň amal, maýa goýum we maliýe işiniň çäklerinde onuň aýry-aýry hojalyk amallaryny maliýe taýdan üpjün etmek babatyndaky zerurlyklary bilen laýyk getirilýär.

Pul akymlaryny meýilnamalaşdyrmagyň we çaklamagyň esasy akymlary şular bolup durýar:

– býujetlemek – kassa býujetini işläp taýýarlamak;

– kärhananyň geçginliligini meýilnamalaşdyrmak;

– töleg senenamasyny, şol sanda salgyt tölegleriniň senenamasyny düzmek;

– kärhananyň maýa bolan zerurlygy boýunça kalkulýasiýa düzmek, ony işiň ähli görnüşlerinden gelýän pul serişdeleriniň hereketiniň meýilnamalaýyn görkezijileri bilen deňeşdirmek we laýyk getirmek;

– kärhananyň pul serişdeleriniň hereketiniň çaklama görkezijilerini emele getirmek.

Maliýäni meýilnamalaşdyrmagyň we çaklamagyň netijelerini ýerine ýetirmeklik kärhananyň maliýe-hojalyk işiniň meýilnamalaşdyrylan görkezijilere laýyklykda amala aşyrylmagyny göz öňünde tutýar. Ol şunuň ýaly amallary öz içine alyp biler:

– kärhananyň önümleriniň, harytlarynyň, hyzmatlarynyň bahalaryny kesgitlemek;

– kärhananyň satyn alyjylar we üpjün edijiler bilen pul hasaplaşyklary syýasatyny kesgitlemek;

– kompaniýanyň ygtyýaryna zerur bolan goşmaça maýany çekmek;

– maliýe meýilnamasyny ýerine ýetirmäge gönükdirilen beýleki hojalyk amallary.

Kompaniýanyň pul akymlaryny dolandyrmagyň şu tapgyry *maliýe gözegçiligini* we çaklama hem-de meýilnama görkezijilerine *düzediş girizmegi* guramak bilen aýrylmaz baglydyr.

Daşarky we içerki faktorlaryň üýtgeýşine laýyklykda, maliýe çaklamalarynyň aýry-aýry görkezijilerine we kompaniýanyň býujetler ulgamyna *düzediş girizmek* şulary göz öňünde tutýar:

– kompaniýanyň pul akymlarynyň maksatlaýyn (çaklama we meýilnama) görkezijilerine gaýtadan seretmek;

– gidýän pul akymlarynyň emele getirilmegini gaýra goýmak (mysal üçin, berginiň tölenmeli möhletini uzaltmak, bergileri möhletlere bölüp tölemek);

– gaýra goýlan gelýän pul akymlaryny inkassasiýa etmek (mysal üçin, üçünji taraplara bildirilýän bergi talaplaryny gaýtadan maliýeleşdirmek).

Dolandyrmagyň ýörelgelerine laýyklykda pul akymlaryny dolandyryş usullaryň ulgamy emele getirýär, hususan-da:

– pul akymlaryny seljermek;

– meýilnamalaşdyrmak we çaklamak;

– pul serişdeleriniň akymyna gözegçilik etmek;

– hasaba alyş we hasabatlylyk.

Pul akymlaryny dolandyrmagyň getirilen usullary şol bir wagtda tutuş dolandyryş işiniň tapgyrlary bolup durýar (*5.1-nji surat*), olaryň her biri beýlekisi üçin başlangyç (nokat) bolup durýar.




**5.1-nji surat. Pul akymlaryny dolandyrmagyň tapgyrlarynyň we usullarynyň özara baglanyşygy**

Netijeli syýasaty emele getirmek we dolandyryş çözgütlerini kabul etmek üçin esas döredýän pul akymlaryna seljerme geçirmegiň ähmiýeti birnäçe sebäpler bilen şertlendirilendir:

– pul akymlary işiň ähli jähtlerinde diýen ýaly guramanyň hereket etmegine hyzmat edýär;

– amatly pul akymlary guramanyň maliýe taýdan durnuklylygyny we tölege ukyplylygyny üpjün edýär;

– rejeli pul akymlary guramanyň önümçilik-işewürlik işiniň sazlaşyklylygyny gazanmaga ýardam edýär;

– pul akymlarynyň netijeli dolandyrylmagy, guramanyň karz maýany çekmek zerurlygyny peseldýär;

– amatly pul akymlary, tutuşlygyna alanyňda, guramanyň maýasynyň dolanyşygyny çaltlandyrmagyň şerti bolup durýar;

– pul akymlaryny amatly etmegiň netijesinde, erkin pul seriş-delerini rejeli peýdalanmak önümçiligiň gerimini giňeltmäge we düşewündi artdyrmaga, goşmaça girdejileri almaga ýardam edýär.

**Pul akymlaryny seljermegiň maksady** – olaryň parametrleriniň zerur möçberini almak bolup durýar. Bu parametrler pul serişdeleriniň gelip gowuşýan we sarp edilýän ugurlarynyň, möçberiniň, düzüminiň, gurluşynyň, pul akymlarynyň üýtgeýşine dürli görnüşde täsir edýän obýektiw we subýektiw, daşarky we içerki faktorlaryň öz wagtynda, obýektiw we takyk häsiýetnamasyny berýär.

Guramanyň pul akymlaryny seljermegiň wezipeleri şulardan ybaratdyr:

– guramanyň pul akymlarynyň möçberleriniň amatlydygyna baha bermek;

– pul akymlaryna önümçilik işiniň görnüşleri boýunça baha bermek;

– pul serişdeleriniň düzümine, gurluşyna, hereketiniň ugurlaryna baha bermek;

– pul serişdeleriniň akymlarynyň depginine baha bermek;

– dürli faktorlaryň pul akymlarynyň emele getirilmegine edýän täsirini anyklamak we ölçemek;

– pul serişdeleriniň peýdalanyşyny gowulandyrmak mümkinçiligini ýüze çykarmak we baha bermek;

– pul serişdeleriniň peýdalanyşynyň netijeliligini ýokarlandyrmak mümkinçiligini durmuşa geçirmek boýunça teklipleri işläp taýýarlamak.

Seljerme geçirmegiň *birinji tapgyrynda* guramanyň oňyn pul akymyny emele getirmegiň möçberiniň depginine aýry-aýry çeşmelere bölmek bilen seredilýär. Oňyn pul akymynyň ösüş depginleri işjeňligiň ösüş depginleri bilen satuwlardan gelýän düşewüntleriň möçberini peýda görkezijileri bilen deňeşdirmek maksadalaýyk bolar. Oňyn pul akymyny emele getirmegiň içerki (satuwlardan gelýän düşewünt) we daşarky (alnan karzlar) bilen gatnaşygyna – daşarky çeşmelere baglylyk derejesini ýüze çykarmaga aýratyn üns bermek gerek.

*Ikinji tapgyrda* – guramanyň ýaramaz pul akymyny emele getirmegiň möçberiniň depgini, şeýle hem pul serişdelerini sarp etmegiň ugurlary boýunça onuň gurluşy öwrenilýär.

*Üçünji tapgyrda* – oňyn we ýaramaz pul akymlarynyň umumy möçberi boýunça deňeçerligine seljerme geçirilýär. Arassa pul

akymynyň depginine geçirilýän seljerme önümçilik-maliýe işiniň deňeçerligine baha bermäge mümkinçilik berýär.

*Dördünji tapgyryň* barşynda arassa pul akymyny emele getirmede arassa peýda görkezijisiniň orny, dürli faktorlaryň täsiri kesgitlenýär: seljerilýän döwürde önümçilik ätiýaçlyklarynyň galyndylarynyň, algy-bergileriň, hasaplanyp ýazylan ulanyş tutumynyň, döredilen ätiýaçlyklaryň pul möçberleriniň ululyklarynyň üýtgeýşi anyklanýar.

*Arassa pul akymynyň hil taýdan* häsiýetnamasyna, ýagny onuň emele getirilýän çeşmeleriniň gurluş görkezijilerine aýratyn orun berilýär. Arassa pul akymynyň hiliniň ýokary derejesi satuwlardan gelýän düşewündiň artmagynyň we özüne düşýän gymmatynyň peselmeginiň hasabyna alnan arassa peýdanyň tutýan ornunyň ýokarlanmagy bilen häsiýetlendirilýär. Agramly bölegi hümmetsizlenme ýagdaýlary bilen baglanyşykly satuw bahalarynyň ýokarlanmagynyň, ýerlemeden, daşary amallardan girdejiniň, adatdan daşary girdejileriň hasabyna alnan arassa pul akymynyň hili pes bolýar.

*Bäşinji tapgyrda* – koeffisiýent seljerişi geçirilýär, onuň barşynda guramada pul serişdeleriniň peýdalanyşynyň netijeliligini häsiýetlendirýän otnositel görkezijiler hasaplanyp çykarylýar. Dürli koeffisiýentleriň kömegi bilen pul akymlarynyň dolandyrylyşynyň netijeliligini ýüze çykarmak we ösüş mümkinçiliklerini mukdar taýdan ölçemek maksadynda, faktorlaýyn ulgamlary modelleşdirmekgi amala aşyrylýar.

## *5.2. Gelýän we gidýän pul akymlarynyň toparlara bölünilişi*

**Pul akymy (nagt pul akymy)** – bu belli bir döwürdäki işiň netijesi hökmünde maýanyň gowuşmagyny we tölegleri aňladýar.

Guramanyň pul akymlaryna ählitaraplaýyn we çuňňur seljerme geçirmek üçin olary esasy alamatlaryň birnäçesi boýunça toparlara bölmek zerurdyr:

1. *Işiň görnüşleri boýunça:*
– amal işi boýunça pul akymy;
– maýa goýum işi boýunça pul akymy;
– maliýe işi boýunça pul akymy.

2. *Hojalyk işine gatnaşygy boýunça:*

– tutuş gurama boýunça pul akymy;
– hojalyk işiniň görnüşleri boýunça pul akymy;
– gurluş birlikleri boýunça pul akymy;
– aýry-aýry hojalyk amallary boýunça pul akymy.

3. *Ugry boýunça:*
– oňyn pul akymy;
– ýaramaz pul akymy.

4. *Amatlylyk derejesi boýunça:*
– artyk pul akymy;
– ýetmezçilikli pul akymy.

5. *Wagty boýunça:*
– maýa goýumlardan yzyna (hasabat) pul akymy;
– hemişelik iş boýunça pul akymy;
– meýilnamalaşdyrylýan pul akymy.

6. *Pul serişdeleriniň gymmatyna baha berlen pursaty boýunça:*
– pul akymynyň häzirki gymmaty;
– pul akymynyň geljekki gymmaty;

7. *Emele geliş häsiýeti boýunça:*
– döwürleýin (yzygiderli) pul akymy;
– wagtal-wagtal (bölekleýin) pul akymy.

8. *Wagt aralyklary boýunça:*
– deň ölçegli wagt aralyklary bolan pul akymy;
– deň ölçegli däl wagt aralyklary bolmadyk pul akymy.

9. *Möçberi hasaplamagyň usuly boýunça:*

– jemi pul akymy – bu aýry-aýry wagt aralyklaryna bölmek bilen seredilýän döwürde pul serişdeleriniň gelip gowşan we sarp edilen möçberleriniň tutuş jemini häsiýetlendirýär;

– arassa pul akymy – bu aýry-aýry wagt aralyklaryna bölmek bilen seredilýän döwürde oňyn we ýaramaz pul akymlarynyň (gelip gowşan we sarp edilen pul serişdeleriniň) tapawudyndan ybaratdyr. Arassa pul akymy köp babatda maliýe deňeçerligini we kärhananyň bazar gymmatynyň artyş depginlerini kesgitleýär. Tutuş kärhana, onuň aýry-aýry gurluş birlikleri (jogapkärçilik merkezleri), hojalyk işiniň dürli görnüşleri ýa-da aýry-aýry hojalyk amallary boýunça arassa pul akymyny şu formula boýunça hasaplamak bolar:

$$APA = OPA - ÝPA. \qquad (5.1)$$

Bu ýerde:

*APA* – seredilýän döwürde arassa pul akymynyň möçberi;

*OPA* – seredilýän döwürde oňyn pul akymynyň (gelip gowşan pul serişdeleriniň) möçberi;

*ÝPA* – seredilýän döwürde ýaramaz pul akymynyň (sarp edilen pul serişdeleriniň) möçberi.

Oňyn we ýaramaz akymlaryň möçberiniň gatnaşygyna baglylykda arassa pul akymynyň möçberi oňyn we ýaramaz ululyklar bilen häsiýetlendirilip bilner, olar ahyr netijede pul aktiwleriniň galyndysynyň möçberiniň emele gelmegine täsir edýär.

Pul akymyny häsiýetlendirýän esasy görkezijiler ulgamy şulary öz içine alýar:

– gelip gowşan pul serişdeleriniň möçberi;

– sarp edilen pul serişdeleriniň möçberi;

– arassa pul akymynyň möçberi;

– seredilýän döwrüň başynda we ahyrynda pul serişdeleriniň galyndysynyň ululygy;

– pul serişdeleriniň gözegçilik edilýän möçberi;

– aýry-aýry görnüşleriň pul akymlarynyň umumy möçberini seredilýän döwrüň aýry-aýry aralyklary boýunça paýlamak. Şular ýaly aralyklaryň sany we dowamlylygy pul akymlaryny seljermegiň ýa-da meýilnamalaşdyrmagyň anyk wezipeleri bilen kesgitlenýär;

– kärhananyň pul akymlarynyň emele gelmegine täsir edýän içerki we daşarky häsiýetli faktorlara baha bermek.

**Gelýän pul çeşmelerine şular degişlidir:**

– ulanylyş tutumlardan gelýän;

– kärhana tarapyndan alnan karzlar bilen baglanyşykly;

– kärhananyň maýasynyň artmagy bilen şertlendirilen.

Esasan, möçberi boýunça köp bolmadyk akymlar önümçilik ulgamynda – kärhananyň önümlerini ýerlemek bilen bagly ýüze çykýar.

**Gidýän pul serişdeleriň sebäpleri şularyň netijesinde bolup biler:**

– uzak möhletli häsiýeti bolan çözgütler: karzlar boýunça tölegler, esasy serişdeleri satyn almak üçin töleg we ş.m.;

– ulanyş çözgütleri: üpjün edijiler bilen hasaplaşyklar, işewürlik çykdajylarynyň tölegi, zähmet hakyny tölemek;

– ulanyş harajatlary;

– maýa goýum çykdajylary;

– diwidendleri tölemek;
– peýdadan alynýan salgytlar.

Her bir döwür (çärýek ýa-da aý) boýunça gelýän we gidýän akymlara geçirilýän seljerme pul serişdeleriniň artyklygyny ýa-da ýetmezçiligini görkezýär.

Pul serişdeleriniň artyk möçberini gysga möhletli ýokary geçginliligi bolan gymmatly kagyzlara goýup ýa-da başga maksatlar üçin, meselem, diwidendleri tölemek ýa-da ätiýaçlyklary giňeltmek üçin peýdalanyp bolar. Pul serişdeleriniň ýetmezçligi kompaniýany gymmatly kagyzlary satmaga ýa-da karz almaga mejbur edýär.

Pul akymlaryny dolandyrmagyň maksatlaryny kesgitlemek we gündelik wezipeleri anyklaşdyrmak işiniň görnüşleri (amal, maliýe we maýa goýum işi) boýunça amala aşyrylýar. Kärhananyň işini amala aşyrmagyň netijesinde pul akymyny emele getirmegiň shema görnüşdäki beýany 5.2-nji suratda getirildi.




**5.2-nji surat. Kärhananyň işini amala aşyrmagyň netijesinde pul akymynyň emele gelmegi**

**Kompaniýanyň esasy işi esasy wajyp çeşmesi bolup durýar.**

**Amal işinden gelýän pul akymy** – belli bir döwrüň dowamynda şereketiň önümçilik işiniň netijesinde ýüze çykýan arassa pul akymydyr. Ol, adatça, salgyt tölenenden soň, peýda pul manysy bolmadyk harajatlaryň ululygynda düzediş girizmegiň kömegi bilen hasaplanyp çykarylýar.

Kärhananyň amal işi ulgamyndaky pul akymlarynyň shema görnüşdäki beýany 5.3-nji suratda berilýär.

Kärhananyň amal işinden gelýän pul akymlary belli bir aýratynlyklar bilen häsiýetlendirilýär:

– amal işinden gowuşýan pul akymy köp möçberdäki gowuşan we töleg pul akymlarynyň özara hereketi netijesinde emele gelýär. Bu bolsa maliýe çözgütlerine maglumat-usulýet taýdan goldaw bermegiň çylşyrymly gurluşyny kesgitleýär;

– amal işinden gowuşýan pul akymy kärhananyň maýa goýum islegini ýapmakda esasy çeşme bolup durýar.




**5.3-nji surat. Kärhananyň amal işi ulgamyndaky pul akymlarynyň shema görnüşdäki beýany**

**Puluň amal aýlanyşyk döwri (sikl).** Pul serişdeleri dolandyrylanda kärhanada puluň amal aýlanyşyk döwri barada bilmek örän möhümdir. Bu adalganyň kesgitlemesi, “Puluň amal aýlanyşyk döwri – bu ätiýaçlyklary satyn almak üçin zerur bolan pul serişdeleriniň sarp edilmegi bilen taýýar önümi satmakdan pul serişdeleri-

niň gutarnykly alynmagynyň arasyndaky döwür" hökmünde beýan edilip bilner. Soňundan satmak üçin, karzyna haryt satyn alýan kärhanada puluň amal aýlanyşyk döwri blok-shema 5.4-nji suratda getirilýär.

Şu surat karzyna satyn alnan harytlaryň töleginiň soňundan tölenýändigini görkezýär we şonuň üçin hem karzyna haryt satylmagy pul serişdeleriniň haýal gelip gowuşmagyna getirmeýär. Puluň amal aýlanyşyk döwri – bu harytlaryň töleginiň üpjün edijä geçirilen wagty bilen müşderiden serişdeleriň alnan wagtynyň arasyndaky döwürdir.

Karzyna satyn alnan harytlaryň töleginiň birnäçe wagtdan soň amala aşyrylýandygy we sarp edilýän nagt pullaryň akymynyň, satyn almagyň netijesinde ýüze çykmaýandygyny görkezýär. Şeýle görnüşde debitorlardan gelip gowşan pul serişdeleri karzyna satylandan soň birnäçe wagtdan ýüze çykýar we şonuň üçin hem satmagyň netijesinde pul serişdeleriniň gowuşýan akymynyň haýal emele gelmegi bolup geçmeýär. Puluň amal aýlanyşyk döwri iberilen harytlar üçin karz berijä töleg geçirmek bilen debitordan pul serişdeleriniň alynmagynyň arasyndaky döwürden ybaratdyr.




**5.4-nji surat. Puluň amal aýlanyşyk döwri (sikl)**

Puluň amal aýlanyşyk döwrüniň uly ähmiýeti bardyr, sebäbi ol kärhananyň maliýe serişdelerine bolan zerurlygyna düýpli täsir edýär. Pul serişdeleriniň aýlanýan döwriň näçe uzak bolsa we kärhananyň maliýe zerurlyklaryň derejesi ýokary bolsa maliýe töwekgelçilikleriniň derejesi hem şonça ýokary bolýar. Şol sebäbe görä, kärhana, düzgün bolşy ýaly, puluň amal aýlanyşyk döwrüniň uzaklygyny mümkin boldugyça gysgaltmaga çalyşýar.

Karzyna haryt alýan we satýan kärhana üçin puluň amal aýlanyşyk döwrüni maliýe resminamalarynyň esasynda hasaplap çykaryp bolar:

**ätiýaçlyklaryň ortaça saklanýan döwri + Debitor bergileriň ortaça üzülýän döwri – Kreditor bergileriň ortaça üzülýän döwri = = Puluň amal aýlanyşyk döwri**

Amal pul akymlaryny dolandyrmak kassa bölünmeleri diýilýän ýagdaýyň peýdalanylmagyna esaslanýar. Şeýle ýagdaý gidýän pul akymlaryny (mysal üçin, çig maly satyn almak, zähmet hakyny tölemek) we gowuşýan pul akymlaryny (birinji nobatda, harytlary ýerlemekden, işleri ýerine ýetirmekden we hyzmat etmekden alynýan girdeji) emele getirmegiň möhletleriniň laýyk gelmezliginiň netijesinde emele gelýär. Kassa bölünmesi kärhananyň maliýe we amal döwürlerine (sikl) gönüden-göni baglylykda emele gelýär. Onuň esasy elementleri 5.5-nji suratda görkezilýär.




**5.5-nji surat. Maliýäniň aýlanyşyk döwrüni emele getirmegiň kynçylykly faktorlarynyň shemasy**

Kärhananyň amal işiniň netijesinde, kassa bölünmesiniň emele gelmeginiň shemasy 5.6-njy suratda getirilýär.




**5.6-njy surat. Kassa bölünmesiniň shemasy**

Kärhananyň amal pul akymlaryny kassa bölünmesiniň esasynda dolandyrmak we bölünmäniň her bir düzüm böleklerini gözegçilik etmek boýunça çäreler toplumynyň amala aşyrylmagyny göz öňünde tutýar. Bu çärelere şular degişlidir:

1. Aşakdaky ýollar bilen kassa bölünmesini gysgaltmak:

– zähmet maýasynyň, şeýle hem onuň aýry-aýry düzüm bölekleriniň dolanyşygyny çaltlandyrmak;

– debitor bergini inkassasiýa etmegi çaltlandyrmak, şeýle hem kärhananyň üçünji taraplara (satyn alyjylara) bildirýän bergi talaplaryny gaýtadan maliýeleşdirmek babatynda maliýe-karz edaralyrynyň hyzmatyndan peýdalanmak (wekseller, faktoring we forfeýiting);

– bellenen ölçegleriň esasynda çig maly ibermegiň şertlerini amatly etmek.

2. Meýilnamanyň döwründe oňa degişli düzedişleri girizmek bilen kärhananyň geçginlilik goruny (kärhananyň hasaplarynda we kassasynda pul serişdeleriniň galyndysy) emele getirmegini üpjün etmek.

3. Kärhananyň geçginlilik gorunyň aňrybaş ululygynyň kassa bölünmesini maliýe taýdan üpjün etmegiň zerurlyklaryna laýyk gelmegini üpjün etmek.

4. Kassa bölünmesiniň çäklerinde kärhananyň gidýän amal pul akymlaryny geçginlilik gorunyň hasabyna wagtlaýynça ýapmaga (geçginlilik ýetmezçiligini ýapmak) ýagdaýynyň ýok wagtynda, kassa bölünmesiniň ululygyndan az bolmadyk möhletde maliýe serişdelerini jemlemek.

**Maýa goýum işi** – bu uzak möhletli (dolanyşyk däl) aktiwleri, şeýle hem pul serişdeleriniň ekwiwalenti bolup durmaýan gysga möhletli (gündelik) maliýe maýa goýumlaryny satyn almak we satmak boýunça amallaryň jemidir.

Işleriň netijeli alnyp barylýan wagtynda, kompaniýanyň önümçilik işini giňeltmek we döwrebaplaşdyrmakda, maýa goýum işini, amala aşyrmaly bolýar.

Kärhananyň maýa goýum işinden ulgamynda pul akymlarynyň shemasy 5.7-nji suratda getirilýär.




**5.7-nji surat. Maýa goýum işinden pul akymlarynyň shemasy**

Maýa goýum işinde pul akymlaryny dolandyrmak syýasaty işlenip düzülende, onuň şu aýratynlyklary göz öňünde tutulmalydyr:

– amal we maliýe pul akymlary bilen özara baglylygy;

– maýa goýum işiniň çäklerinde maliýe babatda dolandyryş çözgütlerini kabul etmegiň uzak möhletli häsiýeti;

– maýa goýum taslamasyny durmuşa geçirmekden garaşylýan pul akymlarynyň näbellilik derejesiniň ýokarylygy;

– maýa goýum taslamasyny durmuşa geçirmek we onuň pul akymlaryny dolandyrmak, köplenç halatda, uzak möhletli döwürde gidýän pul akymlarynyň hojalyk subýektiniň garaşylýan amal pul akymyna öwrülmegini göz öňünde tutýar (maýa goýumlardan aýyrmak we bukjalaýyn maliýe maýa goýumy muňa girmeýär);

– maýa goýum işiniň aýry-aýry ugurlary boýunça pul akymlaryny dolandyrmak pul akymlaryna baha bermäge we olary meýilnamalaşdyrmaga dürli çemeleşmeleriň peýdalanylmagyny göz öňünde tutýar (mysal üçin, hakyky we bukjalaýyn maýa goýumlarynyň özüni ödeýşine baha bermek, golçur kärhanalara goýumlaryň gymmatyna we göni däl bukjalaýyn maýa goýuma baha bermek).

Gidýän pul akymlaryny ýapmak, amal we maliýe işinden gowuşýan pul akymlarynyň hasabyna amala aşyrylýar.

Maliýe işi esasy we maýa goýum işini maliýe taýdan üpjün etmek üçin kompaniýanyň ygtyýaryndaky pul serişdelerini artdyrmaga niýetlenendir.

**Maliýe işi** – bu amallaryň jemi bolup, olar hususy we karz alnan maýanyň ululygynyň we (ýa-da) düzüminiň üýtgemegine getirýär.

Kärhananyň maliýe işi ulgamynda pul akymlarynyň shemasy 5.8-nji suratda getirilýär.




**5.8-nji surat. Maliýe işinden gelýän pul akymlarynyň shemasy**

Pul serişdeleriniň gelmeginiň özboluşly çeşmesi – bu maksatlaýyn maliýeleşdirmekdir: býujetden maliýeleşdirmek, daşarky maýa goýumlar, subsidiýalar, grantlar we ş.m.

Pul akymlary kärhananyň işiniň üç ugruny ýakyndan baglanyşdyrýar.

Maýa goýumlaryň pul akymlaryndan tapawutlylykda maliýe pul akymlaryny dolandyrmak mahsus aýratynlyklar bilen baglydyr. Olar maliýe işiniň tabşyryklarynyň amal we maýa goýum işiniň zerurlyklary bilen gatnaşygynda ýüze çykýar (*5.9-njy surat*):




**5.9-njy surat. Gowuşýan pul akymlaryny emele getirmek we gidýän pul akymlaryny ýapmak**

Kärhananyň gelýän maliýe akymlary Free Cash Flow ululygyny deňeçerlemek (balans) üçin düzediş giriziji mehanizm bolup durýar.

Kompaniýanyň maliýe işinden gelýän pul akymlarynyň düzümini we gurluşyny emele getirmek ulgamynda maliýe çözgütlerini kabul etmek aglaba ýagdaýda şu faktorlara baglydyr:

1) kompaniýanyň maýasynyň gurluşy babatynda syýasaty (hususy ýa-da karz alnan maýanyň hasabyna maliýeleşdirmek saýlanyp alnanda);

2) pul serişdeleriniň ýetmezçiligini emele getirýän çeşmäniň aýratynlyklary: amal işinden gidýän pul akymlaryny ýapmak üçin gysga möhletli karz maýany jemlemek we maýa goýum işi boýunça gidýän pul akymlaryny ýapmak üçin uzak möhletli alnan karz ýa-da hususy maýany jemlemek;

3) gysga möhletli borçnamalaryň (gelýän maliýe pul akymlarynyň) hasabyna kärhananyň geçginlilik goruna wagtlaýyn goldaw bermek.

Şeýlelikde, kompaniýanyň esasy işi bilen döredilýän pul akymy maýa goýum işi ulgamyna "geçýär", ol bu ýerde önümçiligi döwrebaplaşdyrmak ýa-da kompaniýa girdeji getirýän beýleki maýa goýumlar üçin peýdalanylyp bilner. Ýöne bu akym maliýe işi ulgamyna hem geçip biler, mysal üçin, ondan paýdarlara diwidendler tölenip bilner.

## *5.3. Pul serişdeleriniň hereketine baha bermegiň göni we gytaklaýyn usullary*

Maliýe hasabatlylygyndan peýdalanyjylara kärhananyň pul serişdeleriniň üýtgeýşi barada maglumat bermek üçin pul serişdeleriniň hereketi barada hasabat düzülýär. Hasabatyň görnüşi we mazmuny “Pul serişdeleriniň hereketi barada hasabat” MHHS (4) kesgitlenýär, ol MHHS (7) standarty bilen laýyk getirilendir.

Pul serişdeleriniň hereketine seljerme geçirmegiň baş maksady – kärhananyň meýilnamalaşdyrylýan çykdajylaryny amala aşyrmak üçin zerur bolan möçberde we möhletlerde pul serişdelerini gazanmak ukybyna baha bermekden ybaratdyr.

Pul serişdeleriniň hereketine seljerme geçirmegiň barşynda göni we gytaklaýyn usullardan peýdalanylýar.

Pul akymlaryny hasaplamagyň göni usuly peýdalanylanda buhgalterçilik hasaba alnyşynyň we hasabatlylygynyň hojalyk işiniň aýry-aýry görnüşlerine bölmek bilen we tutuş kärhana boýunça pul serişdeleriniň gelip gowşuşyny we sarp edilişini häsiýetlendirýän maglumatlary peýdalanylýar.

*Amal işinde* pul serişdeleriniň gelip gowşuşy önümleri ýerlemekden alnan düşewüntde, alnan hakujy töleglerinde ýüze çykýar. Pul serişdeleriniň sarp edilişi harytlaryň, hyzmatlaryň we işleriň töleginden, zähmet hakyny tölemekden, döwlet býujetinden daşary gaznalara geçirimlerden, hasabat bermek şerti bilen pul möçberlerini bermäge gönükdirilen serişdelerden, hakujy töleglerden emele gelýär.

*Maýa goýum işinden* gelip gowuşýan serişdelere esasy serişdeleri satmakdan alnan girdeji, alnan diwidendler we göterimler degişlidir; sarp edijiler tarapyndan maşynlary, enjamlary, ulag serişdelerini, maddy däl aktiwleri satyn almak, gurluşyga paýly gatnaşmak üçin töleg geçirmek, uzak möhletli gymmatly kagyzlary satyn almak, uzak möhletli maliýe goýumlary, diwidendleri we göterimleri tölemek degişlidir.

*Maliýe işinden* gelip gowuşýan serişdeler gysga möhletli gymmatly kagyzlary çykarmakdan, ozal satyn alnan gymmatly kagyzlary ýerlemekden, karz almakdan emele gelýär; sarp edijiler tarapyndan ozal satyn alnan gysga möhletli gymmatly kagyzlary satmakdan, karzlary gaýtarmakdan durýar.

Kärhana gelen pul serişdeleriniň umumy möçberi pul serişdeleriniň hasaplarynyň debeti boýunça dolanyşyklaryň pul möçberinde görkezilýär. Olardan içerki dolanyşygyň pul möçberi, şol hasaplaryň kreditinden debetine gelen serişdeleriň ululygy (mysal üçin, pul serişdeleriniň bellenen çäkden artyk möçberiniň kassadan hasaplaşyk hasabyna geçirilmegi ýa-da hasaplaşyk hasabyndan kassa nagt pul alynmagy) aýrylýar. Eger debet dolanyşyklaryna düzediş girizmek ýerine ýetirilmese, onda bu iki hasabyň ýöremegine we jemi görkezijiniň ýoýulmagyna getirer.

Kärhananyň pul serişdeleriniň ($D$) döwürde gelip gowşan möçberi şu görnüşde kesgitlenýär:

$$Pds = \sum_i od^i .$$

Bu ýerde:

$i$ – kärhana tarapyndan peýdalanylýan pul serişdeleriniň hasaplary;

$od^i$ – $i$ hasabyň debeti boýunça düzediş girizilen dolanyşyk, manat;

$Pds$ görkezijisi – bu seljerilýän döwürde pul serişdeleriniň gelmegi.

Serişdeleriň kärhananyň ygtyýarynda bolan ähli möçberi $P$ şunuň ýaly kesgitlenýär:

$$\sum P = \sum (od^i + Sd).$$

Bu ýerde:

$Sd$ – seljerilýän döwrüň başynda hasabyň debet saldosy, manat.

Kärhanada onuň gündelik borçnamalary bilen baglanyşykly pul serişdeleriniň gidýän köp ugurlary bardyr. Olar buhgalterçilik hasaplarynyň maglumatlary boýunça kesgitlenýär. Olaryň bir bölegi pul serişdelerini çekmezden üzülýär, şonuň üçin hem debet hem-de karz hasaplar boýunça ýazgylara düzediş girizmegi talap edilýär.

Kärhananyň günlelik borçnamalarynyň ululygy şu görnüşde kesgitlenýär:

$$Pds = \sum_j ok^j .$$

Bu ýerde:

*j* – borçnamalaryň guramada peýdalanylýan hasaplary;

$ok^j$ – *j* hasabyň krediti boýunça pul serişdeleriniň hasaplaryna düşýän dolanyşyk serişdeleri, manat.

*P* görkezijisi seljerilýän döwürde kärhananyň pul serişdelerine bolan gündelik zerurlygyny kesgitleýär. Ýöne gurama özüniň ähli borçnamalary boýunça, diýmek, şol döwre çenli emele gelen borçnamalar boýunça hem jogap berýär. Borçnamalaryň ähli möçberini hasaba almak we seljerilýän döwürde pul serişdelerine zerurlygyň umumy möçberini kesgitlemek üçin *R* görkezijisini borçnamalaryň emele gelýän hasaplarynyň karz saldosynyň ululygyna, ýagny geçen döwürlerde üzülmedik borçnamalaryň ululygyna deň möçberde artdyrylmalydyr. Şeýle ýagdaýda kärhananyň pul serişdelerine bolan umumy zerurlygy şunuň ýaly kesgitlenýär:

$$\sum P = \sum_j (ok+Sk).$$

Bu ýerde:

*Sk* – seljerilýän döwrüň başynda hasabyň karz saldosy, manat.

Göni usulyň artykmaçlygy onuň şu aşakdakylara mümkinçilik berýändiginden ybaratdyr:

– gelip gowuşmalaryň we tölegleriň umumy möçberine baha bermäge we pul serişdeleriniň köp bolmadyk möçberde gelmegini we gitmegini emele getirýän maddalary kesgitlemäge;

– olaryň gündelik borçnamalaryň hasaplary boýunça tölemek üçin we maýa goýum işini amala aşyrmak üçin ýeterlikdigi babatynda netije çykarmaga.

Kadaly ýagdaýda kärhananyň gündelik işi olaryň maýa goýuma gönükdirilen möçberini doly ýapmak bilen pul serişdeleriniň gowuşmagyna üpjün etmelidir. Gündelik işden pul akymynyň maýa goýum işinden arassa pul akymyna bolan gatnaşygy 50%-den geçmelidir.

Göni usulyň ýetmezçiligi hökmünde onuň zähmeti köp talap edýändigi görkezilýär. Mundan başga-da, ol pul serişdeleriniň galyndysynyň üýtgemegi bilen guramanyň işiniň maliýe netijeleriniň arasyndaky özara baglanyşygy açmaýar. Arassa peýdany hasaplap ýazmak usuly bilen, pul serişdeleriniň galyndysyny bolsa kassa usuly bilen hasaplamak olaryň biri-birinden degerli tapawudynyň bolmagyna getirýär.

Şu ýetmezçiligi ýeňip geçmek üçin gytaklaýyn usul peýdalanylýar. Ol birnäçe düzedişleriň girizilmegini göz öňünde tutýar. Şolaryň netijesinde, hasabat döwrüniň arassa peýdasynyň ululygy pul serişdeleriniň artyşyna deň bolýar.

Düzediş girizmek şu aşakdakylaryň täsirini hasaba almak maksady bilen amala aşyrylýar:

– ätiýaçlyklaryň, amal debitor we kreditor bergileriniň düzümindäki üýtgemeler;

– pul serişdeleriniň hereketi bilen bagly bolmadyk girdejiler we harajatlar (mysal üçin, ulanylyş tutumlary);

– maýa goýum we maliýe işi bilen bagly peýdalar we ýitgiler (mysal üçin, esasy serişdeleriň işden çykmagyndan ýa-da satylmagyndan alnan maliýe netijesi).

Pul akymlary baradaky hasabat maglumatlaryny peýdalanýan göni usuldan tapawutlylykda, gytaklaýyn usul diňe bir pul serişdeleriniň maddalaryna däl, eýsem olaryň üýtgemegi guramanyň maliýe akymyna täsir edýän aktiwler we passiwler maddalaryna hem seredýär.




**5.10-njy surat. Pul serişdeleriniň hereketi barada hasabata peýdany (ýitgini) geçirmek**

Pul serişdeleriniň hereketi barada hasabaty düzmegiň *birinji tapgyrynda* – hasabatda görkezilen, maliýe işiniň netijeleri baradaky, adaty işden alnan, salgyt salynmazyndan öňki peýdanyň görkezijisi gytaklaýyn usul bilen geçirilýär (*5.10-njy surat*).

*Ikinji tapgyrda* – pul däl häsiýetdäki amallaryň maliýe netijelerine täsiri aýrylýar (*5.11-nji surat*), olara şular degişlidir:

– dolanyşyk däl aktiwlerden ulanyş tutumlary;

– maýa goýum işi we maliýe işi bilen bagly bolmadyk geljekki çykdajylaryň we tölegleriň üpjünçiliginiň düzümindäki üýtgemeler;

– balans maddalaryny daşary ýurt puluna gaýtadan hasaplamagyň netijesinde ulanylmadyk (ýerlenilmedik) hümmet tapawutlaryndan alnan peýda (ýitgi);

– amal işinden alnan peýda (ýitgi);

– göterimleri tölemek üçin harajatlar.

Aktiwler = Borçnamalar + Hususy maýasy

Pul serişdeleri + Pul däl aktiwler = Borçnamalar + Hususy maýasy

Pul serişdeleri = Borçnamalar + Hususy maýasy + Pul däl işjeňler

**5.11-nji surat. Pul däl maddalara düzediş girizmegiň netijesinde pul serişdeleriniň üýtgemegi**

*Üçünji tapgyrda* – düzediş girizmek düzgünleri dolanyşyk aktiwleri, gysga möhletli borçnamalar we geljekki döwürleriň girdejileri maddalaryndaky üýtgemeleri hasaba almak bilen geçirilýär.

Buhgalterçilik hasaba alnyşynda, peýdany hasaplamak hasaplap ýazmak usuly boýunça amala aşyrylýar. Şol sebäbe görä-de pul serişdeleriniň hereketi hakynda hasabaty düzmek üçin, dolanyşyk aktiwlere we borçnamalaryň görkezijilerine käbir düzedişleri girizmek zerurdyr. Mysal üçin debitor berginiň möçberine düzediş girizmek (onuň artýan mahalynda arassa peýdany azaltmak we, tersine, debitor bergi azalýan mahalynda, ony artdyrmak), ätiýaçlyklar hasaplaryndaky galyndylaryň üýtgeýşini (eger önümçilik ätiýaçlyklary köpelýän bolsa, onda pullaryň hakyky gidýän möçberi şol ululygyň derejesinde ýokarlanar we bu tersine bolup biler), şeýle hem geljek döwürleriň çykdajylaryny hasaba almak gerek.

Gysga möhletli borçnamalaryň pul möçberiniň üýtgän halatynda arassa peýda düzediş girizmek işi şonuň ýaly görnüşde, ýöne tersine bolan ugur boýunça geçirilýär.

*Dördünji tapgyrynda* – tölenen salgytlary we peýdadan alynýan salgytlary hasaba almak bilen adatdan daşary maddalara çenli pul serişdeleriniň arassa hereketini kesgitlemegi göz öňünde tutýar.

*Bäşinji tapgyrda* – amal işinden pul serişdeleriniň arassa hereketini kesgitlemek üçin maýa goýum ýa-da maliýe işi bilen bagly bolmadyk adatdan daşary wakalaryň netijesinde pul serişdeleriniň arassa hereketini hasaba almak zerurdyr.

Maliýe netijesine düzediş girizmegi amala aşyrmagyň netijesinde, onuň ululygy seljerilýän döwürde pul serişdeleriniň galyndysynyň üýtgeýän ululygyna öwrülýär, ýagny, şu deňlige ýetilýär:

$$CP' = \Delta DS.$$

Bu ýerde:

*CP´* – seljerilýän döwürde arassa peýdanyň düzediş girizilen pul möçberi;

*ΔDS* – seljerilýän döwürde pul serişdeleriniň galyndysynyň artyşy.

Guramanyň pul serişdeleriniň hasaplary boýunça dolanyşyklar baradaky içerki maglumatlary çekmezden, hasabaty gurmak mümkinçiligi gytaklaýyn usulyň artykmaçlygy bolup durýar.

Pul serişdeleriniň hereketine gytaklaýyn usul bilen seljerme geçirmek, buhgalterçilik balansy boýunça aktiwleriň ýagdaýyna we olaryň çeşmelerine baha bermekden başlanýar. Soňra aktiwleriň we passiwleriň her bir orny maddalar boýunça kesgitlenýär. Olaryň pul çeşmeleriniň ýagdaýyna we kärhananyň arassa peýdasyna näderejede täsir edendigi anyklanýar.

Maliýe netijesine we pul serişdeleriniň ýagdaýyna deňeşdirme seljeriş geçirilende hakyky gelip gowşan pullaryň girdejilere nähili täsir edendigi hasaba alynýar.

Şeýlelikde, pul serişdeleriniň hereketi boýunça geçirilen seljerme aşakdakylar ýaly soraglar babatynda, esasly netijeleri çykarmaga mümkinçilik berýär:

– kärhana gelip gowşan pul serişdeleri näçe möçberde alnypdyr we olar haýsy çeşmelerden gelipdir hem-de olaryň peýdalanylan esasy ugurlary haýsy ugurlar bolup durýar?

– kärhana özüniň amal işiniň netijesinde gelip gowuşýan pul serişdeleriniň töleglerden ýokary bolmagyny üpjün etmäge ukyplymy, eger ukyply bolsa, onda şunuň ýaly ýokary möçber näderejede durnukly bolup durýar?

– kärhananyň özüniň gündelik borçnamalary boýunça hasaplaşmaga ýagdaýy barmy?

– kärhana tarapyndan alnan peýda onuň amal işine hyzmat etmek üçin ýeterlikmi?

– kärhananyň hususy serişdeleri maýa goýum işi üçin ýeterlikmi?

– alnan peýda bilen pul serişdeleriniň üýtgeýän ululygynyň arasyndaky tapawut näme bilen düşündirilýär?

*Altynjy bap*

# KÄRHANANYŇ ESASY MAÝANY ULANMAGYNYŇ SELJERMESI

## *6.1. Kärhananyň esasy maýasynyň häsiýetnamasy*

Hojalyk işini amala aşyrmak üçin kärhanalar, esasy maýasynyň düzümindäki emlägini ulanýarlar. Esasy maýa – munuň özi, uzak möhletiň dowamynda ulanylýan emläkdir, ony gozgalmaýan aktiwler diýip atlandyrýarlar (*6.1-nji surat*).




**6.1-nji surat. Esasy maýanyň düzümi**

Esasy maýa esasan hem aşakdakylardan ybaratdyr:

– maddy däl aktiwler (ýer böleklerinden, tebigy resurslardan, ygtyýarnamalardan we ş.m. peýdalanmak hukugy, komputer programmalary, maglumatlar binýady, sungat eserleri we ş.m. üçin awtorlyk we beýleki şertnamalardan gelip çykýan hukuklar; oýlap tapmak, senagat nusgalyklary, haryt nyşanlary hem-de hyzmat ediş nyşanlary we ş.m. boýunça patentler; nou-hau boýunça hukuklar, guramaçylyk çykdajylary, guramanyň işewürlik abraýy);

– düýpli goýumlar – gurluşyk-gurnama işlerine edilen harajatlar, enjamlary, gurallary, inwentarlary edinmek üçin edilen harajatlar, beýleki işler we edilen harajatlardyr. Maýa goýumlar – hakykat ýüzünde edilen harajatlaryň gymmaty boýunça hasaba alynýar;

– uzakmöhletli maliýe goýumlary – gymmatly kagyzlary edinmek üçin edilen harajatlar, golçur we beýleki guramalara, uzakmöhletleýin debitorlyk bergi boýunça serişdeleri goýum etmekdir. Peýdanyň paýlanylmagyna gatnaşmak, diwident we göterim almak maksady bilen maliýe goýumlarynyň (maliýe maýa goýumlary) uzak möhlet (bir ýyldan artyk) üçin goýum edilýär;

– esasy serişdeler – uzak möhletiň dowamynda, ýagny bir ýyldan artyk bolan möhletiň dowamynda üýtgewsiz görnüşde hereket edýän maddy-material gymmatlyklaryň jemidir (binalar, desgalar we ş.m.). Olar önümçilik we önümçilik däl görnüşlere bölünýärler. Esasy önümçilik serişdeleri önümçilige birnäçe gezek gatnaşýarlar, kem-kemden könelýärler, olaryň gymmaty bolsa bölekleýin ulanyşyna görä taýýarlanýan önüme geçirilýär. Esasy önümçilik serişdeleriniň üsti düýpli maýa goýumlaryň özleşdirilmegi bilen doldurylýar.

Türkmenistanyň Prezidentiniň 2013-nji ýylyň 18-nji oktýabrynda “Buhgalterçilik hasaba alnyşynda hasaba almak üçin esasy serişdeleriň gymmatyny bellemek hakynda” 13265-nji belgili karary kabul edildi. Bu karara laýyklykda Türkmenistanda maliýe hasabatlylygynyň halkara standartlaryna we onuň ýörelgelerine laýyk gelýän milli ulgama geçen döwlet edaralarynyň, kärhanalarynyň we guramalarynyň buhgalterçilik hasaba alnyşynda hasaba almak üçin esasy serişdeleriniň gymmatynyň iň az möçberini salgytlary ýygymlary hasaplamak üçin kesgitlenen binýatlyk mukdarynyň 14 essesi möçberde bellenildi.

Önümçilige degişli däl esasy gaznalar önümçilik hadysasyna gatnaşmaýarlar we öz gymmatyny önüme geçirmeýärler. Olara kärhananyň balansynda duran ýaşaýyş jaýlary, durmuş çygrynyň edaralary degişlidir. Önümçilige degişli däl esasy gaznalaryň gymmaty ulanyş döwründe ýitip gidýär we milli girdejiniň hasabyna öndürilýär.

Esasy önümçilik gaznalarynyň gurluşy, eýeçilik hukugy esasynda, kärhana degişli bolan ýer böleklerini we tebigatdan peýdalanyş obýektlerini, şeýle-de aşakdakylary öz içine alýar: desgalar (önümçilige hyzmat edýän inžener-gurluşyk obýektleri); geçiriji gurluşlar (elektrik setler, ýylylyk setleri); maşynlar we enjamlar; ölçeýji we

sazlaýjy abzallar, gurluşlar we barlaghana enjamlary; hasaplaýyş tehnikasy; ulag serişdeleri; gurallar we kömekçi enjamlar; önümçilik we hojalyk inwentary; içki hojalyk ýollar; ýerleriň gowulandyrylmagyna we kärende binalaryna, jaýlaryna, enjamlara we beýleki obýektlere düýpli goýumlar. Esasy önümçilik gaznalaryň gurluşyny gowulandyrmaklyk, artykmaç we az ulanylýan enjamlary ýok etmek, enjamlary täzelemek we döwrebaplaşdyrmak, tehnologik yzygiderliligi kämilleşdirmek we ş.m. çäreleriň hasabyna amala aşyrmak mümkin.

Esasy önümçilik gaznalarynyň hasaby we meýilnamalaşdyrylmagy, enjamlaryň tükellenmegi we pasportlaşdyrylmagy arkaly natural we gymmatlylyk aňlatmalarynda ýöredilýär.

Esasy önümçilik gaznalarynyň natural görnüşinde bahalandyrylmagy, aşakdakylary kesgitlemeklige mümkinçilik berýär: enjamyň her bir görnüşi boýunça sanyny; olaryň öndürüjiligini kuwwatlylygyny; önümçilik meýdançalarynyň ölçegini we ş.m. Şunuň esasynda önümçilik kuwwatlylyk hasaplanylýar, enjamyň işläp çykaryş mümkinçiliginiň ýokarlandyrylmagy kesgitlenilýär, enjamyň iş balansy düzülýär we ş.m.

Esasy önümçilik gaznalaryň gymmatlylyk aňlatmasynda hasaba alnanda şu aşakdakylary kesgitlemeklige: enjamlary satyn almaga, taýýarlamaga, onuň eltip berilmegi we gurnalmagy boýunça harajatlary kesgitlemeklige mümkinçilik berýär. Bu harajatlar esasy önümçilik gaznalarynyň başlangyç gymmatyny kesgitleýär. Ol könelme kadalaryny we könelme boýunça hasaplamalaryň möçberini kesgitlemek üçin ulanylýar. Esasy önümçilik gaznalaryny başlangyç gymmaty boýunça häzirki zaman şertlerinde bahalandyrmak, olaryň hakyky gymmadyny görkezmeýär, şonuň üçin hem esasy önümçilik gaznalaryny bahalandyrmak üçin dikeldiş gymmatyny ulanýarlar – munuň özi, esasy önümçilik gaznalarynyň häzirki zaman şertlerinde öndürilmegi boýunça harajatlardyr. Ol gaznalaryň gaýtadan bahalandyrylýan wagtynda anyklanýar. Esasy önümçilik gaznalarynyň gaýtadan bahalandyrylmagy netijesinde, olaryň dikeldiş gymmaty batly ýokarlanýar. Bu bolsa kärhananyň maliýe ýagdaýynyň erbetleşmegine getirýär. Muny düzetmek üçin, esasy önümçilik gaznalarynyň gaýtadan bahalandyrylýan döwründe könelme boýunça indeksleşdirmekligiň peseldiji koeffisiýentlerini ulanmak gerekdir.

Esasy önümçilik gaznalarynyň hakyky gymmatyny bahalandyrmak üçin galyndy gymmaty, ýagny esasy önümçilik gaznalarynyň başlangyç ýa-da dikeldiş gymmatynyň we olaryň sandan çykmagynyň mukdarynyň arasyndaky tapawut ulanylýar.

Esasy önümçilik gaznalarynyň sandan çykmagy fiziki we moral taýdan bolup biler.

*Fiziki taýdan könelişen* esasy önümçilik gaznalarynyň öz başlangyç gymmatyny onuň ulanmagynyň döwründe kem-kemden ýitirmegi. Ol diňe bir hereket etmeginiň dowamynda bolup geçmek bilen çäklenmän, eýsem hereketsizlik sebäpli hem bolup bilýär. Fiziki taýdan könelişen esasy serişdeleri sandan çykarmak aşakdaky görnüşlerde bolup biler, ýagny: doly – esasy önümçilik gaznalary ýatyrylýar, täzesi bilen çalşyrylýar; bölekleýin – esasy önümçilik gaznalarynyň öwezi olary abatlamaklygyň hasabyna doldurylýar.

*Moral taýdan könelişen* – has täze tehnologiýalaryň we enjamlaryň aralaşdyrylmagy netijesinde, maşynlaryň we enjamlaryň gymmatynyň peselmegine getirýär. Könelişen enjamlaryň öz wagtynda çalşylmazlygy önümiň hiliniň peselmegine, bäsdeşlige ukyplylygynyň ýitirilmegine we ş.m. getirip biler.

Esasy önümçilik gaznalarynyň täzelenmegi bilen bagly bolan esasy çykdajylary ýapmak çeşmesi hökmünde kärhananyň hususy serişdeleri çykyş edýär. Olar esasy önümçilik gaznalarynyň ulanylýan möhletiniň dowamynda könelme (amortizasiýa) tutumlary görnüşinde, şeýle hem uzakmöhletli karz serişdeleri görnüşinde toplanýar.

*Könelme (amortizasiýa)* – esasy önümçilik gaznalarynyň sandan çykmagynyň öwezini, olaryň gymmatyny önümiň goýberilmegi boýunça harajatlara goşmak arkaly, pul bilen dolmak. Könelme tutumlarynyň mukdary, esasy önümçilik gaznalarynyň gymmatyna, olaryň ulanylan wagtyna, döwrebaplaşdyrylmagyna çykarylan harajatlara baglydyr.

Könelme kadasynyň hasaplanylmagy aşakdaky formula boýunça amala aşyrylýar:

$$Kk \text{ (könelme kadasy)} = [(EÖGBG - EÖYG) : (M_k \cdot EÖGBG)] \cdot 100.$$

Bu ýerde:

*EÖGBG* – esasy önümçilik gaznalarynyň başlangyç gymmaty;

*EÖYG* – esasy önümçilik gaznalarynyň ýatyrylyş (likwidasiýa) gymmaty;

$M_k$ – esasy önümçilik gaznalarynyň gulluk etmeginiň kadaly möhleti (könelme döwri), ýyl.

Könelme kadasynyň kömegi bilen esasy serişdeleriň dolanyşyk tizligi sazlanylýar, olaryň dikeldiş işi güýçlendirilýär.

Esasy önümçilik gaznalarynyň doly dikeldilmegi boýunça her ýyldaky könelme tutumlarynyň mukdary aşakdaky formula boýunça kesgitlenilýär:

$$KT = Kk \cdot EÖGOYG.$$

Bu ýerde:

*EÖGOYG* – esasy gaznalaryň ortaça ýyllyk gymmaty.

**1-nji mysal.**

Kärhana bahasy 450 müň manatlyk, gulluk ediş möhleti 10 ýyla deň bolan enjam satyn aldy. Getirilmegi üçin edilen çykdajylar 20 müň manatdan, döwrebaplaşdyrmak we gurnamak 130 müň manatdan, sökmek üçin çykdajylar 60 müň manatdan, galyndy gymmaty 30 müň manatdan ybarat boldy. Könelme kadasyny we enjamyň doly dikeldilmegi üçin könelme tutumlarynyň möçberini kesgitlemeli.

Çözgüdi:

*1. Doly başlangyç gymmatyny kesgitläliň:*

Enjamyň öndürilmegi, satyn alynmagy, onuň eltilmegi we gurnalmagy boýunça çykdajylar esasy önümçilik gaznalarynyň başlangyç gymmatyny kesgitleýärler:

$$EÖGBG = 450 + 20 + 130 = 600 \text{ (müň manat)}$$

*2. Könelme kadasyny kesgitläliň, eger-de ýatyrylyş gymmaty EGYG = 30 müň manat bolsa:*

$$Kk = [(EÖGBG - EGYG) / (M_k \cdot EÖGBG)] \cdot 100\% = [(600 - 30)/ / (10 \cdot 600)] \cdot 100 = 9{,}5\%.$$

*EGYG*-esasy gaznanyň galyndy gymmaty (ýa-da, ýatyrylyş gymmatly).

*3. Könelme tutumlarynyň (KT) mukdaryny kesgitläliň:*

a) Esasy gaznalaryň ortaça ýyllyk gymmaty:

$$EÖGOYG = (600 – 30) / 10 = 57 \text{ (müň manat)};$$

b) Könelme tutumlarynyň bir ýyldaky mukdary:

$$KT = Kk \cdot EÖGOYG = 0{,}095 \cdot 57 = 5{,}415 \text{ (müň manat)}.$$

Könelme tutumlarynyň ululygy üç sany usul bilen kesgitlenilip bilner: deňölçegli, deňölçegli çaltlandyrylan we çaltlandyrylan.

Deňölçegli – esasy önümçilik gaznalarynyň fiziki we moral taýdan deňölçegli sandan çykmagyndan ugur alýar, ýöne bu elmydama mümkin däldir, sebäbi ylmyň we tehnikanyň ösmegi, deňölçegsiz bolup geçýär, moral taýdan sandan çykma, könelme kadalarynda göz öňünde tutulandan has çalt depginler bilen bolup geçýär. Şonuň üçin hem telekeçiniň çaltlandyrylan könelme usulyny ulanmagy gerekdir.

Çaltlandyrylan könelme – ilkinji üç ýylyň dowamynda önümiň özüne düşýän gymmatynyň hasabyna olaryň başlangyç gymmatynyň 2/3 mukdaryny geçirmeklige mümkinçilik berýän ýokarlandyrylan kadalar ulanylýar. Şondan galan gymmaty bolsa, könelme boýunça durnukly kadalara laýyklykda geçirilýär. Emma deňölçegsiz könelme usuly has giňden ýaýrady. Şoňa laýyklykda, enjamyň gymmatynyň uly bölegi önümçilik harajatlaryna degişli edilýär. Meselem, 50% – birinji ýyl; 30% – ikinji ýyl; 20% – üçünji ýyl. Munuň özi hümmetsizlenme şertlerinde edilen harajatlary ödemeklige mümkinçilik berýär.

## 6.2. Önümçilik kuwwatlylygynyň häsiýetnamasy

Önümçilik kuwwatlylygy – munuň özi, iň täze tehnikalary, tehnologiýalary, optimal iş kadalaryny, zähmetiň we önümçiligiň ylmy taýdan guralmagyny girizmekligi göz öňünde tutmak bilen, enjamlary we önümçilik meýdançalaryny ulanmagyň progressiw kadalarynyň esasynda bellenen nomenklatura we dürli görnüşlilik boýunça önüm öndürilmeginiň, işleriň, hyzmatlaryň ýerine ýetirilmeginiň iň ýokary mümkinçiligidir.

Önümçilik kuwwatlylygy – munuň özi, kärhananyň esasy gaznalaryny ulanmaklygyň mümkinçiliklerini görkezýän umumylaşdyryjy görkeziji bolup, ol önümiň sanawy (nomenklaturasy) boýunça kesgitlenilýär we anyk önümiň birliginde aňladylýar (önümleriň kesgitli möçberi, kömrüň tonna möçberi, poladyň tonnasy we ş.m.).

Önümçilik kuwwatlylygy şu aşakdaky ýaly bolup bilýär:

– taslama kuwwatlylygy, ol kärhananyň gurluşygynyň, durkunyň özgerdilmeginiň we giňeldilmeginiň taslamasy tarapyndan göz öňünde tutulýar;

– giriş kuwwatlylyk – kärhananyň meýilnama döwrüniň başynda nähili önümçilik kuwwatlylyklaryna eýe bolandygyny görkezýän ýylyň başyndaky kuwwatlylygy ($K_{ý.b}$);

– çykyş (çykýan) kuwwatlylyk – ýylyň ahyryndaky kuwwatlylyk ($K_{ý.a}$), ol ýylyň dowamynda çykýan kuwwatlylygy hasaba almazdan, ýylyň başyndaky girişi we ýylyň dowamynda girýän kuwwatlylyklary jemlemek arkaly kesgitlenilýär;

– ortaça ýyllyk kuwwatlylyk ($K_{o.ý}$) – öňden bar bolan kuwwatlylyklaryň ösmegini we azalmagyny hasaba almak bilen kärhananyň ortaça bir ýylda eýe bolan kuwwatlylygydyr.

Önümçilik kuwwatlylygynyň ululygyny kesgitleýän esasy görkezijiler hökmünde aşakdakylar bolup durýar:

– işiň görnüşi;

– enjamyň düzümi we onuň görnüşleri boýunça sany;

– maşynlaryň we enjamlaryň ulanylmagynyň tehniki-ykdysady görkezijileri;

– enjamyň iş wagtynyň gaznasy;

– kärhananyň önümçilik meýdany;

– önümiň meýilleşdirilýän sanawy (nomenklaturasy) we dürli görnüşliligi we ş.m.

Meselem, durmuş hyzmatlaryny ýerine ýetirýän kärhananyň önümçilik kuwwatlylygy (eşikleri reňklemek, himiýa usuly bilen arassalamak) aşakdaky formula boýunça kesgitlenilýär:

$$Ö.K = (A \cdot Ö_{ss} \cdot g \cdot GT_e \cdot N) : 1000.$$

Bu ýerde:

$Ö.K$ – eşik tonnasynda birmeňzeş enjamlaryň ýyllyk önümçilik kuwwatlylygy;

$A$ – enjam birligine birwagtyň özünde düşýän agram, kg;

$Öss$ – önümçilik sikllериniň sagatdaky sany;

$g$ – enjamyň ulanyş koeffisiýenti;

$GT_e$ – enjamyň meýilnama boýunça iş wagtynyň gaznasy;

$N$ – enjam birliginiň sany.

Metal guýulýan, galyplaýjy, ýygnaýjy we ş.m. önümçilik pudaklarynyň önümçilik kuwwatlylygy aşakdaky formula boýunça kesgitlenilýär:

$$Ö.K = S \cdot GTs : t.$$

Bu ýerde:

$S$ – önümçilik pudagynyň peýdaly meýdany, m$^2$;

$GTs$ – meýdandan peýdalanmaklygyň netijeli wagt gaznasy;

$t$ – önüm birligini öndürmek üçin zerur bolan meýdany (m$^2$). Bu önümiň birliginiň öndürilmegi boýunça senenama wagtyna, onuň öndürilmeginiň progressiw kadalaryny ulanmak şerti bilen köpeltmek arkaly kesgitlenilýän ululykdyr.

Birmeňzeş görnüşli enjamlar bilen enjamlaşdyrylan önümçilik pudagynyň önümçilik kuwwatlylygy aşakdaky formula boýunça kesgitlenilýär:

$$Ö.K = Ö_{ý.k} \cdot K \cdot N.$$

Bu ýerde:

$Ö_{ý.k}$ – bir enjamyň ýyllyk öndürijililik kadasy;

$K$ – agram düşme koeffisiýentiniň kadasy;

$N$ – enjamyň şol görnüşiniň sany.

Kärhananyň önümçilik kuwwatlylygy, bir ýyl üçin hasaby bilen öňdebaryjy önümçilik düzüm birlikleriniň (ussahanalarynyň) ýa-da esasy önümçilik agregatlarynyň, gurluşlarynyň kuwwatlylygy boýunça kesgitlenilýär. Şunda önümçiligiň kooperasiýasynyň we ýöriteleşdirilişiniň çäkli ýerleri we mümkinçilikleri hasaba alynýar. Birnäçe önümçilik düzüm birlikleri bolan ýagdaýynda, önümçilik kuwwatlylyk olaryň önümçilik kuwwatlylygynyň jemi hökmünde kesgitlenilýär.

Kärhananyň önümçilik kuwwatlylygy döwrüň ahyrynda aşakdaky model görnüşinde berlip bilner:

$$Daök = Dbök + \Delta Gtçs + \Delta Sgd + \Delta Ön - Mtk.$$

Bu ýerde:

*Daök* – döwrüň ahyryndaky önümçilik kuwwatlylygy (çykyş) degişli ölçeg birliklerinde;

*Dbök* – döwrüň başyndaky önümçilik kuwwatlylygy (giriş);

Δ*Gtçs* – geçirilýän guramaçylyk-tehniki çäreleriň hasabyna seljerme geçirilýän döwürde kuwwatlylygyň artmagy (enjamyň iş kadasynyň üýtgemegi, zähmetiň we önümçiligiň guramaçylygynyň, önümçiligiň güýçlendirilmeginiň kämilleşdirilmegi we ş.m.);

Δ*Sgd* – seljerme geçirilýän döwürde täze önümçiligiň, giňeltmekligiň, döwrebaplaşdyrmagyň, könelişen enjamlary çalyşmaklygyň we ş.m. girizilmeginiň hasabyna kuwwatlyklaryň artmagy;

Δ*Ön* – önümiň nomenklaturasynyň we dürli görnüşliliginiň üýtgemegi bilen baglylykda, kuwwatlyklaryň artmagy;

*Mtk* – moral taýdan könelme, garaşylmadyk ýagdaýlar, başga kärhanalara berilmegi ýa-da satylmagy we ş.m. bilen baglylykda çykan kuwwatlyklar.

Şunuň ýaly model görnüşindäki önümçilik kuwwatlylygynyň balansy önümçilik serişdeleriniň ulanylyş ýagdaýyny we derejesini hil taýdan bahalandyrmak, kämil tehnologiýalardan we zähmeti hemde önümçiligi guramaklygyň öňdebaryjy usullaryndan peýdalanmak üçin ulanmak maksadalaýykdyr.

Ortaça ýyllyk önümçilik kuwwatlylyk kesgtilenende enjamyň her bir görnüşiniň iş wagtyny hasaba almak gerekdir.

Eger-de täze enjamyň iş wagty we hasapdan öçürilen köne enjamyň iş wagty hasaba alynsa (kärhananyň içerki hasabatlylygynyň maglumatlary boýunça), onda ortaça ýyllyk önümçilik kuwwatlylygy aşakdaky formula boýunça kesgitlenilýär:

$$K_{oý} = Dbök + Kg \times Ökga : 12 - Kç \times Ökça : 12.$$

Bu ýerde:

$K_{oý}$ – ortaça ýyllyk kuwwatlylygy;

*Kg*, *Kç* – ýylyň dowamynda giren we çykan kuwwatlylyk;

*Ökga*, *Ökça* – degişlilikde, ýylyň ahyryna çenli önümçilik kuwwatlylyklarynyň girizilen we çykarylan pursatyndan doly aýlarynyň sanydyr.

**2-nji mysal.**

Guramanyň ýylyň başyndaky önümçilik kuwwatlylygy önümiň 450 müň şertli birliginden ybarat boldy. 1-nji martdan 120 müň şertli birlige deň bolan kuwwatlylyk, 1-nji awgustdan 100 müň şertli birlige deň bolan kuwwatlylyk çykdy, degişlilikde, 1-nji fewralda 200 müň şertli birlige deň bolan kuwwatlylyk, 1-nji iýuldan bolsa 170 müň şertli birlige deň bolan kuwwatlylyk herekete girizildi. Guramanyň ortaça önümçilik kuwwatlylygy aşakdaka deň bolar:

$$K_{o.ý} = 450 + 200 \cdot 11 / 12 + 170 \cdot 7 /12 - 120 \cdot 10/12 - 100 \cdot 5/12 =$$
$$= 450 + 183{,}33 + 99{,}17 - 100 - 41{,}67 = 590{,}83 \text{ (müň.şertli birlik)};$$
$$(Tp(K_{o.ý}) = K_{o.ý}1: K_{o.ý.o} = 590{,}83: 450 = 1{,}313 \text{ ýa-da } 131{,}3\%$$

Döwrüň ahyryna çenli ortaça ýyllyk kuwwatlylyk ýylyň başyndaky bilen deňeşdirilende 31,3% artdy.

Esasy önümçilik gaznalarynyň ortaça ýyllyk gymmaty, meýilleşdirilýän ýa-da hasabat ýylynyň 1-nji ýanwaryna we indiki ýylyň 1-nji ýanwaryna görä hereket edýän, esasy önümçilik gaznalarynyň 0,5 gymmatyny, şeýle hem bu gaznalaryň şol ýylyň (meýilleşdirilen hasabat) beýleki aýlarynyň 1-den balans meýilleşdirilen ýa-da hakyky gymmatyny goşmak arkaly alnan mukdary 12-ä bölmekligiň bölünme netijesi hökmünde kesgitlenilýär:

$$EÖGGi \ (i = 1{,}12);$$
$$EÖGOYG = [0{,}5 \cdot EÖGOYG + 0{,}5 \cdot EÖGOYG + \sum EÖGOYG]: 12,$$
$$(i = 1{,}12).$$

Ortaça ýyllyk gymmaty düşewüntliligi we gaznalara tölegleri hasaplap çykarmak üçin binýat bolup hyzmat edýär.

Önümçilik kuwwatlyklary (*ÖK*) hasaplananda, enjamyň ortaça ulanylyş möhletiniň meýillerini (dinamikasyny) hasaba almaly, ol ähli maşynlaryň hakyky ulanylan ýyllarynyň umumy jeminiň maşynlaryň sanyna gatnaşygy hökmünde kesgitlenilýär:

$$ÖK = [\sum(Ti \cdot Ki)] : \sum Ki, \ i = 1, N.$$

Bu ýerde:

*Ti* – enjamlaryň *i* görnüşiniň ulanylyş möhleti;

*Ki* – enjamlaryň *i* görnüşiniň sany;

*N* – enjamlaryň umumy sany.

**3-nji mysal.**

Gurama iş wagtynda enjamlaryň üç görnüşini ulandy: “A”, “B”, “C”, her bir görnüşiniň sany degişlilikde, 3,8, we 2 birlik. Enjamlaryň ulanyş möhleti: “A” – bäş ýyl, “B” – alty ýyl, “C” – bir ýyl. Enjamlaryň orta möhletini kesgitlemeli.

Çözgüt:

$$\ddot{O}K = (3 \cdot 5 + 8 \cdot 6 + 2 \cdot 1) : (3 + 8 + 1) = 65:12 = 5{,}42.$$

Enjamlaryň orta möhleti bäş ýyldan gowrakdyr.

Enjamlaryň bardygy we onuň ulanyş möhletleri baradaky maglumat, düzgün bolşy ýaly, enjamlaryň we gaýtaryp berilmeli toparlaryň sanawy görnüşinde berilýär (5 ýyla çenli; 10–20 ýyl; 20 ýyldan artyk). Bu ýagdaýda ulanyşyň orta möhleti aşakdaky formula boýunça kesgitlenilýär:

$$\ddot{O}K = [\sum(TCi \cdot Дi)]\ i = 1, N.$$

Bu ýerde:

$TCi$ – $i$-nji aralygyň (interwalyň) ortaça ýaşy;

$Дi$ – $i$-nji topardaky enjamyň udel agramy.

**4-nji mysal.**

Baş ussanyň enjamlaryň barlygy barada bölüm boýunça hasabatyna görä, kärhanada 5 ýyla çenli ýaşdaky enjamlaryň 15 birligi, 5 ýyldan 10 ýyla çenli ýaşdaky enjamlaryň 10 birligi, 10 ýyldan 20 ýyla çenli ýaşdaky enjamlaryň 8 birligi we ýaşy 20 ýyldan ýokary bolan enjamlaryň 7 birligi bar.

Çözgüt:

Enjamlaryň umumy sany:

$$N = 15 + 10 + 8 + 7 = 40 \text{ (birlik)}.$$

Ýaş interwallarynyň ortasy: 2,5; 7,5; 15; 25.

Enjamlaryň ortaça ýaşy aşakdakydan ybaratdyr:

$$\ddot{O}K = [2{,}5 \cdot (15:40) + 7{,}5 \cdot (10:40) + 15 \cdot (8:40) + 25 \cdot (7:40)] = \\ = 10 \text{ (ýyl)}.$$

Guramanyň önümçilik kuwwatlylygy täze tehnikanyň ulanylyşyna, öňdebaryjy tehnologiýalaryň, materiallaryň girizilişine, önümçilik gurluşynyň kämilleşdirilişine, önümçiligi guramagyň gowulandyrylyşyna görä üýtgeýär.

## *6.3. Esasy serişdeleriň ýagdaýynyň we hereketiniň görkezijileri*

Esasy serişdeleriň ýagdaýyna seljerme geçirilende, könelmäniň ortaça kadasynyň üýtgeýiş meýlini – könelme döwründe hasaplanan jeminiň olaryň ortaça ýyllyk gymmatyna bolan gatnaşygyny seljermeden geçirmek maksadalaýykdyr. Ortaça könelme kadasynyň ösüş meýli (dinamikasy) esasy serişdeleriň üýtgeýiş tizligini ýyllar boýunça görkezýär.

Esasy serişdeleriň belli sene üçin kesgitlenen ýagdaýynyň we hereket yzygiderliliginiň umumylaşdyrylan häsiýetnamasynda aşakdaky görkezijileri ulanýarlar:

Esasy serişdeleriň köneliş koeffisiýenti (*ESKK*) – esasy serişdeleriň könelmesiniň jeminiň esasy serişdeleriň başlangyç gymmatyna gatnaşygy (*ESBG*):

$$ESKK = ESKJ / ESBG.$$

Esasy serişdeleriň köneliş koeffisiýenti esasy serişdeleriň gymmadynyň önüme geçirilen paýyny häsiýetlendirilýär. Esasy serişdeleriň könelmesiniň jemi esasy serişdeleriň doly we galyndy gymmatynyň arasyndaky tapawudy hökmünde kesgitlenilýär.

Esasy serişdeleriň ýaramlylyk koeffisiýenti (*Kýar*) – bu esasy serişdeleriň köneliş koeffisiýenti bilen 1-iň aratapawudy hökmünde kesgitlenilýär:

$$Kýar = 1 – ESKK.$$

Ýaramlylyk koeffisiýentiniň aňlatmasy esasy serişdeleriň önüme geçirilmedik gymmatynyň bölegini häsiýetlendirýär.

Çykyş koeffisiýenti (*Kçyk*) – hasabat döwründe önümçilikden çykan esasy serişdeleriň gymmatynyň (*ESçyk*) döwrüň başyndaky esasy serişdeleriniň gymmatyna bolan gatnaşygydyr (*ESb*):

$$Kçyk = ESçyk : ESb.$$

Bu görkeziji esasy serişdeleriň haýsy böleginiň hasabat döwründe çykandygyny görkezýär.

Guramanyň esasy serişdeleriniň hakyky gymmatynyň koeffisiýenti (*Khg*) – esasy serişdeleriň ortaça ýyllyk galyndy gymmatynyň (*ESgg*) aktiwleriň ortaça ýyllyk gymmatyna (*AK*) bolan gatnaşygydyr:

$$Khg = ESgg : AK.$$

Koeffisiýent gönüden-göni önümçilik yzygiderliligine gatnaşýan esasy serişdeleriň ulanylmagynyň netijeliligini görkezýär. Bu koeffisiýentiň senagat kärhanalary üçin 50 göterimden ýokary bolmalydyr.

Esasy serişdeleriň ösüş depgini satuwdan alnan düşewündiň ösüş depgininden pes bolmalydyr, ol bolsa, öz gezeginde girdejiniň ösüş depgininden az bolmalydyr.

Täzeleme koeffisiýenti (*Ktäz*) döwrüň dowamynda gelip gowşan serişdeleriň gymmatynyň (*SGdd*) döwrüň ahyryndaky esasy serişdeleriň gymmatyna (*ESda*) bolan gatnaşygydyr.

$$(Ktäz) = SGdd : ESda.$$

Bu görkeziji hasabat döwründe esasy serişdeleriň nähili derejede täzelenendigini görkezýär.

**5-nji mysal.**

Esasy serişdeleriň doly bahasy boýunça gymmaty 01.01. senesinde 4500 müň manatdan, galyndy gymmaty boýunça 3790 müň manatdan ybarat boldy. Esasy serişdeleriň görkezilen senesine çenli ýagdaýyny kesgitlemeli.

Çözgüt:

Doly we galyndy gymmatynyň tapawudy hökmünde sandan çykyş mukdaryny kesgitleýäris:

$$SÇ = 4500 – 3790 = 710 \text{ (müň manat)}.$$

Sandan çykyş koeffisiýentini kesgitleýäris:

$$Ksç = 710 : 4500 = 0{,}1578, \text{ ýa-da } 15{,}78\%.$$

Başga sözler bilen esasy serişdeleriň gymmatynyň 15,78 göterimi, önümiň özüne düşýän gymmatyna geçirildi.

Ýaramlylyk koeffisiýentini kesgitleýäris:

$$Kýar = 1 – 0{,}1578 = 0{,}8422, \text{ ýa-da } 84{,}22\%.$$

Başga sözler bilen esasy serişdeleriň gymmatynyň 84,22 göterimi önüme geçirilmändir.

## *Ýedinji bap*

# KÄRHANANYŇ BAZAR IŞJEŇLIGINIŇ SELJERMESI

## *7.1. Kärhananyň bazar işjeňliginiň maliýe seljermesiniň mazmuny we meseleleri*

Hojalygy alyp baryjylary we geljekki maýadarlary gyzyklandyrýan, kärhananyň bazar işjeňliginiň gökezijileri esasy jähtleriniň biridir. Kärhananyň eýesi (paýdarlar jemgyýetinde gymmat bahaly kagyzlaryň eýesi) üçin esasy gyzyklanma onuň peýdalylygy bolup durýar. Bu ýerde peýda kompaniýanyň eýesi tarapyndan maýa goýum serişdeleriniň maliýeleşdirilmeginde, kompaniýanyň (kärhananyň) ýolbaşçysynyň tutanýerli işiniň üsti bilen gazanan peýdany aňladýar.

Kärhananyň eýelerini peýdanyň netijeli paýlanylmagy gyzyklandyrýar, ýagny, onuň näçe bölegi gaýtadan maýa goýmaklyga gönükdiriler, hem-de näçe bölegi diwidend hökmünde olara tölener.

Kärhananyň ösüşine gönükdirilen peýda onuň öz-özüni maliýeleşdirme ukybyny haýsy derejede saklap biljek, ýagny, içki maliýe çeşmeleriň hasabyna öz maýasyny ösdürmek mümkinçiligini häsiýetlendirýär. Kärhana önümçiligi ösdürmekde beýleki maliýe çeşmelerinden peýdalanýar – karz serişdeleri (karzlar we obligasiýalar), täze gymmat bahaly kagyzlaryň goýberilişi. Onuň aýratyn goldawy hökmünde maliýe lizingi (maliýe kärendesi) çykyş edýär. Bu çeşmeleriň hasabyna serişdeleri kärhananyň ösüşine çekmek, onuň häzirki we uzak möhletde peýdaly işleýän ýagdaýynda mümkindir. Kärhanany ösdürmek üçin karz serişdeleriniň peýdalanylmagy, onuň bergi borçnamalaryny hyzmat etmekde (obligasiýalar boýunça we karzlary peýdalanmakda) çykdajylary ýapyp bilmekligi, hem-de obligasiýalaryň gymmatyny üzmekligi we karz serişdeleriň yzyna gaýtarylmagyny peýdanyň derejesi üpjün etmeli. Bu çeşmeleri çekmeklik, birinjiden, kärhananyň peýdasyndan tölegleri amala aşyrmaklyga we şonuň netijesinde, sap girdejisiniň gysgalmagy bilen bagly, beýleki tarapdan, olaryň çekilmeginiň netijesinde, peýdanyň ýokarlanýan

ýagdaýynda, karz göterimlerini we salgytlary töländen soň kärhanada galýan peýdanyň möçberi artýar.

Goşmaça paýnamalaryň goýberişiniň hasabyna kärhanany ösdürmekligi maliýeleşdirmekde diňe paýnamalaryň netijeli ýerleşdirilmekligi göz öňünde tutman, paýnamalaryň hümmetini goldamakda olara laýyk diwidendleri tölemek üçin ýeterlikli gündelik we geljekki peýdanyň derejesini nazara almak zerur. Mundan başga-da, telekeçiligi ösdürmekde diňe peýda kärhananyň hemişe gaýtadan dikeldilýän maliýe serişdesi bolup durýar. Şunda kompaniýanyň işiniň netijesi olaryň maýa goýumlarynyň gymmatyna täsirini ýetirýär, hususan, eger kärhananyň paýnamalary erkin bazarda aýlanýan bolsa.

Hojalyk işini netijeli amala aşyrmakda kärhanany netijeli dolandyrmakdan başga, tehnologiýany yzygiderli kämilleşdirmek, döwrebap önümçilik serişdeleri ulanmak we dolanyşyk serişdeleriň üstüni doldurmak zerur. Kärhananyň bazar işjeňligini peýdanyň we eýeleriniň öz maýalarynyň (aktiwleriniň) durnukly ösüşi üpjün edýär.

Maliýe lizingi (maliýe kärendesi) – bu emlägiň gulluk möhletine we emlägiň gymmatynyň amortizasiýasynyň (esasy serişdeler boýunça tutumlar) doly gymmatyna ýa-da emlägiň gymmatynyň ep-esli bölegine golaý bolan wagta çenli ýörite şert boýunça emlägi satyn almaklygy aňladýar.

Kärhananyň maksadyna görä bazar işjeňliginiň dürli görkezijileri ulanylýar we kesgitlenýär. Kärhananyň bazar işjeňligi öz maýasynyň ulanylmagynyň absolýut we otnositel görkezijileriň esasynda yzarlanýar.

**Kärhananyň öz maýasynyň hukuk jähtden seljermesi** alynýan girdejiniň möçberine we bar bolan aktiwlerine bildirilýän hojaýynlaryň (paýnamalaryň eýeleri) nägileliklerini galyndy ýörelgeleri bilen kanagatlandyrmaklygy häsiýetlendirilýär. Bu jähti kabul edilýän çözgütleriň seljermesinde maliýe töwekgelligi hökmünde nazara almak zerur. Kärhananyň öz maýasynyň düzüminde iki esasy bölekleri bellemek zerur: hojaýynlaryň goýumlary we toplanan maýalar, ýagny ilki başda hojaýynlaryň maýa goýumlarynyň üstüniň dolmagy. Mundan başga, kärhananyň öz eýeçiligindäki maýalaryň düzüminde gaýtadan gymmatynyň bahalandyrylmagy bilen ýüze çykýan aktiwleriň gymmatyny bellemeli.

Kärhananyň özleşdiren maýa goýumlary ýönekeý we aýratyn hukukly paýnamalaryň, şeýle hem goşmaça tölenen maýanyň (paýnamanyň nominal gymmatyndan artyk gymmatyny) gymmatyny öz içine alýar. ÖzleşdiriIen maýa goýumlarynyň birinji elementi kärhananyň balansynda esaslandyryjy maýasy, ikinjisi – goşmaça maýasy (täze paýnamaryň goýberilişinden alnan girdeji) hökmünde ýüze çykýar. Sap peýdanyň (ätiýaçlyk maýasynyň, paýlanylmadyk peýdanyň) hasabyna döredilen toplanan maýa maddalar görnüşinde ýüze çykýar. Kärhananyň öz maýasynyň düzümi 7.1-nji suratda görkezilen.

Kärhananyň öz maýasynyň düzümine girýän maýalar 7.1-nji suratda görkezilen: özleşdirilen maýany (esaslandyryjy maýasyny we täze paýnamaryň goýberilişinden alnan girdejini) öz içine alýan, kärhananyň ygtyýarynda bar bolan maýasy, toplanan maýalar (kärhananyň sap peýdasynyň hasabyna döredilen) we gaýtadan bahalandyrmagyň netijesinde onuň gymmatynyň artyşy; mümkin bolan maýalar – geljekki döwrüň girdejisi hökmünde kärhananyň balans hasabatynda görkezmäge rugsat berilmegi hem-de degişli döwrüň maliýe netijelerinde görkezmek bilen kärhananyň ygtyýarynda bar bolan maýasynyň düzüminde görkezilýär; wagtlaýyn üýtgäp durýan bölegi – geljekki döwrüň harajatlarynyň ätiýaçy hökmünde ýüze çykýar.




**7.1-nji surat. Kärhananyň öz maýasynyň düzümi**

Kärhananyň öz maýasynyň maýa goýumlary we toplanma maýalara bölünmegi nazaryýetde we amalda uly ähmiýete eýedir: bu toparlaryň gatnaşygy we ösüş meýilleri boýunça kärhananyň işjeňligi we netijeliligi bahalandyrylýar.

Kärhananyň toplanma maýalarynyň paýynyň ösüş meýli onuň aktiwleriniň üstüni doldurmakda, serişdeleriň artdyrylmaga ukybyny subut edýär we maliýe durnuklylygyny häsiýetlendirýär. Kärhananyň

toplanma maýasynyň kesgitlenmesinde, uzakmöhletleýin maliýeleşdirmekde ulanylýan sap peýdasyna bagly bolan, häzirki buhgalter hasabatynyň aýratynlyklaryny göz öňünde tutmaly. Kärhananyň sap peýdasynyň düýpli maýa goýumlaryň özleşdirilmeginde ulanylmagy, maýalary kemeltmeýär: serişdeler başga bir görnüşe öwrülip, kärhanada galýar (sarp edişe ulanylýanlary bilen deňeşdirilende). Şeýle hem, peýdanyň maýalara öwrülmegi we kärhananyň ösüşinde we giňeldilmeginde ulanylmagy, onuň umumy toplanan maýasyny kemeltmeli däl. Bu ýagdaý kärhananyň öz maýasynyň düzüminiň üýtgemegine düşünmegi üçin möhümdir.

Kärhananyň hereketinde dürli ähmiýeti eýeleýän öz maýasynyň islendik elementi onuň aktiwlerini peýdalanmakda hukuk we beýleki çäklendirmeleri häsiýetlendirýär.

**Esaslandyryjy (sermaýa) maýa** – kärhanany döretmekde esaslandyryjylaryň (eýeleriniň) kärhananyň emlägine goýlan serişdeleriniň gymmatynyň jemidir. Bu esaslandyryjylar tarapyndan telekeçilige goýlan aktiwleriň jemini häsiýetlendirýär we goýumlary goýanda peýdany gaýtadan maýa goýumlara özleşdirende we kärhananyň emläginiň ýagdaýynyň beýleki üýtgemelerini esaslandyryjy resminamalarda bellenilýär.

Diňe paýdarlar jemgyýetinde paýdarlaryň emläk hukuklaryny tassyklaýan, paýnamalaryň üsti bilen kärhananyň esaslandyryjy maýasy paýlara bölünýär. Paýdarlar jemgyýetiň esaslandyryjy maýasynyň ýuridik manysy öz borçnamalarynyň çäginde onuň ululygy emläk jogapkärçiliginiň iň pes çäklerini kesgitleýär. Paýdarlar jemgyýetiň goýlan maksada görä esaslandyryjy maýasynyň seljermesi şu aşakdakylary ýüze çykarmak üçin amala aşyrylýar:

– maýanyň tölenilmedik paýyny;

– paýdarlardan yzyna satyn alynýan öz paýnamalarynyň möçberini;

– paýnamalaryň dürli görnüşleriniň möçberini we olar bilen bagly hukuklary;

– paýnamalaryň eýelerini we beýlekileri.

Esaslandyryjy maýasynyň seljermesinde, ilkinji nobatda, esaslandyryjy maýasyna goýumy goýmak jogapkärçiligi boýunça öz borçnamalaryny berjaý etmedikleri (bölekleýin ýerine ýetirilmegi) ýüze çykarylyp, onuň doly döredilmegini bahalandyrýar. Hasaplaşyk balansy

düzülen wagtda esaslandyryjy maýasyna girizilmedik aktiwler onuň çykym saldosynda “Esaslandyryjylar (gatnaşyjylar) bilen hasaplaşyk” maddasynda şekillendirilýär. Ýagny, esaslandyryjy maýasyna geçirmeli maýalar boýunça esaslandyryjylaryň borçlarynyň maglumatlary hasaplaşyk balansyň aktiw zolagynyň şol bir meňzeş maddasynda görkezilýär.

“Türkmenistanyň Prezidentiniň ýurdumyzy 2019–2025-nji ýyllarda durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň Maksatnamasynyň” esasy wezipeleriniň biri hem bazar ykdysadyýetine tapgyrlaýyn geçmek maksady bilen paýdarlar jemgyýetlerini döretmek, gymmatbahaly kagyzlaryň bazaryny, gazna biržasynyň işini kämilleşdirmek babatynda anyk çäreleri geçirmekden ybaratdyr.

Paýdarlar jemgyýetiniň hasaplaşyk balansynyň passiw zolagyny seljermek üçin, “Esaslandyryjylara (gatnaşyjylara) girdeji tölemek boýunça borçnamalar” maddasynda görkezilen jemler onuň öz maýasynyň hakyky möçberinden (şeýle hem kärhananyň emläginiň) galdyrylmagyny subut edýändigini göz öňünde tutmaly. Şonuň üçin öz maýasy bilen karz serişdeleriniň gatnaşygyny, hem-de umumy passiwdäki jemde öz maýasynyň paýyny bahalandyrmakda şol maddadaky jemleri aýyrmaly. Esaslandyryjy maýasynyň seljermesinde, aktiwleriň düzüminde öz paýnamalarynyň möçberinde gaýtadan yzyna satyn alynýan paýdarlaryň paýnamalarynyň barlygy we onuň maksadyny kesgitlemek zerur.

***Paýnamalaryň töleglerini üzmek bilen olary yzyna satyn almak.*** Eger-de paýdarlar jemgyýetiň Düzgünnamasynda şeýle mümkinçilik göz öňünde tutulan bolsa, onda kärhana paýnamalaryny yzyna satyn alyp, umumy möçberini gysgaldyp biler.

***Paýdarlaryň talaplary esasynda paýnamalary yzyna satyn almak.*** Paýdarlaryň bu hukugy käbir ýagdaýlarda ýüze çykýar. Mysal üçin, eger-de paýdarlar jemgyýetini özgertmeli bolsa ýa-da uly möçberde şertnama baglaşylsa.

***Paýnamalary beýleki maksatlar üçin yzyna satyn almak.*** Satyn alnan öz paýnamalaryny kärhana täze hojaýynlara satyp biler. Mundan başga-da, jemgyýetiň Düzgünnamasynda, sap peýdanyň hasabyna öz işgärleri üçin paýnama gorunyň döredilmegi göz öňünde tutulyp bilner. Onuň serişdeleri paýdar jemgyýetiniň paýnamalaryny satyn alandan soň diňe öz işgärleriniň arasynda ýerleşdirmek üçin ulanýar.

Paýnamalary yzyna satyn almak usullarynyň neneň esaslandyryjy maýasyna täsir ýetirýändigine seredeliň. Birinji usulda esaslandyryjy maýasynyň kemelmegi mälim bolup durýar. Ikinji usulda esaslandyryjy maýasynyň kemelmegi mümkin, eger-de paýdar jemgyýeti paýnamalaryny yzyna satyn almak bilen, beýleki ýerlenilýänleriniň nominal gymmatyny ýokarlandyrmasa. Üçünji usulda esaslandyryjy maýasynyň kemelmegi mälim däl, çünki bu yzyna satyn almaklygyň takyk belli maksadyna bagly bolup durýar. Şeýlelikde, öz paýnamalaryny yzyna satyn almaklygyň sebäplerini bilmeklik, öz maýasynyň geljekde hem üýtgemelerini belli derejede bahaladyrmaga ýardam berýär. Hasabat döwründe paýdar jemgyýetiniň esaslandyryjy maýasynyň möçberiniň durnuklylygyna we esaslandyryjy resminamalara olaryň gabat gelmekligine öňünden göz ýetirmeli. Paýdarlar lemgyýeti hakynda kanunda paýdarlar jemgyýetiniň esaslandyryjy maýasynyň möçberiniň üýtgetmegi şu aşakdaky ýagdaýlarda mümkin:

– paýnamalaryň nominal gymmatynyň pesedilmegi ýa-da ýokarlandyrylmagy;

– goşmaça paýnamalaryň ýerlenilmegi ýa-da olaryň umumy sanynyň kemelmegi.

Paýnamalaryň umumy möçberini kemeltmek üçin ýerlenililen paýnamalaryň bir bölegini yzyna satyn almaklygy diňe paýdarlar jemgyýetiniň esaslandyryjy düzgünnamasynda göz öňünde tutulan bolsa, amala aşyrmak mümkin.

Kärhananyň hukuk-guramaçylyk görnüşine görä, paýdarlar jemgyýetiniň esaslandyryjy maýasynyň seljermesiniň öz aýratynlygy bar. Şeýle hem, paýdarlar jemgyýeti hökmünde hereket edýän kärhana üçin maýanyň we diwidendiň paýlanylmagyna degişli hukuklary, ýeňillikleri we çäklendirmeleri esasynda esaslandyryjy maýasynyň düzümini bahalandyrmaly. Ýönekeý paýnamalaryň eýelerine garanyňda, aýratyn hukukly paýnamalaryň eýeleri birinji nobatda diwidendi almaga hukugy bolansoň, olaryň maliýe bähbitleri ýönekeý paýnamalaryň ýerlenilmegi we uzak möhletli karz serişdeleriniň esasynda döredilen maýalaryň gatnaşygyna bagly bolup durýar. Bu gatnaşyk maliýe garaşmasy ýa-da esaslandyryjy maýasynyň düzümi bilen häsiýetlendirilýär hem-de şu aşakdaky formula esasynda hasaplanýar:

$$Kmg = \frac{AH + UB}{A - GB} \times 100\%.$$

Bu ýerde:

*AH* – aýratyn hukukly paýnamalar;

*UB* – uzak möhletli borçnamalar;

*A* – kärhananyň aktiwleri;

*GB* – gündelik borçnamalar.

Eger-de kärhananyň balansynyň passiwiniň düzüminde uzak möhletli karz serişdeleri bolsa, onda aýratyn hukukly paýnamalaryň we uzak möhletli karz serişdeleriň esasynda döredilen jem formulanyň sanawjysyna girer. Bu görkezijiniň möçberi 50%-den gowrak bolan ýagdaýy, kärhananyň maýadarlardan ýokary derejede garaşly hasaplanýar. Şu kärhana ýönekeý paýnamalaryň eýeleri üçin maliýe taýdan bähbitsiz hasaplanýar, çünki onuň peýdasynyň kemelmegi esasynda olaryň girdejileri ýokary derejede kemelýär.

**Goşmaça maýalar –** kärhananyň öz maýasynyň bir bölegi bolup dürli-dürli biri-birine meňzeş bolmaýan elementlerden ybarat bolan topary öz içine alýar: kärhananyň dolanmaýan aktiwleriniň gaýtadan bahalandyrylmagynyň jemi; täze paýnamalaryň ýerlemeginden girdejiler; býujetden maliýeleşdirilen serişdeler we ş.m. Goşmaça maýalaryň elementleri şeýle öz maýalaryň döremegine gatnaşýarlar: maýa goýumlar, toplanan maýalar (düýpli maýa goýumlarynyň maliýeleşdirilmegine gönükdirilen sap peýdanyň bölegi ýaly), esasy serişdeleri gaýtadan bahalandyrmagyň netijesi, onuň esasy bölegini tutýar. Goşmaça maýalaryň elementlerini we kärhananyň balansynyň olar bilen bagly maddalaryny jikme-jik öwrenmek we aýry-aýry elementlerini deňeşdirmeklik öz maýasynyň düzüminiň hem möçberiniň üýtgemesiniň sebäplerini ýüze çykarmaga ýardam berýär.

Kärhanada ätiýaçlar kanunlaryň, esaslandyryjy resminamalaryň we kärhanada kabul edilen hasabat syýasaty esasynda döredilýär. Kärhanada ätiýaçlaryň döredilmeginiň esasy çeşmesi sap peýdadyr.

**Ätiýaçlyk maýasy** bellenilen kanunçylyk düzgünleriň esasynda döredilýär we takyk maksada gönükdirilýär. Bazar ykdysadyýetiniň şertlerinde, kärhananyň peýdasynyň ýetmezçiliginde ýitgileri ýapmak

we bähbitleri goramaklygy üpjün etmekde, ätiýaç maýalar ätiýaç gory hökmünde ýüze çykýar. Ätiýaçlyk maýasy we paýlanylmadyk peýda telekeçilik işini durnukly alyp barmaklygy üpjün edip bilmekligi üçin, kärhananyň erkin aktiwleriniň bar bolmagyny görkezýär. Bu maddalar peýdanyň gaýtadan maýa goýum işine gönükdirilmeginiň esasynda döredilýär.

Ätiýaçlyk maýasy kärhanalaryň belli hukuk-guramaçylyk görnüşi üçin hökmany şert bolsa, meýletin ätiýaç gory kärhanalaryň hukuk-guramaçylyk görnüşine garamazdan, esaslandyryjy resminamalaryň we hasabat syýasatynyň çäginde döredilýär. Ätiýaçlyk maýasy kärhananyň ýitgilerini ýapýan çeşme hökmünde, obligasiýalary we paýnamalary yzyna satyn almak üçin ulanylýar. Kärhananyň ätiýaçlyk maýasynyň diňe belli maksatlara ulanylmagy onuň jogapkärçiligini pugtalandyrýar, karz berijilere goşmaça kepillendirmeleri berýär, çünki kanuna, esaslandyryjy resminamalara, hasabat syýasatyna laýyk ätiýaçlyk maýasyna goýlan serişdelerini kärhananyň ýatyrylmagyna çenli paýnamalaryň eýeleriniň islegi bilen paýlamak gadagan.

Kärhananyň balansyndaky ätiýaçlyk maýasynyň möçberiniň maglumatlary buhgalter hasabatynyň daşky ulanyjylary üçin örän wajypdyr. Olar kärhananyň ätiýaçlyk maýasyny onuň maliýe mäkämliginiň ätiýajy hasap edýärler. Kärhananyň ätiýaçlyk maýasynyň bolmazlygy ýa-da ýetmezçiligi (ätiýaçlyk maýasynyň hökmany döredilmegi ýagdaýynda) kärhananyň ösüşine serişdeleri goýmakda goşmaça töwekgellik faktory hasaplanýar, çünki bular peýdanyň ýetmezçiligini ýa-da ätiýaçlyk maýasynyň ýitgileri ýapmaga ulanylmagyny häsiýetlendirýär. Bu ýagdaýlaryň ikisi hem karz alýanyň ýa-da müşderiniň ygtybarlylygynyň bahalandyrmagynyň ýaramaz bolmagyny karz berijä beýan edýär.

**Paýlanylmadyk peýda** paýnamalaryň eýelerine tölenmedik toplanan peýdanyň möçberini, ýagny, uzakmöhletleýin maliýe serişdeleriniň içki çeşmeleri bolup, maýanyň bir bölegini görkezýär. Ykdysady mazmuny boýunça paýlanylmadyk peýda erkin ätiýaja degişli bolýar. Ätiýaçlaryň serişdeleri we paýlanylmadyk peýda belli emläge öwrülýär ýa-da dolanyşykda bolýar. Olaryň möçberi kärhananyň

işiniň netijelerini häsiýetlendirýär we ol öz maliýe çeşmeleriniň hasabyna näçe derejä çenli aktiwlerini artdyryp bilýändigini subut edýär.

Paýlanylmadyk peýdanyň seljermesinde kärhananyň öz maýasynyň möçberinde onuň paýynyň üýtgemesini bahalandyrmak zerur. Bu görkezijiniň meýliniň peselmegi, onuň bazar işjeňliginiň kemelmegini görkezýär, şonuň üçin maliýe menejer ýa-da daşky gözegçiler muňa uly üns bermeli.

Kärhananyň öz maýasynyň düzüminiň seljermesinde paýlanylmadyk peýdanyň möçberi, köplenç, hasabat syýasatyna baglydygyny göz öňünde tutmaly. Ýagny, hasabat syýasatynyň haýsy-da bolsa bir maddasynyň üýtgemegi kärhananyň öz maýasynyň düzüminiň üýtgemegine getirer. Bu bir tarapdan, hasabat syýasatynyň ýazgylarynda ähli üýtgemeleri beýan etmeli, beýleki tarapdan – üýtgemeleri göz öňünde tutmaly we seljermäniň netijelerini rejelendirmeli. Soň bolsa, kärhananyň öz maýasynyň seljermesiniň meselesi, eýeleriniň aýry toparlarynyň kärhananyň ýapylýan ýagdaýynda hem öz maýalaryna hojaýynlyk etmek hukugyny ýüze çykarmak bolýar. Kärhananyň emläbiniň ony ýapmak we beýleki hukuklarynyň seljermesi, maglumatlaryň açyk ýagdaýynyň esasynda mümkin.

Täze halkara ülňülerine laýyk bolan buhgalter hasabatynyň girizilmegi bilen, kärhananyň öz maýasy barada maglumatlaryň binýady giňeldildi. Halkara ülňülerine laýyk bolan buhgalter hasabaty paýdarlar jemgyýetiniň tarapyndan goýberilen paýnamalaryň sany we doly tölenmegi barada, olaryň tölenmedik sany ýa-da bölekleýin töleneniň sany; paýdar jemgyýetiniň eýeçiligindäki, onuň golçur bölümlerindäki we oňa garaşly kärhanalardaky paýnamalaryň nominal gymmaty boýunça maglumatlary beýan etmäge mümkinçilik berýär.

Hojalyk işiniň gidişi bilen esaslandyryjylaryň we gatnaşyjylaryň öz aktiwleriniň gymmaty üýtgeýär. Paýnamalaryň balans gymmatynyň 1 manadyna düşýän eýelemek hukugy hasaby bilen, kärhananyň eýeleriniň öz aktiwleriniň hakyky gymmaty, balans boýunça hasabat döwürdäki öz maýasynyň gymmatynyň jemi gatnaşyjylaryň pul geçirmelerine bölüp kesgitlenilýär. Paýnama diwidendi we olaryň eýesine tölemek mümkinçilekler, aýratyn hukukly paýnamalaryň eýesiniň artykmaç hukuklary bilen çäklendirilen.

**Korporatiw hukugy** – kärhananyň esaslandyryjy maýasynyň bir bölegini eýelemäge, şeýle hem kärhanany dolandyrmaga, onuň ýapylan ýagdaýynda, peýdanyň bir bölegini eýelemäge paýnamanyň eýeleriniň hukugy bardyr.

Paýnamalaryň eýeleri üçin diwidend syýasaty uly ähmiýete eýedir.

**Diwidendler** – ýuridik taraplaryň goýberilen paýnamalaryna laýyk korporatiw hukukly eýelerine peýdanyň böleginiň paýlanylan tölegleridir.

Paýnamalaryň eýeleri üçin diwidendler – bu girdejidir. Ony beýleki mümkin girdejiler (emlägi ulanmakda ýa-da alternatiw goýumlardan alnan girdejiler) bilen deňeşdirmek bolar.

Alternatiw goýumlardan alnan girdejiler – bu saýlanylmadyk wariandan alynmadyk girdejidir.

**Diwidend syýasaty** – kärhananyň eýeleri tarapyndan ulanylýan arassa peýdanyň hasabyna girdejini hasaplamak we tölemek boýunça ýörelgeleriň, usullaryň we amallaryň jemidir. Diwidend syýasatynyň esasy maksaty – diwidendiň gündelik (paýnamalaryň eýeleri tarapyndan sarp etmek) tölegleriniň we kärhananyň hojalyk işinde (kärhananyň aktiwlerini, onuň balans we bazar gymmatyny artdyrmakda önümçilige peýdany gönükdirmek) özleşdirilen serişdeleriň arasynda arassa peýdanyň paýlanmagyny amatlylaşdyrmakdyr. Bazar ykdysadyýeti ösen döwletlerde amatly diwidend syýasatyny döretmek boýunça köpsanly nazary ylmy-barlag işleri bagyşlanan. Diwidend syýasatynyň gurallarynyň döremegine bagly bolan nazaryýetlere şularyň içinde iň ýaýbaňlaşanlar:

1. Diwidendleriň garaşsyzlyk nazaryýeti – şunda nygtalýar: saýlanan diwidend syýasaty kärhananyň (paýnamalaryň nyrhyna) gymmatyna, hasabat we geljekki döwürde paýnamalaryň eýesiniň hal-ýagdaýyna hiç bir täsir etmeýär, çünki bu görkezijiler paýlanylan peýda däl-de, eýsem döredilen peýda garaşly.

2. Diwidendleriň ileritutma nazaryýeti – şu nazaryýet boýunça, her bir gündelik girdeji (diwidend görnüşde tölenen) töwekgelligi ýok bolansoň, geljekki maýa goýumlara garanyňda (töwekgelligi bar bolansoň), artykmaçlygy bar. Şu nazaryýet boýunça peýdanyň maýa goýumlara ulanmagyndan diwidend tölegleri ýokarlandyrmak bähbitlidir.

3. Diwidendleriň kemeltme nazaryýeti (ýa-da salgytlary ileri tutma nazaryýeti) – şunda diwidend syýasatynyň netijeliligi paýnamalaryň eýeleriniň gündelik we geljekki girdejilerine salgyt töleglerini minimizirleme (kemelme) alamaty boýunça kesgitlemek.

4. Diwidendleriň duýduryş (signal) nazaryýeti. Bu nazaryýet boýunça paýnamalaryň gündelik hakyky bazar gymmatynyň bahalandyrylmagynda esasy nusgalary binýat elementi hökmünde olara laýyk tölenýän diwidendleriň möçberini ulanýarlar. Diwidend tölegleriň ösüşiniň derejesi onuň hakyky möçberiniň artmagyny, ýagny degişlilikde, paýnamalaryň bazar gymmatynyň kesilmegini kesgitleýär, şeýle hem olaryň ýerlenilmegi bilen, paýdarlar goşmaça girdeji alýarlar. Uly möçberde diwidendleriň tölenilmegi kärhananyň amatly ýagdaýyny häsiýetlendirýär we gelejekde has ýokary peýdanyň alynjakdygyna “signal” berýär.

5. Diwidend syýasaty nazaryýetiň paýdarlaryň düzümine (ýa-da “müşderiler nazaryýeti”) gabat gelme nazaryýeti. Bu nazaryýet boýunça kärhana paýdarlaryň köpüsiniň garaşmasyna we olaryň gylyklaryna laýyk diwidend syýasatyny ýöretmeli.

Bu nazaryýetleriň amalda ulanylmagy, Ýewropa ýurtlaryndaky hünärmenlere diwidend syýasatynyň döredilmeginiň üç ugrunyň ýola goýulmagyna ýardam berdi: konserwatiw, aralyk we agressiw. Bularyň her birine belli diwidend syýasatynyň görnüşi gabat gelýär.

*7.1-nji tablisa*

**Paýdarlar jemgyýetiniň diwidend syýasatynyň esasy görnüşleri**

| Diwidend syýasatynyň döredilmeginiň ýollary | Ulanylýan diwidend syýasatynyň görnüşleri |
|---|---|
| I. Konserwatiw | 1. Diwidend tölegleriniň galyndy syýasaty<br>2. Diwidend tölegleriniň durnukly möçberiniň syýasaty |
| II. Aralyk | 3. Aýry-aýry döwürlerde goşmaça tölegler bilen diwidendleriň durnukly iň pes (minimal) möçberiniň syýasaty<br>4. Diwidendleriň durnukly derejesiniň syýasaty |
| III. Agressiw | 5. Diwidendleriň möçberini hemişe ösdürmek syýasaty |

Diwidend tölegleriniň usuly-galyndy syýasaty boýunça maýa goýum mümkinçiliklerini doly berjaý etmekde öz maliýe serişdeleriniň döredilmeginiň talaplary peýdanyň hasabyna kanagatlandyrylandan soň diwidendler tölenmeli. Eger-de kärhananyň bar bolan maýa goýum taslamasynyň durmuşa geçirilmeginden alynjak girdejiniň derejesi maýanyň ortaça gymmatyndan (ýa-da beýleki saýlanan alamatlar boýunça, mysal üçin maliýe düşewüntliligiň koeffisiýenti) ýokary bolsa, onda peýdanyň ep-esli bölegi şonuň ýaly taslamalaryň durmuşa geçirilmegine gönükdirilmeli, çünki ol maýalaryň eýelerine ýokary depginli ösüşi üpjün eder. Bu syýasatyň artykmaçlygy kärhananyň ýokary depginde ösüşini, onuň maliýe durnuklylygyna ýardam berer. Ýetmezçiligi bolsa diwidend tölegleriniň durnuksyzlygy geljekde olaryň doly möçberiniň öňünden çak edilmezligi we ýokary maýa goýmak mümkinçiliklerde diwidendleri tölemezlikgiň çykar. Bu bolsa paýnamalaryň bazar nyrhynyň emele gelmegine ýaramaz täsirini ýetirýär. Şeýle diwidend syýasaty, köplenç, kärhananyň ýokary maýa goýum işjeňligi bolan başlangyç tapgyrynda ulanylýar.

Diwidend tölegleriniň durnukly möçberiniň syýasaty boýunça, uzak möhletiň dowamynda (puluň ýokary derejede hümmetsizlenmegi bilen, olaryň möçberi oňa görä rejelenýär) üýtgemeýän tölegleri çak edilýär. Bu syýasatyň artykmaçlygy paýdarlara dürli ýagdaýlara garamazdan, gündelik girdejiniň möçberiniň üýtgemeýändigine göz ýetirmäge ynam döredýär, gymmat kagyzlar bazarynda paýnamalaryň durnukly nyrhlarynyň kesilmegini kesgitleýär. Ýetmezçiligi bolsa, kärhananyň maliýe işiniň netijesi bilen onuň gowşak arabaglanyşygydyr. Şunuň netijesinde, ýaramaz ýagdaýlarda we peýdanyň pese gaçmagy bilen, maýa goýum işi bes edilip bilner.

Goşmaça tölegler bilen diwidendleriň durnukly iň pes (minimal) möçberiniň syýasaty ýaýbaňlaşan pikirler boýunça olaryň içinde iň deňagramly görnüşidir. Bu syýasatyň artykmaçlygy, kärhananyň maliýe netijeliligi bilen ýokary derejede baglylykda, göz öňünde tutulan diwidendiň iň pes möçberiniň (ýokardaky ýaly) durnukly tölemekligi kepillendirilýär. Munuň özi, kärhananyň maýa goýum işjeňligini peseltmän, hojalygyň oňaýly ýagdaýynda diwidendiň mukdaryny artdyrmaga ýardam berýär. Kärhananyň şeýle diwidend syýasaty,

peýdanyň durnuksyz emele geliş meýlinde ulanylmagy, ýokary netijelilik berýär. Bu syýasatyň esasy ýetmezçiligi, uzak möhletde diwidendiň iň pes möçberde tölenmegi bilen, paýnamalaryň maýa goým çekijiliginiň we degişlilikde, olaryň bazar nyrhynyň peselmegi bolup durýar.

Diwidendleriň durnukly derejesiniň syýasaty boýunça peýdanyň möçberine (ýa-da peýdanyň ulanylmagynyň we maýa goýuma öwrülen böleginiň paýlanylmagynyň kadasy) görä, uzak möhlet üçin diwidend tölegleriň derejesiniň kada koeffisiýentiniň kesgitlemekligi göz öňünde tutulýar. Bu syýasatyň artykmaçlygy, kärhananyň peýdasynyň mukdarynyň emele gelmegi bilen onuň döremeginiň ýönekeýligi we gaty ysnyşykly arabaglanyşygydyr. Şol bir wagtyň özünde, onuň ýetmezçiligi, peýdanyň mukdarynyň emele gelmeginiň durnuksyzlygy bilen häsiýetlendirilýän paýnamalaryň diwidend tölegleriniň hem durnuksyzlygydyr. Durnuksyzlyk bolsa aýry-aýry döwürde bu diwidend syýasatyny durmuşa geçirmekde (bu kärhananyň ýokary derejede töwekgellige sezewar bolmagy barada “signal” berýär) kärhananyň bazar gymmatyny ýokarlandyrmaga päsgel berýär, paýnamalaryň bazar nyrhynyň bökdençligini ýüze çykarýar. Şu diwidend syýasaty tölegleriň ýokary derejesinde hem töwekgellikden gaça duran maýadarlary özüne çekmeýär. Diňe durnukly peýda alýan gurply kompaniýalar şular ýaly diwidend syýasatyny amala aşyryp biler. Eger-de peýdanyň mukdarynyň üýtgeýşi has bökdençli bolsa, ol batmaklyga ýokary derejede sezewar bolýar.

Diwidendleriň möçberini hemişe ösdürmek syýasaty (“ýyllyk diwidendi hiç peseltmeli däl” şygyr bilen amala aşyrylan syýasat) bir paýnama hasabyna durnukly diwidend tölegleriň ýokarlandyrylmagy nazarlanýar. Adatça, geçen döwrüň möçberine görä diwidentleriň ýokarlandyrylmagy, bellenen göterim artyşy ýaly amala aşyrylýar. Şular ýaly syýasatyň artykmaçlygy kompaniýanyň paýnamalarynyň bazar nyrhynyň ýokarlanmagyny üpjün edýär we goşmaça paýnamalary goýbermekde mümkin bolan maýadarlara oňyn abraý döredýär. Bu syýasatyň ýetmezçiligi bolsa, ony geçirmekde çeýeliginiň (duýgurlygyň) bozmazlygy we maliýe dartgynlylygyň durnukly ösüşidir, ýagny, eger-de diwidend tölegleriň koeffisiýentiň ösüş depgini artsa (peýdanyň gorunyň ösüşine garanyňda diwidend tölegleriň

gory öňde baryjy ösen bolsa), onda kärhananyň maýa goýum işjeňligi gysgalýar, maliýe durnuklylygy hem peselýär. Şu sebäpler üçin şu syýasaty diňe gülläp ösýän paýdarlar jemgyýeti ýöredip bilýär. Eger-de kärhananyň peýdasy durnukly ösmedik bolsa, onda ol batmaklyga sezewar bolýar.

Diwidend syýasatynyň döremeginiň soňky tapgyry diwidend tölegleriniň görnüşlerini saýlap almaklykdyr.

Diwidend tölegleriniň görnüşleri:

**1) Nagt pulda tölenýän diwidendiň** ýaýbaňlaşan diwidend tölegleriniň görnüşidir.

**2) Pul däl görnüşde tölenýän diwidend:**

**a)** ***paýnama bilen diwidend tölegleri*** – şunda paýdarlara täze paýnamalary diwidend tölegleriniň gymmatyna laýyk berilmegidir. Bu görnüşi geljekde maýalaryny ösdürmek niýeti bolan paýdarlara gönükdirilen. Paýnamalar bilen diwidend tölegleri paýnamalaryň nominal we bellenilen (kursy) gymmatynda amala aşyrylýar. Paýnamalar öňki we täze goýberilenler bolup biler;

**b)** ***natural görnüşde diwidend tölegleri*** – haryt, önüm, hyzmatlar bilen amala aşyrylýar.

**3) Diwidend tölemegiň garyşyk görnüşi** pul we pul däl görnüşleriniň utgaşmagydyr. Şunda natural we pul görnüşdäki diwidend tölegleriniň gatnaşygy paýdarlaryň umumy maslahatynda kesgitlenýär. Munuň özi belli ykdysady ýagdaýlarda kärhananyň ösüşiniň strategik (ileri tutulýan) meseleleriniň çözülmegine baglydyr.

## *7.2. Kärhananyň bazar işjeňliginiň görkezijileri*

Kärhananyň bazar işjeňliginiň seljermesiniň maksady, korporatiw (bähbitlerini kanagatlandyrmak we goramak maksady bilen, dürli pudaklara degişli subýektleriň birleşmegini aňladýar) hukuklaryň peýdalylygynyň, paýnamalaryň likwidliliginiň (aktiwleriniň çalt pula öwrülmegi) we olaryň bazar nyrhynyň ösüş meýilleriniň derejesini kesgitlemekdir. Bu görkezijileriň geljekki ýyllar üçin üýtgeýşini örän kyn we çylşyrymly çaklamaklygyny bellemek zerur. Onuň netijeliligi kärhana degişli içki we daşky faktorlarlaryň toplumyna bagly bolup durýar. Gymmat kagyzlaryň gymmatynyň çaklamasynyň esaslaryny,

usullaryny, tärlerini öwrenýän daşary ýurt hünärmenleriň ylmy işleriniň sany köp. Olaryň köpüsiniň pikiri boýunça haýsy-da bolsa maliýe aktiwleriniň ýagdaýynyň, onuň nyrhynyň, likwidliliginiň çaklamasynyň hiç bir usuly oňyn kepillendirilen netije bermeýär. Köplenç, kärhanada bolup geçýän ykdysady hadysalar korporatiw hukuklara degişli bazar üýtgemeleri bilen bagly däl.

Kärhananyň bazar işjeňliginiň seljermesiniň predmeti kärhananyň gymmat bahaly kagyzlara maliýe bazarynyň subýektleriniň gatnaşyklaryny hem-de belli kärhananyň ösüşine eýeleri tarapyndan öz serişdeleriniň goýulmagynyň netijesinden peýda alynmagy jähtden subýektleriň işiniň netijeliligini häsiýetlendirýän işlerdir. Kärhananyň bazar işjeňliginiň seljermesiniň obýekti kärhananyň goýberilen (emitentlenen) gymmat kagyzlarynyň ýokary derejeli düşewüntliligini we likwidliligini gazanmaga we goldamaga gönükdirilen, dolandyryjysy tarapyndan geçirilen özara bagly çäreleriň toplumy bolup durýar.

Kärhananyň bazar işjeňliginiň meselelerine degişli:

– emitent-kärhananyň korporatiw hukuklarynyň, likwidliliginiň derejesini bahalandyrmak;

– paýnamalaryň goýberişininiň (emissiýa) hili we mukdary taýdan bahalandyrmak;

– paýnamalaryň peýdalylygyny we olaryň bazar gymmatynyň üýtgeýşini seljermek bilen olaryň maýa goýum çekijiliginiň derejesini kesgitlemek;

– kärhananyň paýnamalarynyň peýdalylygyny bahalandyrmak;

– kärhananyň gymmat bahaly kagyzlaryna maliýe bazarynyň subýektleriniň ýaramaz täsir edýän içki faktorlaryny ýüze çykarmak;

– kärhananyň diwidend syýasatyny seljermek;

– kärhananyň gymmat bahaly kagyzlarynyň amallaryny işjeňleşdirýän mümkinçilikleri ýüze çykarmak.

Kärhananyň bazar işjeňliginiň seljermesiniň maglumat çeşmeleri, maliýe hasabaty, buhgalter hasabatyň maglumatlary, kärhananyň içki düzgünleri, meýilnama, kada-ölçeg resminamalary, dolandyryş hasabatyň maglumatlary bolup durýar. Mundan başga hem, uly netije berip bilýän, uly möçberde “daşky” maglumatlar ulanylyp bilner. Olaryň içinde:

– gymmat bahaly kagyzlar biržasynyň maglumatlary;
– pudaklaryň görkezijileri;
– maliýe reýtingler (paýdar jemgyýetiň meşhurlylygy), çaklamalar;
– döwürleýin maliýe we ykdysady neşirleriň maglumatlary;
– islendik resmi däl maglumatlar.

*7.2-nji tablisa*

**Kärhananyň bazar işjeňliginiň elementleriniň esasy häsiýetnamasy**

| Düzüm elementleri | Häsiýetnama |
|---|---|
| 1 | 2 |
| **Maksady** | Korporatiw (bähbitlerini kanagatlandyrmak we goramak maksady bilen, dürli pudaklara degişli subýektleriň birleşmegini aňladýar) hukuklaryň peýdalylygynyň, paýnamalaryň likwidliliginiň (aktiwleriniň çalt pula öwrülmegi) we olaryň bazar nyrhynyň ösüş meýilleriniň derejesini kesgitlemekdir |
| **Predmeti** | Kärhananyň gymmat bahaly kagyzlara maliýe bazarynyň subýektleriniň gatnaşyklaryny hem-de belli kärhananyň ösüşine eýeleri tarapyndan öz serişdeleriniň goýulmagynyň netijesinden peýda alynmagy jähtden, subýektleriň işiniň netijeliligini häsiýetlendirýän işlerdir |
| **Meseleleri** | Kärhananyň bazar işjeňliginiň meselelerine degişli:<br>emitent–kärhananyň korporatiw hukuklarynyň, likwidliligi-niň derejesini bahalandyrmak;<br>paýnamalaryň goýberişinini (emissiýa) hili we mukdary taýdan bahalandyrmak;<br>paýnamalaryň peýdalylygyny we olaryň bazar gymmatynyň üýtgeýşini seljermek bilen, olaryň maýa goýum çekijiliginiň derejesini kesgitlemek;<br>kärhananyň paýnamalarynyň peýdalylygyny bahalandyrmak;<br>kärhananyň gymmat bahaly kagyzlaryna maliýe bazarynyň subýektleriniň ýaramaz täsir edýän içki faktorlaryny ýüze çykarmak;<br>kärhananyň diwidend syýasatyny seljermek;<br>kärhananyň gymmat bahaly kagyzlarynyň amallaryny işjeň-leşdirýän mümkinçiliklerini ýüze çykarmak |

| 1 | 2 |
|---|---|
| **Obýekti** | Kärhananyň goýberilen (emitentlenen) gymmat bahaly kagyzlarynyň ýokary derejeli düşewüntliligini we likwidliligini gazanmaga, we goldamaga gönükdirilen, dolandyryjysy tarapyndan geçirilen özara bagly çäreleriň toplumy bolup durýar |
| **Maglumat çeşmeleri** | Maliýe hasabaty, buhgalter hasabatynyň maglumatlary, dolandyryş hasabatynyň, statistik maglumatlary, pudaklaryň görkezijileri, maliýe reýtingler (paýdar jemgyýetiň meşhurlylygy), döwürleýin maliýe we ykdysady neşirleriň maglumatlary, islendik resmi däl maglumatlar |
| **Ulanyjylar** | Ähli eýeçiligiň subýektleri, maýadarlar, auditorlar, müşderiler, üpjün edijiler, kärhananyň işgärleri, döwlet edaralary |
| **Usullar** | Statistik maglumatlaryň meýilleriniň hatarlaryny, korrelýasiýa we regressiýa arabaglanyşygy gurnamak we ş.m. Ykdysady-matematik (matematik meýilleşdirme usullar) |

## *7.3. Kärhananyň bazar işjeňliginiň seljermesiniň usuly*

### *7.3.1. Maýanyň durnukly ösüşiniň seljermesi*

Uzakmöhletli meýilnamada peýdanyň ýeterlikli derejesi kärhananyň durnukly ösüşiniň esasydyr. Munuň mukdar ölçegini kärhananyň öz (paýnama) maýasynyň durnukly ösüşiniň artyş görkezijisi bilen bahalandyryp bolar. Bu bolsa şu formulanyň esasynda hasaplanýar:

$$D_{am} = (SP - SP_d) : HM,$$

ýa-da:

$$D_{am} = SP(1 - K_{dw}) : HM.$$

Bu ýerde:

$D_{am}$ – maýanyň durnukly ösüşiniň artyşy;

$SP_d$ – diwidendleri tölemäge gönükdirilen peýda;

$HM$ – kärhananyň öz maýasy;

$SP$ – Kärhananyň sap peýdasy;

$K_{dw}$ – diwidendleriň tölenmeginiň koeffisiýenti – diwidendleri tölemäge gönükdirilen peýdany kärhananyň sap peýdasyna gatnaşdyrmak bilen kesgitlenýär.

$(SP - SP_d) = SP(1 - K_{dw})$ – kärhananyň ösdürilmegine maliýeleşdirilen peýdanyň bölegi.

$D_{am}$ görkeziji peýdanyň gaýtadan maliýeleşdirilmegi esasynda näçe ösüş depgin bilen kärhananyň öz maýasynyň, ýagny karz serişdelerini çekmän, ortaça artyp bilýändigini häsiýetlendirýär. Bu görkeziji maliýeleşdiriş çeşmeleriň düzüminiň, diwidend syýasatynyň, düşewüntliligiň we ş.m. görkezijileriň duýdansyz üýtgeýşiniň bolman ýagdaýynda geljekde içki serişdeleriniň hasabyna maliýeleşdirip, kärhananyň öz maýasynyň artdyrmagyny, häsiýetnamasy hökmünde çykyş edýär. Maýanyň durnukly ösüşini şu aşakdaky modeller bilen kesgitlemek bolar:

$$D_{am} = SP_{hmd}\,(1 - K_{dw}),$$

ýa-da:

$$D_{am} = \frac{SP\left(1 - K_{dw}\right)}{PS} \times \frac{PS}{ÝAG} \times \frac{ÝAG}{A} \times \frac{A}{HM},$$

ýa-da:

$$D_{am} = K_{ar} \times K_{mg} \times (1 - s) \times (1 - K_{dw})$$

ýa-da:

$$D_{am} = K_{ar} \times K_{ad} \times K_{mg} \times \frac{PS}{ÝAG} \times (1 - s) \times (1 \times K_{dw}).$$

Bu ýerde:

*ÝAG* – ýerlenen önümiň gymmaty (goşmaça gymmata salgydy we aksizleri goşmazdan);

*SP* – kärhananyň sap peýdasy;

*PS* – salgyt salmandan öňki peýda;

$SP_{hmd}$ – sap peýdanyň easynda hasaplanan öz maýasynyň düşewüntligi;

$K_{ar}$ – salgyt salmandan öňki peýdany kärhananyň balansynyň walýutasynyň gatnaşygyna deň bolan aktiwleriň düşewüntligi;

*A* – aktiwleriň gymmatynyň balans jemi;

*HM* – kärhananyň öz (hususy) maýasy;

$K_{mg}$ – kärhananyň umumy maýalarynyň (aktiwleriniň) gymmatyny öz maýasyna gatnaşdyrmagy bilen kesgitlenen maliýe garaşlylyk koeffisiýenti;

$s$ – peýda salnan salgydyň möçberi;

$K_{ad}$ – aktiwleriň dolanyşygy.

Şu modelleri ulanyp, dürli ýagdaýlary modelirläp, durnukly ösüşleriň pajarlanmagynyň netijeliligine seljerme üsti bilen kärhana bahalandyryp biler.

Olaryň biriniň manysy, maýanyň gatnaşygynyň düzümine, düşewüntligiň derejesine we aktiwleriň öndürijililigine gönükdirilmekdir. Eger-de bu gatnaşyklaryň we görkezijileriň üýtgemezliginiň saklanmagy, kärhananyň önümçiligiň möçberini, satuwyny we maýasyny artdyrmak maksadyna garşy gelýän bolsa, olar berk çäklendirme ýaly çykyş edip biler. Öz gezeginde, ýerlemek bazarynyň giňelmegi we önümçiligiň möçberiniň artdyrylmagy, dogry nyrh syýasatynyň saýlanylmagynda, kärhananyň peýdasynyň, aktiwleriň öndürijiliginiň artmagyna, öz maýasynyň (paýdar) durnukly ösüş depginini gazanmagyna getirýär. Beýleki usullar kärhananyň öz maýasynyň çalt depginde ösüşini üpjün edip biler. Şonuň üçin dürli ykdysady gurallary ulanmaly: önümçiligiň öndürijiligini ýokarlandyrmak, diwidend syýasatyny özgertmek, maýanyň düzümini kämilleşdirmek, salgyt syýasatyny kämilleşdirmek we goşmaça serişdeleri çekmek. Kärhananyň öz maýasynyň durnukly ösüş depginini kesgitleýän görkezijileriň ählisiniň üýtgeýşiniň oýlanyşykly ykdysady äşger bolan çäkleri bar. Şuny peýdany ulanmakda göz öňünde tutulmagy zerur.

### *7.3.2. Kärhananyň paýnamasynyň birligine düşýän diwidend girdejisiniň seljermesi. Diwidend syýasatynyň seljermesi*

Amallar boýunça diwidend syýasaty birnäçe tapgyrlardan ybarat:

1. Diwidend syýasatynyň döremegini kesgitleýän faktorlary bahalandyrmak:

a) kärhananyň maýa goýum mümkinçiliklerini häsiýetlendirýän faktorlar:

– kärhananyň ýaşaýyş (hereket edýän) sikliniň tapgyry;

– kärhananyň maýa goýum maksatnamasyny giňeltmek zerurlygy;

– ýokary netijelikli maýa goýum taslamalarynyň durmuşa geçirilmeginiň taýýarlygynyň derejesi;

b) alternatiw çeşmelerden maliýe serişdeleriniň döremeginiň mümkinçiligini häsiýetlendirýän faktorlar:

– öz maýasynyň ätiýajynyň ýeterligi, geçen ýyllaryň paýlanylmadyk peýdasynyň möçberi;

– goşmaça paýnamalaryň daşyndan çekilmeginiň gymmaty;

– goşmaça karz maýasynyň daşyndan çekilmeginiň gymmaty;

– maliýe bazarynda karzlaryň elýeterliligi;

– paýdar jemgyýetiniň karzlary üzmäge ukyplylygynyň reýtingi (derejesi);

ç) obýektiw çäklendirmeleri bilen bagly faktorlar:

– diwidendleriň salgyt salmagynyň derejesi;

– kärhananyň emlägine salgyt salmagynyň derejesi;

– maliýe lewerijiniň gazanan netijesi;

– alnan peýdanyň hakyky möçberi we öz maýasynyň düşewüntliliginiň derejesi;

d) beýleki faktorlar:

– paýdar kärhananyň gatnaşmagynda haryt bazarynyň ýagdaýynyň üýtgeýşi;

– bäsdeş-kärhanalar tarapyndan diwidend tölegleriň derejesi;

– öň alnan karzlar boýunça gaýragoýulmasyz tölegler;

– kärhanany dolandyrmagyny gözegçilik etmek mümkinçiligini ýitirmek.

2. Kärhananyň strategiýasyna gabat gelýän syýasatynyň görnüşlerini saýlamak.

3. Kärhananyň strategiýasyna gabat gelýän peýdanyň paýlanylmagynyň guraly. Şu tapgyrda bir ýönekeý paýnamasyna diwidend töleginiň derejesi kesgitlenýär. Muny şu aşakdaky formula bilen kesgitleýärler:

$$P_{tdd} = \frac{HP_{dw} - HP_{dwg}}{PJ_{ps}}.$$

Bu ýerde:

$P_{tdd}$ – ýönekeý paýnamanyň birligine tölenmeli diwidendiň derejesi;

$HP_{dw}$ – saýlanan diwidend syýasatyna laýyk döredilen diwidend gorunyň derejesi;

$HP_{dwg}$ – aýratyň hukukly paýnamalaryň eýelerine tölenýän diwidend gory;

$PJ_{ps}$ – paýdar jemgyýeti tarapyndan goýberilen ýönekeý paýnamalaryň sany.

4. Diwidend syýasatynyň netijeliliginiň bahalandyrylmagy birnäçe görkezijileriň hasabyny göz öňünde tutýar: paýnamalaryň peýdalylygynyň, sanynyň we diwidend girdejisiniň.

Seljermäni geçirýäniň çylşyrymly meseleleriniň biri – kärhananyň peýdasynyň derejesiniň kesgitlemesidir. Ýönekeý paýnamalaryň gymmatyny, diwidendleri we beýleki maksatlara tölemek mümkinçilikleri bahalandyrmak üçin peýdanyň möçberini paýnamalaryň peýdasynyň jemi bilen şekillendirip bolýar.

**Paýnama peýdasy** kärhananyň peýdalylygyny ýaýbaňlaşan häsiýetlnamasydyr. Şu ýagdaý gymmat bahaly kagyzlar bazarynda paýnamalary satyn alanda göz öňünde tutulýar. Kärhananyň maliýe ýagdaýy seljerilende paýnamanyň birligine düşýän peýdanyň möçberine uly üns berilýär. Bu görkeziji hasabat döwründe ýönekeý paýnamalaryň eýeleriniň elindäki sap peýdanyň möçberininiň jemini dolanyşykdaky ýönekeý paýnamalaryň ortaça sanyna bölmek bilen hasaplanýar. Paýnamanyň birligine düşýän peýdanyň möçberine (EPS – Iňlisçe “Earning per Share”) kärhananyň ýolbaşçylary we paýdarlar uly üns berýär. Bu görkezijiniň hasabynyň esasynda, köplenç, paýnamalary bahalandyryp bolýar. Paýnamanyň birligine düşýän peýdanyň möçberi belli maksatlary we meseleleri öňde goýmak üçin strategik meýilleşdirme işinde ulanylýar. Bu görkezijini seljermäni ýerine ýetirýän hasaplamaýar, çünki kärhana öz ýyllyk we çärýeklik hasabatynda ony çap edýär.

Paýnamanyň birligine düşýän peýdanyň möçberi aşakdaky formula boýunça hasaplanýar:

$$Pbsp = \frac{SP - HK_{dj}}{DPS} = \frac{Pp}{DPS}.$$

Bu ýerde:

$P_{bsp}$ – ýönekeý paýnamanyň birligine düşýän sap peýda, manat;

$SP$ – hasabat döwründe alnan sap peýdanyň möçberi, manat;

$HK_{dj}$ – hasabat döwründe aýratyn hukukly paýnamalar boýunça tölenen diwidendleriň jemi, manat;

$DPS$ – dolanyşykdaky ýönekeý paýnamalaryň ýyllyk ortaça sany, birlik;

$P_p$ – ýönekeý paýnamalaryň eýeleriniň peýdasy, manat.

Bu görkeziji kärhananyň maýa goýmaklyga özüne çekijiligini häsiýetlendirýär – maýa goýumyň bir manadyna näçe köp sap peýdasy düşen bolsa, şonça goşmaça paýnamalaryň goýberilmegi bilen maýa goýumlarynyň çekilmegi ähtimaldyr. Paýnamanyň birligine düşýän sap peýdasy takmynan hasaplanýar we kärhananyň esasy işiniň netijesinden nagt pul töläp biljek mümkinçiligini kesgitlemek üçin hasaplanýar. Şunuň esasynda, paýnamanyň birligine düşýän bar bolan nagt pullaryň hereketi kesgitlenýär. Sap peýdanyň möçberine maddy we maddy däl aktiwler ýaly pula degişli däl jemleriň öçürilmeleri goşulýar, çünki bu buhgalter amallar nagt serişdeleriň hereketini beýan edýär. Şeýlelikde, şu öçürmeleri goşmak bilen kärhananyň esasy işinden gelýän peýdanyň hasabyna pul girdejisiniň artmagyny kesgitläp bolýar. Paýnamanyň birligine düşýän pullaryň möçberini aşakdaky formula bilen hasaplamak bolýar:

$$P_{bdp} = \frac{P_{ýp} + A_t}{POS}.$$

Bu ýerde:

$P_{bdp}$ – paýnamanyň birligine düşýän pullaryň görkezijisi;

$P_{ýp}$ – ýönekeý paýnamalaryň eýeleriniň peýdasy, manat.

$At$ – amortizasiýa tutumlary, manat;

$POS$ – dolanyşykdaky ýönekeý paýnamalaryň ýyllyk ortaça sany, birlik.

Paýnamalaryň eýeleri üçin diwidendiň hakyky ($P_{ýhd}$) we nominal ($P_{ýnd}$) kadasy (paýnamalaryň gündelik peýdalylygy) uly ähmiýete eýedir.

$$P_{ýnd} = \frac{P_d}{P_{nb}}.$$

Bu ýerde:

$P_d$ – paýnamanyň birligine düşýän diwidend;

$P_{nb}$ – paýnamanyň nominal bahasy.

Birinji görkeziji kärhananyň gymmat bahaly kagyzlaryň ilkinji bazarynda, ikinjisi bolsa – gymmat bahaly kagyzlaryň gaýtalanma bazarynda maýa goýmaga özüne çekijiligini häsiýetlendirýär. Şu görkezijileriň ikisi, paýnamalaryň gymmatynyň hümmetini we tapawudyny hasaba almak bilen hasaplanan, umumy peýdalylygy bilen bagly.

Gymmat bahaly kagyzlar bazarynda kärhananyň abraýy onuň paýnamalarynyň nyrhynyň ösüşi bilen häsiýetlendirilýär. Maýa goýujylar gündelik peýdany almagy bilen, köplenç gymmat bahaly kagyzlar bazarynda ýönekeý paýnamalarynyň gymmatynyň artmagyna garaşýarlar. Paýnamalaryň nyrhynyň ösüşiniň aýgytlaýjy faktory – bu goşmaça gymmatyň ösüşini gazanmakdyr, ýagny, uzak möhletli döwürde kärhananyň önümçilik, maýa goýum we maliýe işiniň hasabyna peýdanyň artyşy bilen deňeşdirende ondan ýokary derejede pul akymyny üpjün etmekdir. Kärhananyň görkezijilerini seljerende, onuň paýnamalarynyň nyrhynyň ýütgeýşini gymmat bahaly kagyzlar bazaryndaky umumy meýilleri, kärhananyň degişli pudagynyň ýa-da belli kompaniýalaryň toplumynyň paýnamalarynyň nyrhynyň ýütgeýşi bilen deňeşdirilýär. Paýnamalarynyň bazar nyrhynyň ýütgeýşi kompaniýanyň maýalara öwrülen girdejisini häsiýetlendirýär. Bu görkeziji aşakdaky formula boýunça hasaplanýar:

$$MÖG = \frac{P_{ýab} - P_{ýbb}}{P_{ýbb}}.$$

Bu ýerde:

*MÖG* – maýalara öwrülen girdeji, manat;

$P_{ýbb}$ – ýylyň başyna paýnamalarynyň bazar nyrhy, manat;

$P_{ýab}$ – ýylyň ahyryna paýnamalarynyň bazar nyrhy, manat.

**Diwidend girdejisi** – bu maýa goýujynyň ýönekeý paýnamalaryň eýesiniň girdejisiniň bir bölegidir. Diwidend girdejiniň mukdaryny kesgitlemekde ýyllyk diwidend girdejisiniň mukdaryny ýylyň başyna paýnamanyň gündelik nyrhy ýa-da paýnamanyň ortaça nyrhy bilen deňeşdirilýär. Paýnama düşýän diwidendiň mukdaryny paýdarlar

jemgyýetiniň gözegçilik geňeşi tarapyndan bellenilýär. Şuňa uly üns berilýär, çünki beýleki faktorlaryň üýtgemeýän ýagdaýynda, paýnamalaryň beýan edilen we garaşylýan diwidendleri gymmat bahaly kagyzlaryň bazarynda olaryň nyrhyna täsir edýär. Diwidendler köplenç, pul görnüşde, ýöne ýygy-ýygydan paýnamalar bilen hem tölenilýär. Diwidendler paýnamalar bilen tölenilende nagt pullar hereketlenmeýär, kompaniýa täze paýnamalary goýberip, her bir paýdara gowşyrýar.

Diwidend girdejiniň hasaplamasy:

$$DG = \frac{D_{ým}}{P_{ýbb}}.$$

Bu ýerde:

$DG$ – diwidend girdejisi;

$D_{ým}$ – ýyllyk diwidendleriň mukdary;

$P_{ýbb}$ – ýylyň başyna paýnamanyň bazar nyrhy, manat.

Şu ýerde bellemeli zat, paýdarlaryň girdejisi diwidendiň möçberi we olaryň bazar nyrhynyň üýtgeýşi bilen hasaplanýar.

**Ýönekeý paýnamalaryň umumy peýdalylygy.** Paýnamalaryň eýeleriniň umumy peýdasy olaryň nyrhynyň we diwidendiniň üýtgeýşine bagly. Kärhananyň öz maýasyna goýlan serişdeleriniň umumy peýdalylygy aşakdaky formulanyň esasynda hasaplanýar:

$$MP = \frac{P_{ýab\text{-}P_{ýbb}}}{P_{ýbb}} + \frac{DM}{P_{ýbb}} = MÖG + DG.$$

Bu ýerde:

$MP$ – öz maýasynyň peýdalylygy;

$DM$ – ýyldaky diwidendiň mukdary;

$P_{ýbb}$ – ýylyň başyna paýnamalarynyň bazar nyrhy, manat;

$P_{ýab}$ – ýylyň ahyryna paýnamalarynyň bazar nyrhy, manat.

**“Paýnamalarynyň birligine nyrh/peýda” koeffisiýenti.** Munuň hasaby – ýönekeý paýnamalarynyň gündelik bazar nyrhyny paýnamalarynyň birligine düşýän peýdanyň iň soňky görkezijisine bölmeli. Gymmat bahaly kagyzlaryň ösen bazarlarynda bu görkeziji “PE” (“Price/EPS”) görnüşde ulanylýar. Onuň hasaplamasynyň formulasy:

$$K_{np} = \frac{P_{hýn}}{P_{bdsp}}.$$

Bu ýerde:
$K_{np}$ – “nyrh/peýda” koeffisiýenti;
$P_{hýn}$ – hasabat ýylda paýnamanyň ortaça bazar nyrhy. manat;
$P_{bdsp}$ – ýönekeý paýnamanyň birligine düşýän sap peýda, manat.

**Diwidend tölegleriň koeffisiýentiniň hasaplamasy:**

$$K_{dt} = \frac{P_{td}}{P_{bdsp}}.$$

Bu ýerde:
$K_{dt}$ – diwidend tölegleriň koeffisiýenti;
$P_{td}$ – paýnamanyň birligine tölenen diwidend, manat;
$P_{bdsp}$ – ýönekeý paýnamanyň birligine düşýän sap peýda, manat.

Diwidend tölegleriň koeffisiýenti kompaniýanyň diwidend syýasatyny häsiýetlendirmekde ulanylýar we hasabat ýylynda paýdarlara nagt pulda tölenen peýdanyň paýyny şekillendirýär. Peýadnyň näçe köp bölegi paýdarlara gündelik girdeji hökmünde tölenilse, şonça sap peýdanyň maýa goýuma öwrülişiniň kadasy pes bolýar. Öz-özüni maliýeleşdiriş çeşme hökmünde sap peýdanyň gysgalmagy, iň soňy içki ösüş depgini haýallaşdyryp biler, kärhananyň ýerlenen önüminden gelýän puluň möçberiniň artyşyny çäklendirip we karz serişdeleri özüne çekmeklik mümkinçiligi peseldip biler. Bu görkezijiniň mukdary birden pes bolmaly: $K_{at} < 1$. Eger-de onuň mukdary görkezilenden ýokary bolsa, diwidendleriň tölegleriniň bir bölegi goşmaça daşyndan çekilen serişdeleriň hasabyna amala aşyrylýar. Bu bolsa, kompaniýanyň sap peýdasynyň ýeterlikli bolmazlygy bilen, onuň ýaramaz maliýe ýagdaýyny görkezýär. Eger-de bu görkezijä birnäçe ýylyň dowamynda seredilse, onda paýdarlar jemgyýetiň direktorlar maslahatynyň syýasatynyň meýlini bahalandyryp bolýar: kompaniýanyň ösüşine ýa-da paýnamalaryň eýelerine peýdanyň köp bölegini maliýeleşdirmäge çalyşýar. Şunda haýsy ugur oňyn diýmek kyn, emma bu koeffisiýentiň seljermesi kompaniýanyň hojalygy ýöredýän tärini kesgitlemäge ýardam berýär. Amallar boýunça çalt ulalýan we

ykdysady taýdan ösýän kompaniýalar, köplenç, peýdanyň az bölegini diwidend hökmünde töleýärler. Olar alnan peýdany gaýtadan önümçiligiň ösüşine gönükdirmäge çalyşýarlar. Durnukly depginde ösýän ýa-da ortaça ösüş depginli kompaniýalar, köplenç, peýdanyň köp bölegini diwidend hökmünde töleýärler.

Kompaniýanyň eýesini tölenýän diwidendler näçe derejede peýdanyň mukdary we gelýän nagt pullar bilen üpjün edilýändigi hemişe gyzyklandyrýar. Şeýle hem, näçe derejede maýanyň düzümindäki karz serişdeleriň paýy we şoňa bagly tölenilýän karz göterim tölegleri hem-de karzyň üzme tölegi ýolbaşçylaryň mümkinçiliklerine peýdany durnukly ösdürilmekde, paýdarlaryň garaşmalaryna laýyk diwidend tölemeklige neneň täsir edýändigi olar üçin wajyp bolýar.

Gymmat bahaly kagyzlar bazarynda kompaniýanyň durnuklylygy paýnamalaryň kotirowka (baha kesme) koeffisiýenti bilen kesgitlenýär. Bu görkeziji paýnamalaryň bazar gymmatynyň nominal (hasabat) gymmatyna gatnaşygyny görkezýär:

$$PKK = \frac{PBN}{PNN}$$

Bu ýerde:

*PKK* – paýnamalaryň kotirowka (baha kesme)koeffisiýenti;

*PBN* – paýnamalaryň bazar nyrhy, manat;

*PNN* – paýnamanyň nominal nyrhy, manat.

Bu koeffisiýent kompaniýanyň maýasynyň gymmatynyň meýlini görkezýär. Ol gymmat bahaly kagyzlar bazarynyň belli kompaniýa görä we kärhananyň geljekde ösüşine duýgurlygyny şekillendirýär.

**Paýnamalaryň nyrhyny şu formula bilen hasaplamak bolýar:**

$$PN = \frac{PBN}{P_{bdsp}}.$$

Bu ýerde:

*PN* – paýnamanyň nyrhy, manat;

*PBN* – paýnamanyň bazar nyrhy, manat;

$P_{bdsp}$ – ýönekeý paýnamanyň birligine düşýän sap peýda, manat.

Bu görkeziji gymmat bahaly kagyzlar bazarynda kärhananyň gelejekdäki ýagdaýynyň meýlini şekillendirýär: kompaniýanyň ýerlenilen paýnamalarynyň (üýtgemeýän hakyky peýdasynyň mukdarynda) has ýokary nyrhy onuň paýnamalaryna ýokary hyrydarlygy häsiýetlendirýär, çünki maýadarlar geljekde has ýokary peýdanyň alynmagyny, şeýle hem öz goýlan maýasynyň çalt ödeýşine garaşýarlar.

## *Sekizinji bap*

# KÄRHANANYŇ MALIÝE-YKDYSADY IŞINIŇ NETIJELILIGINIŇ SELJERMESI

### *8.1. Netijeliligiň alamatlary we görkezijileri*

Bazar ykdysadyýetinde netijelilik meselesi, kärhanany maliýe taýdan dolandyrmak boýunça öňde durýan meseleleriň hatarynda merkezi orunlaryň birini eýeleýär. Netijelilik – çylşyrymly ykdysady adalgadyr. Onuň derejesine baha bermek üçin, dürli görnüşli indikatorlaryň giň sanawy ulanylýar.

Ykdysady täsir bilen (effekt) ykdysady netijelilik görkezijilerini tapawutlandyrýarlar. **Ykdysady täsir** (effekt) munuň özi, işiň netijesini häsiýetlendirýän görkezijidir. Dolandyryş derejesine, obýektiň pudak degişliligine we beýleki ölçeglere baglylykda täsir görkezijisi hökmünde jemi milli önümiň, jemi milli girdejiniň, jemi önümleriň, harytlaryň ýerlenilmeginden alynýan umumy girdejiniň, jemi düşewündiň görkezijilerini ulanýarlar. Kärhananyň hereket etmeginiň netijeliligi, absolýut we otnositel görkezijileri bilen ölçenilýär.

Ykdysady netijelilik amal işi boýunça edilýän çykdajy bilen onuň netijesiniň arasyndaky baglanyşygy açyp görkezýär. Ykdysady netijelilik hökmünde ony gazanmak üçin ulanylan ykdysady täsiriň we çykdajylaryň ýa-da maliýe serişdeleriň arasyndaky gatnaşygyna düşünýärler. Netijeliligi bahalandyrmak üçin, esasan hem, ykdysady netijeliligiň degişli görkezijilerini ulanýarlar:

$$\frac{Netije\ (täsir)}{Harajatlar} \text{ ýa-da } \frac{Netije\ (täsir)}{Resurslar}$$

Täsir hökmünde kärhananyň hereket etmeginiň – önüm öndürmeginiň (ýerlenilmeginiň) göwrüminiň ýa-da maliýe netijäniň haýsysynyň kabul edilýänligine baglylykda, önümçilik netijeliliginiň we maliýe netijeliliginiň görkezijilerini tapawutlandyrýarlar. Ykdysadyýetiň meýilnamalaýyn ulgamynyň şertlerinde, esasy ähmiýet önümçilik netijeliligine (zähmet öndürijiligine, esasy serişdeleriň öndürijiligine maddy serişdeleri talap edijiligine) berilýärdi. Bazar ykdysadyýetine geçilmegi bilen, netijeliligiň mazmunynyň düşündirilişi üýtgeýär. Telekeçilik işiniň bazar gatnaşyklary şertlerindäki esasy maksady ýokary derejede peýda almak bolýanlygy sebäpli, kärhananyň hereket etmeginiň netijeliliginiň iň wajyp görkezijisi hökmünde peýda çykyş edýär.

Emma bu çäklendirilen görnüşde alnan görkeziji boýunça netijelilik derejesi hakynda esaslandyrylan netije çykaryp bolmaýar. Yglan edilen girdejiniň möçberi düzgün bolşy ýaly, firmanyň ýagdaýyna baha bermäge mümkinçilik bermeýär. Diýmek, bu möçberiň degişli agramlylyk derejesi hem dolanyşyk göwrümlerinde düýpli tapawuda eýe bolan kärhanalar üçin deň bolmaz. Şonuň üçin hem peýda görkezijisi boýunça kärhananyň iş netijelilik derejesini, öňünden berlen ýa-da sarp edilen resurslary deňeşdirmezden, bahalandyrmak bolmaz.

Kärhananyň iş netijeliligini umumy görnüşde bahalandyrmaklygy, girdejililigiň otnositel görkezijileri boýunça ýa-da esasy görkezijileriň: jemi aktiwleriň (*JA*), satuw göwrüminiň (*JSG*) we girdejiniň (*DP*) ösüş depgini boýunça ýerine ýetirmek bolar:

$$100\% < JA < JSG < JP.$$

Birinji deňsizlik ($100\% < JA$) kärhananyň öz ykdysady mümkinçiligini we onuň durnukly ösdürýändigini görkezýär.

Ikinji deňsizlik ($JA < JSG$) satuw göwrüminiň ykdysady mümkinçiliklerden çaltrak ösýändigine şaýatlyk edýär. Şunuň esasynda, kärhanadaky maliýe serişdelerini ulanmaklygyň yzygiderliliginiň ýokarlanýanlygy barada netije çykarmak mümkindir.

Üçünji deňsizlik (*JSG<JG*) kärhananyň peýdasynyň, önümi ýerlemek göwrüminden we jemi maýadan çalt ösýändigini aňladýar, bu bolsa satuw düşewüntliliginiň derejesiniň ýokarlanýanlygyna şaýatlyk edýär.

Bu deňeşdirmeleri "*kärhananyň ykdysadyýetiniň altyn düzgüni*" diýip atlandyrmak makul bilinýär. Eger-de bu ölçegler berjaý edilýän bolsa, onda ol kärhananyň durnukly ösüşine we onuň maliýe ýagdaýynyň berkemegine şaýatlyk edýär.

Kärhananyň işiniň netijelilik derejesini bahalandyrmak üçin otnositel k/b görkezijiler, ýagny, düşewüntlilik görkezijisi (girdejililik, peýdalylyk) ulanylýar. Düşewüntlilik kärhananyň işiniň netijeliligini häsiýetlendirýän otnasitel k/b görkezijileriň we işiniň dürli ugurlarynyň (amal, maýa goýum, maliýe) girdejililiginiň tutuş ulgamynyň kömegi bilen ölçenilýär.

Düşewüntlilik görkezijileri, peýda görkezijilerine garanda, iş netijeliligini has doly häsiýetlendirýärler, sebäbi olaryň ululygy goýum edilen maýa ýa-da sarp edilen serişdeler bilen täsiriň gatnaşygyny görkezýär. Olary diňe bir kärhananyň işiniň netijeliligini bahalandyrmak üçin ulanmak bilen çäklenmän, maýa goýum syýasatynda we baha emele getirmekde gural hökmünde hem peýdalanýarlar.

Girdejililik görkezijileriň nähili derejede dogry hasaplanandygyna, olaryň mazmun häsiýetnamalaryny nähili derejede hakyky görkezýändigine görä, kärhananyň işiniň netijeliliginiň retrospektiw k/b we prespektiw k/b döwür üçin seljermesiniň netijeleri emele gelýär. Häzirki wagtda şu maksat üçin düşewüntliligiň birnäçe görkezijileri ulanylýar. Düşewüntliligiň üç topar görkezijileri barada otnositel görkezijiler hökmünde amaly ylymlarda aýdylmagy ýöne ýerden däldir.

Esasy görkezijileriň üç görnüşi düşewüntlilik koeffisiýentiniň üç toparyny kesgitlemäge mümkinçilik berýär. Birinji ýagdaýda esasy görkezijiler hökmünde harajatlaryň gymmaty (ýagny düşewüntlilik koeffisiýentiniň formulasynda maýdalawjyda ölçegi (maýa) çykyş edýär, ikinji ýagdaýda – serişdeleriň bahalary (maýanyň umumy möçberi ýa-da aýry-aýry bölekleri), üçünji ýagdaýda – harytlaryň, önümleriň, işleriň, hyzmatlaryň (tutuşlygyna we görnüşleri boýunça) ýerlenmeginden alnan girdejiniň görkezijileri.

Düşewüntlilik görkezijilerini aşakdaky toparlar boýunça birleşdirmek mümkindir:

1) Peýdanyň harajatlara gatnaşygynyň derejesini kesgitläp, çykdajy çemeleşmesine esaslanylýan görkezijiler:

– önümleriň aýry-aýry görnüşleriniň düşewüntliligi;

– amallaýyn iş boýunça düşewüntliligi;

– maýa goýum işiniň we aýry-aýry maýa goýum taslamalarynyň düşewüntliligi;

– adaty iş düşewüntliligi.

2) Önümi ýerlemekden alnan girdejiniň düşewünt bilen gatnaşygy arkaly derejesini kesgitläp, satuw girdejisini häsiýetlendirýän görkezijiler:

– aýry-aýry önümleriniň satuw düşewüntliligi;

– satuwyň umumy düşewüntliligi;

3) Esasy maddy we maddy däl serişdeleriň ulanylmagynyň derejesini we girdejiniň hakujy maýanyň umumy möçberine ýa-da aýry-aýry böleklerine bolan gatnaşygynyň derejesini kesgitleýän görkezijiler:

– jemi aktiwleriň düşewüntliligi ýa-da umumy düşewüntlilik;

– amallaýyn maýanyň düşewüntliligi;

– dolanyşyk maýasynyň düşewüntliligi;

– hususy maýanyň düşewüntliligi.

Bahalandyryş koeffisiýentiniň saýlanylmagy hasaplama algoritmine garaşlydyr, onuň has anygy, hasaplamada täsirli görkezijileriň ulanylýandygyna baglydyr. Dünýäniň hasap-seljerme tejribesinde düşewüntliligiň görkezijileriniň dürli görnüşli düşündirilişiniň bolmagy tötänden däldir. Hasaplanyş usuly öňde goýlan seljerme we dolandyryş wezipelerine baglylykda tapawutlanýan düşewüntlilik görkezijileriniň giň spektrine seredilip geçilýär.

## *8.2. Peýda – kärhananyň maliýe-ykdysady işiniň netijeliliginiň esasy görkezijisidir*

Hususyýetçiler we islendik kärhanalaryň ýolbaşçylarynyň esasy maksady peýdany emele getirmekden ybaratdyr.

Peýda – täjirçilik guramasynyň öndürýän aýratyn resursydyr, işewürligiň dürli taraplaryny häsiýetlendirýän görkezijisidir, onuň ahyrky maliýe netijesidir, kärhananyň hojalyk işiniň täsirliligidir,

telekeçiniň goýum eden maýasyndan alan arassa girdejisidir, telekeçilik işinde töwekgelçilik üçin sylagdyr. Peýdanyň zerur bolan derejesini saklamak – kadaly hereket edýän kärhana üçin obýektiw kanunylykdyr.

Peýda hojalyk subýektiň telekeçilik işiniň öndürilýän resursy bolup durýar. Kärhanyň hojalyk işiniň dowamynda peýdany almagyň derejesi näçe ýokary boldugyça, şonça-da onuň daşarky çeşmelerden maliýe serişdelerini çekmek zerurlygy az bolýar. Şeýle-de, beýleki şuňa meňzeş şertlerde, onuň ösmegi üçin öz-özüni maliýeleşdiriş derejesiniň ösüşi, bu ösüşiň strategiki maksatlaryny durmuşa geçirmekligi üpjün etmek derejesiniň, kärhananyň bazardaky bäsdeşlige ukyplylyk derejesiniň ösüş ýokarlanýar. Peýda munuň özi:

– işewürligi amala aşyrmak we ösdürmek üçin esasy gyzyklandyryjy sebäpdir;

– kärhananyň gündelik we uzakmöhletli ösüşi üçin esasy içerki çeşmesidir;

– kärhananyň bazar gymmatynyň wajyp indikatorydyr;

– kärhananyň karz ukyplylygynyň indikatorydyr;

– peýdanyň durnukly derejesi bolan ýagdaýynda kärhananyň bäsdeşlige ukyplylygynyň görkezijisidir;

– kärhana tarapyndan döwletiň öňündäki we jemgyýetiň durmuş zerurlyklaryny kanagatlandyrmak boýunça borçnamalaryny ýerine ýetirmegiň girewidir.

Peýda giň manyda kärhanany batmak howpundan gorap saklaýan esasy gorag guraly bolup durýar. Şunuň ýaly, kärhananyň peýda berýän howply hojalyk işiniň şertinde hem ýüze çykmagy mümkindir (karz maýasynyň aýratyn gysgamöhletli görnüşiniň esassyz uly möçberini ulanmak; ýeterlik däl bolan ýagdaýynda aktiwleriň likwidliligini netijeli dolandyrmak). Emma beýleki şuňa meňzeş şertlerde kärhana peýdany emele getirmegiň ýokary derejesine eýe bolmagynda, batmak ýagdaýyndan has üstünlikli çykyp bilýär. Alnan peýdanyň maýallaşdyrylmagynyň hasabyna ýokary likwidli aktiwleriň paýy çalt artdyrylyp bilner, ulanylýan karz serişdeleriň, degişlilikde, mukdarynyň azaldylan ýagdaýynda hususy maýanyň paýy, maliýe durnuklylyk ýokarlanar degişli ätiýaçlyk maliýe gaznalary dörediler. Kärhananyň işiniň netijeliliginiň maliýe taýdan seljermesi geçirilende, peýdanyň

we onuň bu görkezijini emele getirýän gurlyş elementleriniň ykdysady taýdan mazmunynyň dogry düşünilmegi uly ähmiýete eýedir:

1. *Iş görnüşleri boýunça* şular tapawutlandyrylýar: öz içine önümiň ýerlenilmeginden alnan peýdany we gaýry amal girdejilerini we çykdajylaryny alýan esasy işden (amallaýyn) alnan peýda; maýa goýum işinden alnan peýda; maliýe işinden alnan peýda.

2. *Döredilmek tertibi boýunça* şular tapawutlandyrylýar: jemi peýda (maržinal); satuwdan alnan peýda; göterimleri we salgytlary tölemeklige çenli aralykdaky hasabat döwrüniň umumy maliýe netijesi (brutto-peýda); salgyt salynmazdan öňki peýda; sap peýda.

*Jemi peýda (maržinal)* – munuň özi, girdeji (netto) bilen önümi ýerlemek boýunça göni önümçilik harajatlaryň arasyndaky tapawutdyr.

*Önümiň ýerlenilmeginden alnan peýda* – munuň özi jemi peýda bilen kärhananyň hemişelik harajatlarynyň arasyndaky tapawutdyr.

*Brutto-peýda* – amallaýyn, maliýe we maýa goýum işinden alnan maliýe netijeleri (göterimleriň we salgytlaryň tölenilmegine çenli), adatdan daşary çykdajylary we girdejileri öz içine alýar. Ol ähli gyzyklanma bildirýän taraplar (döwlet, karzdarlar, hususyýetçiler, hakynatutma işgärler) üçin kärhana tarapyndan gazanylan umumy maliýe netijesini häsiýetlendirýär.

*Salgyt salynmazdan öňki peýda* – munuň özi, karzdarlara göterim tölenilmeginden soňra alnan peýdadyr.

*Arassa peýda* – munuň özi, ähli salgytlaryň, ykdysady jerimeleriň we beýleki hökmany tutumlaryň tölenilmeginden soň kärhananyň ygtyýarynda galýan peýda möçberidir.

3. *Peýdanyň alnyş häsiýetine baglylykda* – adaty (däp bolan) işden alnan peýda we kärhananyň işini dogry bahalandyrmak üçin umumy peýdadan bölünip bermeklige degişli bolan görkezilen kärhana üçin adaty bolmadyk ýagdaýlardan alnan peýda bölünýär.

4. *Salgyt salnyşynyň häsiýetine görä* – döwürleýin seredilýän salgyt kanunçylygyna laýyklykda, salgyt salynýan peýda we salgyt salynmaýan (ýeňillikli) peýda bölünýär.

5. *Hümmetsizlenmek faktoryny hasaba alyş derejesine görä* – hasabat döwründe hümmetsizlenmek depgine korrektirlenen nominal peýda we hakyky peýdany tapawutlandyrýarlar.

6. *Peýdanyň ykdysady mazmuny boýunça* – buhgalterlik we ykdysady peýda tapawutlandyrylýar. Buhgalterçilik peýda-buhgalterçilik hasaplarynyň ulgamynda görkezilýän girdejiniň we gündelik aýdyň çykdajylaryň arasyndaky tapawut hökmünde kesgitlenilýär. Ykdysady peýda-buhgalterçilik peýdadan tapawudy, onuň ululygyny hasaplanda diňe bir aýdyň çykdajylary göz öňünde tutmak bilen çäklenmän, buhgalterçilik hasabynda görkezilmeýän aýdyň däl çykdajylary hem hasaba alýandyklaryndan ybaratdyr (meselem, şereketiň eýesine degişli bolan esasy serişdeleri saklamak üçin zerur bolan çykdajylar).

7. *Sap peýda ulanylyş häsiýeti* – boýunça maýalaşdyrylan (paýlanylmadyk) we sarp edilýän tapawutlandyryýarlar. Maýalaşdyrylan peýda – bu kärhananyň aktiwleriniň ösdürilmegini maliýeleşdirmek üçin gönükdirilýän arassa peýdanyň bölegidir. Sarp edilýän peýda – kärhananyň paýdarlaryna düşewünt tölemek üçin gönükdirilýän bölegidir.

Peýdanyň ol ýa-da beýleki görkezijilerini kärhananyň iş netijeliligini bahalandyrmak üçin ulanmak, seljerme maksadyna, şeýle hem gyzyklanma bildirýän taraplaryň bähbitlerine baglydyr. Ynha, kärhananyň ýitgisiz satuw göwrümini we howpsuzlyk zolagyny kesgitlemek üçin jemi peýda, aýry-aýry önümleriň önümçiliginiň girdejililik derejesini bahalandyrmak we täjirçilik maržany kesgitlemek üçin göterimleri we salgytlary tölemeklige çenli önüm ýerlemekden alnan peýda, jemi maýanyň girdejililigini bahalandyrmak üçin göterimleri we salgytlary tölemeklige çenli ähli iş görnüşlerinden alnan umumy peýdanyň mukdary, hususy maýanyň düşewüntliligini bahalandyrmak üçin arassa peýda, kärhananyň ösüş durnuklylygyny bahalandyrmak üçin maýalaşdyrylan (gaýtadan maýalaşdyrylan) peýda ulanylýar.

Gyzyklanma bildirýän taraplaryň dürli kategoriýalary üçin peýdanyň ol ýa-da beýleki görkezijisiniň ähmiýetiniň birmeňzeş däldigini hem göz öňünde tutmak zerurdyr:

– hususy kärhana üçin ahyrky maliýe netije hökmünde, olaryň öz iş göwrümini giňeltmek maksady bilen diwidenti ýa-da gaýtadan maýalaşdyryp biljek sap peýdany artdyrmak wajypdyr;

– karzdarlary göterimleriň we salgytlaryň tölenilmegine çenli alnan umumy peýdanyň mukdary gyzyklandyrýar, sebäbi olar özlerine degişli bolan maýany şondan alýarlar;

– Döwleti bolsa, salgytlaryň hasaplanylyp aýrylmagyna çenli göterimleriň tölenilmeginden soňra alnan peýda gyzyklandyrýar.

Peýdany kesgitlemekligiň iki çemeleşmesi bardyr: ykdysady we buhgalterçilik.

Birinji çemeleşmä laýyklykda, peýda (ýitgi) – munuň özi hasabat döwründe hususyýetçiniň maýasynyň artmagy (kemelmegi) bolup durýar. Peýdanyň ykdysady kesgitlemesi, islendik ykdysatçynyň nukdaýnazaryndan ýönekeý we aýdyň bolup durýar. Emma şunuň ýaly kesgitlemede birnäçe jedelli ýagdaýlar hem bardyr. Şeýle jedelli ýagdaýlar onuň iş ýüzünde amala aşyrylmagynda ýüze çykýar, buhgalterçilik hasabynyň düzgünlerini we tertiplerini göz öňünde tutmak bilen, maýanyň üýtgeýiş faktorlaryna seredilende görünýär. Şonuň bilen hem bu adalganyň düşündirilişini çylşyrymlaşdyrýar. Bu jedelli ýagdaýlar seredilýän adalganyň mazmun taýdan häsiýetlendirmeli.

Ikinji çemeleşmä laýyklykda, peýda – munuň özi hasabat döwründe kärhananyň maliýe-hojalyk işiniň jemleri boýunça onuň hususy maýasynyň artmagydyr (kemelmegidir). Buhgalterçilik hasaba laýyklykda peýdanyň (ýitginiň) birnäçe görnüşlerini tapawutlandyrýarlar:

– jemi peýda – satylan önümden alnan arassa girdejiniň we satylan önümiň özüne düşýän gymmatynyň arasyndaky tapawut;

– amallaýyn işiň maliýe netijeliligi – bu maliýe netije “administratiw çykdajylar” we “satuw harajatlary” boýunça tutumyň hasabyna birinji möçberden az bolar;

– adaty işden alnan maliýe netijeler (salgyt salynmagyna çenli we ondan soňra);

– sap peýda ýa-da ýitgi.

Jemi peýda täjirçilik we dolandyryş harajatlaryny ýapmak üçin ulanylýar. Ol satuwdan alnan peýdanyň ululygyna görä atlandyrylan çykdajylardan köpdür. Beýleki girdejiler we çykdajylar (amallaýyn we beýleki girdejileri we çykdajylary öz içine alýan) boýunça aratapawudy hasaba almak bilen, salgyt salynmazdan öňki peýda kesgitlenilýär.

Gaýra goýlan salgyt aktiwleriniň we borçnamalarynyň kesgitlenilmeginden soňra, hasabat döwrüniň peýda salynýan salgydy hasaplanylýar.

Ýokarda görkezilen netijeler peýdanyň maliýe seljermesini amala aşyrmaklygyň edil kärhananyň işini toplumlaýyn doly seljerilmeginiň aýrylmaz elementi hökmündäki ähmiýetliligini kesgitleýär.

Peýdanyň maliýe seljermesi, onuň kärhananyň iş netijeliligini ýokarlandyrmaklygyň ätiýaçlyklaryny ýüze çykarmak maksady bilen emele getirilmeginiň we ulanylmagynyň şertlerini we netijelerini barlamak işi bolup durýar (*8.1-nji surat*).




**8.1-nji surat. Peýdanyň görkezijileriniň emele gelmeginiň gurluş-logiki şekili**

Peýda görkezijileriniň emele getirmek tertibini bilmeklik seljerme geçirýän üçin düşewüntlilik boýunça maliýe koeffisiýentleriniň ykdysady manysynda anyk baş çykarmaklyga, maliýe seljermesi

geçirilýän kärhananyň aýratynlyklaryny göz öňünde tutmak bilen agzalan koeffisiýentleriň üýtgeýşine sowatly düşündiriş bermeklige mümkinçilik berýär.

## 8.3. Kärhananyň işiniň netijeliligini seljermegiň maksatlary, wezipeleri, usullary we tertibi

Kärhananyň işiniň netijeliligini seljermegiň esasy wezipeleri hökmünde şu aşakdakylar bolup durýar:

– kärhananyň işiniň netijeliligine obýektiw, şonuň ýaly-da subýektiw ýagdaýlaryň täsirini kesgitlemek;

– peýdanyň meýillerini we düzümini barlamak;

– dürli iş görnüşlerinden peýdanyň emele gelmeginiň absolýut we otnositel görkezijilerini bahalandyrmak;

– peýdanyň möçberine täsir edýän we netijeliligi täsirini ýetirýän görkezijileri ýüze çykarmak;

– kärhananyň sap peýdasyny paýlamaklygyň netijeliligini bahalandyrmak;

– peýdanyň we düşewüntliligiň möçberini artdyrmagyň ätiýaçlyklaryny ýüze çykarmak;

– peýdany we düşewündi artdyrmak mümkinçiliklerini ulanmak boýunça kärhananyň işini bahalandyrmak;

– ýüze çykarylan serişdeleri ulanmak boýunça çärelri işläp taýýarlamak.

Kärhananyň iş netijeliligini seljermekligiň obýekti hökmünde, ilkinji nobatda, dürli iş görnüşlerinden alynýan peýdany emele getirmek we paýlamak, şeýle hem kärhananyň iş netijeliligini we girdejililigini ýokarlandyrmaklygyň ätiýaçlaryny ýüze çykarmak boýunça çäreler bolup durýar. Seljermäniň mazmuny – kärhananyň peýda almagyny we ony has-da ýokarlandyrmaklygy häsiýetlendirýän kärhananyň amallaýyn, maýa goýum we maliýe işini dolandyrmaklyga gönükdirilen işleriň jemidir.

Maglumat çeşmesi hökmünde kärhananyň maliýe hasabatlylygy, buhgalterçilik we dolandyryş hasabynyň maglumatlary, statistika, bazar we kadalaşdyryjy sowalnama maglumatlary bolup durýar.

Kärhananyň iş netijeliligi boýunça seljerme geçirilende şertli ýagdaýda dört topara bölünmegi mümkin bolan seljerme maglumatlardan ulanyjylaryň gyzyklanmalaryny göz öňünde tutmak zerurdyr.

Birinji topar – maýadarlar we berijiler ýagny, söwda guramasynyň puluny uzakmöhletli esasda çäklendirýän we öz paýyny karz we algy boýunça göterim görnüşinde alýan şahsy we edara görnüşli taraplardyr. Bu toparyň taraplarynyň nukdaýnazaryndan, söwda guramasynyň iş netijeliligini häsiýetlendirýän esasy absolýut görkeziji – göterimleriň we salgytlaryň hasaplanylyp tutulmagyndan öň alnan girdejidir. Ykdysady taýdan ösen döwletleriň köpüsinde tölenilen göterimler harajat hasabyna geçirilýär we salgyt salmaklyga degişli bolan girdeji azaldylýar. Şonuň üçin hem bu çeşme degişlilikde bähbitlidir, sebäbi onuň gymmaty hususy maýanyň gymmatyndan azdyr.

Ikinji topar – kärhananyň kadaly hereket etmegini üpjün edýän we ony gözegçilikde saklaýan döwlet edaralarydyr. Her bir şunuň ýaly gurama döwlet üçin örän wajyp gyzyklanma bolup durýan durmuş we ykdysady meseleler toplumyny çözmekde öz goşandyny goşýar. Durmuş meseleleri babatynda bolsa, goşmaça iş orunlary, hemişelik iş ýerleri bar bolan işgärleriň ahlak-psihologik durnuklylygy barada ýatlap geçmek bolar.

Döwlet her bir anyk gurama üçin degişli kadalaşdyryjy-tertipleşdiriji resminamalaryň kömegi bilen onuň hereket etmegini sazlamaga, oňa işlemeklige mümkinçilik bermek bilen, goşmaça ýeňillikler, goldaw bermek, maliýeleşdirmek boýunça ýardam berip, salgyt salmak ulgamynyň üsti bilen kesgitli girdeji almaklyga bil baglaýar.

Üçünji topar – kärhananyň hususyýetçileri. Gündelik döwür nukdaýnazaryndan olar üçin ahyrky netije, ýagny paýlamaklyga degişli peýdanyň görkezijisi wajypdyr, uzakmöhletleýin geljek babatyndaky nukdaýnazardan, gaýtadan maýalaşdyrylýan girdejiniň görkezijisi gyzyklandyrýar.

Dördünji topar – kärhananyň işgärlerini we kontragentlerini (üpjünçilerini we karzdarlaryny) öz içine alýar. Bu toparyň wekilleri özleriniň gyzyklanmalaryny dürli usullar bilen kanagatlandyrýarlar.

Şol sanda telekeçilik guramasynyň umumy girdejilerinden degişli paýyny almak usulyny, ýagny zähmet haky, adaty algy-bergi we karz, şol guramanyň önümini ýerlemek mümkinçiligi we beýlekiler hem özleriniň gyzyklanmalaryny kanagatlandyrmak üçin ulanýarlar.

Netijeliligi seljermekligiň işiniň tejribesinde, standart usullaryň jemi ulanylýar. Aşakda kärhananyň iş netijeliligini seljermekligiň käbir usullarynyň gysgaça beýany berilýär:

1. Girdejiniň keseligine ýa-da agdyklyk edýän, trend seljermesi. Onuň wagt boýunça aýry-aýry görkezijileriniň meýillerini öwrenmeklige esaslanýar. Şu seljerme usulyndan peýdalanmak aýry-aýry girdejileriniň ösüş (artmak) depgini hasaplanylýar, onuň üýtgemeginiň (ýa-da agdyklyk etmeginiň meýilleriniň) umumy ugurlary kesgitlenilýär. Girdejini seljermegiň tejribesinde girdejiniň keseligine (ýa-da agdyklyk edýän meýil) seljermesini ulanmak has giňden ýaýrandyr:

a) peýdanyň hasabat döwründe emele gelmeginiň, paýlanylmagynyň we ulanylmagynyň görkezijilerini geçen döwrüň görkezijileri bilen (meselem, geçen aýyň, çärýegiň, ýylyň görkezijileri bilen) deňeşdirmek;

b) peýdanyň hasabat döwründe emele gelmeginiň, paýlanylmagynyň we ulanylmagynyň görkezijilerini, ondan öň geçen döwürdäki görkezijileri bilen deňeşdirmek (meselem, hasabat ýylynyň üçünji çärýeginiň görkezijileri, öňki ýylyň üçünji çärýeginiň birmeňzeş görkezijileri bilen). Seljermäniň bu görnüşi hojalyk işiniň örän ýiti tapawutlanýan möwsüm aýratynlyklary bolan kärhanalarda ulanylýar;

ç) girdejiniň görkezijilerini öňki birnäçe döwürler boýunça emele gelmegini, paýlanylmagyny we ulanylmagyny deňeşdirmek. Seljermäniň bu görnüşiniň maksady girdejiniň aýry-aýry öwrenilýän görkezijileriniň üýtgeýiş ugurlarynyň meýlini görkezmek bolup durýar.

Maliýe netijeleriniň hasabatynyň maglumatlary boýunça, maliýe netijeleriň derejesini we dinamikasyny bahalandyrmak üçin keseligine seljerme usuly ulanylýar.

*Dokuzynjy bap*

# KÄRHANANYŇ MAÝA GOÝUM IŞINIŇ SELJERMESI

## *9.1. Maýa goýumlaryň düýp manysy we kärhananyň maýa goýum işine seljerme geçirmekde ileri tutulýan ugurlary*

Kärhananyň hojalyk işiniň möhüm ugurlarynyň biri hem onuň maýa goýum işi bolup durýar, bu iş uzak möhletli we orta möhletli taslamalary durmuşa geçirmäge pul serişdelerini goýmak bilen baglydyr.

Kärhana dürli görnüşdäki we dürli guramaçylyk görnüşi bolan maýa goýumlary amala aşyryp, ýagny maýa goýum bukjasyny emele getirip hem-de maýa goýum taslamalaryna we ş.m. gatnaşyp biler. Kärhananyň maýa goýum işiniň ugurlarynyň dürli tebigy görnüşi, jogapkärçilik derejesi we degişlilikde netijeleriniň dürli häsiýeti we töwekgelçilik derejesi bolup biler (*9.1-nji tablisa*).

Kärhananyň maýa goýum işiniň esasy ugurlary şulardan ybaratdyr:

– kärhananyň maddy-tehniki binýadyny täzelemek we ösdürmek ýa-da kärhanynyň esasy serişdeleriniň giňeldilen önümçiligi;

– önümçilik işiniň möçberlerini artdyrmak;

– işiň täze görnüşlerini özleşdirmek.

Maýa goýum işiniň 9.1-nji suratda getirilen grafiki beýany maýa goýum taslamasyny taýýarlamak we onuň netijeliligi maýa goýum işine gatnaşyjylaryň bähbitlerine laýyk gelýän bolsa, soňra oňa maýa goýmak işleriniň dialektiki bitewiligini görkezýär.

Getirilen shemanyň netijeliliginiň ahyrky derejesini meýilnamalaşdyrylýan döwründäki hasaplama derejesinden pes bolmadyk möçberde üpjün etmek maksady bilen, netijeliligiň esasy häsiýetnamalaryny düzgünleşdirmek arkaly maýa goýumyň şertlerine laýyklykda maýa goýumçylaryň höweslendirme emele gelşine syn etmäge mümkinçilik berýändigini belläp geçmek gerek.

Maýa goýum işi bilen baglanyşykly ykdysady adalgalary kesgitlemäge bar bolan çemeleşmeleri tertipleşdirmek we ösdürmek

boýunça meseleleri çözülmeli. Bu işe maýa goýumlaryň maliýe, tehnologik häsiýetli talaplaryndan, maýa goýmakdan alnan netijeleriň derejesi, maýa goýum döwrüniň (sikl) ahyrynda goşmaça gymmatyň paýlanmagy, toplanan serişdeleriň maýa goýum resurslaryna öwrülmegi we olaryň geljekde soňraky maýa goýumlaryny amala aşyrmak üçin peýdalanylmagy baglydyr. Durmuşa geçirmek üçin kabul edilen maýa goýum taslamalarynyň belli bir toplumyny durmuşa geçirmekden gelýän pul akymlarynyň hereketi hökmünde düşünmäge mümkinçilik berdi.

“Maýa goýum“ (“inwestisiýa”) adalgasy “invest” diýen latyn sözünden gelip çykýar, bu “serişde goýmak”, has giň manyda bolsa “geljekde ony köpelen möçberde almak üçin şu gün pul bilen hoşlaşmak” diýmegi aňladýar. Elbetde, bu iş bilen iki faktor, ýagny wagt we töwekgelçilik faktorlary baglanyşyklydyr.

*9.1-nji tablisa*

**Kärhananyň maýa goýum işiniň aýry-aýry ugurlarynyň häsiýetnamasy**

| Ugur | Maýa goýumlaryň häsiýetnamasy | Töwekgelçilik derejesi | Töwekgelçiligiň sebäbi |
|---|---|---|---|
| 1 | 2 | 3 | 4 |
| Maddy-tehniki binýady üýtgetmek | Nomenklaturasy (aýratyn sanawy), möçberi we parametrleri (görkezijileri) bilen kesgitlenýär | Ýokary däl | Maýa goýumlaryň hili bilen baglanyşykly |
| Maddy-tehniki binýady täzelemek we ösdürmek | Bazar ýagdaýyna (konýunktura) seljerme geçirmegi, kärhananyň işine we önümleriň sanawyny çaklamagy talap edýär | Ortaça | Önümler bazarynyň ýagdaýy (konýunktura) bilen baglanyşykly |
| Önümçilik işiniň möçberlerini giňeltmek | Önümiň bazarda bäsleşige ukyplylygyna, kärhananyň pudakdaky, sebitdäki ýagdaýyna seljerme geçirmegi talap edýär | Düýpli | Harytlaryň köp möçberde toplanmak töwekgelçiligi, konýunkturanyň üýtgemegi bilen baglanyşykly |

| 1 | 2 | 3 | 4 |
|---|---|---|---|
| Işiň täze görnüşlerini özleşdirmek | Işiň täze görnüşleri boýunça marketing telekeçilik meýilnamasyny işiň däp bolan görnüşleri bilen baglanyşdyryp, düýpli işlemegi talap edýär | Düýpli | Bazaryň durnuksyzlygy bilen baglanyşykly |
| Toplumlaýyn maýa goýum taslamalaryna gatnaşmak | Taslamanyň özüniň hiline hem-de ony durmuşa geçirmäge gatnaşýanlaryň düzümine seljerme geçirmegi talap edýär | Ýokary töwekgelçilik | Maýa goýumlaryň uzak wagtlylygy we peýdanyň giç alynýandygy bilen baglanyşykly |

**Maýa goýumlar** diýip maýanyň hakyky we maliýe obýektlerine uzak möhletli goýum goýmak görnüşinde amala aşyrylan harajatlaryň jemine düşünilýär. Maýa goýumlar mukdar (girdeji) ýa-da hil görnüşinde netije almak maksady bilen amala aşyrylýar.

**Maýa goýmak** şu günki islegiň kanagatlandyrylmagyny, ony maýa goýumdan geljekde alynjak peýdanyň kömegi bilen kanagatlandyrylmagyna garaşmak bilen çalyşmak bolup durýar.




**9.1-nji surat. Kärhananyň maýa goýum işiniň shemasy**

Maýany uzak möhletli goýmak barada çözgüt kabul etmek üçin esasy iki çaklamany tassyklaýan maglumatyň bolmagy zerurdyr, bu çaklamalar şulardan ybaratdyr:

– goýlan serişdeleriň öwezi geljekde doly dolmaly;

– şu amaldan alnan peýda serişdelerini peýdalanmakdan wagtlaýyn ýüz öwrülmeginiň, şeýle hem ahyrky netijäniň näbellidigi sebäpli ýüze çykýan töwekgelçiligiň öwezini dolmak üçin ýeterlik bolmaly.

Goýlan serişdeleriň möçberine baglylykda maýa goýumlaryň iki görnüşi tapawutlandyrylýar: hakyky we maliýe maýa goýumlary. Hakyky maýa goýumlary – bu ýer, enjamlar, zawodlar ýaly maddy taýdan görüp bolýan aktiwleriň haýsydyr bir görnüşine goýlan goýumlardyr. Hakyky maýa goýumlary – bu belli bir wagtdan soň we uzak wagtyň dowamynda girdeji almagy göz öňünde tutýan uzak möhletli maýa goýumlardyr.

Hakyky aktiwlere maýa goýmak, ýagny garaşmalara laýyklykda, geljekde girdeji getirjek işjeňi satyn almak we peýdalanmak maýa goýum taslamasyna maýa goýmak diýlip atlandyrylýar.

Hakyky aktiwlere maýa goýmak taslamasy iki hili çözgütleriň kabul edilmegini göz öňünde tutýar:

– täze aktiwleri satyn almak ýa-da bar bolan aktiwleri giňeltmek (emläge, enjamlara, ýere we ş.m. maýa goýmak), täze önümi işläp taýýarlamak, bazary öwrenmegi geçirmek, iş ýerlerini kompýuterleşdirmek görnüşinde serişdeleri dolanyşyga çekmek;

– önümçilik gaznalaryny täzelemek, bar bolan enjamlary çalyşmak.

Hakyky maýa goýmagyň anyk görnüşini saýlap almak köp faktorlara, ýagny kärhananyň işini pudaklaýyn, haryt we sebitleýin diwersifikasiýa etmek babatynda tabşyryklara, täze tehnologiýalary ornaşdyrmak mümkinçiliklerine, hususy maýa goýum resurslarynyň we karz alnan ýa-da çekilen serişdeleri peýdalamak mümkinçiliginiň bardygyna baglydyr.

Hakyky maýa goýmak işi birnäçe tapgyrlary we döwürleri öz içine alýar (*9.2-nji surat*).

**Maliýe maýa goýumlary** kagyzda ýazylan şertnamalardan, mysal üçin, adaty paýnamalardan we obligasiýalardan ybaratdyr.

Maýa goýumlaryň iki görnüşi hem özara ýakyndan baglanyşyklydyr. Hakyky maýa goýumlar esasy gaznalaryň täzelenmegi we giňelmegi bilen gönüden-göni bagly bolýar. Maliýe maýa goýumlaryndan alynýan serişdeler hakyky maýa goýumlary maliýeleşdirmegiň çeşmesi bolup biler.




**9.2-nji surat. Hakyky maýa goýulýan tapgyrlar**

Maýa goýum taslamalaryna maliýe-ykdysady taýdan baha bermek işi hakyky aktiwler bilen amal geçirilende, serişdeleri emele getirmegiň mümkin bolan görnüşlerini esaslandyrmagyň we saýlap almagyň barşynda merkezi orun eýeleýär.

**Maýa goýum taslamasy** – bu belli bir maksatlara ýetilmegini (belli bir netijeleriň alynmagyny) üpjün edýän haýsydyr bir hereketleriň toplumynyň amala aşyrylmagyny göz öňünde tutýan işden, çäreden ybaratdyr.

Hakyky aktiwlere serişde goýmak babatynda islendik taslamanyň maliýe-ykdysady görkezijilerine baha bermekde esasy wezipe maýa goýum amallarynyň şular ýaly netijelerine hakykatdan ýetip boljakdygyny kesgitlemek bolup durýar.

Islendik baha bermek işine şu maýa goýumyň näme bermelidigini takyk kesgitlemekden başlamak gerek. Şu maýa goýum taslamasynyň (ýa-da bar bolan, peýdalanyp boljak mümkinçiligiň) kömegi bilen çözülmeli meseläni takyk anyklamak we göz öňünde tutulýan maýa goýumyň mümkin bolan ýollaryny kesgitlemek dogry seljerme geçirmek üçin esasy ýagdaý bolup durýar.

Köp ýagdaýlarda maýa goýumlarynyň maksadyna ýetmegiň iki ýa-da üç ýoly bolýar, şeýle halatda mahsus ýagdaýlara dykgatly geçirilen seljerme çözgütleriň has köpüsini ýüze çykarmaga mümkinçilik

berer. Mysal üçin, stanogy onuň işlemeli möhletiniň tamamlanan wagtynda çalyşmak baradaky çözgüt, bir göräýmäge, hawa ýa-da ýok diýen anyk jogaby göz öňünde tutýar.

Beýleki islendik ýagdaýda, bolşy ýaly, hiç zat etmek gerek däl (ýagny stanogy onuň hasapdan öçürilýän wagtyna çenli işletmegi dowam etmeli) diýen jogap aýdyň görnüp duran alnernatiw görnüş bolup durýar. Ýöne şunda gündelik harajatlar täze stanok satyn alnandaka garanyňda köp bolar.

Maýa goýmak barada çözgüt kabul etmegiň 9.3 suratda şekillendirilen shema beýany, bize enjamy çalyşmak ýaly maýa goýmagy saýlap almagyň esasy görnüşlerine has aýdyň göz ýetirmäge kömek edýär.

Meselä seljerme geçirmek we düzgünleşdirmek üçin bar bolan wariantlardan saýlap almak işi seljerme geçirmegiň möhüm ähmiýetidir.

Şunda aýry-aýry maýa goýum maksatnamalaryny we taslamalaryny maliýeleşdirmegiň usullarynyň we tärleriniň dürli-dürli bolup biljekdigi göz öňünde tutulmalydyr:

– doly öz-özüňi maliýeleşdirmek ýagny, diňe hususy çeşmeleriň hasabyna maýa goýmak;

– paýdarlaryň giň gerimli maýa goýum taslamalaryny durmuşa geçirmek üçin peýdalanylýan serişdelerini çekmek;

– karz serişdeleri çekmek bilen karzyna maliýeleşdirmek;

– lizing ýa-da orta möhletli kärende (seleng);

– garyşyk maliýeleşdirmek, ol maliýeleşdirmegiň dürli usullaryny öz içine alýar.

Maýa goýum taslamalarynyň görnüşleri we mazmuny dürli-dürli bolup biler, ýöne ähli ýagdaýlarda maýanyň goýlup başlanan pursady bilen taslamanyň girdeji getirip başlaýan pursadyna çenli wagt aralygy (gijä galmak) bolýar.

Maýa goýum çözgütlerini kabul etmekden alynýan netije birnäçe ýyllaryň dowamynda ýüze çykýar. Ilkibaşda, serişdeleri goýmak kärhananyň ep-esli serişdeleriniň bir wagtda jemlenmegini talap edýär. Maýa goýum çözgütleri töwekgelçilik bilen baglanyşyklydyr, sebäbi göz öňünde tutulýan önümiň ýerlenjek möçberi we degişlilikde, alynjak düşewündiň, harajatlaryň we peýdanyň möçberi näbelli ululyk bolup durýar.




**9.3-nji surat. Maýa goýmak barada çözgüt kabul etmegiň ýollary**

9.4-nji suratda çözgüt kabul etmegiň we maýa goýum çözgütlerini amala aşyrmagyň adaty modeliniň esasy elementleri getirilýär. Shemadan maýa goýum işiniň resmi maýa goýum ulgamynyň çäklerinde bolup geçýändigi görünýär. Bu ulgam standart düzgün-tertibi, resminamalary, maýa goýum çözgütleriniň kabul edilýän we amala aşyrylýan mahalynda zerur bolan maglumat üpjünçiligini öz içine alýar.

Maýa goýum häsiýetli dolandyryş çözgütleri kabul etmek işiniň esasynda çaklanylýan maýa goýumlaryň we geljekde gelip gowuşmaly pul serişdeleriniň möçberine berilýän baha we olary deňeşdirmek ýatýar, ýagny dürli görnüşdäki resmileşdirilen we resmileşdirilmedik usullary we ölçegleri peýdalanmagyň esasynda maýa goýumlaryň ululygyny çaklanylýan girdejiler bilen belli bir derejede deňeşdirmekligi talap edilýär.




**9.4-nji surat. Maýa goýum işiniň logiki gurluş shemasy (D.Nortkottyň garaýşyna görä)**

Bu aşakdaky ugurlar boýunça çuň maýa goýum seljermesini geçirmekligi talap edýär:

– kärhananyň dürli bölümleriniň işinde has gowşak ýerleri kesgitlemek maksady bilen, maliýe-hojalyk işine gaýdymlaýyn seljerme geçirmek;

– maýa goýum telekeçilik-taslamasyny esaslandyrmak we ählitaraplaýyn seljermek;

– karzlaryň çekilen ýagdaýynda, karz serişdelerini, beýleki daşarky maliýe resurslaryny tehniki-ykdysady taýdan esaslandyrmak;

– daşarky we içerki faktorlaryň taslamanyň umumy netijeliligine edýän täsirine baha bermek.

**Maýa goýum taslamalaryny maliýe taýdan seljermek** – islendik hojalyk subýektiniň strategiýasynyň iň möhüm düzüm bölegi bolup durýar. Onuň geçirilmegi maýa goýumlaryň maksadalaýyklygy we olaryň işiniň girdejililigi boýunça esaslandyrylan çözgütleri kabul etmäge mümkinçilik berýär.

Maýa goýum taslamasyna maliýe taýdan seljerme geçirmegiň umumy shemasy 9.5-nji suratda getirilýär. Maliýe seljermesiniň kömegi bilen maýa goýumlaryndan geljekde garaşylýan netijelilige baha berilýär.




**9.5-nji surat. Maýa goýum taslamasyny maliýe taýdan seljermegiň düzümleri**

Maýa goýum taslamalaryna seljerme geçirmegiň usulýeti hökmany görkezijileriň ýa-da şertleriň kesgitlenmegini göz öňünde tutýar: maýa goýumlaryň ýa-da goýulýan serişdeleriň möçberine baha bermek; maýa goýumlardan alynjak girdejilere, gelip gowuşýan serişdelere baha bermek; wagt faktoryny we töwekgelçilgi hasaba almak üçin göterim möçberini kesgitlemek; seljerme geçirmegiň usullaryny saýlap almak.

Maýa goýum taslamaryna seljerme geçirilende şu kadalara gollanylmalydyr.

1. Taslamalar deňeşdirilende şol bir mukdar çemeleşmeleri yzygiderli ulanmaly.

2. Çözgütleri kabul etmek üçin peýdaly, ýöne, ýeke-täk däl maglumat hökmünde baha bermegiň, mukdar usullaryndan peýdalanmaly.

3. Seljerme geçirilen mahalynda kabul edilen hiç bir ýol bermäni inkär etmeli däl we alnan netijeleri teswirlemeli.

Maýa goýum taslamalary boýunça çözgütleri kabul etmek işi kabul ederlikli taslamalary saýlap almagy we netije bermejek taslamalardan ýüz öwürmegi öz içine alýar.

Maýa goýumlaryna maliýe seljermesini geçirmegiň wezipeleri maýa goýum çözgütlerini kabul etmek prosesiniň shemasynyň esasynda emele getirilip bilner (*9.6-njy surat*).

*Birinji tapgyrda* kärhananyň maksatlary we wezipeleri esaslandyrylýar. Maýa goýmagyň maksatlaýyn wezipesi kompaniýanyň adaty paýnamalarynyň oňaýly bazar gymmatynyň üstünden paýdarlaryň ykdysady hal-ýagdaýyny has ýokarlandyrmagy göz öňünde tutup biler. Şol bir wagtda harajatlary azaltmak we durmuş netije almak hem maksatlaýyn wezipe bolup biler.

*Ikinji tapgyrda* maýa goýum mümkinçiliklerini gözlemek bolup geçýär. Kompaniýanyň ýagdaýynyň gowy bolmagy, köp babatda, maýa goýum taslamalaryna baha bermek ukybyna däl-de, eýsem şeýle taslamalary döretmek ukybyna bagly bolýar. Şonuň üçin hem kompaniýanyň özüniň hereket edýän telekeçilik gurşawyna baha bermegi, täze mümkinçilikleri tapmagy ýa-da mümkin bolan howplardan özüni goramak üçin degişli çäreleri görmegi örän möhümdir. Bu iş guramanyň umumy strategiýasy bilen ýakyndan baglanyşyklydyr.

*Üçünji tapgyr* ýerine ýetirilýän taslamalaryň netijelerine täsir edip biljekligi, geljekde mümkin bolan daşarky şertler barada maglumatlaryň toplanmagyny göz öňünde tutýar. Daşarky şertler anyklanandan soň, *dördünji we bäşinji tapgyrlarda* şu şertleriň her biri üçin mümkin bolan netijeleri paýdarlar maýasynyň ýokary ululygyny gazanmagyň birliklerinde kesgitlemek zerur bolup durýar.

*Altynjy tapgyrda* iň ýokary girdejini üpjün edýän we olary kompaniýanyň uzak möhletli ýerleme meýilnamasyna goşmaga mümkinçilik berýän maýa goýum taslamalaryny saýlaтндьфпн almak amala aşyrylýar.

Taslamanyň durmuşa geçirilýän döwri (*ýedinji tapgyr*) adatça, üç bölege bölünýär: maýa goýmak, taslamany durmuşa geçirmek (önümçilik, ýerlemek, harajatlar, gündelik maliýeleşdirmek) we onuň netijelerini ulanmak. Bu bölekleriň her birine gözegçilik etmek we tertipleşdirmek düzgünleri amala aşyrylýar.

*Sekizinji tapgyr* maýa goýumlar boýunça çözgütlere seljerme geçirmegi göz öňünde tutýar.




**9.6-njy surat. Maýa goýum çözgüdini kabul etmegiň logiki shemasy**

9.6-njy suratdaky işleri dürli tapgyrlaryny baglanyşdyrýan çyzyklar gaýdymlaýyn baglanyşygy görkezýär we şunda işiň üznüksizligine we hereketde bolýandygyna şaýatlyk edýär. Başga sözler bilen aýdylanda, hakyky netijeleriň garaşylýan netijelere laýyk gelýändigine göz ýetirmek üçin maýa goýumlar boýunça çözgütlere yzygiderli gaýtadan seredilmelidir.

Mümkin bolan daşarky şertlere hem yzygiderli gözegçilik edilmelidir, sebäbi olar maýa goýum taslamalaryny durmuşa geçirmegiň barşynda üýtgetmeleri girizmegiň zerurdygyna ýa-da maksatlaýyn wezipä gaýtadan seretmegiň gerekdigine şaýatlyk edip biler.

Pul serişdelerini maýa goýum görnüşinde taslama gönükdirmek barada çözgüt kabul edilen mahalynda wagt, hümmetsizlenme, töwekgelçilçilik ýaly esasy faktorlar, pul serişdelerini peýdalanmagyň beýleki ýollary göz öňünde tutulmalydyr.

Maýa goýumlarynyň girdejililigine seljerme geçirilende ykdysady taýdan esaslandyrmak we geljekki şertleri çaklamak talap edilýär, şonuň üçin hem maýa goýum seljermesi köp babatda çaklama seljerişi bolup durýar we ulanylýan usullarda wagt faktory we töwekgelçilik faktory göz öňünde tutulýar.

**Wagt faktory** wagtyň dürli döwürlerine degişli pul serişdeleriniň dürli gymmatynda ýüze çykýar. Bu häzirki wagtda bar bolan pul serişdeleriniň maýa goýuma gönükdirilip we geljekde girdeji getirip biljekdigi bilen düşündirilýär. Şundan ugur alnanda, şu gün maýa goýuma gönükdirilmedik pul serişdeleri geljekde girdeji getirip bilmez we wagtyň geçmegi bilen, olaryň gymmaty gaçar diýen netije çykaryp bolar.

**Töwekgelçilik faktory** maýa goýum taslamasynyň netijeliligine belli bir ähtimallyk derejesi bilen baha berilýändiginde ýüze çykýar. Töwekgelçilik – bu maýa goýumlaryndan alynýan girdejiniň çaklanylýan möçberden az bolup biljekdiginiň ähtimaldygyny aňladýar. Töwekgelçilik derejesi diskontirleme möçberi saýlanyp alnanda, göz öňünde tutulýar.

Maýa goýum seljermesi geçirilende göterim möçberi, hasaplap ýazma döwri maýa goýumlardan gelýän girdeji ýaly görkezijilere esaslanylmalydyr.

**Göterim möçberi** diýip wagtyň kesgitli böleginde girdejiniň belli bir ululygyna, ýagny girdejiniň (göterimden alynýan pullaryň) wagt birliginde berginiň möçberine bolan gatnaşygyna düşünilýär. Maýa goýum girdejisiniň möçberi kesgitlenende, esasy maliýe görkezijisi hökmünde çylşyrymly göterim netijesi peýdalanylýar. Möçberleriň üç görnüşi bolýar:

– maýanyň ortaça gymmatyndan ugur alnyp bellenýän möçber;

– karz göteriminiň ortaça derejesi ýa-da uzak möhletli karz boýunça möçber;

– kärhananyň bähbitleri göz öňünde tutulyp, kesgitlenýän subýektiw bahalar, mysal üçin, adaty paýnamalar boýunça girdejileriň derejesi.

**Hasaplap ýazma döwri** – bu göterim möçberiniň gabat getirilýän wagt aralygy bolup durýar. Seljeriş hasaplamalarynda, düzgün bolşy ýaly, hasaplap ýazma döwri hökmünde ýyl ulanylýar.

**Maýa goýumlaryndan gelýän girdeji** çaklama seljeriş hasaplamalarynyň barşynda kesgitlenýär.

Maýa goýum taslamasyna baha bermekde esasy tapgyr çaklanylýan pul akymlaryny seljermek bolup durýar:

– talap edilýän maýa goýumlaryna baha bermek (pul serişdeleriniň gitmegi);

– gündelik çykdajylary aýyrmak bilen, gelip gowuşýan pul akymlaryna baha bermek (pul serişdeleriniň gelmegi).

Talap edilýän maýa goýumlaryna baha bermek ýeňil iş däl, emma taslamanyň girdeji bölegini – ýerleme möçberini we amal harajatlaryny çaklamak has kyn bolup durýar.

Pul akymlaryna seljerme geçirilýän mahalynda, öňi bilen, taslama berilýän baha goşulýan akymlar (relewant pul akymlary) we taslama berilýän baha goşulmaýan pul akymlary seçilip alynýar.

**Relewant pul akymlary** – bu taslamanyň emele getirýän pul akymlarydyr. Maýa goýum býujeti emele getirilende, artýan pul akymy relewant akym bolup durýar. Ol taslamanyň durmuşa geçirilen ýagdaýynda ýa-da ondan ýüz öwrülen mahalynda wagtyň belli bir böleginde kompaniýanyň umumy pul akymlarynyň arasyndaky tapawut hökmünde kesgitlenýär.

Seredilýän maýa goýum taslamasyna degişli pul akymlaryny üç bölege bölüp bolar:

a) ilkibaşky pul çykdajylary – ilkibaşky arassa pul maýa goýumlary; bu ýerde diňe bir enjamlary satyn almak üçin harajatlar däl, eýsem olary gurnamak we oturtmak üçin harajatlar, arassa dolanyşyk maýasyndaky üýtgemeler, islendik çalşylýan aktiwleri satmakdan alynýan düşewünt we degişli salgyt düzedişleri hem hasaba alynmalydyr;

b) aralyk artýan arassa pul akymy – bu ilkibaşdaky maýa goýumlaryndan soň ýüze çykýan, ýöne ahyrky döwrüň pul akymyny öz içine almaýan arassa pul akymlarydyr; şunda salgyt salynýan peýda hasaplananda, ulanyş tutumlaryny hasaba almak bilen, seredilýän maýa goýum taslamasynyň pul akymyna edýän täsirini peseltmezlik üçin arassa peýdanyň pul möçberine ulanyş tutumlarynyň pul möçberini goşmak gerek;

ç) tamamlanýan ýylyň artýan arassa pul akymy, ol düzgün bolşy ýaly, iş maýasynyň boşamagyny we enjamlaryň galyndy gymmatyny öz içine alýar.

**“Iş maýasynyň boşamagy”** diýlip, kärhananyň debitor berginiň we haryt-maddy ätiýaçlyklaryň artmagy bilen bagly bolan dolanyşyk serişdelerine goýlan maýa goýumyň möçberine düşünilýär, olar taslamanyň ahyrynda ýok edilýär, bu bolsa goşmaça oňyn pul akymyna getirýär.

Enjamyň galyndy gymmaty hem taslamanyň soňky ýylynda oňyn pul akymy hökmünde kesgitlenýär, sebäbi enjam galyndy gymmaty boýunça satylar ýa-da başga bir taslamanyň maksatlary üçin peýdalanylar diýlip hasap edilýär.

Pul akymlary salgytlaryň tölenen ýagdaýyndan (after tax) ugur alnyp kesgitlenmelidir. Mundan başga-da, maglumatlar köpelýän jem bilen däl-de, artma (incremental) esasynda görkezilmelidir.

Maýa goýumlaryny durmuşa geçirmegiň netijeliligine berilýän baha görkezijileri hasaplananda, diňe amal işinden gelýän pul akymlary hasaba alynýar, ýöne göterimleri, berginiň esasy pul möçberini we diwidentleri tölemek ýaly maliýe amallary bilen bagly pul akymlary hasaba alynmaýar.

Maýa goýumlar boýunça çözgütleriň kabul edilýän mahalynda, pul serişdeleriniň akymlaryna baha berlende, olara ulanyş tutumynyň goşulmaýandygyny belläp geçmek möhümdir. Sebäbi ol nagt pul serişdeleri görnüşindäki çykdajy bolup durmaýar.

Enjamyň ilkibaşky gymmaty 500 müň manada, ulanylýan möhleti dört ýyla deň diýeliň. Enjamdan galan balans gymmatynyň 25%-i möçberinde ulanyş tutumy alynýar (*9.2-nji tablisa*). Peýdadan alynýan salgydyň möçberi 20%. Şu enjamyň peýdalanylmagy kompaniýa ýylda goşmaça 250 müň manat getirer.

*9.2-nji tablisa*

**Ulanyş tutumlarynyň ýyllyk pul möçberi, manat**

| Ýylyň ahyrynda | Bir ýylda hasaplanyp ýazylan könelmäniň pul möçberi | Galyndy gymmaty |
|---|---|---|
| 0 | | 500 000 |
| 1 | 500 000 × 0,25 = 125 000 | 500 000 – 125 000 = 375 000 |
| 2 | 375 000 × 0,25 = 93 750 | 375 000 – 93 750 = 281 250 |
| 3 | 281 250 × 0,25 = 70 313 | 281 250 – 70 313 = 210 937 |
| 4 | 210 937 × 0,25 = 52 734 | 210 937 – 52 734 = 158 203 |
| | 341 797 | |

Taslamadan we peýdadan alynýan salgydyň hasaplamasy 9.3-nji tablisada getirilýär.

*9.3-nji tablisa*

**Goşmaça salgyt salynýan peýdanyň hasaplamasy, manat**

| Görkezijiler | 1 ýyl | 2 ýyl | 3 ýyl | 4 ýyl |
|---|---|---|---|---|
| Goşmaça ýyllyk peýda | 250 000 | 250 000 | 250 000 | 250 000 |
| Ulanyş tutumlary | 125 000 | 93 750 | 70 313 | 52 734 |
| Salgyt salynýan peýda | 125 000 | 156 250 | 179 687 | 197 266 |
| 20% möçberde peýdadan alynýan salgyt | 25 000 | 31 250 | 35 937 | 39 453 |

*9.4-nji tablisa*

**Maýa goýum taslamasynyň pul akymlarynyň hasaplamasy**

| Ýyl | Pul akymlary, manat | Peýdadan alynýan salgydyň pul möçberi | Arassa peýda, manat | Ulanyş tutumy, manat | Arassa pul akymy, manat |
|---|---|---|---|---|---|
| 0 | –500 000 | 0 | –500 000 | 0 | –500 000 |
| 1 | 250 000 | 0 | 250 000 | 125 000 | 375 000 |
| 2 | 250 000 | –25 000 | 225 000 | 93 750 | 318 750 |
| 3 | 250 000 | – 31 250 | 218 750 | 70 313 | 289 063 |
| 4 | 250 000 | – 35 937 | 214 063 | 52 734 | 266 797 |
| | 158 203* | | | | |
| 5 | 0 | – 39 453 | – 39 453 | | –39 453 |

Görşümiz ýaly, artýan pul akymlary hasaplananda, olara ulanyş tutumlary goşulmaýar. Peýdadan alynýan salgyt bir ýyldan soň tölenýär diýeliň. Şeýlelikde, 1-nji ýylyň 25 000 manat möçberdäki salgyt tölegleri 2-nji ýylyň ahyrynda tölener.

Taslamanyň salgyt tölenenden soňky artýan pul akymlary 9.4-nji tablisada getirilýär.

Maýa goýum taslamasynyň netijeliligine pul akymlaryny maýa goýumlarynyň ilkibaşdaky möçberi bilen deňeşdirmek ýoly bilen baha berilýär. Ulanyş tutumy alynmazyndan öňki arassa peýda görkezijisiniň, göterimleriň we peýdadan alynýan salgydyň alnan ähmiýetlerini pul akymlarynyň ululygyna görä gaýtadan hasaplamak zerurdyr. Bu iş diskontyň hasaplama görkezijisine baha bermegiň usulyna baglylykda, iki hasaplama shemalarynyň kömegi bilen geçirilip bilner:

– däp bolan shema;

– hususy maýa shemasy.

Netijelilik görkezijilerini hasaplamagyň *däp bolan shemasynyň* aşakdaky ýaly aýratynlyklary bardyr:

– pul akymlary çaklanylýan mahalynda, göterim tölegleri we karz maýa goýumlaryň esasy böleginiň üzülmegi hasaba alynmaýar;

– taslama baha (TB) berlende, diskontyň görkezijisi hökmünde taslamanyň maýasynyň ortaça ölçenen gymmaty (TOG) peýdalanylýar;

– *IRR* usulyň esasynda çözgütleri kabul etmegiň barşynda, taslamanyň girdejililiginiň içerki ölçeginiň görkezijisi TOG bilen deňeşdirilýär.

*Hususy maýa shemasyna* laýyklykda, maýa goýum taslamasynyň netijelilik görkezijilerini hasaplamak, aşakdaky ýol bermeler bolan ýagdaýynda geçirilýär:

– pul akymlary çaklanylýan mahalynda, göterim tölegleri we karz maýa goýumlaryň esasy böleginiň üzülmegi hasaba alynýar;

– taslama *NPV* baha berlende, diskontyň görkezijisi hökmünde hususy maýanyň gymmaty peýdalanylýar. Şunda maýa goýumlarynyň hasaplama möçberi hökmünde diňe hususy maýa goýumlar kabul edilýär;

– *IRR* usulyň esasynda çözgütleri kabul etmegiň barşynda taslamanyň girdejililiginiň içerki ölçeginiň görkezijisi hususy maýanyň gymmaty bilen deňeşdirilýär.

Görkezilen shemalar bir netijä getirýär, emma hususy maýa shemasyna esaslanýan ikinji çemeleşme, karz berýän maýa goýumçy üçin has aýdyň we çeýe bolup durýar.

## *9.2. Maýa goýumlary esaslandyrylanda wagt faktoryny hasaba almak*

Maýany goýmagyň ugurlaryny saýlap almak, maliýäni dolandyrmakda iň bir kyn wezipeleriň biri bolup durýar. Şol taslamany durmuşa geçirmegiň geljekde mümkin boljak şertlerini dykgatly seljermegi we olara esaslandyrylan baha berilmegini talap edýär. Kärhana öz üstüne uzak möhletli borçnamalary alýar we göz öňünde tutulýan maýa goýumlaryndan gerek bolan peýdanyň alynmagyny üpjün etmäge gyzyklanýar. Maýa goýum harajatlaryna seljerme geçirilende birnäçe alternatiw görnüşleri işläp taýýarlamak we olary saýlanyp alnan alamatlary boýunça deňeşdirmek hökmany şert bolup durýar.

Wariantlar boýunça hasaplamalar girdejiler we harajatlar, peýda we pul akymlary babatdaky çaklamalara esaslanýar. Şunda ozal bar bolan şertleriň meýillerini ýaýratmaklygy (ekstrapolýasiýasyny) peýdalanmak maslahat berilmeýär. E. Helfert şeýle diýýär: “Geçmiş gowy bolanda, geljekki ýagdaýlar üçin örän takmynan maslahatçy, ýaramaz bolanda, ýerliksiz maslahatçy bolup durýar”.

Hasaplamalaryň dürlüligi saýlap almagy göz öňünde tutýar. Maýa goýumlarynyň netijeliligine taslamanyň başlanýan wagtyndan, onuň tamamlanýan wagtynyň aralygyndaky çäklerde baha berilýär, bu aralyk hasaplama döwri diýlip atlandyrylýar.

Öz gezeginde hasaplama döwri ädimlere – böleklere bölünýär, olaryň çäklerinde maliýe görkezijilerine baha bermek üçin peýdalanylýan maglumatlary agregirlemek (birleşdirmek) işi geçirilýär. Hasaplama ädimleri olaryň belgileri bilen kesgitlenýär (0,1, ...). Hasaplama döwri ýyllar ýa-da ýylyň ülüşleri boýunça ölçenilýär we binýatlyk hökmünde kabul edilýän kesgitli pursatdan başlanýar $t\,0 = 0$.

Binýat hökmünde t belgisi bolan nol ädimiň başlanýan pursadynyň kabul edilýän halatynda, ol *tm* arkaly aňladylýar, eger başlangyç pursat diýip, nol ädimiň ahyry hasap edilýän bolsa, onda *tm* t belgili ädimiň ahyryny aňladýar. Dürli ädimleriň uzaklygy deň bolman biler.

Islendik maliýe amaly ýaly, taslama hem pul akymlaryny (hakyky pullaryň akymlaryny) döredýär.

Maýa goýumlaryny taslamak we olary amala aşyrmak işi wagt boýunça bölünýän pul akymyny emele getirmek bilen köpsanly tölegler we pul serişdeleriniň gelip gowuşmagy bilen bolup geçýär.

Pul akymlarynyň ululygy her tapgyryň baha syýasaty bilen kesgitlenýär. Maýa goýum taslamasynyň bahalary gündelik, çaklama ýa-da deflirlenen bahalar bolup biler. Şunda gündelik bahalar taslama hummetsizlenmegi hasaba almazdan, çaklama (garaşylýan) bahalary hasaplamagyň geljekki ädimlerinde hümmetsizlenmegi hasaba almak bilen, deflirlenen, ýagny belli bir hasaplama senesindäki bahalaryň derejesine laýyk getirilen bahalar bolsa, hümmetsizlenmegiň umumy binýatlyk indeksine bölmek ýoly bilen goşulýar.

Taslamany durmuşa geçirmegiň barşynda pul akymlarynyň wagta görä dürli häsiýetde bolup biljekdigini nazara alanyňda olary bir wagt pursatyna getirmek zerurlygy ýüze çykýar.

Maýa goýum çözgütlerini kabul etmegiň möhüm şerti pullara wagt boýunça dogry baha bermek bolup durýar, sebäbi:

– nominal ululygy deň bolan ýagdaýynda hümmetsizlenmegiň we wagt faktorynyň täsiri netijesinde häzirki we geljek döwürlerde olaryň satyn alyjylyk ukyby dürli-dürli bolup biler;

– üznüksiz önümçiligiň barşynda pullar maýa funksiýasyny ýerine ýetirmek bilen, hemişe dolanyşykda bolýarlar. Olaryň wezipesi pullaryň artyşyny mümkin boldugyça, çaltlandyrmakdan ybaratdyr.

Pul akymlaryny dolandyrmagyň esasynda olara obýektiw baha bermek ýatýar. Bu ýerde aşakdaky faktorlaryň täsiri hasaba alynmalydyr:

– wagt faktorynyň, ýagny maýa goýum döwrüniň dowamynda firmanyň pul akymlarynyň gymmat babatda deň bolmazlygynyň we bu akymlaryň wagt boýunça bölünmeginiň täsiri;

– hümmetsizlenme faktorynyň – pullaryň satyn alyjylyk ukybynyň ýitmeginiň täsiri;

– töwekgelçilik faktorynyň, ýagny maliýe akymlarynyň (maliýäniň gitmegi) wagtynyň we ululygynyň näbelliliginiň täsiri.

Birinji faktora baha bermegiň esasy düzgünlerine seredeliň. Şu maksat bilen, maliýe akymlary kesgitlenipdir we ikinji faktor hereket etmeýär diýeliň. Şeýle bolanda, maliýe akymlaryna baha bermek maliýäniň nazarýetinde “puluň wagtlaýyn gymmaty” diýlip kesgitlenen ýagdaýda jemlenýär.

Puluň *wagtlaýyn* gymmaty diýlip, pul girdejileriniň (çykdajylarynyň) ýüze çykan wagtyna bagly funksiýasyna düşünilýär. Puluň wagtlaýyn gymmaty işewür çözgütleriň giň toparyna täsir edýär, şonuň üçin hem wagt boýunça puluň gymmatyny hasaplamagyň nähili dogry ýerine ýetirilmelidigini bilmek maliýe menejeri üçin möhüm bolup durýar.

Maýa goýumçy maýa goýum taslamasyny durmuşa geçirmegiň barşynda hemişe wagtyň belli bir pursadynda pul akymyna baha bermek meselesine gabat gelýär.

Göz öňünde tutulýan maýa goýumlaryň möçberine we gelip gowuşmagyna garaşylýan pul serişdelerine baha bermek hem-de olara deňeşdirip seljerme geçirmek, maýa goýum çözgütlerini kabul etmek üçin binýat bolup hyzmat edýär. Şunda maýa goýumlarynyň netijeliligine baha bermek maýa goýum çözgütlerini kabul etmegiň barşynda has jogapkärli tapgyr bolup durýar. Goýlan maýanyň gaýtarylmaly möhletleri we kärhananyň ösüş depginleri, baha bermegiň näderejede obýektiw we ählitaraplaýyn geçirilendigine bagly bolýar. Maýa goýum taslamalarynyň netijeliligine baha bermegiň şunuň ýaly obýektiwligi we köptaraplaýynlygy, köp babatda şeýle baha bermegi geçirmegiň tejribesinde bar bolan häzirki zaman usullaryň ykdysady gurallary bilen kesgitlenýär. Maýa goýum taslamasyny durmuşa geçirmegiň ýa-da haýsydyr bir aktiwiň hereketiniň netijesinde, wagtyň belli bir döwründe pul akymlaryna mukdar taýdan seljerme geçirmek işi:

– pul serişdeleriniň akymynyň geljekki gymmatynda ($FVn$);

– pul serişdeleriniň akymynyň gündelik (häzirki) gymmatynda ($PVn$) jemlenýär.

Pul akymynyň häzirki derejeden geljekki derejä tarap hereketi artdyrma prosesi ýa-da kompaunding diýlip atlandyrylýar. Artdyrma prosesiniň ykdysady manysy, amal tamamlanandan soň maýa goýumçynyň ygtyýarynda galýan pul möçberini kesgitlemek bolup durýar. Bu ululyk pul akymlarynyň geljekki gymmaty diýlip atlandyrylýar we $FV$ ýaly aňladylýar.

Pul akymynyň ters ugur boýunça, ýagny geljekden häzirki wagta tarap hereketi diskontirleme prosesi diýlip atlandyrylýar. Diskontirlemegiň ykdysady manysy wagtyň dürli döwürleriniň pul akymlaryny

“häzirki (gündelik)” pursat nukdaýnazaryndan wagt boýunça tertipleşdirmekden ybaratdyr. Maýa goýum döwrüniň başynda maýa goýumçynyň ygtyýarynda bar bolan pul möçberi pul akymynyň häzirki (getirilen, gündelik) gymmaty diýlip atlandyrylýar we *PV* görnüşde aňladylýar (*9.7-nji surat*).




**9.7-nji surat. Artdyrma we diskontirleme prosesleri**

*n* – pul möçberiniň artdyrylýan (diskontirlenýän) döwri;

*r* – göterim möçberi (diskont möçberi);

*PV* – gündelik (häzirki, häzirki zaman, getirilen, diskontirlenen) gymmaty (Present Value);

*FV* – geljekki gymmaty (Future Value).

Şular ýaly amalyň netijeliligi iki hili häsiýetlendirilýär: absolýut görkezijiniň – ösüşiň (*FV* – *PV*) kömegi bilen ýa-da degişli görkezijiniň hasaplamasy bilen häsiýetlendirilýär. Absolýut görkezijiler pul akymlaryny wagt boýunça deňeşdirip bolmaýandygy bilen bagly, maýa goýum taslamalaryna baha bermek üçin laýyk gelmeýär. Köplenç halatda, başlangyç pul möçberiniň binýatlyk ululyk babatynda köpelme gatnaşygy hökmünde (*PV* ýa-da *FV* – birinji ýagdaýda bu “ösüş depgini”, ikinji ýagdaýda “peseliş depgini“) ýa-da aşakdaky formulalar boýunça hasaplanyp çykarylýan koeffisiýent-möçber peýdalanylýar:

*ösüş depgini*

$$ht = \frac{FV - PV}{PV}; \qquad (9.1)$$

*peseliş depgini*

$$dt = \frac{FV - PV}{PV}. \qquad (9.2)$$

Maliýe hasaplamalarynda birinji görkeziji – "göterim möçberi", "göterim", "ösüş", göterimiň möçberi", "peýda ölçegi", "girdejililik", ikinji görkeziji bolsa "hasaba alyş möçberi", "diskont" bolup durýar. Görkezijiler özara baglaşynyşyklydyr, şoňa görä, olaryň birini bilseň ikinjisini kesgitläp bolýar:

$$ht = \frac{ht}{1 - dt} \text{ ýa-da } \frac{ht}{1 + ht}. \qquad (9.3)$$

Görkezijileriň ikisi hem birligiň ülüşlerinde ýa-da göterimlerde aňladylýar. Şunda tapawut deňeşdirmek üçin binýat hökmünde başlangyç pul möçberiniň ýa-da gaýtarylýan pul möçberiniň alynýandygyndan ybarat bolar. Pul akymyna baha bermek iki wezipäni çözýär:

a) göni wezipe – şu ýagdaýda geljege baha bermek geçirilýär (artdyrma shemasy amala aşyrylýar);

b) gaýdymlaýyn wezipe, akymyň häzirki ululygyna baha bermek gerek bolanda (diskontirleme shemasy amala aşyrylýar).

Göni wezipe artdyrylan pul akymyna, ýagny geljekki gymmatyna jemi baha bermek bilen kesgitlenýär. Hususan-da, eger pul akymy goýlan maýa (*PV*) üçin göterimleri yzygiderli hasaplap ýazmakdan durýan bolsa, onda mundan beýläk hem goýlan maýanyň artan möçberine göterimleri hasaplap ýazmak amala aşyrylýar. Şu ýagdaýda artdyrylan pul akymyna berilýän jemi bahanyň esasynda çylşyrymly göterimler formulasy ýatýar.

Gaýdymlaýyn wezipe diskontirlenen (getirilen) pul akymyna jemi bahany berýär. Pul akymynyň aýry-aýry elementleriniň dürli wagt aralyklaryna deň bolmadyk derejede öwrülýändigi, puluň gymmatynyň bolsa wagt boýunça kesgitlenendigi sebäpli, olary gönüden-göni jemleme (goşmak) mümkin bolmaýar. Pul akymynyň bir wagt pursadyna getirilmegi bolsa, şu formulanyň kömegi bilen amala aşyrylýar:

$$PV = \frac{FV}{(1 + r)n}. \qquad (9.4)$$

Bu ýerde:

*FV* – alynmagy göz öňünde tutulýan girdeji;

*PV* – häzirki (ýa-da getirilen) gymmaty, ýagny *FV* ululygyna häzirki pursat nukdaýnazyryndan berilýän baha;

*r* – diskontirleme koeffisiýenti.

Şeýlelikde, birnäçe ýyllaryň dowamynda maýa goýumlaryndan garaşylýan girdejilere berilýän bahany deňeşdirip bolýan görnüşe getirip bolar. Şeýle ýagdaýda diskontirleme koeffisiýentiniň maýa goýumçy tarapyndan bellenýän göterim möçberine, ýagny maýa goýumçynyň özüniň goýuma gönükdiren maýasy üçin alyp biljek girdejisiniň degişli möçberine deňdigini belläp geçmek gerek.

Islendik maýa goýumçy maýa goýum taslamasyna pul goýmak bilen maýanyň artmagyna belli bir ösüş almaga garaşýar. Şunuň bilen baglylykda, goýlan pullaryň geljekki gymmatyny kesgitlemek meselesi örän derwaýys mesele bolup durýar.

Geljekki gymmaty – bu belli bir döwür geçenden soň ilkibaşdaky pul möçberiniň artmagy netijesinde alnan gymmatdyr. Maliýe geleşiginiň iň ýönekeý görnüşi belli bir wagtdan (*t*) soň köpelen pul möçberini (*FV*) gaýtarmak şerti bilen, belli bir pul möçberini (*PV*) bir gezeklik karz bermek bolup durýar. Goý, *r* – bu her ýylky göterim möçberi diýeliň. Şunda, bir ýyldan soň bir gezeklik artan möçberiň geljekki gymmaty şuňa deň bolar:

$$FV_t = FV + FV \times r; \qquad (9.5)$$
$$FV_t = FV \times (t + r).$$

Bu ýerde:

*FV* – birinji maýa goýum döwrüniň ahyryndaky geljekki gymmat;

*PV* – birinji maýa goýum döwrüniň ahyryndaky hakyky gymmat;

*r* – girdejililik ölçegi, maýanyň goýuma gönükdirilen ýagdaýynda maýa goýumçynyň maýasy şoňa görä ýokarlanýar.

Maliýe amallarynda standart wagt aralygynyň 1 ýyla deň bolýandygy sebäpli, göterim möçberi ýyllyk möçber görnüşinde, ýa-da karz alnandan bir ýyldan soň göterimleri bir gezeklik hasaplap ýazmak ýaly bellenýär. Diskret hasaplap ýazmagyň iki shemasy bellidir:

– ýönekeý göterimler shemasy (simple interest);
– çylşyrymly göterimler shemasy (compound interest).

**Ýönekeý göterimler shemasy** göterimleri hasaplap ýazmagyň esasy hökmünde kabul edilen binýat boýunça hasaplanyp çykarylýar. Ol üýtgewsiz bolýar. Şeýlelikde, eger başlangyç maýa *PV*, talap edilýän girdejililik – *r* (otnositel birlik) deň bolsa, onda goýuma gönükdirilen maýa her ýylda *PVr* möçberde artýar. Eger pul iki ýa-da şondan köp döwürlere maýa goýuma gönükdirilen bolsa, onda goýuma gönükdirilen maýanyň möçberi bellenen ýyllar geçenden soň, şuňa deň bolar:

$$FV_2 = PV + PV \times r + PV \times r; \qquad (9.6)$$
$$FV_2 = PV \times (t + 2r).$$

Bu ýerde:

$FV_2$ – ikinji maýa goýum döwrüniň ahyryndaky geljekki gymmat.

*n* – döwrüň ahyrynda ýönekeý göterimler şertlerindäki geljekki gymmat şu formula boýunça kesgitlenýär:

$$FV = PV \times (t + n \times r). \qquad (9.7)$$

Maýa goýum döwri hökmünde goýlan maýanyň doly dolanyşyk edýän we maýa goýumça peýda getirýän wagty alynýar. Eger şunda garaşylýan girdejililik görkezijisi (meýilnamalaşdyrylýan düşewüntlilik) bir ýyla hasaplamak bilen kabul edilýän bolsa, onda bu formulanyň şeýle görnüşi bolar:

$$FV_2 = PV \times (1 + \frac{n}{365} \times r). \qquad (9.8)$$

Bu ýerde:

365 – bir ýyldaky günleriň sany.

**Çylşyrymly göterimler shemasy** ýyllyk girdejiniň ululygynyň goýlan maýanyň başlangyç pul möçberinden däl-de, eýsem ozal hasaplanyp ýazylan we alynmadyk göterimleriň goşulan umumy ululygyndan ugur alnyp hasaplamagyny, ýagny göterim möçberleriniň hasaplanyp ýazylyşyna görä olaryň maýalaşdyrylan ýagdaýyny göz öňünde tutýar we binýatlyk göterimleriň maýalaşdyrylan artan möçberine görä yzygiderli üýtgeýär. Goýlan maýanyň möçberi birniji ýyl üçin şuňa deň bolar:

$$FV_1 = PV + PV \times r = PV \times (1 + r);$$

ikinji ýylyň ahyrynda –

$$FV_2 = PV + PV \times r + PV \times r + PV \times r \times r;$$
$$FV_2 = PV \times (1 + 2r + n \times r);$$
$$FV_2 = PV \times (1 + r)^2$$

Bu ýerde: $FV_2$ – ikinji maýa goýum döwrüniň ahyryndaky geljekki gymmat.

$n$ – döwrüň ahyrynda çylşyrymly göterimler formulasy boýunça geljekki gymmat (kompound) şu formula boýunça kesgitlenýär:

$$FV = PV \times (t + r)\ n \quad \text{ýa-da} \quad FV = PV \times F_1. \qquad (9.9)$$

Şu funksiýanyň peýdalanylmagy, maýa goýumlaryndan gelýän her ýylky girdejiniň gaýtadan maýa goýuma gönükdirilmegini ýa-da maýalaşdyrylmagyny göz öňünde tutýar. $F2 = (1+r)n$ elementi geljekki gymmatyň artma koeffisiýenti ýa-da kompaund faktor diýlip atlandyrylýar.

Eger $n = 0$ bolsa, onda:

$$FV = PV \times (1 + r)^0; \qquad (9.10)$$
$$FV = PV.$$

**1-nji mysal.**

Gozgalmaýan emlägi, mysal üçin, ýer satyn almak üçin 500 müň manat goýlupdyr. Girdejililik möçberi – bir ýylda 12%. Ýene 5 ýyldan soň ýeriň bahasy näçe bolar?

$$FV = 500 \times (1 + 0{,}12)^5 = 881{,}1 \text{ müň manat}$$

Geljekki gymmatyň artma koeffisiýentiniň ykdysady manysy şu göterim möçberinde ($r$) $n$ döwürden soň bir pul birliginiň näçä deň boljakdygyny görkezmek bolup durýar.

Eger geljekde ýeke-täk wagt döwri boýunça artma bolup geçýän bolsa, birnäçe pul akymlarynyň geljekki gymmatyny, jemläp (goşup) bolar.

Anyk telekeçilik işine maliýe goýumlarynyň maksadalaýyklygyna baha bermek bilen, maýa goýumçy telekeçilik işiniň beýleki ugurlary bilen deňeşdirilende, şu goýumyň has peýdaly (töwekgelçiligiň ýol berilýän derejesinde) bolup durýandygyndan ugur alýar. Şunda maýa

goýumçy, esasan, geljekki girdejiniň derejesine däl-de, eýsem hasaplama (geljekki) düşewüntden ugur alyp, özüniň şu işe goýmaga taýýar bolan maýa goýumynyň möçberinden alynjak peýdanyň belli bir möçberini ýokary derejede artdyrmak mümkinçiligine baha berýär.

Geljekki pul akymynyň diskontirlenen gymmaty şu formula boýunça kesgitlenýär:

$$PV = FV \times \frac{1}{(1+r)^n} \text{ ýa-da } PV = FV \times F_3. \qquad (9.11)$$

Bu ýerde:

$r$ – diskontirleme möçberi;

$F_3$ – diskontirleme koeffisiýenti ýa-da diskontirleme faktory.

Formula (9.11) geljekde alnan girdejileri häzirki wagta getirmäge we taslama goýlan goýumyň pul möçberini belli döwürden soň alnan girdeji bilen deňeşdirmäge mümkinçilik berýär.

$F_3$ görkezijisiniň ykdysady manysy geljekki bir pul birliginiň "şu günki" bahasyny görkezmek bolup durýar.

"$r$" diskont möçberiniň peýdalanylmagy, amala aşyrylýan harajatlaryň we alynýan netijeleriň wagtyň dürli pursatlarynda deň bolmaýandygy bilen şertlendirilendir.

Maýanyň eýeleri üçin diskontirleme möçberi girdejiniň maýany goýmakdan garaşylýan girdeji ölçegi bilen deňeşdirilýär (identifisirlenýär). Şonuň üçin hem ýitgi çekmek mümkinçiligi näçe ýokary bolsa maýa goýumlaryndan alynýan, wagta görä, tapawutlanýan girdejiler maýanyň goýlan pursadyndaky ýagdaýa getirilýän diskontirleme möçberi, şol derejede ýokary bolýar.

Diskontirleme daşary ýurtlaryň iş tejribesinde giňden peýdalanylýar. Ol ýerde diskontyň (wagt boýunça laýyk getirmek ölçeginiň) möçberiniň ululygy işewür amallaryň töwekgelçiligi bilen baglanyşdyrylýar (*9.5-nji tablisa*).

Diskontyň möçberi aşakdaky ýagdaýlara bagly bolýar:

– pul serişdeleriniň gidýän we gelýän wagtynyň arasyndaky uzaklyga;

– göterimiň ýa-da diskontyň zerur bolan möçberine;

– goýumlaryň töwekgelçiligine.

Wagt faktory boýunça laýyk getirmek (diskontirleme) diňe maýa goýmagyň wariantlarynyň netijeliligine baha bermegiň

hasaplamalarynda peýdalanylýar. Ýöne ulgamlaryň netijeliliginiň meýilnamalaýyn we hakyky görkezijileri (peýdanyň artyşy, özüne düşýän gymmatynyň peselişi we ş.m.) kesgitlenende hasaba alynmaýar.

*9.5-nji tablisa*

**Diskontirleme möçberiniň işewür amallaryň töwekgelçiligi bilen baglanyşygy**

| Töwekgelçilik derejesi | Maýa goýumyň ugry | Diskontirleme möçberiniň ululygy, % |
|---|---|---|
| Örän pes | Çykarylan obligasiýalary gaýtadan maliýeleşdirmek | 7 |
| Ortaça | Adaty taslamalar | 16 |
| Ýokary | Durnukly bazardaky täze taslamalar | 20 |
| Örän ýokary | Täze tehnologiýa | 24 |

**2-nji mysal.**

10% möçberde bir ýyldan soň alynmagyna garaşylýan 500 müň manada deň bolan gündelik baha şuňa deň bolar:

$$PV = 500 \times \frac{1}{(1+0,1)^1} = 454,5 \text{ mün manat.}$$

Ýönekeý göterimler bolan ýagdaýynda, gündelik gymmat hasaplananda, şu formula peýdalanylýar:

$$PV = FV \times \frac{1}{(1+nr)}. \qquad (9.12)$$

Häzirki gymmaty diskontirleme koeffisiýenti bilen geljekki gymmatyň artma koeffisiýentiniň (möçberiniň) arasynda gaýdymlaýyn baglanyşyk bardyr.

Wagtyň geçmegi bilen gündelik gymmatyň ähmiýeti peselýär. Göterim möçberi näçe ýokary bolsa şol derejede gündelik gymmatyň peseliş tizligi ýokary bolýar (*9.8-nji surat*).




**9.8-nji surat. Gündelik gymmatyň peseliş tizliginiň (PV) göterim möçberine (*r*) we wagtyň döwrüne (t) baglylygy**

Muny şu mysal arkaly görkezip bolar. $r$ = 10% diýip kabul edýäris. Ýönekeý we çylşyrymly göterimler formulasyny peýdalanmak bilen, 0-dan 10 ýyla çenli aralykdaky döwürde bir manadyň gündelik gymmatynyň depginini kesgitleýäris (*9.6-njy tablisa*).

Girdejililik ölçegi hemişelik ululyk bolup durmaýar, ol birnäçe faktorlara bagly bolýar. Maýa goýulýan döwür we telekeçilik işiniň şol görnüşine mahsus bolan töwekgelçilik derejesi bu faktorlaryň esasylary bolup durýar. Düzgün bolşy ýaly, şu faktorlaryň arasyndaky baglanyşyk göni deň ölçeglidir (proporsionaldyr): maýa goýulýan döwür näderejede uzak bolsa we (ýa-da) telekeçilik işi näderejede töwekgelçilikli bolsa, girdejililik ölçegi hem şol derejede ýokary bolýar. Döwletiň gymmat kagyzlaryna ýa-da döwlet bankyna goýumlarda töwekgelçilik pes bolýar, emma şunda girdejililik ölçegi hem ýokary bolmaýar.

*9.6-njy tablisa*

**Pul birliginiň gündelik gymmatynyň depgini**

| n | 0 | 1/2 | 3/4 | 1 | 2 | 3 | 10 |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| $PV = FV \times \frac{1}{(1+nr)}$ | 1 | 0,9514 | 0,9302 | 0,9091 | 0,8333 | 0,7692 | 0,5000 |
| $PV = FV \times \frac{1}{(1+r)^n}$ | 2 | 0,9535 | 0,9310 | 0,9091 | 0,8264 | 0,7513 | 0,3855 |

Maýa goýumçylaryň biri-birinden tapawutlanýandyklary sebäpli, girdejililik ölçeginiň ähmiýeti düýpli üýtgäp biler, ýöne hemişe alternatiw goýumlaryň girdejililigi möhüm faktor bolup çykyş eder.

Wagtyň geçmegi bilen dürli göterim möçberleri üçin geljekki gymmatyň üýtgeýşi 9.9-njy suratda getirildi.




**9.9-njy surat. Gündelik gymmatyň artyş tizliginiň (*FV*) göterim möçberine (*r*) we wagtyň döwrüne (t) baglylygy**

Diskontirlemede peýdalanylýan esasy ykdysady ölçeg diskont ölçegi (*E*) bolup durýar. Ol birlikleriň ülüşlerinde ýa-da bir ýyldaky göterimlerde aňladylýar.

**Diskont ölçegi** (*E*) taslamanyň netijeliligine baha berlende peýdalanylýan, ekzogen (daşyndan) ugrukdyrylýan esasy ykdysady ölçeg bolup durýar.

Aýry-aýry ýagdaýlarda diskont ölçeginiň ähmiýeti hasaplamagyň dürli ädimleri üçin dürli-dürli bolup biler (diskontyň üýtgeýän ölçegi). Bu şu ýagdaýlarda maksadalaýyk bolup biler:

– wagt boýunça üýtgeýän töwekgelçilik;

– taslamanyň işewürlik netijeliligine baha berlende, maýanyň wagt boýunça üýtgeýän gurluşy.

Diskontyň şular ýaly ölçegleri tapawutlandyrylýar: işewürlik ölçegi, taslama gatnaşyjynyň ölçegi, durmuş ölçeg we býujet ölçegi.

Diskontyň işewürlik ölçegi taslamanyň işewürlik netijeliligine baha berlende peýdalanylýar; ol maýany peýdalanmagyň alternatiw

(ýagny beýleki taslamalar bilen baglanyşykly) netijeliligini hasaba almak bilen kesgitlenýär we maýanyň ortaça ölçenen gymmatynyň (WACC) derejesinde kabul edilýär.

Taslama gatnaşyjynyň diskont ölçegi taslama kärhanalaryň (ýa-da beýleki gatnaşyjylaryň) netijeliligini görkezýär. Ol gatnaşyjylaryň özleri tarapyndan saýlanyp alynýar. Takyk ileri tutmalaryň ýok mahalynda, şunuň ýaly ölçeg hökmünde diskontyň işewürlik ölçegini peýdalanyp bolar.

Diskontyň durmuş (jemgyýetçilik) ölçegi jemgyýetçilik netijeliliginiň görkezijileriniň hasaplamalarynda peýdalanylýar we taslamanyň jemgýetçilik netijeliligine bildirýän iň pes talaplaryny häsiýetlendirýär. Ol milli ölçeg hasap edilýär we ýurdy ykdysady we durmuş taýdan ösdürmegiň çaklamalary bilen baglanyşdyrylyp, halk hojalygyny dolandyryş edaralary tarapyndan merkezleşdirilen tertipde bellenilmelidir.

Wagtlaýynça, diskontyň durmuş ölçeginiň merkezleşdirilen tertipde bellenilýän wagtyna çenli tutuş taslamanyň netijeliligine baha bermek üçin peýdalanylýan diskontyň işewürlik ölçegi şunuň ýaly ölçeg hökmünde çykyş edip biler.

Sebitleýin netijeliligiň hasaplamalarynda, diskontyň durmuş ölçegine sebitiň halk hojalygyny dolandyryş edaralary tarapyndan düzedişler girizilip bilner.

Diskontyň býujet ölçegi býujet netijeliliginiň görkezijileriniň hasaplamalarynda peýdalanylýar we býujet serişdeleriniň alternatiw gymmatyny görkezýär. Bu ölçeg olaryň tabşyrygy boýunça taslamanyň býujet netijeliligine baha berýän edaralar (merkezi ýa-da sebitleýin) tarapyndan bellenýär.

## *9.3. Maliýe rentasy*

Işewürlik amallarynyň aglabasynda bir gezeklik tölegleriň ýerine pul serişdeleriniň ýa-da tölegleriň yzygiderli gelip gowuşmagy gabat gelýär. Pul serişdeleriniň we tölegleriň gelip gowuşýan akymlarynyň tapgyry tölegleriň akymy diýlip atlandyrylýar. Birnäçe ýyllaryň dowamynda yzygiderli tölegleriň arasynda deň wagt aralygy bilen bir ugra gönükdirilen tölegleriň akymy maliýe rentasy bolup durýar.

Bergi we paý gymmatly kagyzlaryna, mümkin bolan kärende tölеglerine baha berlende, pul serişdeleriniň gelip gowuşmagyny aşakdaky görnüşde görkezip bolar:

$$CF1 = CF2 = ... = CFn - SF. \qquad (9.13)$$

Maliýe rentasy bir ýyldaky tölegleriň möçberi boýunça, ýagny ýyllyk tölеglere (bir ýylda 1 gezek) we möhletli tölеglere (bir ýylyň çäklerinde birnäçe tölegler), şeýle hem ýylyň dowamynda hasaplanyp ýazylan göterimleriň sany boýunça (her ýylda birnäçe gezek ýa-da üznüksiz) bölünip bilner.

Töleg möhletiniň gelşine görä, maliýe rentanyň iki görnüşi tapawutlandyrylýar:

1. Adaty renta (postnumerando) – şunda tölegler her döwrüň ahyrynda geçirilýär.

2. Hakujy renta (prenumerando) – şunda tölegler her döwrüň başynda geçirilýär.

Pul akymynyň dowamlylygy boýunça şulap tapawutlandyrylýar:

3. Möhletli renta – çäkli wagt aralygynyň dowamynda deň möçberde gelip gowuşýan pul akymy.

Nobatdaky döwür tamamlanandan soň yzygiderlii gelip gowuşýan kärende tölegleri, emläkden, ýerden we ş.m. peýdalanylandygy üçin tölegler postnumerando möhletli rentanyň mysaly bolup durýar. Anyk wezipäni çözmek üçin zerur bolan belli bir pul möçberiniň üstüni dolmak maksady bilen her aýyň başynda bank hasabyna döwürleýin pul goýumlarynyň shemasyny postnumerando möhletli rentanyň mysaly hökmünde görkezip bolar.

1. Möhletsiz annuitet – şunda pul serişdeleriniň gelip gowuşmagy ýeterlik derejede uzak wagtlap dowam edýär.

**Adaty annuitetiň geljekki gymmaty şu formula boýunça hasaplanyp çykarylýar:**

$$FV = CV \times \left( \frac{(1-r)n-1}{r} \right) \text{ýa-da } FV = CV \times F_2. \qquad (9.14)$$

Bu ýerde:

$CV$ – annuitetiň pul gelip gowuşmalary;

$F_2$ – annuitetiň geljekki gymmatynyň artyş koeffisiýenti.

*n* – döwrüň pul akymy üçin *hakujy annuitetiň geljekki gymmaty* şuňa deňdir:

$$FV = CV \times \left( \frac{(1-r)n-1}{r} \right) \times (1+r). \qquad (9.15)$$

Bellenen döwürlerden soň, galyndynyň zerur bolan ululykda bolmagy üçin her döwrüň ahyrynda deponirlenmeli pul möçberini kesgitlemek üçin *öwezini doluş gaznasy* faktory diýlip atlandyrylýan funksiýa peýdalanylýar:

$$F_6 = \frac{1}{F_2} = \frac{r}{(1+r)n-1} = \frac{-1}{\sum_{i=1}^{n}(1+r)n-1} \qquad (9.16)$$

Şu faktor depozitler boýunça alynýan göterimi hasaba alýar.

Her ýylky goýumyň möçberi şuňa deň bolar:

$$FV = A \times F_6. \qquad (9.17)$$

Bu ýerde:

*A* – goýumlaryň möhleti tamamlanandan soň gelip gowşan serişdeleriň gymmaty.

Formula (9.17) belli bir ýyllar geçenden soň bellenen gymmaty almak üçin bankdaky depozit hasabyna her ýylda geçirilmeli pul möçberini kesgitlemek üçin ulanylýar.

Karz şertnamasynyň (bergi borçnamasynyň) möhletiniň tamamlanýan wagtyna çenli karz berijä diňe göterim tölenýän halatlarynda, karz alyjylar, köplenç ýagdaýda, karzyň esasy pul möçberini üzmek üçin ýörite öwezini doluş gaznalaryny döredýärler. Her bir döwürde bergidar aýratyn gazna pul möçberini geçirýär. Bu pul möçberi karza hasaplanyp ýazylýan göterim bilen bilelikde karzyň esasy böleginiň üzülmegini üpjün etmelidir.

**3-nji mysal.**

Dört ýyllyk döwrüň ahyrynda nol göterim bilen 800 manat almak üçin 800: 4 = 2000 müň manat deponirlenmelidir. Eger göterim möçberi 10%-e deň bolsa, onda her ýylyň ahyrynda şu pul möçberini deponirläp bolar:

$$FV = 800 \times (1: \sum_{1}^{5} (1+0{,}1)^{5-i}) = 800 \times 0{,}16 = 131 \text{ müň manat.}$$

Dört gatanç (524,2 müň manat) bilen alnan pul möçberiniň tapawudy 275,8 müň manada deň bolar.

*n* döwürleriň pul akymy üçin adaty annuitetiň häzirki gymmaty şu formula boýunça hasaplanyp çykarylýar:

$$FV = CV \times \left( \frac{1}{(1+r)} + \frac{1}{(1+r)2} + \frac{1}{(1+r)n} \right) = CF \sum_{t=1}^{n} \frac{1}{(1+r)i}. \quad (9.18)$$

Pul akymynyň aýry-aýry elementleri dürli wagt aralyklaryna degişlidir, şonuň üçin hem olaryň goşulmagy (jemlenmegi) maýa goýumlaryň hakyky girdejililigini ýoýup görkezýär. Pul akymyny wagtyň bellibir pursadyna getirmek annuitetiň gündelik gymmaty diýlip atlandyrylýan funksiýanyň kömegi bilen amala aşyrylýar.

**Adaty annuitetiň gündelik gymmaty** şu formula boýunça kesgitlenýär:

$$FV = CV \times \left( \frac{1-(1-r)n}{r} \right) \text{ýa-da } PV = CF \times F_4. \qquad (9.19)$$

Bu ýerde:

$F_4$ – annuitetiň häzirki gymmatyny diskontirleme koeffisiýenti.

**4-nji mysal.**

Maýa goýum taslamasyny durmuşa geçirmegiň netijesinde, 5 ýylyň dowamynda her ýylky girdeji 500 müň manada deň bolar.

Pul akymlarynyň gündelik gymmaty şuňa deň bolar:

$$PV = 500 \sum_{i=1}^{a} \frac{1}{(1+0{,}1)i} = 500\,(0{,}912 + 0{,}83 + 0{,}75 + 0{,}68 + 0{,}62) =$$
$$= 1895{,}4 \text{ müň manat.}$$

Her döwürde girdejini diskontirlemegiň netijesinde, şu netijäni alarys:

454,5 + 413,2 + 375,7 + 341,5 +310,5 = 1895,4 müň manat.

Pul serişdeleriniň döwrüň başynda gelip gowuşýan halatlarynda $n$ döwürleriň pul akymy üçin hakujy annuitetiň häzirki gymmatyny aşakdaky görnüşde hasaplap çykarýarlar:

$$PV = CV \times \left( \frac{1-(1-r)n}{r} \right) \times (1+r). \qquad (9.20)$$

Eger her bir $i$ döwürde alynýan girdejiler deň bolanda, gündelik gymmaty kesgitlemek üçin (9.20) formula ulanylýar. Girdejileriň olaryň alnan wagt döwürleri boýunça deň bolmadyk ýagdaýynda, her bir döwür üçin diskontirlenen gymmat hasaplanyp çykarylýar.

Göterim möçberini hasaba almak bilen wagtyň belli bir döwründe maýa goýumyň öwezini dolmak (özüni ödemek) üçin her ýyl alynmaly girdejini kesgitlemek üçin *karzy üzmek funksiýasy* peýdalanylýar:

$$F_5 = \frac{1}{F_4} = \frac{r}{1-(1+r)n}. \qquad (9.21)$$

Her ýylda (her çärýekde) karzy üzmek we karz boýunça göterimi tölemek üçin banka geçirilmeli bolan pul möçberini kesgitlemek üçin (9.21) formula ulanylýar.

Her ýylky girdeji (annuitet) maýa goýumlarynyň pul möçberini $F_5$ köpeldijä köpeltmek bilen kesgitlenýär:

$$FV = IC \times F_5. \qquad (9.22)$$

Bu ýerde:

$IC$ – maýa goýumlaryň ilkibaşky gymmatydyr.

**5-nji mysal.**

Taslama goýlan maýa goýumlar 900 müň manada deň bolupdyr. Maýa goýumlaryň 5 ýylyň dowamynda özüni ödemegi we ýylda 10% möçberde girdeji almak üçin her ýylky pul akymy (annuitet) şu derejä deň bolmalydyr:

$$FV = 900 \times \frac{1}{18},954 = 47,5 \text{ mün manat.}$$

**Möhletsiz annuitetiň häzirki gymmaty** şu formula boýunça kesgitlenýär:

$$PV = CV \times \frac{1}{r}. \qquad (9.23)$$

Pul serişdeleriniň gelip gowuşmagynda uzak wagtlap dowam edýän pul akymy möhletsiz pul akymy diýlip atlandyrylýar (mysal üçin, 50 ýyl we şondan köp döwür üçin kärende).

$n$ bolanda → koeffisiýent

$$\sum_{i=1}^{n} \frac{1}{(1+r1)i} \to \frac{1}{r}.$$

Formula (9.23) pul serişdeleriniň möhletsiz gelip gowuşmagy üçin maýa goýumçynyň tölemäge razy bolan absolýut bahasyny görkezýär. Munuň üçin sanawjyda ýyllyk gelip gowuşmalaryň möçberi peýdalanylýar, maýdalawjyda bolsa diskontirleme koeffisiýenti hökmünde adatça kepillendirilen göterim möçberi (mysal üçin, döwletiň gymmatly kagyzlary boýunça göterim) kabul edilýär.

## *9.4. Maýa goýumlary özleşdirmekde puluň hümmetsizlenmegini hasaba almak*

**Puluň hümmetsizlenmegi** – bu milli puluň satyn alyş (tölege ukyplylygynyň) ukyplylygynyň peselmegidir. Puluň hümmetsizlenmeginiň iki görnüşini belleýärler: açyk – haçan-da harytlaryň nyrhynyň artmagy olaryň hiliniň ýokarlanmagyna bagly däl, we gizlin – haçan-da harytlaryň nyrhynyň durnuklylygyna garamazdan, harydyň gyt bolmagy bilen resmi nyrhda satyn almak kyn.

Puluň hümmetsizlenmegi maýa goýmaklyk çözgüdi saýlamaga we kabul etmeklige uly täsirini ýetirýär, çünki kärhana maýa goýumlary şu gün özleşdirýär we onuň nominal gymmaty hakyky gymmatyna deň bolýar, emma kärhana birnäçe wagtdan soň girdeji almakçy we şol wagta çenli puluň hümmetsizlenmegi bilen, diňe geljekki pul girdejileriň gymmaty kemelmän, onuň tölege ukyplylygy peseler. Şeýlelikde, puluň hümmetsizlenmegi maýa goýmaklyk

çözgüdini bahalandyrmak işini kynlaşdyrýär; maýa goýumlaryň goşmaça çeşmelerini talap edijiligi ýüze çykýar; karz maýasynyň göterim möçberi artýar; korporatiw obligasiýalaryň goýberişi ýaly, uzakmöhletleýin maliýeleşdiriş çeşmeleriň ulanylyşy kynlaşýar; kärhananyň maýa goýum bukjasynyň ýaýbaňlaşmagynyň derejesi ýokarlanýar.

Umuman, puluň hümmetsizlenmegi şertlerinde, pul serişdeleriniň maýa goýmaklyga gönükdirilmegi we maliýeleşdirilmegi bähbitli, eger-de goýumlaryň peýdalylygynyň ösüş depgini hümmetsizlenmegiň ösüş depgininden ýokary bolsa oňyn hasaplanýar. Ykdysadyýetiň pul dolanyşygynyň oňaýly (hümmetsizlenmegi nola deň) ýagdaýynda maýanyň hakyky (*Rp*) gymmaty onuň nominal (*rn*) gymmatyna deňdir. Şuňa laýyk pul serişdeleriniň hakyky we garaşylýan akymy RÇFt we RÇFn birmeňzeşdir. Pul serişdeleriniň nominal akymy emele gelýän pursatynyň pul birliginde aňladylýar. Pul serişdeleriniň hakyky akymy onuň häzirki tölege ukyplylygy bilen aňladylýar. Nominal göterim möçberi, geljekki hümmetsizlenmegiň depginine laýyk, maýadarlaryň garaşmalaryny şekillendirýän hümmetsizlenmek baýragydyr.

**Hakyky göterim möçberi** aşakdaky formula bilen hasaplanýar:

$$Rp = [(1 + rn) : (1 + i)] - 1. \qquad (9.24)$$

Bu ýerde $i$ – hümmetsizlenmegiň göterimi.

**Nominal göterim möçberi** aşakdaky Fişeriň formulasy bilen hasaplanýar:

$$r_n = r_p + i + i \times r_p. \qquad (9.25)$$

Meýilnamanyň düzülmeginde hümmetsizlenmek faktorynyň hasaba alynmagynyň iki ugry bar:

1) resurslaryň (serişdeleriň) aýry-aýry görnüşleriniň (girýän we çykýan) hümmetsizlenme depginleri tapawutlanýarlar;

2) harajatlaryň we çykdajylaryň aýry-aýry görnüşleriniň hümmetsizlenme depginleri birmeňzeş.

Hakyky ýagdaýlara degişli bolan birinji usulyň çäginde, esasan durnuksyz ykdysadyýetli ýurtlarda, bir döwre getirilen gymmatyň ähli bölekleri hümmetsizlenme laýyk gaýtadan hasaplanmaýar. Bu usul boýunça nominal pul akymyny hasaplamakda maýalaryň nominal nyrhy ulanylýar:

$$PV = \sum CF_t : (1 + r_n)^t. \quad (9.26)$$

**Ikinji usulyň çäginde** hümmetsizlenmegiň täsiri täsin häsiýetde: ol aralyk netijelere täsir edýär, emma soňky netijä täsir etmeýär. Şunda nominal pul akymlary hakyky mukdary we maýanyň hakyky nyrhy (diskontirlenýär) boýunça hasaplanýarlar:

$$PV = \sum [CF_t : (1 + i)^t] : (1 + r_p)^t. \quad (9.27)$$

## *9.5. Aýratyn taslamanyň töwekgellik faktoryny bahalandyrmak*

Maýa goýum taslamany durmuşa geçirmekde ýaramaz (otrisatel) ýa-da oňaýly (položitel) netije almaklygyň ähtimallygyna aýratyn taslamanyň töwekgelligini aňladýar. Maýa goýum töwekgelliginiň derejesine maýa goýum taslamasyny durmuşa geçirmek boýunça doly däl we takyk däl ilkibaşdaky maglumatlaryň bolmagy, maýa goýum taslamasyny durmuşa geçirmegiň gidişinde, garaşylmadyk ýagdaýlaryň ýüze çykmagyna, bazaryň ýagdaýynyň duýdansyz üýtgemegi täsir edýär.

Maýa goýum töwekgellik toparyna degişli töwekgellikler: göterim, düýpli, selektiw (saýlamak), likwidlilik, hümmetsizlenmek, amal töwekgelligi.

Töwekgelligi seljermegiň maksady – mümkin bolan maýadarlara taslama amatly gatnaşmakda çözgüdi kabul etmek we mümkin bolan maliýe ýitgilerden goramak üçin gerekli maglumatlary bermekdir. Maýa goýum töwekgelligini bahalandyrmakda birnäçe usullar bar. Olaryň esasy manysy töwekgelligiň ösmegi bilen, pul akymyny azaltmak ýa-da diskontirlemegiň möçberini (hasaba almagyň) artdyrmakdyr.

Aýratyn maýa goýum taslamasynyň töwekgelligini bahalandyrmagyň dürli usullary bar:

– taslamanyň duýgurlygynyň seljermesi – munda gaty kyn üýtgemeleriň biriniň durnuksyzlygy bilen, taslamanyň peýdalylygy göz öňünde tutulýar;

– mümkin bolan töwekgelligiň paýlanylmagyna we gündelik pul akymynyň bolmaly ýagdaýyndan gyşarmasyna esaslanan töwekgelligiň bahalandyrylmagy;

– imitasion (meňzeşme) modelleşdirme usuly – dürli hadysalara görä daşky gurşawyň duýgurlygyny öwrenmekde üýtgeýän görkezijini erkin üýtgedip bolan modeli gurmaklygy göz öňünde tutýar;

– “agaç çözgüdiniň” seljermesi – taslamany durmuşa geçirmekde mümkin bolan goşmaça maýalary goýmak barada yzygiderli çözgüdi kabul etmek, taslamany ret etmek ýa-da giňeltmek zerurlygy bilen taslamany bahalandyrmak üçin bu usuly ulanmak maksadalaýykdyr.

## *9.6. Maýa goýum taslamalarynyň netijelilligini bahalandyrýan esasy usullar*

Işewürlik işi, telekeçiligi ösdürmegi üpjün etmeklik, maýa goýumlaryň netijeliliginiň hemişe barlanylmagyny talap edýär. Maýa goýumlaryň netijeliliginiň bahalandyrylmagynda şu aşakdaky esasy meseleleriň çözülmegi zerurdyr:

– taslamany durmuşa geçmekligi bahalandyrmak, ýagny, hakyky bar bolan tehniki, ekologik, maliýe we beýleki häsiýetli çäklendirmeleriň kanagatlandyrylmagyny barlamak;

– taslamany durmuşa geçmekliginiň maksadalaýyklylygy, onuň ýokary netijeliligini bahalandyrmak, ýagny, taslama boýunça diňe ähli netijeler ähmiýetli däl-de, onuň zerurlygynyň hem çykdajylarynyň wajypdygyny barlamak zerur;

– taslamanyň deňeşdirme netijeliligini, ýagny, saýlanylan taslamanyň saýlanylmadykdan (alternatiw) artykmaçlygyny bahalandyrmak.

Taslamanyň netijeliligini bahalandyrmaklyk birnäçe tapgyrlardan ybarat.

***Birinji tapgyrda*** maýa goýum taslamasynyň düşewüntliligi ortaça bank göterimi bilen deňeşdirilýär. Munuň maksady – maýany goýmagyň birnäçe mümkinçiliklerinden iň amatlysyny saýlamakdyr. Eger-de maýa goýum taslamanyň hasaplanan düşewüntliligi bank karzynyň ortaça göteriminden pes bolsa, taslamanyň durmuşa geçirilmeginden ýüz öwürmeli bolýar, çünki pul serişdelerini göterim şertli banka goýmak bähbitlidir.

***Ikinji tapgyrda*** maýa goýum taslamasynyň düşewüntliligi ýurtdaky hümmetsizlenmegiň ortaça ösüş depgini bilen deňeşdirilýär. Şu deňeşdirmäniň maksady – pul serişdeleriniň hümmetsizlenmeginden

bolýan ýitgileri kemeltmekdir (minimizirlemek). Eger-de taslamanyň düşewüntliliginden hümmetsizlenmegiň depgini ýokary bolsa, onda wagtyň geçmegi bilen kärhananyň maýasy hümmetsizlener we ol gaýtadan dikeldilmez.

***Üçünji tapgyrynda*** taslamalar maýa goýumy talap edijiligi bilen deňeşdirilýär. Munuň maksady – karz talap edijiligi kemeltmek, maýalary pes derejede talap edýän taslamanyň saýlanylmagy.

***Dördünji tapgyrynda*** netijelilik alamaty boýunça kanagatlandyrýan taslamany saýlamak we bahalandyrmak.

***Bäşinjii tapgyrynda*** taslamany durmuşa geçirmekden gelýän ýyllyk (çärýeklik) girdejiniň durnuklylygy bahalandyrylýar. Bu tapgyryň bahalandyrylmagy birmeňzeş däl. Maýa goýujyny taslamadan ýylda deňölçegli gowuşýan girdeji bilen başky we ahyrky özüni ödeýiş möhletinde maýa goýumlaryndan gelýän girdeji gyzyklandyrýar.

**Maýa goýumlaryň netijeliligini** bahalandyrýan hökmany şertler:

1. Sap peýdanyň we taslamany durmuşa geçirmekden amortizasiýa tutumlarynyň hasabyna döredilen pul akymynyň üsti bilen maýalaryň ödeýşini bahalandyrmak. Pul akymynyň görkezijisi maýa goýum taslamanyň ýyllar boýunça bölek-bölek ýa-da ýyllyk ortaça mukdary hasaba alynýar.

2. Maliýeleşdirilýän maýany we pul akymynyň jemini häzirki gymmatyna getirmeli. Maýa goýum işi bir pursatda däl-de, ol bir näçe tapgyrda (maýa goýum işewürlik meýilnamasyna laýyk) amala aşyrylmaýar. Şonuň üçin birinji tapgyrdan başga ähli yzyndan gelýän maýa goýumlaryň jemleri häzirki gymmatyna (tapawutly her bir tapgyr boýunça) getirilmeli. Şeýle hem pul akymlaryň jemleri (olaryň aýry-aýry tapgyrlary boýunça) häzirki gymmatyna getirilmeli.

3. Dürli maýa goýum taslamalar üçin pul akymyny gaýtadan hasaplamakda (diskont möçberi) differensirlenen göterim möçberini saýlamak. Maýa goýumlardan girdejiniň mukdary şu aşakdaky 4 faktorlar, üsti bilen emele gelýär:

– hakyky ortaça depozit möçberi;
– hümmetsizlenmegiň depgini;
– töwekgelligе baýrak;
– pes likwidlilige baýrak.

Şonuň üçin iki dürli töwekgelli maýa goýum taslamalary deňeşdirende, häzirki gymmatyna getirmekde dürli göterim möçberi (ýokary töwekgelli taslamalarda ýokary göterim möçberi) ulanylýar. Şoňa meňzeş, iki dürli möhletli (maýa goýumlaryň likwidliligi) maýa goýum taslamalary deňeşdirende uzak möhletli durmuşa geçirilmeli taslamalara ýokary göterim möçberi ulanylýar.

Maýa goýumlarynyň netijeliliginiň dürli görkezijileri hasaplananda diskontirlemek üçin göterim möçberi hökmünde ulanylyp bilner:

– maýadarlara erkin pul serişdelerini ýerleşdirilmegiň elýeterliligi bilen goýumlaryň peýdalylygy (ortaça depozit ýa-da karz möçberi);

– kärhananyň maýasynyň gymmaty;

– eger-de kärhana öz maýasynyň hasabyna işini doly amala aşyrýan bolsa, paýnamalaryň peýdalylygynyň derejesi;

– eger-de kärhana öz maýasyny we karz serişdelerini ulanýar maýalaryň ortaça deňölçegli gymmaty;

– maýa goýumlaryň mümkin bolan beýleki görnüşleri boýunça girdejiniň alternatiw kadasy.

4. Bahalandyrmagyň maksadyna laýyk ulanylýan diskontirlemegiň göterim möçberiniň üýtgeýşi. Maýa goýumlarynyň netijelilik görkezijisi hasaplananda diskontirlemek üçin saýlanan göterim möçberi hökmünde, esasan, şular ulanylýar:

– ortaça depozit we karz möçberi;

– maýa goýumlarynyň hümmetsizlenmeginiň, töwekgelliginiň we likwidliliginiň derejesini hasaba almak bilen, maýa goýumlarynyň şahsy kadasynyň peýdalylygy;

– gündelik hojalyk işi boýunça girdejiniň kadasy.

Maýa goýum işini bahalandyrmakda ulanylýan usullary iki topara bölüp bolýar. Olar esaslanan:

a) diskontirlemegiň (paýlaşdyrylma) bahalandyrylmagyna;

b) hasap boýunça bahalandyrylmagyna.

**Maýa goýum taslamanyň netijeliligini** bahalandyrýan esasy görkezijiler:

– diskontirlenen sap peýdasy (*NPV*);

– peýdalylygyň indeksi (*PI*);

– içki peýdalylygyň kadasy (*IRR*, %);

– üýtgedilen içki peýdalylygyň möçberi (*MIRR*, %);

– ilkibaşky çykdajylaryň ödeýiş möhleti (*PP*);

– diskontirlenen pul akymyny hasaba almak bilen ilkibaşky çykdajylaryň ödeýiş möhleti (*DPP*);

– düşewüntliligiň ortaça ölçegli möçberi (*ARR*).

Taslamalaryň dürli alamatlary boýunça bahalandyrylmagy menejerlere her hili seljerme maglumatlary berýär. Maýa goýum taslamalarynyň adaty we diskontirlenen (paýlaşdyrylan) ödeýiş möhletleri onuň töwekgellik we likwidlilik derejesi boýunça maglumatlary beýan edýär. Onuň sap gündelik gymmaty pul akymynyň artyşynyň toplanmagyny we goýlan maýanyň özüni ödeýişini häsiýetlendirýär. Içki peýdalylygyň kadasy we peýdalylygyň indeksi maýa goýumlarynyň peýdalylygyny we "taslamanyň howpsuzlyk ätiýajynyň" barlygyny duýdurýar.




**9.10-njy surat. Maýa goýumlaryň netijeliligini bahalandyrýan görkezijileriň ulgamy**

**Sap diskontirlenen peýdalylygyň usuly** çaklama döwründe kärhana tarapyndan toplanan pul gowuşmalaryň gymmatynyň diskontirlenen jeminiň deňeşdirilmegine esaslanýar. Bu usulyň maksady kärhana tarapyndan maýa goýum taslamasynyň durmuşa geçirilmegi bilen hakyky peýdanyň mukdaryny ýüze çykarmakdyr.

**Sap diskontirlenen peýdalylyk** (Profitability Index -PI) mukdar boýunça bir näçe usul bilen kesgitlenýär:

– gündelik pul girdejileriň gymmatyndan karz we öz maýasynyň ortaça ölçegli nyrhyny ulanmakda, pul çykdajylaryny (taslamany maliýeleşdirmeklige goýberilen çykdajylary goşmazdan) aýyrmak bilen;

– paýdarlara gowuşýan gündelik pul gymmatyndan ulanylmadyk mümkinçilikleriň harajatlaryna deň bolan diskontirlenen möçberi boýunça paýdarlardan pul akymynyň gymmatyny aýyrmak bilen;

– ulanylmadyk mümkinçilikleriň harajatlaryna deň bolan diskontirlenen möçberi boýunça gündelik ykdysady peýdanyň gymmaty.

Bu üç tärler sap gündelik gymmatyň ykdysady ähmiýetini açýar.

Sap gündelik gymmaty görkezijiniň hasaplamasy:

$$NPV = \sum_{I}^{n} \left[ CF_t : (1+r)^t \right] - IC. \qquad (9.28)$$

Bu ýerde:

*CF* – diskontirlenen pul serişdeleriniň akymy;

*IC* – ilkibaşky maýa goýumlar;

*t* – hasabat ýyly;

*r* – maýalaryň ortaça deňölçegli gymmatyna deň bolan diskontirlenen möçberi (WACC);

*n* – diskontirlemegiň döwri.

Bu model şu şertleriň bolmagyny göz öňünde tutýar:

– maýa goýumlarynyň möçberini tamamlanan ýagdaýda kabul etmek;

– maýa goýumlarynyň möçberini seljermäniň geçirilen pursadynda bahalandyrylmagyny kabul etmek;

– maýa goýumlaryň özleşdirilmeginiň tamamlanmagyndan soň olaryň özüni ödeýiş prosesi başlanýar.

Diskontirlenen möçberi *r* hökmünde ulanylyp bilner:

– bankyň karz möçberi;

– maýalaryň deňölçegli gymmaty;

– maýanyň alternatiw (mümkin bolan) gymmaty;

– peýdalylygyň içki kadasy.

Eger-de seljerme maýa goýmakdan öň geçirilse, onda maýa goýum çykdajylaryň möçberini häzirki pursat üçin hasaplamaly. Häzirki pursada getirilen sap peýdanyň modeli şu görnüşde:

$$NPV = \sum_{I=1}^{n_2} \left\{ R_i (1+r)_1^{i+n} \right\} - \sum_{i=1}^{n_1} IC_t (1+r)^t . \qquad (9.29)$$

Bu ýerde:

$IC_t$ – t döwürde maýa goýum çykdajylar, t = 1, 2,..., $n_1$;

$R_i$-*i* – döwürde girdeji, *i* = 1, 2,..., $n_2$;

$n_1$ – maýa goýum döwrüň dowamlylygy;

$n_2$– maýa goýumlaryň özüni ödeýiş möhleti.

*NPV* görkeziji taslamany kabul etmek bilen işewürlik kärhanasynyň ykdysady mümkinçilikleriniň gelejekde üýtgeýşini şekillendirýär. Eger-de $NPV > 0$ bolsa, onda taslama peýdaly hasaplanýar, ýagny kärhananyň hakyky gymmatyny *NPV* möçberde artdyrýar.

Sap gündelik alamaty boýunça maýa goýum taslamanyň saýlanylmagy, şu düzgünlere esaslanýar:

– eger-de sap gündelik gymmaty oňaýly (položitel) ($NPV > 0$) bolsa, onda şol taslama kabul edilýär;

– eger-de taslamalar biri-biri bilen garaşly däl we olaryň sap gündelik gymmaty oňaýly(položitel) bolan bolsa, onda olaryň ikisi hem kabul edilip bilner.

Eger-de $NPV < 0$ bolsa, onda taslama ýitgili hasaplanýar we ony kabul etmeýärler.

Eger-de 0-a deň ($NPV = 0$) bolmagy, taslamanyň peýdasyz we ýitgisiz bolmagydyr, ony kabul etmek ýa-da etmezlik derwaýysyzdyr. Eger-de taslamalar alternatiw bolan bolsa, onda ýokary gündelik gymmaty bolan taslama saýlanylýar we kabul edilýär. Eger-de sap gündelik gymmatynyň 0-dan ýokary ($NPV > 0$) bolmagy, taslama peýdanyň emele gelmegini üpjün edýär we kärhananyň gymmaty ösýär.

Alternatiw taslamalary deňeşdirmekde düşewünt indeksi *RI* görkeziji ulanylýar. Maýa goýumlarynyň düşewünt (peýdalylyk) indeksi **(Profitability Index - PI)** – goýlan serişdeleriniň 1 manadyna düşýän girdejini aňladýar. Bu görkeziji pul akymynyň gündelik gymmatynyň gündelik maýa goýum çykdajylarynyň gymmatyna gatnaşygy bilen kesgitlenýär.

$$PI = \sum[CF_t: (1 + r)^t]: IC = 1 + NPV: IC. \qquad (9.30)$$

Bu görkeziji çykdajylaryň 1 manadyna düşýän girdejiniň derejesini, ýagny goýumyň netijeliligini görkezýär – onuň mukdary näçe ýokary bolsa, şonça maýa goýumyň her bir manadyndan gaýdyp gelýän girdejiniň derejesi ýokary bolýar. Şonuň üçin bu görkezijiniň esasynda *NPV* ýakyn bolan birnäçe alternatiw taslamalardan birini saýlamak, ýa-da onuň mukdaryny artdyrmakda paýnama bukjasyny döretmek bolýar. Peýdalylyk ýokary bolsa taslama bähbitli hasaplanýar. Eger-de *PI* <1, onda bu taslamanyň peýdalylygy doly talaplara laýyk däl. *PI* =1 ýagdaýynda sap gündelik gymmatyň 0-a deňligini aňladýar.

**Düşewüntliliginiň üýtgedilen indeksi (*MPI*) –** maýa goýujynyň ilkibaşky borçnamasynyň birligine onuň baýlygynyň artmagyny şekillendirýär:

$$NPI = \sum_{1}^{n}\left(CF_t : (1+r)^t\right) : \sum_{1}^{k}\left(CF_k : (1+r)^k\right). \qquad (9.31)$$

Bu ýerde:

$IC_k – k$ = 1,2,..., n döwürdäki maýa goýum çykdajylar.

**Maýa goýumlaryň peýdalylygynyň içki kadasy** (Internal Rate of Return, IRR, %) – bu sap pul akymlarynyň gündelik gymmatynyň taslama boýunça maýa goýumlarynyň gündelik gymmatyna deň bolmagyndaky diskont möçberidir:

$$\sum CF_t: (1 + IRR)^t = 0, IRR = 0, \text{şunda } t = 0. \qquad (9.32)$$

Ýagny maýa goýumlaryň peýdalylygynyň içki möçberi – bu belli döwürde (maýa goýumlaryň ýaşaýyş tapgyrynyň döwri) maýa goýumlardan gelýän girdeji 0-a deň bolan sap gündelik gymmatyny döredýär:

$$NPV = f(r) = 0. \qquad (9.33)$$

**Peýdalylygyň içki kadasy maýa goýum taslamasyny maliýeleşdirmekde maýalaryň iň ýokary gymmatyny häsiýetlendirýär.** Maýa goýum taslamasyny *IRR* alamaty boýunça çözgütleriň kabul edilmesi düzgünlere esaslanýar:

Eger-de *IRR* taslamanyň maliýeleşdirme möçberinde ýokary bolsa onda taslamany kabul etmek bähbitlidir.

Pul akymynyň möçberiniň ortaça deňölçegli diskontirlemegi bilen, sap gündelik gymmatynyň emele gelmegine garanyňda, maýalaryň içki peýdalylygynyň kadasy *IRR* boýunça maýa goýum taslamalaryny bahalandyrylmagy pul akymlaryny gaýtadan maliýeleşdirmekde ýene-de şol bir möçberiniň ulanylmagyny göz öňünde tutýar. Bu bolsa, taslamanyň hakyky girdejisini ýoýýar. Şunda käbir näsazlyklary üýtgedilen içki peýdalylygyň kadasynyň üsti bilen çözüp bolýar.

**Üýtgedilen içki peýdalylygyň kadasy** (**MIRR)** – bu maliýeleşdiriş möçberi boýunça hasaplanan taslamanyň durmuşa geçmek döwrüniň geljekki sap pul akymyny maliýeleşdiriş möçberi boýunça hasaplanan maýa goýum taslamanyň gündelik gymmatyna deňeşdirýän diskontirlenen möçberidir:

$$\sum_{t=0}^{n} \frac{OF_t}{\left(1+r\right)^t} = \sum_{t=0}^{n} IF\left(1+r\right)^{n-t} : \left(1+MIRR\right)^n . \qquad (9.34)$$

Bu ýerde:

$OF_t$ – $t$ döwürde serişdeleriň yzyna akmasy;

$IF_t$ – $t$ döwürde serişdeleriň gowuşmagy;

$r$ – maliýeleşdirilmegiň möçberi;

$n$ – taslamanyň durmuşa geçmek döwri.

Taslamalaryň hakyky peýdalylygyny ýa-da “taslamanyň garaşylýan uzak möhletdäki kadasyny” häsiýetlendirmekde *MIRR* görkeziji *IRR* görkezijiden taslamalary bahalandyrmakda ileri tutulýar. *NPV* görkeziji bolsa, ululygy boýunça tapawutlanýan alternatiw taslamalary seljermekde kärhananyň gymmatyny näçe artdyryp biljegini görkezýär.

*NPY*, *PI* we *IRR* görkezijileriň arasynda baglanyşyk bar. Taslamany saýlamak bähbitli:

– eger-de $NPV > 0$, onda birbada $IRR > R$ we $PI > 1$;

– eger-de $NPV < 0$, onda birbada $IRR = R$ we $PI = 1$;

– eger-de $NPV = 0$, onda birbada $IRR = R$ we $PI = 1$.

Şol bir wagtda olar biri-biriniň ornuny tutmaýar. *NPV* ykdysady mümkinçilikleriniň artmagyny görkezýän bolsa, *IRR* taslamalary biri-biri bilen deňeşdirmäge ýardam berýär.

**Ilkibaşky çykdajylaryň özüni ödeýiş möhleti** (payback period) – bu goýlan maýalardan pul serişdeleriniň gowuşmagynyň mukdary üçin zerur wagtyň dowamlylygydyr. Şu wagt ilkibaşky çykdajylaryň özüni doldurmaga mümkinçilik berýär. Gündelik ödeýiş görkezijisi maýa goýumlaryň peýdalylygynyň möçberini üpjün edýän iň pes (minimal) zerur möhletini kesgitleýär. Onuň ölçeg birligi aý, çärýek we ýyl boýunça hasaplanýar. Ödeýiş pursady diýmek, hasabat döwründe gündelik sap peýdalylygyň oňaýly (položitel) bolmakdan soňky pursadydyr. Bu usul iň ýönekeýdir, ýagny gowuşýan pul serişdeleriniň diskontirlemegini talap etmeýär. Şonuň üçin bu usul ýaýbaňlaşan. Maýa goýumlarynyň ödeýiş möhletiniň hasaplamasy (Payback Period, *PP*) geljekki döwürde olardan gowuşýan girdejiniň deňölçegli paýlanylmagyna bagly. Eger-de garaşylýan girdeji ýyllar boýunça deňölçegli paýlanan bolsa, onda ödeýiş möhletiň formulasy şu görnüşe eýe:

$$PP = IC : CF_t. \qquad (9.35)$$

Eger-de hasaplanan ödeýiş möhleti iň ýokary derejesinden pes bolsa taslamany kabul etmek amatlydyr. Taslamalary deňeşdirmeli bolsa, onda ödeýiş möhleti pes bolany bähbitli hasaplanýar.

## *Onunjy bap*

# KÄRHANANYŇ IŞEWÜRLIK MEÝILNAMASY – MALIÝE ÝAGDAÝYNYŇ SELJERMESINIŇ ESASY SEBÄBI

## *10.1. Işewürlik meýilnamasy barada düşünje we işewürlik meýilnamasyny düzmegiň ýörelgeleri*

Işewürlik meýilnamasy – bu dürli ýagdaýlarda ulanyp boljak dolandyryjy enjamdyr. Işewürlik meýilnamasynyň netijeli ulanylmaklygy üçin aşakdaky şertler berjaý edilmelidir:

a) ýerine ýetiriji şereketiň maksatlaryny we meselelerini kesgitlemeklik;

b) ýerine ýetiriji şereketiň üstünden gözegçilik we synlamaklyk şertleri bilen üpjün etmeklik;

ç) ýerine ýetiriji şereketiň dolandyryjy, işewür-direktory, müşderiler, karz beriji we maýa goýujylar (inwestorlar) bilen aragatnaşyklary ýola goýmaly.

Telekeçi öz meýilnamasyny bir ýa-da geljekki birnäçe ýyla şereketi ugrykdyrmaklygyň enjamy hökmünde ulanýar. Meýilnama hojalyk hereketleriniň tapgyrlaryny, kompaniýasynyň dolandyryş işini kesgitlemeklige ýardam edýär.

Işewürlik meýilnamasy geljekde howply ýagdaýlary çaklamaklyga ýardam edýär. Gowy işlenilip düzülen işewürlik meýilnamasy aýry-aýry kynçylyklary wagtynda ýeňip geçmeklige kömek edýär.

Işewürlik meýilnamasynyň resminamasynyň esasynda maýadar ýa-da karz beriji şol şereket barada belli bir netijä gelýär we oňa serişdeleri bermek ýa-da bermezlik barada çözgütleri kabul edýär. Şonuň üçin işewürlik meýilnamasy işlenilip düzülende, birinji nobatda, onuň kime gönükdiriljekdigi göz öňüne tutmaly, ýagny, karz berijä ýa-da maýadara (inwestora) gönükdirilenmi, aýdyňlaşdyrylmaly. Sebäbi bu toparlar işewürlik meýilnamasyny bahalandyrmagyň dürli ýörelgelerine esaslanýar.

Belli bir möhletli karz serişdelerini berýän karz beriji ilki bilen şol şereketiň ygtybarlylygyna göz ýetirmelidir, ýagny şol şereket wagtynda karz pullary we olaryň üstüne mündürilen göterimleri gaýtaryp biljegi ýa-da bilmejegi, karz beriji üçin örän wajyp meseledir. Ony esasy gyzyklandyrýan zat, şereketiň girdejileriniň umumy möçberi däl-de, şol peýdanyň esasy bergini we göterimleri tölemeklige mümkinçilikleridir. Ondan daşary, onuň bähbidini karz şertnamasy hem goraýar.

Maýadaryň (inwestoryň) töwekgelçiligi ondan hem ýokarydyr. Köp halatlarda, ol öz umumy goýan maýasyny (baýlygyny, maýasyny) ýitirip hem bilýär. Şol sebäpli, munuň ýaly töwekgelçilige baş goýmak üçin, inwestorda geljekde ýokary peýdanyň kadasyny almak mümkinçiligi bolmalydyr.

Diýmek, işewürlik meýilnamasynyň bahalandyrylmagynda karz beriji kärhananyň hereketini, esasan hem ygtybarlylyk we durnuklylyk tarapyndan seljerer, maýadar bolsa, onuň girdejileriniň nukdaýnazarynda tutar. Emma işewürlik meýilnamasy kime gönükdirilen bolsa-da, ol gowy taýýarlanylan we düşnükli, ýeňňillikli bolmalydyr. Onuň möçberi 40 sahypadan artykmaç bolmaly däldir.

Işewürlik meýilnamasyny düzmekligiň esasy ýörelgeleriniň biri, ol hem onuň düzüjileri öz ünsini kärhananyň öndürjek harydyna ýa-da hödürlejek hyzmatyna däl-de, sarp edijileriň islegleriniň kanagatlandyrylmagyna gönükdirilmelidir.

Mysal üçin, sarp ediji "kükürt" harydy satyn alman, kitaby näme maksat bilen alýar? 01 bilim ýa-da bilimi peýdalanmaklyk mümkinçiligini döretmek maksatly kitap satyn alýar. Işewürlik meýilnamasynda hem esasy üns şol şerte berilmelidir.

Bu ýerde sarp ediji şol harydy satyn almagyň näme artykmaçlygynyň barlygyny nygtap geçmeli.

Mümkin boldugyça, hökmany suratda harydyň däl-de, kärhananyň ýeke-täkligini belläp geçmeli, ýagny kärhananyň patentleriniň syrlarynyň barlygyny, ýerleşişiniň tapylmasyz ähmiýetliligini görkezmeli. Kärhana bahalandyrylanda, adam faktoryna örän uly üns berilýär: kärhananyň eýesine, menejerleriň komandasynyn düzümine, olaryň hünär derejesine, olaryň höwesleriniň häsiýetine.

Telekeçi öz işewürlik meýilnamasyna laýyk maliýeleşdirmäniň bolan ýagdaýynda, kärhananyň hakyky ugruny suratlandyryp, ony degişli hasabatlar bilen berkitmelidir.

Işewürlik meýilnamasy karz berijini karzlaryň yzyna gaýtarylyp beriljekdigini kepillendirmeli, maýadara bolsa, näçe mümkin boldugyça, gysga wagtyň dowamynda goýlan maýanyň ýokary peýda getirjekdigine ynandyrmalydyr.

Işewürlik meýilnamasynyň taýýarlanylmagy, titul sahypanyň dogry doldurylmagyndan başlanýar. Onda aşakdaky maglumatlar görkezilmelidir:

1) Şereketiň doly resmi ady.

2) Şereketiň hukuk-guramaçylyk görnüşi.

3) Şereketiň ýuridiki salgysy.

4) Telekommunikasion rekwezitleri (telefony, faksy, elektron salgysy we beýl.).

5) Şereketiň işgärleriniň familiýalary we ýerine ýetirýän wezipeleri.

6) Meýilnamanyň düzülmeginiň we iberişdirmegiň senesi, aýy, ýyly.

7) Nusganyň tertip belgisi.

Her bir işewürlik meýilnamasynyň doly mazmuny bolmalydyr. Sebäbi mazmun okyjyny gyzyklandyrýan baplary tiz tapmaklyga kömek edýär.

Käbirleri pudaklaýyn çemeleşmäniň tarapdary bolup çykyş edýärler, käbirleri bolsa kärhananyň ýerleşýän ýeri we möçberi bilen gyzyklanýar.

Işewürlik meýilnamasynyň goşandynda ýörite adalgalarynyň düşündirijisini bermek maksadalaýyk hasaplanylýar.

Işewürlik meýilnamasy düzülende, köplenç halatlarda dürli resminamalara salgylanylýar.

Mysal üçin, kärhananyň tertip-düzgün we esaslandyryş resminamalaryna (sermaýalaryna) ýa-da ygtyýarnama (patent) resminamalaryna. Şonuň üçin işewürlik meýilnamasynda ýörite goşantlar bölünip aýrylýan we "ýany bilen iberilýän resminamalar" diýlip atlandyrylýar. Olar şu aşakdaky resminamalardan ybaratdyr:

– wezipe düzgünnamalary, hünärmenler-işgärler barada maglumatlar;

– haryt spesifikasiýalary, bukletleri (suratlaryň toplumy), çyzgylary, suratlar;

– patent resminamalary;

– preýskurantlar (nyrh kesgitleýiş resminama);

– mahabatlandyrma (reklama) materiallarynyň nusgalary;

– ylalaşyklaryň we şertnamalaryň (nusgalary) göçürmeleri;

– maliýe resminamalary.

Ýerine ýetiriji gysgajyk netije işewürlik meýilnamasynyň iň esasy elementidir. Ýerine ýetiriji gysgajyk netijede resminamalaryň düzüjileri kärhana barada, onuň önümleri, serişdeleri, üpjün edijileri, müşderileri barada gysga we düşnükli häsiýetlendirmeli. Esasanam, olaryň bazar bäsdeş artykmaçlaryny we geljegini görkezip, maliýe tarapyndan doly suratlandyryp, çaklanýan peýdanyň we onuň ulanylyşynyň hasabatyny goşmalydyr.

Işewürlik meýilnamasynyň düzümi:

**I.** Titul sahypasy:

– kärhananyň ady we salgysy;

– eýeçiligiň görnüşi;

– kärhananyň eýeleriniň atlary we salgylary;

– işewürligiň görnüşi we häsiýeti;

– maliýe serişdeleriň zerurlygy;

– maglumatlaryň gizlinligi baradaky maglumat (bellik);

– işewürlik meýilnamasynyň düzülen wagty.

**II.** Gysgajyk 2–3 sahypalarda işewürlik meýilnamasynyň manysynyň beýannamasy.

**III.** Bazaryň we pudagyň seljermesi:

– beýannama;
– göwrümi we gelejegi;
– tapawutly aýratynlygy;
– müşderiler;
– bäsdeşleriň seljermesi;
– bazarda ornuny tutup biljek bölegi;
– çaklamalar.

**IV.** Kärhananyň (şereketiň) beýany:

– işewürligiň manysy;
– önüm, hyzmat;
– şereketiň kuwwatlylygy, düzümi, işgärleriň sany, hünäri we düzümi;
– telekeçiler barada maglumatlar.

**V.** Marketing we söwda meýilnamasy:

– marketing strategiýasy;
– söwdanyň strategiýasy;
– nyrhlaryň emele gelşi;
– paýlaşdyrma, ýerleşdirme;
– önümiň çaklamasy;
– gözegçiiik.

**VI.** Harytlar we hyzmatlar:

– harytlaryň we hyzmatlaryň esasy görnüşleri;
– aýratynlyklary;
– şereketiň bazarda häzirki wagtky tutýan orny we geljegi;
– innowasiýalar;
– söwda bellikleri, patentler, ygtyýarnamalar (lisenziýalar).

**VII.** Amallar:

– önümçilik hadysasy;
– önümçilik bazary;
– maşynlar we abzallar;
– çig malyň çeşmeleri.

**VIII.** Menejment we eýeçilik:

– dolandyryjy hünärmenler, her haýsynyň işjeň häsiýetleri, jogapkärçiligi;

– eýesi–esasy dolandyryjy;
– öz güýji bilen üpjün etmegiň meýilnamasy we çaklamalary;
– daşky maslahat berijiler;
– direktorlar maslahaty.

**IX.** Töwekgelçiligiň bahalandyrylyşy:
– işewürligiň gowşak taraplaryny bahalandyrmak;
– täze harytlar we hyzmatlar;
– täze tehnologiýalar;
– töwekgelçiligiň öňüni almagyň meýilnamasy.

**X.** Zerur bolan maýalar, onuň ulanylyşy we yzyna gaýtarylmagy:
– zerur bolan maliýeleşdirmäniň göwrümi;
– maliýe maýasynyň ulanylyşy;
– öz-özüni dolandyrýan möhleti;
– maýanyň yzyna gaýtarylmagynyň guraly (mehanizmi), şertleri we möhleti.

**XI.** Maliýe maglumatlary:
– geçen, şu wagtky we geljekki maliýe ýagdaý baradaky maglumatlar;
– maliýe zerurlyklarynyň jemlenmesi;
– gaznalaryň çeşmeleri, olary ulanmak barada hasabat we meýilnama;
– nagt pul serişdeleriniň hereketi barada hasabat we meýilnama;
– çaklanylýan peýda (3–5 ýylyň dowamynda);
– öz-özüni dolandyrýan nokadyň seljermesi;
– maliýeleriň çeşmeleri we olaryň ulanylyşy.

## *10.2. Işewürlik meýilnamasyny düzmegiň tapgyrlary*

Işewürlik meýilnamasy düzülende aşakdaky tapgyrlara esaslanylmalydyr.

***Birinji tapgyr*** – şereketiň meseleleri kesgitlenilýär.

Işewürlik meýilnamasy ýazylmanka, aşakdaky soraglary anyklamak gerek:
– meýilnamany kim okajak?
– şereket barada näme bilýärler?
– şereket barada nämeleri bilesleri gelýär?
– meýilnamada tapan maglumatlaryny nädip ulanjak bolýar?

Okyjylaryň islegleri şereketiň meseleleri bilen gabat gelmelidir. Ýagny, şereket özi barada haýsy maglumatlary okajylara ýetirjekdigini oňünden anyklamaly. Şol meseleler çözülenden soňra, netijeli we peýdaly işewürlik meýilnamasyny düzmekligiň başyna barsaň hem bolýar.

***Ikinji tapgyr*** – meýilnamanyň garalamasy.

Başda işewürlik meýilnamasynyň maksatlary we meseleleri kesgitlenilýär. Garalamanyň umumy gornüşde ýa-da giňişleýin bolmagy-da mümkin.

Garalama meýilnamasy jikme-jik taýýarlanan halatynda amatly bolup durýar. Sebäbi onuň gutarnykly görnüşi taýýarlanmazdan, şol garalamany peýdalanmak bolýar.

***Üçüni tapgyr*** – garalamany gözden geçirmeklik. Bu tapgyr şereket üçin iň wajyp ugurlaryň kesgitlenilmeginden ybaratdyr.

Işewürlik meýilnamasy şereketi hakyky abraýly we özüne çekiji görnüşinde görkezmelidir. Emma şereketiň häsiýetnamasynda tötänlikler, gaýtalanmalar, biri-biri bilen gabat gelmeýän maglumatlar bolmaly däldir. Ýöne, firma öz pikirlerini köptaraplaýyn we ygtybarly subutnamalar bilen üpjün etmelidir.

Işewürlik meýilnamasynda hökmany suratda başarjaňlyk görkezilmelidir.

***Dördünji tapgyr*** – işewürlik meýilnamasyny ýazmaklyk.

Işewürlik meýilnamasynyň elementleriniň düzülmeginiň tertibi şereketiň işewürlik meýilnamasynyň taýýarlanyşynyň özbaşdak tejribesine garaşlydyr.

Ýeterlik maglumatlary taýýarlamak üçin köp ylmy-tejribeli materiallary öwrenmeklik zerurdyr. Meýilnamanyň taslamasyny derňemekligiň, seljermekligiň, taýýarlamaklygyň, ýerine ýetirmekligiň dowamynda örän gowy we öňdebaryjy pikirleriň ýüze çykmagy mümkin. Bu bolsa öz ýerinde kärhananyň geljekki strategiýasy bolmagy mümkin.

Şereketiň özboluşly başarjaňlygynyň saklanmagy, geljegi bar bolan meýilnamanyň işlenip taýýarlanylmagyna we ösüşine baglydyr. Öz ýerinde, bu bolsa şereketiň işewürlik meýilnamasynyň bar bolan elementlerini netijeli düzmegine ýardam eder.

Işewürlik meýilnamasynyň ahyrky we iň wajyp elementleriniň biri, ol hem işewürlik meýilnamasynyň konsepsiýasyny ýerine ýetirmekdir.

***Bäşinji tapgyr*** – gysgaça maglumat berýän işewürlik meýilnamasyny gutarnykly taýýarlamak. Bu tapgyrda şereketiň esasy hünärmenleri tarapyndan gözden geçirilen işewürlik meýilnamasynyň jikme-jik taslamasy taýýar edilýär, taňkydy bellikler göz öňünde tutulyp, işewürlik meýilnamasy düzedilýär.

***Altynjy tapgyr*** – işewürlik meýilnamasyny gutarmaklyk. Bu tapgyrda işewürlik meýilnamasyny tiz we birbada tamamlamaklyk zerur. Sebäbi, daşky gurşawyň sähelçe üýtgemegi, işewürlik meýilnamasynyň gutarmaklygyna özüniň täsirini ýetirýär.

Esasy babyň başynda işewürligiň gysgajyk beýannamasy berilýär: önümçilik, söwda, hyzmat; pudagyň umumy ýagdaýy we şereketiň şol pudakda tutýan orny; şereketiň hereketiniň netijesiniň esasy sarp edijisini; işewürligiň möwsümleýinligini häsiýetlendirmeli; şereketiň önümçiliginiň az möçberli, ýokary hilli harytlara ýa-da arzan bahadan köpçülikleýin önümlerine gönükdirilmegi.

Bu ýerde gysgajyk işewürlik meýilnamasynyň maksady görkezilýär; haýsy maksatlara we näçe wagtlyk, telekeçä näme serişdeler zerur bolup durýar, edilen goýumlaryň çaklanýan peýdasy görkezilýär.

Işewürlik meýilnamasynyň düzüjisi, şereketiň şowhunlylygyna we girdejililigine näme üçin ynanýanlygyny doly subut etmelidir.

**Şereketiň beýany.**

Karz beriji firma barada hemme zady bilmelidir. Bu bapda şereketiň hemme bölümleriniň özara baglanyşyklylygy we ylalaşyklylygy görkezilýär.

Şereketiň doly beýany berilmelidir, ýagny onuň geçmisi, şu wagtky ýagdaýy we geljegi beýan edilýär.

Şereketiň beýanynyň esasy maddalary: işewürligiň manysy (hereketiniň görnüşi); şu wagtky eýeçiliginiň görnüşi, geljekki maksatlar, patentler, awtor hukuklary, söwda markasy; şereketiň pudakda tutýan orny; şereketiň guramaçylyk görnüşinde garaşylýan üýtgeşiklikler (özgertmeler); eýeleri (döredijiler); esasy inwestorlar (maýadarlar) we ýolbaşçylar; şu wagtky we garaşylýan meseleler we töwekgelçilikler; ätiýäçlandyrma (kim ätiýäçlandyryjy, ätiýäçlanmanyň görnüşi we gymmaty); şereketiň ýerleşişi.

Harydyň we hyzmatyň beýany.

Bu bapda aşakdaky maglumatlar görkezilmelidir:
– önümiň fiziki alamatlarynyň beýany;
– haryt haýsy zerurlyklary kanagatlandyrar;
– bu harydyň beýleki harytlardan tapawudy;
– onuň artykmaçlyklary we kemçilikleri;
– harydy satyn almaklygyň sarp ediji üçin ähmiýeti;

Şereketiň intellektual mümkinçilikleriniň (potensialynyň) bardygyny belläp geçmeli.

## *10.3. Işewürlik meýilnamasynyň önümçilik bölümi*

Önümçilik meýilnamasynyň esasy maksady – mümkin bolaýjak kärdeşlere şereketiň berlen möhletde ýokary hilli önüm öndürip biljek ukybynyň barlygyny, ýagny şereketiň netijeliligini subut etmekden ybaratdyr.

Önümçilik meýilnamasy aşakdaky baplary öz içine girizýär:

a) önümçiligiň tehnologiýasynda önümçilik işiniň beýany, amallaryň yzygiderliligi, önümçiligiň aýratynlyklary (ekologik häsiýetnamasy, howpsuzlygy), önümçilik çykdajylarynyň düzümi, geljekde olary kemeltmegiň usullary görkezilmelidir;

b) goşulan önümiň seljermesi:

– önümi bazarda talap edijilik möhleti (önümiň ýaşaýyş döwri) we önümçiligiň pul ölçegde mukdary;

– önümçilik hereketine täsir edýän daşky sebäpler. Olara aşakdaky sanalyp geçilýän sebäpler degişlidir: ykdysady serişdeleriň çeşmeleri, üpjün edijiler, müşderiler, tehnologiýalaryň üýtgemesi;

ç) meýilnamanyň maýa goýum baby:

– maýa goýum taslamalaryny durmuşa geçirmegiň, işe girizilmege çenli tapgyrlaýyn meýilnamasy we olar üçin tölegleriň geçirilmegi boýunça döwürleýin tertibi;

d) serişdelerde hünärmenler barada we maddy serişdeleriň beýany berilmelidir. Işgärlere, esasanam, dolandyryjy personala, aýratyn gyzyklanma bildirýärler.

## *10.4. Işewürlik meýilnamasynyň guramaçylyk bölümi we menejment*

Bu bölümde dolandyryjy personalyň diňe sanawy berilmän, şol hünärmenleriň näme üçin bile toplananlygyny, olaryň bilelikdäki hereketiniň höwesiniň nämeden ybaratdygyny düşündirmelidir.

Kärhananyň dolandyrylyş düzümi – gulluklaryň aragatnaşygy, kim näme işi ýerine ýetirýär, işleriň dürli görnüşlerini düzgünleşdirmek we gözegçilik nähili ýerine ýetirilýär.

Işgärler boýunça strategiýasy we syýasaty.

Işgärler meselelerinde firmanyň esasy ileri tutýan filosofiýasy barada düşünje bermeli. Bu bolsa öz ýerinde şereketiň özboluşly aýratynlygynyň baş sebäbi bolup durýar.

Bu bölümde işgärleri işe kabul etmek şertleri, aýlyk hakyn möçberi we düzümi görkezilýär, personalyň hünär derejesini ýokarlandyrmak syýasaty beýan edilýär.

## *10.5. Işewürlik meýilnamasynyň marketing bölümi*

Bu bapda kärhana öz önümini ýerleşdirmek üçin bazara, sarp edijä nähili täsir edip biljekdigini doly düşündirmelidir.

Harydy satmak meselesiniň tizleşdirilmekligine gönükdirilen hereketi *marketing* diýip atlandyrylýar, ýagny bu alyjylaryň toparlaryny giňeldip, harydyň satuw bazarynda ýerleşdirilmegi bilen baglanyşykly yzygiderligidir.

Marketing meýilnamasynyň esasy bölümleri:

a) marketing strategiýasy:

– kärhananyň serişdelerini we kuwwatlyklaryny meýilleşdirip, jemläp, iň amatly ugurlarda ulanmaklyk;

– nyrhlaryň emele gelşi barada syýasat;

– önümleri ýerlemegiň taktikasy;

– önümleri ýerlemekden soňky hyzmatlar we kepillendirmeler;

– mahabatlandyrma we bazarda önümi ýerlemegiň syýasaty;

b) önümiň häsiýetnamasy we bazary seljermek:

– ýerläp biljek harytlaryň göwrümini we geljekde onuň ösüş meýillerini bahalandyrmak;

ç) barada bäsdeşligiň derejesi we bäsdeşlik artykmaçlygy:

– bäsdeş önümleriň we hyzmatlaryň deňeşdirme häsiýetnamasy;

– bäsdeş şereketleriň deňeşdirme häsiýetnamasy;

– bazarda bäsdeş ýagdaýyň seljermesi, marketing-strategiýanyň esasy ugurlaryny delillendirmek.

Bu bapda kärhana takyk harytlary satmaklygyň jikme-jik marketing maksatlaryny görkezýär, kärhananyň haýsy bazara gönükdirilendigini, bäsdeşlik ýaryşynyn taktikasy, marketing gaznasyny kesgitleýär.

Bazaryň seljermesi – kärhana degişli pudagyň ýagdaýynyň seljermesinden başlanýar. Munuň ýaly seljerme esasy bäsdeşleri, olaryň güýçli we gowşak taraplaryny ýüze çykaryp, bäsdeşiklik ýaryşyň ýitiligini görkezýär we bäsdeşleriň kärhana edip biläýjek täsirini çaklaýar. Bazaryň seljermesi belli bir möhletiň dowamynda önümiň satuw mukdaryny hasaplamak üçin zerurdyr.

Bu ýerde diňe haýsy bazarda önümiň öz alyjysyny tapyp biljekdigini çaklamaklyga, bazarda şereketiň özüne degişli bölegini (segmenti) bölmekligine synanyşmalydyr.

Telekeçiniň bazaryň tutup biläýjek bölegine segment diýip atlandyrylýar. Şol sebäpli, başda bazaryň umumy möçberiniň göwrümini anyklap, soňra bäsdeşleri göz önüne tutup, segmentini saýlap bolýar.

Bazaryň seljermesinde hökmany suratda bazardaky hyrydarlygy we ondan emele gelýän hödürlemäniň (satuw göwrümini, ýa-da bazara çykaryp biljek harydyň nöçberini) hiç gözden düşürmeli däldir.

Telekeçi hyrydarlygy we hödürlemäni, harydyň nyrhyny, hilini üýtgedip, hödürlenýän hyzmatlary giňeldip, mahabatlandyrma serişdeleri arkaly täsir edip bilýär.

Bazaryň seljermesi, telekeçiniň önümini kime, nirede, näçe göwrümde satyp biljekdigini we satuwçylygyň şol göwrümini üpjün etmek üçin näme işleri amala aşyrmalydygyny görkezmelidir.

Telekeçi özüniň çaklaýan hödürlemesinde önümiň göwrüminiň hakyky bolmaklygy üçin zerur çäreleri görmelidir. Şeýlelikde, işewürlik meýilnamasynda önümiň öz alyjysyny tapmaklygyna degişli çäreleri görkezilmelidir.

### *10.6. Işewürlik meýilnamasynyň maliýe bölümi*

Maliýe meýilnamasy öz içine aşakdaky hasabatlary girizýär:

– işewürligi amala aşyrmakda maliýe serişdeleriniň gerekli möçberini (karz serişdelerini hasaba almak bilen) bahalandyrmak;

– karzlaryň göterimlerini we karzlary üzmek tertibi;

– pul serişdeleriniň beýleki çeşmeleri;

– her haryt we her aýry-aýry bazar boýunça deslapky meýilnamalaryň hasabatlary;

– her bir harydyň satylmagyndan kärhananyň görýän peýdasy ýada ýitgileri, girdejiler we çykdajylar barada hasabat;

– meýilnama (hasabat) boýunça pul serişdeleriniň hereketi;

– taslamanyň ýitgisiz nokady;

– ilkinji dolanyşyk serişdeleri üçin harajatlaryň möçberini hasaplamak;

– kärhananyň maliýe ýagdaýynyň koeffisiýentleri;

– taslamanyň umumy netijeliligi;

– taslamanyň töwekgelçiligini bahalandyrmak. Bu bapda telekeçi öz işewürliginiň töwekgelçiliginiň derejesini we ondan goranmak üçin nähili çäreleri kabul edenligini aýdyn görkezmelidir;

– önümçilik hereketiniň dowamynda girýän we harçlanylýan puluň hasabatyny görkezýär.

## *On birinji bap*

# TOPLUMLAÝYN MALIÝE SELJERMESI

### *11.1. Toplumlaýyn maliýe seljermesiniň mazmuny we wezipeleri*

Bazar gatnaşyklary şertlerinde kärhananyň durnukly, oňaýly ösüş meýlini gazanmaklyk, olaryň daşky gurşawyň üýtgemegine uýgunlaşmak ukyplylygyna baglydyr. Bu bolsa menejmentiň maglumat üpjünçiligi boýunça täze çemeleşmeleri döretmekligi talap edýär. Dolandyryş çözgütlerini kabul etmeklikde toplumlaýyn maliýe seljermesine wajyp orun berilýär.

Toplumlaýyn maliýe seljermesi menejmentiň üpjünçilik ulgamynyň elementi bolmak bilen, kärhananyň işindäki meseleleri ýüze çykarmaklyga we seljermeklige, gündelik we geljekki maliýe ýagdaýyny bahalandyrmaklyga gönükdirilendir. Toplumlaýyn maliýe seljermesi kärhananyň durnukly ösüş strategiýasyny saýlamak boýunça çözgütleri kabul etmek we maliýe ýagdaýyna baha bermek boýunça guralyň ornuny eýelemeli. Ol bir tarapdan, gündelik maliýe ýagdaýy barada maglumat bilen üpjün etmelidir we kärhananyň maliýe ýagdaýynyň ýakymsyz (amatsyz) meýillerini kesgitlemelidir, beýleki tarapdan bolsa, onuň durnukly ösüş mümkinçiliginiň artmak ätiýçlayny bahalandyrmalydyr.

Bu, toplumlaýyn çemeleşme esasynda, toplumlaýyn maliýe seljermesiniň usulyýetiniň we maksatlaýyn gönükdirilenliginiň ösmeginiň obýektiw zerurlygyny öňünden belleýär. Kärhananyň maliýe seljermesine toplumlaýyn çemeleşmeklikde statiki (üýtgemeýän) we dinamiki (üýtgeýän) çemeleşmeleriň birligine esaslanylýar. Statiki çemeleşme hakyky maliýe ýagdaýyny kesgitlemekligi göz öňüne tutýar. Statiki çemeleşmäniň binýatlarynda kärhananyň maliýe ýagdaýynyň gündelik we retrospektiw (öňki döwürleriň) seljerilmegi, strategiýa ornunyň ekspres seljermesi we onuň guramaçylyk-seljerme üpjünçiliginiň emele gelmegi amala aşyrylýar. Dinamiki çemeleşme kärhananyň maliýe ýagdaýynyň meýliniň barlanylmagynda we kärhananyň durnukly ösüş strategiýasynyň (ileri tutmasynyň) maksatlaýyn wektorlary esaslandyrylanda görünýär.

Toplumlaýyn maliýe seljermesiniň zerurlygy gysga we uzakmöhletleýin geljek üçin kärhananyň dürli iş görnüşlerini maliýeleşdirmek barada dolandyryş maliýe çözgütlerini kabul etmekligi we esaslandyrmaklygy maglumat, usulyýet we guramaçylyk taýdan üpjün etmek zerurlygynyň ýüze çykmagy bilen baglylykda talap edilýär. Şonuň üçin hem toplumlaýyn maliýe seljermesiniň obýekti hökmünde kärhananyň maliýe ýagdaýyna işleri täsir edýän içerki we daşarky faktorlaryň maglumatlar ulgamy we ykdysady arkaly şekil alýan prosesleri we onuň işiniň ahyrky maliýe netijeleri bolup durýar. Maliýe seljermesiniň netijesi hökmünde eýeçilik edýän subýektiň durnukly ösüş mümkinçiligini üpjün etmek ukyplylygynyň aňlatmasy bolup durýar.

Toplumlaýyn maliýe seljermesiniň esasy maksady – kärhananyň gündelik maliýe ýagdaýynyň we durnukly ösüş mümkinçiliginiň, geljeginiň bahalandyrylmagynyň hemmetaraplaýyn we obýektiw häsiýetnamasyna berýän has giňişleýin maglumatly şöhlelendirmekdir.

Maliýe ýagdaýynyň toplumlaýyn seljermesiniň mazmunynyň häsiýetnamasy 11.1-nji tablisada berilýär.

*11.1-nji tablisa*

**Toplumlaýyn maliýe ýagdaýynyň seljermesiniň mazmunynyň häsiýetnamasy**

| Gurluş elementleri | Ileri tutulýan aspektleri |
|---|---|
| Esasy maksady | Kärhananyň maliýe ýagdaýynyň we durnukly ösüş strategiýasyny saýlap almak üçin geljekki mümkinçiliginiň meýilleriniň we bahasynyň toplumlaýyn häsiýetnamasy |
| Wezipeler | Tölege ukyplylygynyň seljermesi;<br>Maliýe durnuklylygynyň seljermesi;<br>Maliýe ykdysady işiniň netijeliliginiň seljermesi;<br>Maliýe ýagdaýynyň toplumlaýyn seljermesi |
| Düzgünler toplumy | Maliýe seljermesiniň usullary we tärleri;<br>Beýleki seljerme usullary: deňeşdirme, hasap çykarma, sorag etme, gözegçilik etme, barlama, çaklama |
| Maliýe ýagdaýyny toplumlaýyn seljermegiň ugurlary | Maliýe ýagdaýynyň gysga wagtda seljermesi;<br>Maliýe ýagdaýynyň toplumlaýyn seljermesi;<br>Maliýe ýagdaýynyň reýting boýunça bahalandyrylyşy;<br>Töwekgelçiligiň toplumlaýyn seljermesi |
| Strategiki saýlamagyň alternatiwalary esaslandyrylmagy | Durnukly ösüş strategiýasynyň saýlamak alternatiwasyny bahalandyrmak;<br>Kärhananyň ösüş alternatiw strategiýasynyň saýlamak boýunça seljerme geçirýäniň düşünjesini ýa-da pikirini emele getirmek |

Toplumlaýyn maliýe seljermesiniň usulyýet esasy hökmünde aşakdaky ýörelgeler bolup durýar: maksada gönükdirilmegi, ulgamlaýynlyk, birleşdirilmek, toplumlaýynlyk, deňeşdirip bolýanlylyk we uýgunlaşmaklyga ukyplylyk derejeleri.

Maksada gönükdirilenlik ýörelgesi toplumlaýyn maliýe seljermesiniň araçäklerini kesgitli çäklendirmekligi, netijeleriň anyklygyny we salgysynyň dogrulygyny göz öňünde tutýar, ýagny toplumlaýyn maliýe seljermesi anyk maksada ýetmeklige ymtylmalydyr. Maksatlar görnüşleri boýunça çäklendirilmedik (durnukly ösüş potensialynyň maksatlaýyn gözükdirmeleri); çäklendirilen (kärhananyň işjeňleriniň we passiwleriniň ýagdaýynyň indikatory, düşewüntlilik derejesi) we aralykly iň ýokardan iň pes (minimal) aňlatma çenli çäklendirme; hakyky maksatlar – kärhananyň durnukly ösüşiniň mümkinçiligini kesgitleýär.

**Ulgamlylyk ýörelgesi** kärhananyň toplumlaýyn maliýe seljermesiniň her bir ugurlary we elementleri boýunça özara gatnaşygy üpjün etmekligi göz öňünde tutýar. Munuň özi, toplumlaýyn maliýe seljermesiniň wezipelerini çözmekligiň, diňe onuň düzüminiň umumy meýillerine baha bermekligiň netijeleriniň esasynda ýerine ýetirilýändigini, ýagny görkezijileriň biriniň üýtgemeginiň beýleki görkezijileriň netijeliligine we umuman durnukly ösüş potensialyna täsir edýändigini aňladýar. Maliýe ýagdaýyň elementlerini barlamakda ulgamlylyk ýörelgesini durmuşa geçirmek, dört sany blok edilip getirilen toplumlaýyn maliýe seljermesiniň köp derejeli gurluşyny göz öňünde tutýar: (1) toplumlaýyn maliýe seljermesiniň maksatlaýyn wezipesi; (2) kärhananyň maliýe ýagdaýynyň ekspres-seljermesi; (3) toplumlaýyn maliýe seljermesiniň guramaçylyk-seljerme üpjünçiligi; (4) kärhananyň durnukly ösüş strategiýasyny reýting boýunça esaslandyrmak we bahalandyrmak üçin toplumlaýyn maliýe seljermesiniň netijeleriniň kysymy. Toplumlaýyn maliýe seljermesiniň düzüm-logiki shemasynyň grafiki arkaly düşündirilişi 11.1-nji tablisada berilýär.

Konsepsiýa laýyklykda 11.1–11.2-nji suratlarda toplumlaýyn maliýe seljermesiniň her bir blogunyň ýörelge häsiýetnamasy, onuň

köpbasgançaklylyk derejeleri we usullary esaslandyrylýar. Her bir blok birnäçe şahsy usullaryny we görkezijilerini birleşdirýär, olar dolandyryş çözgütleriniň gurluşyny kysymlaşdyrmak we olary bahalandyrmak üçin ulanylýar. Toplumlaýyn maliýe seljermesiniň çaklama-anyklaýyş wezipelerini ýerine ýetirmek üçin aşakdakylar kesgitlenilýär: guramaçylyk-seljerme binýadynyň emele gelmeginiň gurşawy (derejeleri), subýektleri, obýektleri, yzygiderliligi we kärhananyň durnukly ösüş boýunça maliýe çaklamalaryny düzmek üçin toplumlaýyn maliýe seljermesiniň netijelerini kysymlaşdyrmak hadysalary.




**11.1-nji surat. Toplumlaýyn maliýe seljermesiniň gurluş-logika shemasy**

Olaryň arasyndaky özara gatnaşyk, toplumlaýyn maliýe seljermesiniň ileri tutulmagyny kesgitlemek üçin çalt-selejrme netijeleriniň ulanylýandygy bilen baglylykda üpjün edilýär. Ylmy taýdan aň ýetiriş usulyýetinden we logikasyndan netije çykarylyp, bu barlagda esasy üns toplumlaýyn maliýe seljermesiniň aşakdaky tapgyrlarynda

jemlenýär: maksatlar daragtyny döretmek we wezipeleri bellemek; maglumatlar binýadyny taýýarlamak, seljerme usulyny we tärlerini saýlap almak; maglumatlar bankyny döretmek; kärhananyň durnukly ösüşi boýunça maliýe çaklamalaryny düzmek üçin maglumatlary test etmek we üýtgetmek.

Toplumlaýyn maliýe seljermesiniň guralynyň gurluş derejesi, ony esasy düzýänleriň özara gatnaşyklarynyň anyklygy bilen gazanylýar: maksatlary, maksatlaryň arasyndaky gatnaşyklaryň beýan edilmek mümkinçiligi, seljerme işleriniň we maliýe ýagdaýynyň her bir esasy bahasynyň bahalandyryş alamatlarynyň kesgitlemesi. Bu bolsa degişlilikdäki hakykaty we kärhananyň durnukly ösüş potensialynyň geljegini has anyk bahalandyrmaga ýardam berýär.

**Birleşmeklik (integrasiýa) ýörelgesi** – durnukly ösüş mümkinçiliginiň toplumlaýyn seljerilmeginde we bahalandyrylmagynda, gollanylmagy zerur bolan esasy düzgündir. Kärhananyň durnukly ösüş boýunça esasy wezipesi hökmünde nyrhlary durnukly saklamak we ony ösdürmek bolup durýanlygy sebäpli, toplumlaýyn maliýe seljermesi kärhananyň dürli segmentlerinde maliýe ýagdaýyny aýratynlykda ýa-da umumy adalatly şekillendirýän elementleri we usullary birleşdirmelidir. Bu ýörelgäni amala aşyrmak, özara gatnaşyklary seljerilýän we bahalandyrylýan özbaşdak görkezijileriň esasynda emele gelen birleşdirilen görkezijileri işläp taýýarlamak we ulanmak görnüşinde hödürlenilýär. Toplumlaýyn maliýe seljermesiniň netijesini ulanmaklyk, kärhananyň amallaýyn, maliýe we maýa goýum iş ugurlary boýunça çözgütleri kabul etmekligiň deňagramly bolmagyna, edil şonuň ýaly hem kärhananyň maksadalaýyk durnukly ösüş strategiýasyny saýlamak boýunça çözgütleriň kabul edilmegine hem ýardam berýär.

**Toplumlaýynlyk ýörelgesi** – maliýe ýagdaýyna toplumlaýyn baha bermekligiň, kärhananyň maliýe ykdysady işiniň hil – möçberleýin häsiýetnamasynyň indikatory bolup durýandygyny aňladýar. Şunuň ýaly toplumlaýynlyk, birinjiden, köp jähetden – maliýe ýagdaýyny düzüjilere jemi baha bermek (töleg tölemeklige ukyplylyk, maliýe – ykdysady işiniň netijeliligi); ikinjiden, birnäçe esasy deňeşdirmeleri seljerme netijeleri bilen deňeşdirmekligiň esasynda toplumlaýyn

maliýe seljermesiniň tertibiniň köp görnüşliligi (pudaklaýyn, beýleki kärhanalar); üçünjiden, baha bermekligiň köp – toplumlaýyn maliýe seljermesiniň görkezijilerini saýlamaklyk maglumatlardan peýdalanyjylar tarapyndan wajyplyk ýörelgesi boýunça ölçelýär; dördünjiden, hödürlemek görnüşinde - maliýe ýagdaýynyň toplumlaýyn seljermesiniň we reýtingine baha bermekligiň netijelerini kärhananyň durnukly ösüşi boýunça maliýe çaklamalaryny işläp taýýarlamak üçin iş tertiplerini kysymlaşdyrmagyň hasabyna ulanmak arkaly gazanylýar.

**Deňeşdirmek ýörelgesi** pudagyň kärhanalarynyň, bäsdeşleriň birmeňzeş görkezijilerini deňeşdirmekligi göz öňünde tutýar. Bu ýörelgäni amala aşyrmaklyk 11.2-nji suratda reýtinge baha bermek usulyýetini işläp taýýarlamak görnüşinde hödürlenýär.

**Uýgunlaşmaklyga ukyplylyk ýörelgesi** kärhananyň durnukly ösüşi boýunça maliýe çaklamalarynyň görkezijilerini we dolandyryş çözgütlerine düzediş girizmek maksady bilen, toplumlaýyn maliýe seljermesiniň netijelerini hemişe bahalandyrmaklygy we olaryň monitoringini göz öňünde tutýar. Munuň özi toplumlaýyn maliýe seljermesiniň ulgamyň çarçuwalary bilen çäklendirilmeýänligini, ýagny maglumatlar bankynyň döredilmeginde daşky gurşawyň üýtgeýiş ýagdaýyny göz öňünde tutmak we seljerme maglumatlaryna öz wagtynda düzediş girizmek zerurdyr. Durnukly ösüş mümkinçiliginiň geljegini çaklamak we kärhananyň ileri tutmalaryny emele getirmek üçin aýratyn çemeleşmeklige esaslanylan ýörite hasaplamalaryň birnäçe görnüşleriniň geçirilmekligini talap edýär.

Logika boýunça yzygiderlilikde birleşdirilen ýörite işleriň jemi seljerme geçirmek usulyýeti diýilip atlandyrylýar. Esasy seljerme işleri hökmünde aşakdakylar bolup durýar:

– kärhana tarapyndan kesgitlenen maliýe hasabatlylygynyň hakyky bahalary bilen meýilleşdirilýän görkezijilerini deňeşdirmek;

– hakyky görkezijileri seljerme geçirýänler tarapyndan kesgitlenen çaklama görkezijileri bilen deňeşdirip görmek;

– ösüş meýilleri görkezijileri barlamak;

– gündelik döwrüň otnositel koeffisiýentlerini we ösüş meýilleri seljermesini hasaplamak;

– pudagyň maglumatlary bilen deňeşdirmek;

– buhgalterlik maglumatlar bilen deňeşdirmek (maliýe hasabatlylygynyň düzümine girmeýän maglumatlar bilen deňeşdirmek).

Deňeşdirmekligiň seljerme usullaryny ulanmak babatynda barlagyň dowamynda göz öňünde tutmak zerur bolan birnäçe ähmiýetli ýagdaýlary bellemek gerekdir, has takygy, pudagyň ortaça görkezijileri bilen kärhanalaryň görkezijilerini deňeşdirileninde, olaryň deňeşdirip bolýan derejesine hasap syýasatynyň täsirini göz öňünde tutmak zerurdyr.

Maliýe görkezijileriniň üýtgeýşine baha berlende, mümkin bolan üýtgemeleriň täsiri (meselem, hasabat ýylynda çaltlandyrylan hasaplaýyş usuly boýunça könelmäniň hasaplanyş düzgünleriniň üýtgemegi), salgyt kanunçylygynyň üýtgemegi (girdeji salgydynyň ornuna ýeke-täk kesgitli dolanyşyk salgydynyň girizilmegi). Kärhananyň maliýe hasabatlylygynyň maglumatlarynyň buhgalterçilik däl maglumatlar bilen deňeşdirme usulynyň ulanylan ýagdaýynda, seljerme geçirýän ulanylýan maglumatyň hakykylygyna we deňeşdirip bolýanlygyna göz ýetirmelidir.

Kärhananyň toplumlaýyn maliýe seljermesiniň maslahat berilýän konsepsiýasy ulanyjylaryň dürli toparlarynyň gyzyklanmalaryna esaslanýar:

– kärhananyň ykdysady ösüş çygrynda strategik çözgütleri esaslandyrmak üçin hususyýetçiler bilen;

– dolandyryş çözgütlerini kabul etmek üçin menejerler bilen;

– karz bermek baradaky çözgüdi esaslandyrmak üçin karz beriji bilen;

– maýalaşdyrmaklygyň maksadalaýyklygy baradaky maýa goýum çözgütlerini taýýarlamak üçin maýadarlar bilen döwlet gyzyklanmalarynyň berjaý edilşine baha bermek üçin döwlet dolandyryş edaralarynyň wekilleri bilen (salgyt kanunçylygy, töleg tölemeklige ukyplylygyny dikeltmek üçin zerur bolan döwlet tarapyndan berilýän goldawyň şertlerini bahalandyrmak we ş.m.);

– şertnamalaýyn düzgün-tertibi berjaý etmek üçin hyzmatdaşlar we kontragentler bilen.

Toplumlaýyn seljerme boýunça işlenilip taýýarlanylan usulyýet, çykyş görkezijileriniň ýeke-täk klassifikasiýasyna we kärhananyň maliýe ýagdaýynyň birleşdirilen görnüşde bahalandyrylmagyna

esaslanýar. Toplumlaýyn maliýe seljermesiniň esasy häsiýetnamalarynyň mazmuny: kärhananyň durnukly ösüş strategiýasynyň maýyşgaklygy we maliýe ykdysady işiniň netijeliligi, maliýe taýdan mäkämlige, töleg tölemeklige ukyplylygy.

## *11.2. Maliýe hasabatlylygynyň maglumatlary boýunça kärhananyň maliýe ýagdaýynyň gysga döwürli seljermesi*

Maliýe ýagdaýynyň seljermesi esasan hem maliýe hasabatlylygynyň maglumatlary boýunça amala aşyrylýar. Kärhananyň maliýe ýagdaýynyň deslapky bahalandyrylyşy çalt seljermäniň esasynda ýerine ýetirilýär. Çalt seljermäniň esasy ýörelgeleri hökmünde: hasaplamak üçin has möhüm bolan we degişlilikde çylşyrymly däl esasy görkezijileriň ulgamyny saýlamak; hojalygy dolandyrmak işinde kynçylykly ýagdaýlary ýüze çykarmak; barlagyň haýsydyr bir aýratyn ugruna jikme-jik seretmekligiň maksadalaýyklygy baradaky netijeleri emele getirmek.

Kärhananyň maliýe ýagdaýyny bahalandyrmak işi bilen seljerme geçirýänler we garaşsyz auditorlar barlaglar, edil şonuň ýaly-da kärhana babatynda içerki taraplar (maliýe bölüminiň we buhgalteriýanyň işgärleri) meşgullanyp bilýänligi bilen baglylykda, seljerme özüniň yzygiderliligi ýa-da birnäçe tapgyrlarynyň bolmagy bilen tapawutlanyp biler.

Çalt seljermäniň esasy logikasy ahyrky maksady gazanmaklyga gönükdirlen birnäçe yzygiderli hereketleriň ýerine ýetirilmeginde jemlenýär we ol dört tapgyrdan taýýarlaýyş, syn, seljerme, jemleýji tapgyrlardan ybaratdyr.

Çalt seljermäniň birinji tapgyry aşakdakylary öz içine alýar:

a) kärhananyň hereket etmeginiň umumy şertleri bilen tanyşmak (kärhananyň iş görnüşlerine seredip geçmek, önümçilik iş tertibiniň, bäsdeşlik gurşawynyň aýratynlyklaryna garamak we ş.m.);

b) bar bolan ýagdaýynda buhgalterlik hasabynyň we kärhanadaky maliýe hasabatlylygynyň hereket edýän kanunçylyga hemde maliýe hasabatlylygynyň we hasap ýöretmekligiň talaplaryna degişli edilen ýörelgelere laýyklygy baradaky auditorlyk netijenamany öwrenmek.

Adatça, seljerme geçirýänler, neşir edilen buhgalterlik hasabatlylygyna goşulýan auditorlyk netijenamanyň jemleýji bölümi bilen gyzyklanýarlar, sebäbi bu bölümde maliýe hasabatlylyk baradaky auditoryň pikiri bolýar.

Türkmenistanda ulanylýan halkara audit standartlary bilen düzgünleşdirilen auditorlyk netijenamalaryň birnäçe görnüşleri bardyr.

**Oňaýly (standart) auditorlyk netijenamada**, auditoryň ulanylýan maliýe hasabatlylygynyň konseptual esaslaryna laýyklykda, ähli möhüm jähitleri boýunça maliýe hasabatlylygynyň düzülendigi baradaky ynamyny görkezýändigi şübhesizdir.

**Oňaýly (položitel ýa-da standart) auditorlyk netijenamanyň düşündiriş bölümi**, auditoryň ulanylýan maliýe hasabatlylygynyň konseptual esaslaryna laýyklykda, ähli möhüm jähitleri boýunça maliýe hasabatlylygynyň düzülendigi, şeýle hem auditoryň eýeçilik edýän subýekt baradaky maglumatlaryna ters gelmeýändigi (muňa aýry-aýry hadysalar we amallar boýunça düýpli ynamsyzlygyň bolmagy degişli däldir) baradaky ynamyny görkezýändigi şübhesizdir.

**Şertli-oňaýly (standart däl) auditorlyk netijenama** görnüşi üýtgedilen auditorlyk netijenama degişlidir. Ol oňaýly netijenama bermek mümkinçiliginiň bolmadyk ýagdaýynda berilýär, emma şunda eýeçilik edýän subýektiň ýolbaşçylary bilen maliýe hasabatlylygynyň tabşyrylmagy ýa-da auditiň çäklendirilmegi boýunça haýsydyr bir närazylygyň täsir etmegi, ýaramaz netijenama bermek ýa-da pikirlerini beýan etmekden ýüz döndürmek üçin sebäp bolar ýaly uly derejede ähmiýetli däldir.

**Ýaramaz auditorlyk netijenama,** auditoryň barlanylýan eýeçilik edýän subýekt baradaky maglumatlaryna düýpli ters gelýän ýa-da ulanylýan maliýe hasabatlylygynyň düýp esaslaryna laýyklykda, ähli wajyp jäht boýunça maliýe hasabatlylygynyň düzülmändigini görkezýär.

**Auditoryň pikirini beýan etmekden ýüz döndürmegi** auditoryň öz pikirini beýan etmekden audit geçirilmegi boýunça düýpli çäklendirmeleriň ýa-da närazylygyň netijesindäki ýüz öwürmek görnüşi bolup durýar, şol çäklendirmeler bolsa öz gezeginde anyk subutnamalary almak we degişlilikde maliýe hasabatlylygy barada pikirini aýtmak mümkinçiligini bermeýär.




**11.2-nji surat. Maliýe ýagdaýynyň ekspres seljermesiniň gurluşy**

Auditorlyk barlagy şol kärhana bilen işewürlik gatnaşyklaryny etmekligiň maksadalaýyklygy baradaky çözgüdiň kabul edilmegini ýeňilleşdirýär, ýöne ol hiç bir ýagdaýda onuň ygtybarlylygynyň we gurplulygynyň şübhesiz kepili hökmünde kabul edilmeli däldir. Auditorlar hasabat maglumatlarynyň anyklygy barada özleriniň hünärmenlik pikirlerini aňladýarlar, emma olar öz müşderileriniň işiniň netijeleriniň kepili bolup durmaýarlar. Şeýle hem hasabat maglumatlaryny taýýarlamak boýunça ähli jogapkärçiligiň auditorlaryň üstüne däl-de, audit etmeklige degişli bolan we hasabatlylygy barlanýan kärhananyň ýolbaşçylarynyň üstüne ýüklenýändigini ýatda saklamak gerekdir.

Auditorlyk netijenamasynyň bolmazlygy ýa-da oňaýlydan tapawutlanýan auditorlyk netijenama bolan ýagdaýynda, seljerme geçirilende

alnan ol ýa-da beýleki bahanyň nädogry çykmagynyň mümkinligini göz öňünde tutmak gerekdir, sebäbi ol barlanylmadyk ýa-da ýoýulan maglumatlara esaslanýar.

Hasabatlylygyň gaýtadan işlemeklige we seljerme geçirilmegine taýýarlygyny barlamaklyk uly jogapkärçilikli häsiýete eýe däldir, ol aşakdaky formal alamatlar boýunça hasabatlylygyň wizual we hasap barlagynda jemlenýär:

– ähli zerur bolan görnüşleriň we goşundylaryň berilmegi;
– rekwizitleriň we gollaryň bolmagy;
– doldurylmagynyň dogry we düşnükli bolmagy;
– walýuta balansynyň we aralyk jemleriň dogrulygy;
– esasy barlag deňeşdirmeleriň görkezijileriniň ýerine ýetirilmegi we özara baglanyşmagy.

Maliýe hasabatlylygyny düzmekligiň medeniýeti, hasabat taýýarlan kompaniýanyň öz üniň nukdaýnazaryndan bolşy ýaly, onuň daşarky kontragentleriniň nukdaýnazaryndan hem işewürligi üstünlikli ýöretmekligiň ähmiýeti az bolmadyk faktory bolup durýar. Birinjiden, gowy gurlan hasabat kärhananyň ýolbaşçylaryna we onuň eýelerine kärhananyň iş ýagdaýlaryna, maliýe-hojalyk işinden alnan netijelerine täzeçe garamaklyga, onuň geljekde ösmegi boýunça belli bir karara gelmeklige mümkinçilik berýär. Ikinjiden, kärhananyň kontragentleri üçin maliýe hasabatlylygy esasan hem şol kärhana bilen özara hereket etmekligiň mümkinligini we ykdysady taýdan maksadalaýyklygyny tassyklaýan esasy maglumat resminamasydyr. Üçünjiden, hasabat kontragentiň önümçilik gatnaşyklaryny gurnamagynda birinji ädimi – mahabatlandyrmaklygyň özboluşly usuly, şeýle-de bolup biläýjek hyzmatdaşyň ýyllyk buhgalterçilik hasabaty bilen tanyşmak mümkinçiligi barada soragnama bolup durýar. Şonuň üçin hem hasabat nähili derejede sowatly we özüne çekiji düzülmegi, hyzmatdaşlyk etmek baradaky geljekki gepleşikleriň netijeleri belli bir derejede garaşly bolup biler.

Başga sözler bilen, ýyllyk hasabat – munuň özi kärhananyň özboluşly çagyryş kartoçkasydyr, şol boýunça hem ilkinji, käwagtlar bolsa kärhana baradaky aýgytly pikir düzülýär. Daşarky seljerme geçirýäniň (haryt bilen üpjün ediji, karz beriji we beýlekiler) pikir ýöredişiniň logikasy örän düşnüklidir: eger-de, edil şol döwürde hasabaty seredilýän bolup biläýjek kontragent, hat-da özüniň “Çagyryş kartoçkasynyda” kada laýyk gelýän görnüşde hödürläp bilmeýän bolsa (wagt ýok, wajyp

diýip hasaplamaýar, resmileşdirmek üçin çykaryljak pula gynanýar, adaty sowuk-salalyk), onda şunuň ýaly hyzmatdaşlyk işewürliginiň ýeterlik derejededigine megerem, ynam edip bolmasa gerek.

*Şuny ýatda saklamak gerekdir, ýagny geçirilen seljermäniň netijesi boýunça kabul edilen islendik netije we iň bir gymmatly hödürnama, eger-de resminamalar barlanylmadyk, ýa-da degişli görnüşde taýýarlanylmadyk bolsa, şübhä sezewar edilip bilner.*

Ikinji tapgyryň maksady (hasabatlylygyň deslapky syny) – iş şertlerini bahalandyrmaklyga, kärhananyň hasap syýasatyny açyp görkezmeklige (meselem, esasy gaznalaryň, maddy däl aktiwleriň könelme tertibi, ätiýaçlyklaryň çykmagyny hasaba alyş usuly, girdejileri we çykdajylary ykrar etmek, ätiýaçlyklary döretmek we beýlekiler), iş boýunça esasy görkezijileriň tendensiýasyny, hasabat döwründe kärhananyň emläk we maliýe ýagdaýynda hili boýunça üýtgemelerini kesgitlemeklige mümkinçilik berýän goşmaça maglumatlardan ybarat bolan soňky birnäçe ýyllaryň maliýe hasabatlylygy, buhgalterlik we dolandyryş hasabynyň maglumatlary, hasabat boýunça bellikler we beýleki düşündiriş resminamalary bilen tanyşmaklykdyr. Düşündirişler aşakdaky goşmaça maglumatlary görkezip biler:

– esasy serişdeleriň aýry-aýry görnüşleriniň maddy däl we beýleki aktiwleriň hereketini we bolmagyny, olaryň ulanylmagy boýunça çäklendirme girizilmegi;

– maliýe maýa goýumlarynyň bolmagy we hereketi;

– debet we karz algy–bergisiniň bolmagy we hereketi;

– hususy maýasyndaky üýtgemeler;

– kärhana tarapyndan goýberilen we nominal bahasy dolulygyna ýa-da bölekleýin tölenen paýnamalarynyň möçberini, şeýle hem eýeçilik edýän subýektiň goşmaça emissiýalary öndürmek ýa-da hususy paýnamalaryny satyn almak maksadyny;

– ätiýaçlyklaryň aýry-aýry görnüşleriniň bolmagy we hereketi (garaşylýan çykdajylaryň we tölegleriň ätiýaçlygy, şübheli karz ätiýaçlygy);

– iş görnüşleri we geografik segmentler boýunça önümleriň (harytlaryň, işleriň, hyzmatlaryň) ýerleniş göwrümleri;

– önümçilik üçin çykdajy düzümi (dolanyşyk harajatlary);

– beýleki we ýerlenilmekden daşyndaky çykdajylaryň we girdejileriň düzümi;

– borçnamalaryň, çykdajylaryň we töleglериň üpjün edilmeginiň berlen we alnan islendik görnüşi;

– hasabat döwründe kärhanada pul serişdeleriň bolmagyny, gowuşmagyny we harçlanmagyny häsiýetlendirýän pul serişdeleriniň hereketi we maliýe maglumatyndan peýdalanyjylara çözgüt kabul etmekde peýdaly bolup biljek eýeçilik edýän subýektiň maliýe-hojalyk işiniň düýpli jähtleri boýunça beýleki düşündirişler.

Alnan goşmaça maglumatlaryň arasyndan seljerme geçirmek üçin gyzyklanma döredýän we hasaplaşyk görnüşleri boýunça toparlanýan görnüşi saýlanylyp alynýar. Bu tapgyryň esasy maksady bolsa, kärhananyň has ähmiýetli gurluş-emläk üýtgemelerini ýüze çykarmakdyr.

Buhgalterçilik deňlemesiniň (balansynyň) seljermesi aşakdakylara mümkinçilik berýär:

– guramalaryň özleriniň hususy dolanyşyk serişdeleri bilen üpjünçilik derejesini kesgitlemek;

– olaryň dolanyşyk serişdeleriniň ulylygynyň haýsy maddalaryň hasabyna üýtgänligini anyklamak;

– seljerme görkezijileriniň hasaplamalary bolmasa-da, guramanyň umumy maliýe ýagdaýyny bahalandyrmak.

Esasy görkezijileriň tendensiýalaryny seljermek bilen, käbir ýoýujy faktorlaryň, hususan hem hümmetsizlenmekligiň täsirini göz öňünde tutmak zerurdyr. Ondan başga-da, maliýe hasabatlylygynyň birnäçe çäklendirmelere eýedigini ýatdan çykarmaly däldir:

1. Maliýe hasabatlylygy kärhananyň işini we maliýe ýagdaýyny belli bir senä görä häsiýetlendirýär, ýagny edil şol pursatda ulanylýan hasap syýasatyna laýyklykda kärhananyň nähili görnüşe eýedigi baradaky soraga jogap berýär. Ýöne şunuň ýaly ýagdaýyň nämäniň netijesinde emele gelendigi baradaky soraga jogap bermeýär. Munuň üçin diňe bir goşmaça maglumat çeşmelerini çekmeklige esaslanmak bilen çäklenmän, eýsem hasabatlylykda şekillendirilmedik birnäçe faktorlaryň (hümmetsizlenmek, hyzmatdaşlaryň maliýe kynçylyklary we beýlekiler) düşünilmegine hem esaslanylan has çuň seljerme geçirilmegi talap edilýär.

2. Hasabatlylyk maglumatlary boýunça seljerme görkezijileriniň birnäçesini hasaplamak mümkindir, emma olaryň hemmesi,

eger-de olar hiç bir zat bilen deňeşdirilmese, peýdasyz hem bolup bilerler. Şonuň üçin hem görkezijileriň ösüş meýliniň seljermesi geçirilmelidir we mümkinçilige görä, şol sebitde işleýän şol pudagyň kärhanalary boýunça birmeňzeş görkezijileriň syn edilmegi bilen üsti ýetirilmelidir. Şeýle hem kärhananyň maliýe netijesiniň emele gelmeginde täsir eden çykdajylaryň, faktorlaryň gurluşynyň üýtgeýiş dinamikasy seljerilmelidir.

Üçünji tapgyr (seljerme), hojalyk işiniň aýratynlyklarynyň netijesi we beýany boýunça umumylaşdyrylan baha almaklyga mümkinçilik berýän görkezijileriň hem-de koeffisiýentleriň hasaplanmagyny we seljermesini göz öňünde tutýar. Şunda aşakdaky seljermeler göz öňünde tutulýar: serişdeleriň, goýumlaryň (aktiwleriň) çeşmeleri, olaryň gurluşy, hususy we çekilen serişdeleriň ulanylmagynyň netijeliligi.

Balansyň seljerilmegi üçin üç usulyň birinden peýdalanmak mümkindir:

1. Balans maddalarynyň düzümini deslapky üýtgetmezden, gönüden-göni balans boýunça seljermesini geçirmeli.

2. Elementleriniň düzümi boýunça käbir birmeňzeş balans maddalarynyň umumylaşdyrylmagy we olaryň gaýtadan ýerleşdirilmegi arkaly seljerme balansyny gurmak.

3. Balansdan sazlaýjy maddalary arassalanmagyny we soňy bilen zerur bolan seljerme bölümlerinde olary umumylaşdyrmaklygy geçirmeli.

Bu tapgyrda çalt seljermäni umumylaşdyrylan balansy gurmakdan başlamaklyk maksadalaýykdyr.

Birinjiden, umumylaşdyrylan balans kärhananyň emläk-gurluş ýagdaýyny has jemlenen görnüşde görmeklige mümkinçilik berýär;

Ikinjiden, umumylaşdyrylan balansyň maglumatlary dürli görkezijileriň we koeffisiýentleriň hasaplanylmagy üçin ulanylýar;

Üçünjiden bolsa, hojalygyň ýagdaýyny üýtgedip gurmaklygyň bu tapgyrynda näme has wajyp bolup durýandygyny görkezýär. Umumylaşdyrylan balans daşary ýurtly karzdaryň ýa-da maýadaryň hem ilkinji nobatda tanyşmaklyga isleg bildirjek resminamasydyr, sebäbi bu balansyň görnüşi, buhgalterlik hasabynyň

Düzgünnamalarynda (standartlarynda) düzgünleşdirilen hasabat görnüşlerinden tapawutlylykda, maliýe hasabatlylygyny düzmekligiň Günbatar ýurtlaryň standartlaryna has ýakyndyr.

Umumylaşdyrylan balans düzmekligiň esasynda ýüze çykan maliýe-emläk ýagdaýynyň manysyna balansyň maglumatlaryny uýgunlaşdyrmak ýoly bilen baş çykarmaklyga we seljerme geçirilýän kärhananyň tendensiýalaryna dogry düşünmeklige mümkinçilik berýän maglumatlary toparlama boýunça ýörite usul ýatyr.

"Umumylaşdyrma (агрегирование)" düşünjesi haýsydyr bir alamatlar boýunça görkezijileri birleşdirmekligi, ulaltmaklygy aňladýar. Onuň zerurlygynyň sebäbi hakykat ýüzünde bar bolan ykdysady obýektleriň dürli görnüşleriniň hemmesini, ylaýta-da olaryň arasyndaky gatnaşyklary we özara garaşlylygy öz içine alyp görkezýär. Umumylaşdyrma işiň dürli ugurlarynda ulanylýar, mysal üçin, dolandyrmada. Aýratyn düzüm birliginiň iş görkezijileri ugur boýunça işleriň netijelerini almak üçin toparlara bölünýärler, ýagny öz gezeginde kärhananyň iş görkezijilerine birleşýärler.

Balans gurluş hökmünde däl-de, seljerme geçirmek üçin amatly boljak görnüşde umumylaşdyrylmagy mümkin bolan maglumatlar toplumy hökmünde has gyzyklydyr. Umumylaşdyrylan balansyň gurluşy dürli-dürli bolup biler. Emma onuň düzülişi boýunça bildirilýän umumy talap hökmünde şunuň ýaly düzülen görnüş balansyň mazmunyny üýtgetmeli däldiginden we şol bir wagtyň özünde onuň maglumatlary barada has aýdyň düşünje bermelidiginden ybaratdyr.

Maliýe seljermesindäki umumylaşdyrylan balansyň wajyp aýratynlygyny belläp geçmek gerekdir. Maglumatlaryň ulaldylmak derejesi, olaryň serljerme geçirmek üçin ýaramlylyk derejesini kesgitleýär. Maglumatlar näçe köp umumylaşdyrylsa, şonça-da geçirilýän seljermäniň hili pes bolar. Tejribede mälim bolan ähli formatlar üçin ýeke-täk umumylaşdyryş algoritminiň ýokdugyny aýratyn belläp geçmek gerekdir. Şunuň ýaly umumylaşdyryş geçirmek bilen, uzak möhletleýin we gysgamöhletleýin aktiwleri we passiwleri görnüşlere bölmekligiň esasynda, geljekki seljermede logika we sagdyn pikire gollanmak zerurdyr. Kärhananyň işindäki ýetmezçilikler baradaky maglumatlar gönüden-göni buhgalterlik hasaplarynda

aýdyň ýa-da gümürtik görnüşde bolmagy mümkindir. Birinji ýagdaý, haçan-da hasabatlylykda “keselli” maddalar bolan ýagdaýynda ähmiýete eýedir, olary şertli iki topara bölmek mümkindir:

1) Hasabat döwründe kärhananyň örän kanagatlandyrarsyz işleýändigine we şonuň netijesinde erbet maliýe ýagdaýyna şaýatlyk edýän maglumatlar.

2) Kärhananyň işinde kesgitli ýetmezçilikler hakynda şaýatlyk edýän maglumatlar.

Birinji topara “Geçen ýyllaryň ýapylmadyk ýitgileri”, “Hasabat döwrüniň ýapylmadyk ýitgileri” degişlidir.

Ikinji topara, hususan-da, aşakdaky maddalar degişlidir:

– “Debitorlar bilen harytlar (işler, hyzmatlar) boýunça hasaplaşyklar”, ol özüni ödemedik debitorlyk bergilerini öz içine alýar;

– “Beýleki amallar boýunça işgärler bilen hasaplaşyklar”, onuň esasynda debitorlyk bergisi ýetmezçilik, zaýalama, ogurlyk bolan ýagdaýynda maddy taýdan jogapkär şahslar bilen hasaplaşyk görnüşinde görkezilip bilner;

– “Beýleki aktiwler”, ol balansdan bellenen tertipde hasapdan öçürilmedik haryt-maddy gymmatlyklaryň zaýalanmagy bilen baglylykdaky ýetmezçilikleri we ýitgini öz içine alyp biler;

– “Harytlar we hyzmatlar üçin karzdarlar (kreditorlar) bilen hasaplaşyklar”, oňa özüni ödemedik karzdarlyk (kreditorlyk) bergileri girýär.

Bu pullaryň ýüze çykmagynyň sebäpleri dürli-dürli bolup biler. Ýöne welin, olaryň meýliniň ösýänligi görünýän bolsa, munuň özi kärhanada içerki gözegçiligi we hasap ýöretmekligi guramakda çynlakaý ýetmezçilikler bardygyna şaýatlyk edýär.

Işdäki ýetmezçilikler birnäçe balans maddalarynda gümürtik, düşnüksiz görnüşde görkezilýär, bu bolsa içerki seljerme geçirmekligiň çäklerinde gündelik hasap ýöretmekligi ulanmak arkaly ýüze çykarylyp bilner. Bu balans düzmekligiň öňden bar bolan usulyýeti bilen talap edilip, şoňa laýyklykda birnäçe balans maddalary toplumlaýyn bolýar.

Soňra seljerme geçirilýän döwür üçin walýuta balansynyň üýtgemeginiň bahalandyrylmagy geçirilýär. Şu ýerde walýuta balansynyň jemlerini hasabat döwrüniň başyna we ahyryna görä

deňeşdirmek bilen (ýitgi mukdaryny azaltmak bilen) kanagatlanmak we harydy aňlatmada ösmegini ýa-da peselmegini kesgitlemek bolar. Walýuta balansynyňarmagy, düzgün bolşy ýaly, kärhananyň önümçilik mümkinçilikleriniň ösýändigine şaýatlyk edýär we oňaýly bahalandyrylmagyna mynasyp bolýar. Hümmetsizlenmek faktoryny hem göz öňünde tutmak zerurdyr. Walýuta balansynyň peselmegi, ýaramaz (otrisatel) bahalandyrylýar, sebäbi kärhananyň hojalyk işiniň möçberi azalýar (önüme bolan islegiň derejesi peselýän bolmagy, önümçilik üçin çig malyň, materiallaryň, ýarym fabrikatlaryň ýok bolmagy mümkin). Şonuň bilen birlikde, şol bir kärhananyň balansynyň meýilnamalaýyn balans bilen, geçen ýyllaryň balansy bilen, bäsdeş kärhanalaryň maglumatlary bilen deňeşdirilmegi maksadalaýykdyr. Umumylaşdyrylan balans emele getirilende, göwnejaý ýeterlikli bolmak çemeleşmesi zerurdyr.

Umumylaşdyrmak aýratynlyklary selejrme ugry boýunça kesgitlenilýär. Maglumatlaryň aşakdaky görnüşlerini tapawutlandyrmak mümkindir:

**1. Passiw**

1. Serişdeleriň degişlilik häsiýeti boýunça (karz, hususy).
2. Yzyna gaýtarmak (talap etmek) derejesi boýunça.
3. Yzyna gaýtarmak möhletleri boýunça.
4. Kontragentleriň görnüşi boýunça.
5. Amallaryň görnüşleri boýunça.
6. Ulanylyş mümkinçilikleri boýunça.

**2. Aktiw**

Likwidlilik derejesi boýunça (goýum goýmak boýunça türwekgelçilik);

1. Girdejililik derejesi boýunça.
2. Goýum goýmak möhletleri boýunça.
3. Amallar görnüşleri boýunça.

Seljerme geçirilende, maglumatlaryň dürli topar görnüşlerini baglanyşdyrmak mümkinliginden başga-da, her bir balans maddasynyň häsiýetnamalaryny üns bilen öwrenmek gerekdir, sebäbi maddalaryň atlary ýa-da haýsydyr bir ýüzleý häsiýetnamasy boýunça maglumatlary toparlamaklygyň nädogry ýerine ýetirilmegi mümkindir.

Hasabatlylygyň çalt seljerme usulyýetinde olaryň gurluşynyň we serişdeleriň, hojalygy dolandyrmaklygyň netijeleriniň, hususy we karz serişdelerini ulanmaklygyň netijeliliginiň seljermesi göz öňünde tutulýar. Öňden bellenilip geçilişi ýaly, çalt seljermäniň manysy has ähmiýetli we hasaplananda, çylşyrymly bolmadyk görkezijileri saýlap almakdan we olaryň dinamikasyny yzarlamakdan ybaratdyr.

Maliýe ýagdaýynyň ösüş meýliniň umumy bahasyny almak üçin balansyň jeminiň üýtgeýşi, hojalyk dolandyrmak işiniň maliýe netijeleriniň üýtgeýşi (önümiň ýerlenmeginden alnan pul, satuwdan alnan girdeji, maliýe-hojalyk işinden alnan girdeji) bilen deňeşdirmek bolar. Şu maksat bilen, walýuta balansynyň ösüş koeffisiýentini we önümiň ýerlenmeginden alnan puluň ösüş koeffisiýentini hasaplamaly.

16. Sargyt №

## *Peýdalanylan edebiýatlar*


1. *Gurbanguly Berdimuhamedow.* Ösüşiň täze belentliklerine tarap. Saýlanan eserler. 1–12 tom. – A.: TDNG, 2008–2019.

2. *Gurbanguly Berdimuhamedow*. Türkmenistanyň ykdysady strategiýasy: halka daýanyp, halkyň hatyrasyna. – A.: TDNG, 2010.

3. *Gurbanguly Berdimuhamedow*. Türkmenistanyň durmuş-ykdysady ösüşiniň döwlet kadalaşdyrylyşy. Ýokary okuw mekdepleriniň talyplary üçin okuw gollanmasy. I-II tomlar. – A.: TDNG, 2010.

4. *Gurbanguly Berdimuhamedow.* Döwlet adam üçindir! – A.: TDNG, 2010.

5. *Gurbanguly Berdimuhamedow*. Türkmenistan durnukly ösüşiň maksatlaryna ýetmegiň ýolunda. – A.: TDNG, 2018.

6. Türkmenistanyň Konstitusiýasy (rejelenen görnüşi). – A.: TDNG, 2016.

7. Türkmenistanyň Zähmet kodeksi. – A.: TDNG, 2009.

8. Türkmenistanyň Gümrük kodeksi. – A.: TDNG, 2010.

9. Türkmenistanyň Ilaty durmuş taýdan goramak hakynda kodeksi. – A.: TDNG, 2012.

10. Türkmenistanyň Administratiw hukuk bozulmalary hakynda kodeksi. – A.: TDNG, 2013.

11. Türkmenistanyň Býujet kodeksi. – A.: TDNG, 2014.

12. Türkmenistanyň Raýat kodeksi. – Aşgabat, TDNG, 2015.

13. “Salgytlar hakynda” Türkmenistanyň Bitewi Kanuny. – A.: TDNG, 2004.

14. “Telekeçilik işi hakynda” Türkmenistanyň Kanuny. – A.: TDNG, 1993.

15. “Türkmenistanda maýa goýum işi hakynda” Türkmenistanyň Kanuny. – A.: TDNG, 1993.

16. “Işiň aýry-aýry görnüşlerini ygtyýarlylandyrmak hakynda” Türkmenistanyň Kanuny. – A.: TDNG, 2008.

17. “Daşary ýurt maýa goýumlary hakynda” Türkmenistanyň Kanuny. – A.: TDNG, 2008.

18. “Kiçi we orta telekeçiligi döwlet tarapyndan goldamak hakynda” Türkmenistanyň Kanuny. – A.: TDNG, 2009.

19. “Türkmenistanyň Merkezi banky hakynda” Türkmenistanyň Kanuny. – A.: TDNG, 2011.

20. “Karz edaralary we bank işi hakynda” Türkmenistanyň Kanuny. – A.: TDNG, 2011.

21. “Döwlet zerurlyklary üçin harytlar bilen üpjün etmek, işleri ýerine ýetirmek, hyzmatlary etmek boýunça bäsleşikler hakynda” Türkmenistanyň Kanuny, (Türkmenistanyň Mejlisiniň Maglumatlary, 2014 ý., № 4, 1-nji bölek, 159-njy madda).

22. “Eýeçilik hakynda” Türkmenistanyň Kanuny. – A.: TDNG, 2015.

23. “Türkmenistanyň durmuş-ykdysady ösüşiniň 2011–2030-njy ýyllar üçin Milli maksatnamasy”. –A.: TDNG, 2010.

24. “Türkmenistanda döwlet eýeçiligindäki kärhanalary we desgalary hususylaşdyrmagyň 2013–2016-njy ýyllar üçin Döwlet Maksatnamasy” – A.: TDNG, 2013.

25. Türkmenistanyň Prezidentiniň obalaryň, şäherçeleriň, etrapdaky şäherleriň we etrap merkezleriniň ilatynyň durmuş-ýaşaýyş şertlerini özgertmek boýunça 2020-nji ýyla çenli döwür üçin rejelenen görnüşdäki milli Maksatnamasy. – A.: TDNG, 2015.

26. Türkmenistanyň Prezidentiniň ýurdumyzy 2019-2025-nji ýyllarda durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň Maksatnamasy. – A.: TDNG, 2019.

27. Türkmenistanyň Prezidentiniň “Hususy telekeçilere salgyt salmagyň ýeňillikli ulgamyny kämilleşdirmek hakynda” 2015-nji ýylyň 27-nji iýunyndaky 14313-nji Karary (Türkmenistanyň Prezidentiniň namalarynyň we Türkmenistanyň Hökümetiniň çözgütleriniň ýygyndysy, 2015 ý. №6).

28. Türkmenistanda sanly bilim ulgamyny ösdürmegiň Konsepsiýasy. – A.: Türkmen döwlet neşirýat gullugy, 2017.

29. Türkmenistanyň Prezidentiniň 2018-nji ýylyň 30-njy noýabrynda çykaran 984-nji Karary bilen tassyklanyldy. Türkmenistanda 2019–2025-nji ýyllarda sanly ykdysadyýeti ösdürmegiň Konsepsiýasy.

30. Türkmenistanyň ykdysady, maliýe we bank ulgamlaryny ösdürmegiň 2019–2025-nji ýyllar üçin maksatnamasy. – A.: Türkmen döwlet neşirýat gullugy, 2019.

31. Türkmenistanyň ýyllyk statistiki neşiri 2018ý. – A.: 2019.

32. *Babaýew G.* we başg. Bank menejmenti. Ýokary okuw mekdepleri üçin okuw kitaby. – A.: TDNG, 2016.

33. *Çarygeldiýew Ý.* Salgyt salmagyň usulyýet esaslary. – A.: Ylym, 2013.

34. *Çarygeldiýew Ý.* Türkmenistanda salgyt salmak we onuň kämilleşdirilmegi. Ylmy monografiýa. – A.: Ylym, 2015.

35. *Halow N. H.* Kärhana maliýesi. Ýokary okuw mekdepleri üçin okuw kitaby. – A.: TDNG, 2015.

36. *Işangulyýew Ö., Orazlyýew N.* Halkara ykdysady gatnaşyklar. Ýokary okuw mekdepleri üçin okuw kitaby. –A.: TDNG, 2013.

37. *Orazlyýew N.* we başg. Telekeçilik işi. Ýokary okuw mekdepleri üçin okuw kitaby. –A.: TDNG, 2019.

38. *Öwezow M.* Maliýe menejmenti. Ýokary okuw mekdepleri üçin okuw kitaby. – A.: TDNG, 2015.

39. *Sopyýew A.,* we başg. Ykdysady taglymatlaryň taryhy. Ýokary okuw mekdepleri üçin okuw kitaby. –A.: TDNG, 2012.

40. *Şallyýew Ç.* Makroykdysadyýet. Ýokary okuw mekdepleri üçin okuw kitaby. – A.: TDNG, 2015.

41. *Тарасевич Л. С., Гребенников П. И., Леусский А. И.* Макроэкономика. Учебник для вузов, – М.: 2005.

42. *Миклашевская Н. А., Никифоров А. А.* Макроэкономика: Учеб., 2012.

43. *Ионова А. Ф., Селезнева Н. Н.* Финансовый анализ: учеб. – М.: ТК Велби, Из-во Проспект, 2006.

## MAZMUNY

Giriş . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 7

**BIRINJI BAP**
**HOJALYK ÝÖREDIJILERIŇ MALIÝE ÝAGDAÝYNYŇ SELJERMESINIŇ NAZARYÝET JÄHETLERI**

1.1. Bazar şertlerinde Türkmenistanyň hojalyk ýöredijileriniň maliýe ýagdaýynyň seljermesiniň ähmiýeti we esasy ugurlary . . . . . . . . . . . . . . 10
1.2. Kärhananyň maliýe ýagdaýynyň seljermesiniň düýp manysy, maksatlary we meseleleri . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 13
1.3. Türkmenistanda maliýe hasabatlylygynda halkara ülňülerine geçmegiň maksady we wezipeleri . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 16
1.4. Ykdysady seljermäniň görnüşleri. . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 17
1.5. Kärhananyň maliýe hasabatynyň esasy ulanyjylar toparlary. . . . . . . 23

**IKINJI BAP**
**KÄRHANANYŇ MALIÝE ÝAGDAÝYNA TÄSIR EDÝÄN GÖRKEZIJILERIŇ SELJERMESI**

2.1. Öndürilen önümiň göwrümini we düzümini häsiýetlendirýän görkezijiler . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 27
2.2. Esasy serişdeleriň ulanylyşyny häsiýetlendirýän görkezijiler . . . . . . 28
2.3. Zähmet resurslarynyň ulanylyşynyň görkezijileri . . . . . . . . . . . . . . 31
2.3.1. Zähmet öndürijiliginiň seljermesi. . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 31
2.3.2. Zähmet haky gaznasynyň ulanylyşynyň seljermesi . . . . . . . . . . . . 35
2.4. Önümleriň özüne düşýän gymmatynyň görkezijileri . . . . . . . . . . . . 36
2.5. Düşewüntliligi aňladýan görkezijiler. . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 43

**ÜÇÜNJI BAP**
**KÄRHANANYŇ MALIÝE ÝAGDAÝYNY BAHALANDYRÝAN GÖRKEZIJILER**

3.1. Maliýe durnuklylygynyň görkezijileri. . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 49
3.2. Kärhanany maliýe durnuklylygy boýunça görnüşlere bölmek üçin görkezijiler . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 56
3.3. Kärhananyň likwidliligi we tölege ukyplylygy . . . . . . . . . . . . . . . . 58
3.4. Işewürligiň seljermesiniň usuly . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 66
3.5. Kärhananyň maliýe ýagdaýyna dolanyşyk serişdeleriniň aýlanyşygynyň tizliginiň täsiriniň seljermesi . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 70

## DÖRDÜNJI BAP
## MAÝA GOÝUMLARYŇ MÖÇBERINIŇ WE DÜZÜMINIŇ ÖZGERIŞI MALIÝE ULGAMYNYŇ MÖHÜM FAKTORYDYR


4.1. Umumy düzgünler . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 71
4.2. Maýa goýumlar barada düşünje we onuň düzümi . . . . . . . . . . . . . . . 73
4.3. Türkmenistanyň Prezidentiniň maýa goýum syýasaty. . . . . . . . . . . . 77
4.4. Düýpli maýa goýumlaryň üýtgeýşi we ykdysadyýetiň ýagdaýy . . . . 82
4.5. Maýa goýumlaryň düzümine täsirini ýetirýän esasy faktorlar. . . . . . 85
4.5.1. Desgalaryň özüne düşýän gymmatynyň üýtgemegi maýa goýumlaryň düzümine täsirini ýetirýän faktorlaryň biridir . . . . . . . . . . . 85
4.5.2. Bazar gatnaşyklarynyň ýörelgelerini durmuşa ornaşdyrmagy çaltlaşdyrmak . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 87
4.6. Gaýtadan işleýän senagat önümçiligi we importyň ýerini tutýan önümçiligi ösdürmekde şertleri döretmek . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 91
4.7. Innowasion maýalaryň akymyny güýçlendirmek kärhananyň maliýe ýagdaýynyň derejesini ýokarlanmagynyň esasy faktory . . . . . . . . . . . . 93


## BÄŞINJI BAP
## PUL AKYMYNYŇ SELJERMESI


5.1. Kärhananyň pul akymlaryny dolandyrmakda maliýe seljermesiniň düýp manysy, maksatlary we ähmiýeti . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 94
5.2. Gelýän we gidýän pul akymlarynyň toparlara bölünilişi. . . . . . . . . 100
5.3. Pul serişdeleriniň hereketine baha bermegiň göni we gytaklaýyn usullary . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 111


## ALTYNJY BAP
## KÄRHANANYŇ ESASY MAÝANY ULANMAGYNYŇ SELJERMESI


6.1. Kärhananyň esasy maýasynyň häsiýetnamasy. . . . . . . . . . . . . . . . . 117
6.2. Önümçilik kuwwatlylygynyň häsiýetnamasy . . . . . . . . . . . . . . . . 122
6.3. Esasy serişdeleriň ýagdaýynyň we hereketiniň görkezijileri . . . . . . 128


## ÝEDINJI BAP
## KÄRHANANYŇ BAZAR IŞJEŇLIGINIŇ SELJERMESI


7.1. Kärhananyň bazar işjeňliginiň maliýe seljermesiniň mazmuny we meseleleri . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 130
7.2. Kärhananyň bazar işjeňliginiň görkezijileri. . . . . . . . . . . . . . . . . . 143
7.3. Kärhananyň bazar işjeňliginiň seljermesiniň usuly . . . . . . . . . . . . 146
7.3.1. Maýanyň durnukly ösüşiniň seljermesi . . . . . . . . . . . . . . . . . . 146
7.3.2. Kärhananyň paýnamasynyň birligine düşýän diwidend girdejisiniň seljermesi. Diwidend syýasatynyň seljermesi. . . . . . . . . . . . . . . . . 148

## SEKIZINJI BAP
## KÄRHANANYŇ MALIÝE-YKDYSADY IŞINIŇ NETIJELILIGINIŇ SELJERMESI

8.1. Netijeliligiň alamatlary we görkezijileri . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 156
8.2. Peýda – kärhananyň maliýe-ykdysady işiniň netijeliliginiň esasy görkezijisidir . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 159
8.3. Kärhananyň işiniň netijeliligini seljermegiň maksatlary, wezipeleri, usullary we tertibi . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 165

## DOKUZYNJY BAP
## KÄRHANANYŇ MAÝA GOÝUM IŞINIŇ SELJERMESI

9.1. Maýa goýumlaryň düýp manysy we kärhananyň maýa goýum işine seljerme geçirmekde ileri tutulýan ugurlary . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 168
9.2. Maýa goýumlary esaslandyrylanda wagt faktoryny hasaba almak . 184
9.3. Maliýe rentasy . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 196
9.4. Maýa goýumlary özleşdirmekde puluň hümmetsizlenmegini hasaba almak. . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 201
9.5. Aýratyn taslamanyň töwekgellik faktoryny bahalandyrmak . . . . . . 203
9.6. Maýa goýum taslamalarynyň netijelilligini bahalandyrýan esasy usullar . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 204

## ONUNJY BAP
## KÄRHANANYŇ IŞEWÜRLIK MEÝILNAMASY – MALIÝE ÝAGDAÝYNYŇ SELJERMESINIŇ ESASY SEBÄBI

10.1. Işewürlik meýilnamasy barada düşünje we işewürlik meýilnamasyny düzmegiň ýörelgeleri . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 212
10.2. Işewürlik meýilnamasyny düzmegiň tapgyrlary . . . . . . . . . . . . . . 217
10.3. Işewürlik meýilnamasynyň önümçilik bölümi. . . . . . . . . . . . . . . . 220
10.4. Işewürlik meýilnamasynyň guramaçylyk bölümi we menejment . 221
10.5. Işewürlik meýilnamasynyň marketing bölümi. . . . . . . . . . . . . . . . 221
10.6. Işewürlik meýilnamasynyň maliýe bölümi . . . . . . . . . . . . . . . . . 223

## ON BIRINJI BAP
## TOPLUMLAÝYN MALIÝE SELJERMESI

11.1. Toplumlaýyn maliýe seljermesiniň mazmuny we wezipeleri . . . . 223
11.2. Maliýe hasabatlylygynyň maglumatlary boýunça kärhananyň maliýe ýagdaýynyň gysga döwürli seljermesi . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 231
Peýdalanylan edebiýatlar . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 242

*Dillara Şirzade, Şöhrat Bäşimow, Merjen Amanowa*

# MALIÝE SELJERMESI

Ýokary okuw mekdepleri üçin okuw kitaby


| | |
|---|---|
| Redaktor | *J. Sapargeldiýew* |
| Teh. redaktor | *A. Nurýagdyýew* |
| Kompýuter bezegi | *M .Ataýewa* |
| Neşir üçin jogapkär | *M. Meredow* |

Çap etmäge rugsat edildi 04.09.2020
Ölçegi 60×90 $^{1}/_{16}$. Times New Roman garniturasy.
Çap listi 15,5. Şertli çap listi 15,5. Hasap-neşir listi 12,3.
Neşir № 41. Sargyt № 00. Sany 800.

Türkmenistanyň Ylymlar akademiýasynyň “Ylym” neşirýaty.
744000. Aşgabat, 2011-nji (Azady) köçesi, 61.

Aşgabat çaphanasy.
Aşgabat şäheri, 2029-njy köçe, (Esgerler 7).